TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# AJAÝYPLYKLARYŇ DÜRI

# درّ العجائب

Çapa taýýarlan
Gurbangül Guzuçyýewa

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 398+820/89**
**A34**

**A34** Ajaýyplyklaryň düri. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004. - 344 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Bekiýew A.R., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**K. Nurbadow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmen halkynyň medeniýeti, ylmy, taryhy, edebiýaty, dili sözüň doly manysynda Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda öwrenilip başlandy. Ilkinji gezek neşir edilýän «Ajaýyplyklaryň düri» atly bu kitap hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň atalyk aladasy bilen döredilen Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan golýazma nusgalarynyň esasynda neşire taýýarlanyldy.*

*Türkmen halkynyň arasynda meşhurlyk gazanan orta asyrlara degişli bolan bu edebi gymmatlyk adamzat nesliniň ruhy äleminiň genji-hazynasy bolan pähim-paýhaslary, pentleri, nesihatlary, öwüt-ündewleri özünde jemleýär.*

**TMMMM №005**

**TDKP №43** **2004** **KBK 82+84(5)**

© Ajaýyplyklaryň düri, 2004 ý.
© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
© Guzuçyýewa G., Çapa taýýarlama, sözsoňy, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

## GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özbolușly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## AJAÝYPLYKLARYŇ DÜRI

*Emma bilgil, eý, bendeleriň bagtlylary, bu kitap ygtybarly hadyslardan we sahabalaryň rowaýatlaryndan jem edilendir. Bu kitap ýoldan azanlara we bozuklara ýol görkezme bolsun, gapyllary hem habarsyzlary ondan oýandyrsyn we mömim bendeler ony dost tutsunlar diýlip ýazyldy.*

Bu kitap altmyş ýedi bapdan ybarat bolup, oňa «Dürrül-ajaýyp» («Ajaýyplyklaryň düri»)diýip at goýdular. Her kim bu kitaby okasa, ýa eşitse we ondaky zatlara şonuň ýaly edip halynyň ýetdigiçe amal etse, Hudaýtagala ondan razy bolar. Ol bende gör we dowzah azabyndan, Müňkür-Nekiriň sowalyndan we kyýamat gününiň gorkunçlygyndan sagat we aman bolar, bende Syrat köprüsinden ýyldyrym dek öter, dowzah azabyndan aman bolup, behişt jaýynda sag-salamat ýatar, «Näme üçin we näme sebäpden?» diýip bolmaýan Hudaýyň didaryny görmeklige miýesser bolup, Hudaýyň Resulynyň şepagaty oňa nesip eder. Her kişi muňa şek we şübhe getirse, kapyr bolar we dünýä hem ahyrýet belasyna duçar bolar (Hudaý ondan bizi aman saklasyn!).

Bu kitabyň baplary şulardyr:

Birinji bap: Dünýäni dost tutmaklygyň azabynyň beýany. Ikinji bap: Terkidünýäligiň we takwalygyň (dünýä höwes bildirmezligiň) beýany. Üçünji bap: Haktagalany ýatlamagyň beýany. Dördünji bap: Päk niýetiň beýany. Bäşinji bap: Ylym we ulamalaryň artykmaçlyklarynyň beýany. Altynjy bap: Bismillahi-r-rahmany-rahymyň sogaplarynyň beýany. Ýedinji bap:

Ölümiň öň ýanyndaky janhowlunyň beýany. Sekizinji bap: Azabyň we jezanyň beýany. Dokuzynjy bap: Dowzahyň azaplarynyň beýany. Onunjy bap: Behiştleriň sogaplarynyň beýany. On birinji bap: Toba etmekligiň sogaplarynyň beýany. On ikinji bap: Ýagşy işleri ündemekligiň we ýaman işlerden saklanmagyň beýany. On üçünji bap: Ata-ene we perzent haklarynyň beýany. On dördünji bap: Dogan-garyndaş bilen gatnaşygyň beýany. On bäşinji bap: Şeraphoryň azabynyň we jezasynyň beýany. On altynjy bap: Gybat etmekligiň jezasynyň beýany. On ýedinji bap: Şugulçylyk etmegiň jezasynyň beýany. On sekizinji bap: Göz günäsiniň we gulak günäsiniň beýany. On dokuzynjy bap: Ulumsylygyň azabynyň we jezasynyň beýany. Ýigriminji bap: Goňşy hakynyň beýany. Ýigrimi birinji bap: Jynaza namazynyň sogaplarynyň beýany. Ýigrimi ikinji bap: Göripleriň jezasynyň beýany. Ýigrimi üçünji bap: Gahary ýuwutmagyň sogaplarynyň beýany. Ýigrimi dördünji bap: Hudaýtagalanyň rehmetinden umyt etmekligiň beýany. Ýigrimi bäşinji bap: Zyna etmekligiň jezasynyň beýany. Ýigrimi altynjy bap: Beçebazlygyň jezasynyň beýany. Ýigrimi ýedinji bap: Hatynlaryň teletinbazlyk etmeginiň jezasynyň beýany. Ýigrimi sekizinji bap: Pakyrlygyň (garyplygyň) beýany. Ýigrimi dokuzynjy bap: Şükür etmekligiň we sabyr etmekligiň beýany. Otuzynjy bap: Ýas tutmaklygyň beýany. Otuz birinji bap: Täretiň beýany. Otuz ikinji bap: Miswaky ulanmagyň sogaplarynyň beýany. Otuz üçünji bap: Azanyň sogaplarynyň beýany. Otuz dördünji bap: Juma namazynyň sogaplarynyň beýany. Otuz bäşinji bap: Jemagat bilen okalýan namazyň artykmaçlygynyň beýany. Otuz altynjy bap: Metjide yzzat we hormat etmekligiň beýany. Otuz ýedinji bap: Nepil namazynyň[1] sogaplarynyň beýany. Otuz sekizinji bap: Bäş wagt namazyň sogaplarynyň beýany. Otuz dokuzynjy bap: Günä geçmekligi Taňrydan soramaklygyň sogaplarynyň beýany.

[1] Nepil - parz edilmedik we sogap üçin meýletin okalýan namaz.

Kyrkynjy bap: «Lä-ilähä illalla» diýip aýtmaklygyň sogaplarynyň beýany. Kyrk birinji bap: Salawatyň[1] sogaplarynyň beýany. Kyrk ikinji bap: Dileg etmekligiň sogaplarynyň beýany. Kyrk üçünji bap: Gurhan okamagyň sogaplarynyň beýany. Kyrk dördünji bap: Öýle namazynyň sogaplarynyň beýany. Kyrk bäşinji bap: Sadakanyň sogaplarynyň beýany. Kyrk altynjy bap: Gysgançlaryň azaplarynyň we sahylaryň sogaplarynyň beýany. Kyrk ýedinji bap: Halyflara[2] ýagşylyk etmekligiň sogaplarynyň beýany. Kyrk sekizinji bap: Parz we nepil orazalarynyň sogaplarynyň beýany. Kyrk dokuzynjy bap: Haç etmekligiň beýany. Ellinji bap: Mübärek wagtlaryň sogaplarynyň beýany. Elli birinji bap: Ýylyň başynda we soňunda namaz okamagyň we oraza tutmagynyň artykmaçlygynyň beýany. Elli ikinji bap: Aşyr aýynyň sogaplarynyň beýany. Elli üçünji bap: Rejep aýynyň sogaplarynyň beýany. Elli dördünji bap: Meret aýynyň sogaplarynyň beýany. Elli bäşinji bap: Oraza aýynyň sogaplarynyň beýany. Elli altynjy bap: Baýram aýynyň sogaplarynyň beýany. Elli ýedinji bap: Gurban aýynyň sogaplarynyň beýany. Elli sekizinji bap: Süýthorlaryň azabynyň beýany. Elli dokuzynjy bap: Zalymlaryň jezasynyň beýany. Altmyşynjy bap: Birehimlik edenleriň jezasynyň beýany. Altmyş birinji bap: Beýik sahabalaryň beýany. Altmyş ikinji bap: Nygmata şükür etmegiň beýany. Altmyş üçünji bap: Halymlygyň (mylaýymlygyň) beýany. Altmyş dördünji bap: Äriniň hakynyň hatynyň boýnunda bolmagynyň beýany. Altmyş bäşinji bap: Hatynyň hakynyň äriniň boýnunda bolmagynyň beýany. Altmyş altynjy bap: Iki ýagyny ýaraşdyrmagyň sogaplarynyň beýany. Altmyş ýedinji bap: Hudaýa bil baglamaklygyň beýany.

---

[1] Salawat - Pygamber alaýhyssalama alkyş aýtmaklyk.

[2] Halyflar-ýagny yslam halyflygynyň hökümdarlary.

*BIRINJI BAP*

# DÜNÝÄNI DOST TUTMAKLYGYŇ AZABYNYŇ BEÝANY

Abdylla ibn Apbasdan[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýdylýan rowaýatda pygamber aýdypdyr: Kyýamat güni perişdeleri we terezini Arşyň ýanynda goýarlar. Syrat köprüsi gylyçdan ýiti, gyldan inçe bolar. Ony azapdan doly dowzahyň üstüne çekerler. Ol dowzah garadyr we hemişe gaýnap durandyr. Halaýyklar onuň başyny we ahyryny bilmezler. Olaryň tenleri we gözleri hemişe aglamakda bolarlar. Garynlary aç, dodaklary gury bolar we ýüzlerini aşak tutup «nebsim-nebsim»[2] diýerler. Hudaýtagaladan özlerine rahatlyk dilärler hem-de:

— Eý, bar Hudaýa, bizleri bu dowzah odundan we kösençlikden halas et! – diýerler.

Olar ýene:

— Biziň perzentlerimiz bilen işimiz ýok, olara her näme etseň Özüňiz bilersiňiz – diýerler. Şol wagtda biçäre adamlaryň hemmesine:

— Syrat köprüsine tarap ýöräň – diýen emr bolar. Ol syrat köprüsiniň uzynlygy üç müň ýyllyk ýoldur. Müň ýyl çykmak

[1] Abdylla ibn Apbas ibn Abdylmutallyp ibn Haşym ibn Abdy Menaf (688-nji ýylda Taýyfda ölýär). Pygamber alaýhyssalamyň dolanany.

[2] Özüm-özüm diýip öz aladalaryny ederler.

üçin, müň ýyl ýokarsy üçin, müň ýyl bolsa düşmek üçindir. Bu wakada Haktagala bizden para alyp hiç iş etmez. Her kim bu dünýäde näme iş eden bolsa beýik we päk Taňry ony her kimiň ýüzüne basyp aýdar. Ol wagtda kirame kätibeýn[1] iki mukarrap[2] perişde geler. Ol bende näme iş amal edipdir isle ýagşy, isle ýaman, bu ikisi olary amal depderine ýazyp durarlar we ony ol bendeleriň ellerine bererler. Ol gapyl bendeler bu amal depderini alarlar we ony açyp okarlar. Bu pany dünýäde her näme ýagşylyk we ýamanlyk eden bolsalar, olar onda hemmesini äşgär görerler. Ol bende bu pany dünýäde näme ýamanlyk eden bolsa, ony belent ses bilen okarlar. Ol gaty şermende bolar we şermendelikden ýaňa özünden gidip, ýaz ýagyşy dek zar-zar aglap puşman eder. Şol wagtda hiç kim oňa ýardam bermez.

Eý, musulmanlar! Biakyl günä etmekden saklanyň. Häli hem pursat bardyr. Toba geliň we Haktagala ybadat etmeklige meşgul boluň!

Azapdan doly kyýamat güni günä edenleri we tobasyzlary agladar. Ondan soň Beýik we päk Taňrydan: «Hemme kişi magşara taýýar bolsun» diýen perman bolar. Şol wagtda Hezreti Adam alaýhyssalamdan tä şu döwre çenli bolan halaýyklar direlerler we taýýar bolarlar. Şol wagt Allatagala öz emri bilen Güni naýza boýy ýere ýetirer. Ol naýza boýy bolup duran Günüň gyzgynlygyndan adamlaryň beýnisi misli gazan dek gaýnap, burnunyň deşiginden ot çykar. Adamlar derlärler we olaryň derleri suw dek akar. Adamlar öz derlerine gark bolarlar. Derden bolan suw olaryň birnäçesiniň dyz-bilinden bolar, birnäçesiniň bolsa damagyndan bolar. Bularyň gark bolmagynyň sebäbi dünýäni dost tutup söýenleri üçindir.

---

[1] Kirame kätibeýn - her bir adamyň iki egnindäki onuň amallaryny ýazýan iki perişde.

[2] Mukarrap -Taňra ýakyn bolan.

Her kim dünýäni söýmese ol ahyrýet belasyndan amanda bolar we arşy azymyň[1] saýasynda oturar.

Her kim pany dünýäde toplan baýlygyndan bendelere sarp eden bolsa, kyýamat güni halklaryň beýnisi gazan ýaly gaýnap duran mahalynda şol haýyr iş eden bende arşy azymyň saýasynda oturar.

Taňrynyň Resuly:

— Dünýä melgundyr[2]. Her kim Hudaýtagalanyň permanyny terk edip, melgun dünýä meşgul bolsa, ol hem melgun bolar – diýip aýtdy.

Ýene Taňrynyň Resuly:

— Kyýamat güni bir kişini getirerler. Ol bende maly halaldan ýygnap, harama harç eden eken. Şonuň üçin ony Haktagalanyň permany bilen dowzaha ibererler. Ýene bir kişini getirdiler. Ol bende maly halaldan ýygnap halala harç edipdir. Şol wagt Haktagala: «Ony hasaba alyp baryň we hasap soraň. Her bir teňňe we her bir däne üçin Syratyň üstünde durzup hasap soraň. Eger ol döwletli bendeler jogap berse, behişde ibererler. Eger jogap bermese, otdan doly dowzaha ibererler» diýip aýdar.

Ýene Allanyň Resuly:

— Her kim dünýäni talap etse, ahyrýeti golundan berer – diýip aýtdy.

Habarda şeýle aýdylypdyr:

Bir kişiniň gözi Harun Reşidiň[3] köşki-eýwanyna düşdi. Ol bende garyp derwüş:

— Eý, Harun Reşit! Dünýäde köşki-eýwanyň belent bolan eken. Ahyrýet öýüňi belent etdiňmi ýa etmediňmi? – diýdi.

---

[1] Arşy azym - Hudaýyň beýik mertebeli arşy.

[2] Melgun - näletlenen.

[3] Harun Reşit – Apbasylar neberesinden bolan meşhur halypa (808-nji ýylda ölýär.)

Harun Reşit ol kişiden bu sözi eşidip misli ýaz ýagyşy dek zar-zar aglady we:

— Eý, Hudaýşynas adam! Maňa bir ýagşy nesihat bergin – diýdi. Ol derwüş garyp:

— Eý, Harun Reşit! Eger sen bir çölde galsaň we teşne bolsaň, hiç suw tapyp bilmeseň, ol demde bir suw satyjy bolsa we şol wagtda sen bir damja suwa näçe mal berersiň? – diýdi.

Harun Reşit:

— Eger bir damja ýeterlik suw berse, ähli malymy bererin – diýdi.

Ol derwüş:

— Eý, Harun Reşit, dünýäde bir sapar suwdan ganmak üçin ähli malyňy bermäge taýyn bolsaň, ahyrýetde suwsamazlyk üçin ähli malyňy näme üçin harç etmeýärsiň?! – diýdi.

Harun Reşit bu sözi eşidip zar-zar aglady. Şondan soň ol dünýäden umydyny üzüp, Haktagalanyň ybadatyna meşgul boldy.

Bir gün Hezreti Isa alaýhyssalam bir ýere barýardy.Ýolda oňa üç kişi hemra boldy. Olar Şam[1] welaýatyna ýetdiler we şol ýerde bir kerpiç altyny gördiler. Ol üç kişi şol altynyň ýanynda galdylar. Hezreti Isa alaýhyssalam ol ýerden gitdi. Ol gidenden soňra bu üç kişi maslahat etdiler we aýtdylar:

— Biziň maksadymyz hasyl boldy, indi biz nahar edineli – diýip, birisini şähere tagam getirmäge iberdiler. Ikisi bolsa şol altyn kerpijiň gaşynda galyp maslahat etdiler. Olar:

— Biz ikimiz altyny bölüşip alaly we ony bolsa öldürelin – diýip taýak häzir edip goýdular. Ol tagam üçin barýan biçäre şähere girdi. Şol wagt onuň köňlüne bir hyýal geldi we:

---

[1] Şam - Siriýa.

— Ol altyny üçe bölmän, olary öldürip hemmesini ýalňyz özüm alaýyn – diýip, tagama zäher goşup alyp geldi.

Tagamy ol ikisiniň öňünde goýan wagtynda olar muny urup öldürdiler. Ondan soň ol ikisi:

— Biziň maksadymyz hasyl boldy, gel, indi nahar iýeli – diýip maslahatlaşdylar. Olar tagamy alyp iýdiler we şol wagt ikisi-de jan berdiler. Şol wagt Hezreti Isanyň ýoly ýene-de şol ýerden düşdi. Görse, şol üç kişi altynyň gaşynda ölüp ýatyr. Hezreti Isa alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, melgun dünýä! Olaryň gollaryna girmänkäň, olar jan berdi. Eger gollaryna giren bolsaň, imanlaryndan aýrylardy – diýip olardan daşlaşdy.

Zeýt bin Sabyt[1]:

— Her kim dünýä meýil etse, dünýä hem ahyrýet işiniň bereketi bolmagaý – diýdi.

Hezreti Omar (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Men bir gün Taňrynyň Resulynyň ýanyna bardym. Taňrynyň Resuly gamyş sekiniň üstünde ýatyrdy. Sekiniň gamyşlary onuň mübärek ýüzüne batyp durdy. Men muny görip köp-köp agladym. Allanyň Resuly:

— Eý, Omar, näme üçin aglaýarsyň? – diýdi.

Şol wagt men aýtdym:

— Ýa Resulalla, şu sagat siziň patyşalaryňyzyň patyşasy Kesra[2] patyşasyndan zyýadadyr. Olar rahatda boldular. Emma Siz rahatdyr eşreti terk edipsiňiz – diýdim.

Şol wagtda Allanyň Resuly:

— Eý, Omar, olar ahyrýet rahatyny dünýä satdylar. Biz dünýä rahatyny ahyrýete satdyk – diýdi.

Her kim bu dünýäden rahatlyk gözlese, onda ahyrýetde oňa rahatlyk ýokdur.

---

[1] Zeýt bin Sabyt - pygamber alaýhyssalamyň kätibi (666-njy ýylda ölýär).

[2] Kesra – Eýran şasy Hysrow şa (597-628).

Her kim dünýäni terk etse, onda oňa ahyrýetde rahatlyk bolar. Her kişi dünýäni terk etmese, Haktagalany tapmaz – diýdi.

Dünýäni terk etmekligiň manysy budur:

— Her kim Hudaýtagala üçin adamlara zat berse, biz ony dünýäni terk etdi diýip hasap ederis – diýdi.

Jabyr ibn Abdylla Ensary[1] (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdi:

Men bir gün Allanyň Resulynyň ýanynda otyrdym. Şol wagtda bir çarwa arap geldi. Alla Resulyna salam berdi. Salamdan soň ol çarwa arap:

— Eý, Allanyň Resuly, dünýä niçik zatdyr? – diýip sorady.

Resul alaýhyssalam:

— Eý, çarwa arap, dünýä melgundyr. Näletsiňen şeýtanyň dowzahydyr. Halklar ol dowzaha düşüp, giriftar bolarlar – diýdi.

Ýene ol çarwa arap:

— Eý, Allanyň Resuly, ahyrýet niçik zatdyr? – diýdi.

Allanyň Resuly:

— Eý, çarwa arap, ahyrýet iki dürli bolar. Biri jennet öýüdir. Ol pygamberleriň, möminleriň we müritleriň we sopylaryň öýüdir. Ýene biri – onuň ady dowzahdyr. Ol kapyrlaryň, ikiýüzlileriň, zalymlaryň we dinsizleriň öýüdir – diýdi.

Ýene çarwa arap:

— Eý, Allanyň Resuly, ymmatlaryň ýagşysy haýsy ymmatdyr? – diýdi.

Resulalla aýtdy:

— Meniň ymmatlarymyň ýagşysy Hudaýtagalanyň emrini we sünnetini berjaý edýän kişidir – diýdi.

---

[1] Jabyr bin Abdylla Ensary–beýik sahabalaryň biri. Ol Uhud söweşinde 625-nji ýylda ölýär.

Rowaýatda aýdylşyna görä, Beni Ysraýylda bir är bardy. Onuň hiç dünýäsi ýokdy. Diňe bir hyrkasy (derwüşleriň geýýän geýimi) we bir müşgi bardy. Ol bir gün öler wagty bir kişä wesýet etdi:

— Meniň hyrkam bilen müşkümi zamananyň patyşasyna alyp baryň. Eger ol: «Derwüş näme üçin maňa hyrka bilen müşküni iberdi?» diýse, onda siz oňa:

— Bir derwüş Kyýamat güni bu hyrka bilen müşkümiň hasabyna tagatym ýokdur – diýip size iberdi. Ol: «Çünki kim özi ölmän malyny ýok etse, ony hasaba tutmagaýlar» diýdi diýiň – diýdi. Ondan soň ol adam bu hyrka bilen müşki zamananyň patyşasynyň ýanyna alyp bardy.

Zamananyň patyşasy:

— Näme üçin ol derwüş bize bu hyrka bilen müşküni iberdi? – diýdi.

Ol adam:

— Bu hyrka bilen müşkümiň hasabyna tagatym ýokdur diýip iberdi – diýdi.

Patyşa bu sözi ol kişiden eşidip, pikirlenip, başyny aşak salyp durdy. Bir wagtdan soň başyny göterdi we:

— Eý, jemagat! Bu derwüş bir köne hyrka bilen müşküniň hasabyna tagat getirmändir. Özi ölmänkä bu hyrka bilen müşküni sarp edipdir. Men bu ýurt we bu dünýäniň hasabyny niçik bererin? – diýip, jaýyndan turup jemi mallaryny Hudaýyň razylygy üçin biçärelere paýlady. Ol öten işlerine puşman edip, toba geldi. Şol wagtda onda bir ahy dert-alada peýda bolup, jany çykdy. Perişdeler gelip onuň ruhuny Allanyň ýanyna alyp bardylar.

Şyh Hasan Basrydan[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýdylan rowaýatda Hezreti Hydyr alaýhyssalam: «Men bir gün

[1] Hasan Basry - tabygynlaryň (sahabalary gören alymlaryň) biri (641-731 ý.).

zamananyň patyşasynyň ýanyna bardym. Oňa nesihat etdim we:

— Eý, zamananyň patyşasy! Hudaýdan gorkgul we habardar bolgul. Çünki Hudaýtagala Gurhanda: «Hudaýyň kuwwaty örän berkdir we güýçlidir» diýip aýdypdyr. Ol ýene:

— Meniň bir gün bu şähere ýolum düşdi. Ol şäheri zyýada uly we abadan şäher gördüm. Halky örän köpdi. Men ondan ötüp gitdim. Men gidenden soň aradan üç ýüz ýyl ötdi we ýene dolanyp geldim. Görsem, ol şäheriň özüni derýa alypdyr. Bezirgenler ol derýadan geçip bilmän durlar. Ondan soň men ýene gitdim. Ýene bu aradan ýüz ýyl ötdi. Men ýene ol şähere gaýdyp geldim. Gördüm, derýa gurapdyr. Bu ýerde doňuzlar, şagallar, ýolbarslar we dürli-dürli haýwanlar jaý edinipdirler. Adamlar olary awlap durlar. Men bulary görüp, ondan soň ýene gitdim. Ýene bu iki aradan ýedi ýüz ýyl ötdi. Men ýene şol ýere geldim. Gördüm, ol jeňňellikler ýok bolupdyr. Ol janawerler ol ýerden gidipdirler. Halklar ýene ol ýerde täzeden şäher bina edipdirler. Oňa patyşa saýlapdyrlar. Bagy-bossanlyk bolupdyr. Men ondan soň ýene gitdim. Ýene bu aradan bäş ýüz ýyl ötdi we ýene men gelip seni gördüm. Indi bolsa sen tagatda otyrsyň – diýdim.

Men ýene:

— Eý patyşa, waka şunuň ýaly bolup durar. Sen Haktagala bilen bolgul. Sen ömrüňi biderek ötürmegil. Bu ýurt we patyşalyk senden we hemmelerden öter – diýdim.

Şol wagtda patyşa Haktagala tagzym etmek bilen:

— Eý, derwüş! Herne aýdanyňy kabul etdim –diýdi.

Bu sözden soň patyşa:

— Eý, derwüş siz nähili adamsyňyz? – diýdi.

Onda ol:

— Men hoja Hydyrdyryn. Men nesihat edip ýörün – diýip, gözden gaýyp boldy.

Şol wagt patyşa pikir etdi we bir zamandan soňra ýurduny Hudaýtagalanyň razylygy üçin pakyrlara sarp etdi we Haktagalanyň ýagşy ýoluna düşdi. Köp sagat ötmän Haktagalany tapdy. Elbetde, şunuň ýaly eden kişi Haktagalany tapar.



**Bahar.**
*A.Almämmedowyň çeken suraty.*

## *IKINJI BAP*

## TERKIDÜNÝÄLIGIŇ WE TAKWALYGYŇ (DÜNÝÄ HÖWES BILDIRMEZLIGIŇ) BEÝANY

Allanyň Resuly hemişe aç gezerdi we nan iýmezdi. Bir gün Hezreti Äşe (Alla ondan razy bolsun!): «Men Resul Hudanyň garnyna golumy saldym we ony zyýada aç gördüm. Şol wagt meniň Allanyň resulyna rehimim geldi. Men köp-köp agladym we:

— Eý Allanyň Resuly! Meniň bu janym saňa pida bolsun! Bu dünýäniň tagamyndan bir mertebe kemsiz datsaňyz näme bolardy? – diýdim.

Allanyň Resuly:

— Eý Äşe, pygamberler we olaryň atalary Taňrynyň erk-karar beren şasydy. Bizden öň hem köp pygamberler dünýäden ötdüler we adamlar olardan köp-köp keramatlary görüpdirler. Olar bu derejeleri açlykdan we berhizkärlikden tapdylar. Eger men bu dünýäniň nygmatyndan doýsam meniň derejäm olardan kem bolar diýip gorkýaryn – diýdi.

— Eý Äşe! Bu gün sabyr edeýin. Bu dünýäniň açlygyndan gorkmaýyn. Sebäbi men doganlarymdan kem bolmaýyn – diýdi.

Resul Huda ýene:

— Ahyrzamanda meniň ymmatym dört bölek bolar. Bir bölegi göge (asmana) meňzär. Olar maňa gelen ylmy okap amal ederler. Ýene bir bölegi Aýa meňzär. Olar ylym talap edip ol ylmy öwrenerler. Ýene bir bölegi ýyldyzlara meňzär. Olar meniň ymmatymyň alymlarynyň mejlisinde bolup oturarlar. Kyýamat güni bu üç dürli halk meniň bilen anbar ysly behişde girerler.

Ýene bir bölegi bardyr. Olar gara doňuza meňzärler. Gara doňuzyň pişesi bolsa, nejasat ýygnar. Ahyr hem şol nejasatyň teýinde galyp ýok bolarlar.

Ýene bir bölegi bolsa, hemişe dünýäni[1] talap ederler. Dünýäni köp-köp ýygnarlar we haýyr-yhsan etmezler. Belki olar ol dünýäden özlerine ýa-da perzentlerine hem sarp etmezler we şol iş bilen hem dünýäden öterler. Eger olaryň ol ýygnan maly halal bolsa, hasabyny bererler. Eger maly halal bolmasa azabyny görerler. Ol malyň rahatyny bolsa miras eýeleri görerler – diýdi.

Resul huda ýene:

— Her kim kyýamata müňkir bolsa, ol bendäniň alty nyşanasy bolar.

Birinji: Onuň köňlünde rehimdarlyk bolmaz. Ikinji: musulmanlaryň we ýetimleriň malyny iýer. Üçünji: dünýäni dost tutar we söwdagärlik eder. Söwdagärligiň nyşany budur. Kim birini ikä berer we söwdasyny nädürs eder. Dördünji: Binamaz ýörerler. Bäşinji: Käwagt namazyny okarlar, käwagt okamazlar. Altynjy: Galladan hüşür bermezler. Her kim kyýamaty ykrar etse, alty işiň haýry ol bendede hasyl bolar – diýdi.

Allanyň Resuly ýene:

[1] Dünýä - mal, baýlyk.

— Dört zat adamlaryň köňlüni öldürer. Birinji dünýäni dost tutmak we söýmek. Dünýäni söýmegiň nyşany budur:

Birinji, peýdasyz sözleri köp sözlemek. Peýdasyz sözleri köp sözleseň köňül öler. Ikinji zalymlar we bozuklar bilen oturmak. Üçünji haram tagam iýmek. Dördünji köp-köp sözlemek köňlüň doňýürekliliginiň nyşanydyr.

Köňül salamatlygynyň nyşany budyr:

Owwal çirkden we ikiýüzli möminleri duşman tutmakdan we harsydünýäden, dini nadanlykdan azat bolar we hemişe musulmanlyk yzlap ýörer.

Ýene özüne Haktagaladan başgany hemaýatçy etmez.

Ýene eger ol bendäniň perzendi, ýa maly bir tarap bolsa hem gamda bolmaz we howpda galmaz. Beýle bende tagat we ybadat etse hem:

— Men tagat we ybadat etdim – diýip öwünmez. Hergiz zyna etmez. Ýene ol bendäniň hergiz günä etmäge meýli bolmaz. Çünki hemişe şek we şikaýata köňli we dili barmaz – diýdi.

Ýene Allanyň Resuly:

— Her kim Haktagala hyzmat etse dünýä hergiz meýli bolmaz. Dünýä meýil etmediginiň nyşanasy budur. Ol: «Haktagalanyň herne berip duranyny özüne, maşgalasyna we ähline, halka sarp etse, onuň baýlyga meýli ýok diýip hasap edýäris» diýer. Onuň ýaly kişiniň ýanyna baryň we pent-nesihatlaryny eşidiň – diýdi.

Ýene Allanyň Resuly:

— Her kim anbar ysly behişdi höweslese, takwalyk etsin – diýdi.

Allanyň Resulyndan şeýle sowal soradylar:

— Eý Allanyň resuly! Haýsy kişiler takwadyr? Allanyň Resuly:

— Biz kim ölümini, Müňkir Nekiriň sowalyny, mizan terezisini we Syrat köprüsini unutmasa, şol kişä takwa diýeris – diýdi.

Hezreti Isa (Alla ondan razy bolsun!) bir daşa başyny goýup, ondan rahat bolupdy. Şol halda nälet siňen şeýtan gelip:

— Eý Isa, men dünýäden hiç peýda almazdym – diýip aýdardyň. Daş dünýäden dälmi? – diýdi.

Şol wagt Hezreti Isa ol daşy alyp nälet siňen şeýtana tarap zyňdy we ol:

— Bu daş hem saňa bolsun – diýdi.

Hezreti Isa orazadardy. Ol bir gün güneşde ýatyrdy. Bu haly görip halaýyklar:

— Eý Allanyň Resuly! Biziň hemmämiz siziň başyňyza saýa bolaly – diýdiler.

Olar Hezreti Isa saýa etmäge girişdiler we ony taýyn etdiler. Ondan soň:

— Eý Allanyň Resuly saýa ýörüň – diýdiler.

Hezreti Isa ol saýa bardy. Görse örän ýagşy ýer eken. Hezreti Isa:

— Eý päk Alla, men bu kowumdan däldirin – diýdi we şol wagt ol ýerden gitdi, ölýänçä öýe girmedi we hiç onuň ýaly ýerde rahatlyk tapmady. Hergiz tenlerine täze don geýmedi, at münmedi, hergiz nan iýmedi we hergiz gije röwşen jaýda oturmady. Hergiz hoş boýly nemerseleri ysgamady. Hergiz mübärek tenlerine düşek düşemedi. Hergiz nahar wagty boldy diýip nahar üçin gam iýmedi. Hergiz dünýäniň ýagşy nygmatlaryny, we zynatly lybaslaryny arzuw etmedi. Haktagaladan her ne gelse, şükür edip razy boldy. Çünki ol orazadardy. Gije-gündüz namaz okardy we şonuň bilen hem dünýäden ötdi.

Ibn Mesgutdan getirilen rowaýatda Allanyň Resuly aýtdy (Alla ondan razy bolsun!).

Bir gün Isa bir daga bardy. Görse, dagyň bir burçunda bir abyt[1] oturyp, Haktagala ybadat edýärdi. Ol abydyň öňünde bir çeşme akyp ýatyrdy. Ol abyt bu çeşmeden täret alýar ekeni. Abydyň öňünde bolsa bir bag bar ekeni. Ol abyt ol bagdan iýmit ediner ekeni. Şol wagtda Hezreti Isa ol abyda salam berip, onuň ýanyna geldi. Salamdan soň Hezreti Isa ol abytdan:
– Eý berhizkär, sen bu jaýda näçe ýyl bäri tagat we ybadat edýärsiň? – diýdi.

Şol wagt ol abyt:

— Segsen ýyldan bäri bu dagyň başynda tagat we ybadat edýärin. Emma Hudaýtagaladan näçe hajatymy dilesem-de rowa bolman dur – diýdi.

Şol wagt Isa alaýhyssalam täret aldy. Iki rekagat namaz okady we namazyny tamam edenden soň aýtdy:

— Eý bar Hudaýa! Bu bendäniň her ne hajaty bolsa, sen öz keremiň bilen rowa etgeý – diýip gitdi.

Ondan soň birnäçe wagt ötdi. Ýene bir gün Isa alaýhyssalamyň ýoly şol ýerden, ol abydyň jaýyndan düşdi. Hezreti Isa ol ýere bardy. Görse, ol çeşme gurap, baglar harap bolupdyr. Muny görip Hezreti Isa:

— Eý bar Hudaýa! Men ol bendäniň hajatyny rowa et diýip aýtdym. Ol bendäniň çeşmesini we bagyny gurat diýmedim – diýdi.

Şol wagt Haktagaladan şeýle owaz geldi.

— Eý Isa ol bende tä rahatlykdan aýrylmaýança, onuň hajaty rowa bolmaz. Eý Isa! Eger sen tomaşa edeýin diýseň ol abydyň ýanyna bar. Ol pylan ýerdedir. Isa alaýhyssalam ol abydyň bolýan ýerine bardy. Ol abydy gördi. Isa belent owaz bilen oňa gygyrdy. Ol abyt jogap bermedi. Şol wagt Haktagala: «Eý Isa! Bu bende meniň bilen meşgul bolup dur. Ol diňe

---

[1] Abyt - Taňrynyň ybadatyna meşgul bolýan adam.

maňa ybadat etmeklige başagaýdyr. Eger şu wagt ony gylyç bilen paralasaň-da ol senden habar almaz» diýdi. Hezreti Isa: «Eý bar Hudaýa, meni hem şol bende ýaly etseň ne bolar» diýdi. Şol wagt Haktagala: «Eý Isa! Seniň bu bende ýaly bolmagyň üçin köp işler we köp wagtlar gerekdir» diýdi. Hezreti Isa: «Eý perwerdigärim! Bu bende meniň dilegimiň bereketinden bu derejä ýetdi. Men munça bolubilmerin» diýdi. Haktagala: «Eý Isa, meniň bendelerimiň dilegi ýene bir bendäm üçin kabul bolar. Onuň üçin bir bendämiň hajaty düşse we ýene bir bendäme baryp maly jany bilen yhlas etse, ol bendämiň hajatyny rowa ederin» diýdi.

Bu sözden mälim boldy kim bir mömininiň dilegi ýene bir mömine kabul bolar.

Hezreti Isanyň derejesi bolsa hiç weliniň makamyndan kem däldir – diýdi. Pygamber bu sözi bendelere ybrat[1] üçin aýdypdyr.

Hezreti Isa ol ýerden ötüp ýene bir daga barypdyr. Görse ol dagyň güneşinde bir adam Hudaýtagala tagat we ybadat edip otyr. Hezreti Isa ol adama salam berdi. Ol adam jogap berdi. Şol wagt Hezreti Isa:

— Eý derwüş! Näme üçin sen özüňe ybadathana etmediň? – diýdi.

Ol derwüş:

— Eý Isa! Men Resul Hudadan Seniň ömrüň ýüz ýyl diýip eşitdim. Maňa ýüz ýyllyk ömrüm üçin tagat we ybadathana salyp Haktagaladan gapyl bolmaga ne hajat bar – diýdi. Hezreti Isa:

— Eý derwüş, indi ahyrzaman pygamberi peýda bolar. Onuň ymmatynyň köpüsiniň ömri 60 bilen 70-den artyk

---

[1] Ybrat – öwüt - nesihat.

bolmaz. Emma olar saraý we köşki eýwanlar bina ederler. Olaryň ol saraý we köşki eýwanlary tiz harap bolar – diýdi.

Ol derwüş: – Eger men ol zamanda bolsadym, tä ömrüm ahyr bolýança, başymy sejdeden hergiz götermezdim – diýdi. Ondan soň ol adam ýene:

— Eý Isa! Bu derä girgil. Bu derede bir gör bardyr. Sen ondan habar algyl – diýdi.

Hezreti Isa ol derä bardy. Görse bir gör bar. Ol görüň üstünde bir tagta bar. Ol tagta bir hat ýazylypdyr. Ol hatda şeýle diýilýär: «Kim men, Beni Ysraýylyň patyşasydym. Men müň ýyl dünýä ýygdym we müň ýyl patyşalyk sürdüm. Indi meniň bolanym bu boldy. Her kim meni görse, many alsyn».

Äşe (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy: Bir gün atam Abu Bekr Syddygyň (Alla ondan razy bolsun!) öler wagty ýakyn geldi. Atam – Taňry bizi musulmanlara halypa etdi. Biz musulmanlardan bir dinar hem almadyk. Biz ýagşy tagam iýsek diýmedik. Bizde köp arzuw bolmady. Bizden diňe bir hebeşi gul bilen bir düýe galdy – diýdi. Atam bize: «Siz bulary Hezreti Omara tabşyryň» diýdi. Biz muny ýanymyz bilen getirdik. Indi bolsa size tabşyrýarys diýiň – diýdi.

Elkyssa, Abu Bekr Syddyk (Alla ondan razy bolsun!) pany dünýäden ötdi. Ol dünýäden ötenden soň Hezreti Äşe atasynyň wesýetini berjaý etdi. Ol hebeşi gul bilen bir düýäni Hezreti Omara destur boýunça tabşyrdy. Şol wagt Abdylla ibn Awf[1] (Alla ondan razy bolsun!) häzir boldy. Ol aýtdy:

— Eý Omar, Hezreti Abu Bekr Syddygyň öýlerinde hiç zat galmady. Sen bu hebeşi gul bilen düýäni gaýdyp özlerine ber – diýdi.

Hezreti Omar:

[1] Abdylla ibn Awf - sahabalaryň biri.

— Abu Bekr Syddyk kyýamatda agyr günüň hasabyndan we azabyndan gorkup, bize wesýet edip tabşyrypdyr. Bize indi onuň wesýetlerini mäkäm tutup, bozmazlyk galýar – diýdi.

Eý bendeler, öten ulularymyz şonuň ýaly bolupdyrlar. Siz jemagatlar hem gapyl bolup, bu dünýäni mäkäm tutup Hudaýtagala üçin haýyr we sahawat etmän ahyrýetden aýrylyp, Resul Hudanyň ýanynda şermende bolmaň.

Men Resul Hudadan eşitdim.

Resul Huda:

— Her bende öz rysgalyna kanagat edip, razy we hoşwagt bolsa, onuň az tagat we ybadatyna hem razy bolaryn – diýdi.

Resul Huda ýene:

— Kyýamat güni üç dürli jemagatda hesret we ökünç köp bolar. Birinji: Hojasy bozuk bolsa, bendesi Hudanyň razylygynda we hoşnutlygynda bolsa, çünki ikisi ahyrýete barsalar hojasy dowzaha barar, bendesi anbar ysly behişde barar. Ikinji: Ol kişi dünýäde maly köp ýygyp, haýrat etmese, ol maly mirasdüşerler alyp haýyr-yhsan etseler, kyýamat güni şol malyň hasabyny we azabyny ol kişi çeker. Mirasdüşerler haýyr edeni sebäpli behişde bararlar. Üçünji: Alymlar okap ol ylym bilen amal etmeseler, emma öwredenleri amal edenleri sebäpli kyýamat güni nygmatdan doly behişde barar, ol ussdady bolsa dowzaha barar. Mundan ýaman hesret, mundan ýaman ökünç bolarmy? – diýdi.

Eý gapyl bendeler munuň ýaly pursatlardan sizler habardar boluň.

Rowaýat etdiler: Bir kazy bardy. Ol kazy Mübärek atly bir guly satyn aldy.

Kazy ol gula:

— Eý Mübärek! Sen bagban bolgul. Maňa seniň hyzmatyň şol bolsun – diýdi.

Bir gün kazynyň öýüne köp ulamalar geldi. Kazy ol myhmanlary Mübäregiň bagbançylyk edýän bagyna alyp bardy. Myhmanlar baga gelip düşdiler.

Eýse, kazy Mübärege:

— Eý Mübärek, myhmanlara üzüm alyp gelgil –diýdi.

Şol wagt Mübärek baga girip üzüm getirdi. Ol jemagatlar üzüm iýdiler. Eýse üzümiň hiç tagamy ýokdy. Şol wagt myhmanlar:

— Bu üzümiň tagamy ýok eken – diýdiler.

Kazy:

— Eý Mübärek, tagamly üzümden üzüp getirgil – diýdi.

Şol wagt Mübärek aýtdy:

— Eý kazy, men tagamly haýsy, tagamsyz haýsy bilmeýärin – diýdi.

Şol wagt kazy:

— Sen bu baga birnäçe wagtdan bäri bagbanlyk edip ýörsüň. Hiç üzüm datmadyňmy? – diýdi.

Onda Mübärek:

— Eý musulmanlaryň kazysy! Siz maňa bu baga bagban bol! – diýdiň. Bu bagdan üzüm iýgil diýmediňiz – diýdi.

Şol wagt kazy:

— Hawa, diýmedim – diýdi.

Ol oturan ulamalar we jemi halaýyklar kaza haýran galdylar. Şol halda kazy:

— Eý Mübärek! Men seni bu ýagşyzadalaryň huzurynda azat etdim – diýdi.

Kazy myhmanlaryny ugradyp, öýüne geldi. Bir sagatdan soň kazy Mübäregi çagyrdy we:

— Eý Mübärek, men gyzymy saňa berdim – diýdi. Mübärek:

— Eý kazy! Musulman men. Men hem kabul etdim – diýdi. Kazy ikisini bir öýe saldy. Mübärek dört güne çenli ol gyza gol uzatmady. Ahyr ol gyz Mübäregi tutdy we:

— Eý Mübärek! Atamyň eden işi azmy? Ol meni işigindäki gula berdi. Bu işiň üstüne munyň ne işdir – diýdi.

Şol wagtda Mübärek:

— Eý janym, eý gözümiň nury, ataň-eneň kazylygyň nygmatyny köp iýdiler. Sen şol nygmatdan iýip ulaldyň. Biz iki kişi är we hatyn bolmagymyzyň manysy budur: «Perzendiň ata-enä dileg etmegi gerek. Seniň teniňde şypaly tagamyň kuwwaty bar mahalynda söhbet etmek bilen perzent bolsa, ol perzent saňa we maňa dileg etmäge ýaramaz. Sen kyrk güne çenli sabyr et. Kyrk gün tamam bolandan soň men saňa bir tagam bereýin we ondan soň biz söhbet edeli. Men şaýat, biz ikimizden perzent bolsa, şol perzent bize dileg etmäge ýarar – diýdi. Şol wagt gyz: – Ýagşy bolar – diýdi.

Mübärek kyrk güne çenli hammallyk edip ol gyza halal tagam berdi. Kyrk günden soň söhbet etdi. Onuň bir ýagşy ogly boldy. Ol oglanyň adyna Abdylla[1] goýdy. Ol alymlar we dana adamlaryň arasynda boldy. Birnäçe wagtdan soň Abdylla kethuda boldy.

Bir gün birnäçe adamlar myhman bolup Abdyllanyň öýüne geldiler. Ol şol wagt golunda her ne bar bolsa, myhmanlara sarp etdi. Emma hatyny gowga etdi. Abdylla şol wagt:

— Eý hatyn, myhman Haktagalanyň iberen sowgadydyr. Kim myhmany sylasa Haktagala ol bendäni iki dünýäde-de sylar. Eger myhman üçin meniň bilen gowga etseň, sen menden talak – diýdi.

---

[1] Abdulla ibn Mübärek Merwezi - Merwli türkmen alymy, köp kitaplaryň ýazary, sahy adam we edermen esger. Ol 737-nji milady ýylynda Merwde doguldy we 798-nji ýylda Bagdadyň golaýynda ýerleşen Heýt şäherinde rumlular bilen bolan söweşden gaýdyp gelýärkä ýolda öldi. Onuň gabry şol şäherdedir.

Şol wagt hatyny talak bolupdyr.

Bir gün Abdyllanyň mejlisine bir gyz geldi we Abdylladan emr mägruf[1] eşitdi. Abdyllanyň aýdan emr magrufy ol gyza köp-köp hoş ýarady. Ol gyz emr mägruf gutarandan soň öz öýüne geldi. Şol wagt atasyna kişi iberip:

— Meni atam Abdylla berse, neneň bolar – diýdi.

Ol kişi şol wagt baryp gyzyň atasyna şirin söz bilen:

— Eý Taňryny tanaýan adam. Seniň gyzyň şunuň ýaly arz etdi – diýdi.

Atasy:

— Ýagşy bolýar – diýip, gyzyny Abdylla bermäge razy boldy.

Ol gyzy bilen Abdylla iki müň tylla berdi. Ol gije Abdylla düýş gördi. Düýşünde gulagyna bir owaz geldi.

Ol owazda:

«Eý Abdylla, sen meniň üçin hatynyňy talak etdiň. Men saňa onuň üçin bir hoşraý we päkize hatyn iberdim» diýdi.

Eý möminler, eý jemagatlar, Hudaýtagala üçin iş edenler elbetde hiç zatdan mahrum we näumyt galmazlar. Enşalla.

---

[1] Emr magruf - ýagşy işleri etmeklik üçin ündew.

## *ÜÇÜNJI BAP*

## HAKTAGALANY ÝATLAMAGYŇ BEÝANY

Abu Hüreýre[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Men Resul Hudany[2] gördüm. Resul Huda:

— Haktagala perişdeleri ýaradypdyr. Ol perişdeler dünýäni seýran edip ýörler. Eger olar ylym mejlisini tapsalar biri-birine habar bererler – Biz Hudaýtagalanyň dost bendesini tapdyk. Aşak düşüň, bulara dileg ediň – diýerler. Ol perişdeler ol jemagatlara dileg ederler. Ondan soň asmana çykarlar. Asmana çykandan soň Haktagala:

«Eý perişdelerim! Siz meniň ol bendelerimi näme işläp ýörkä gördüňiz. Haýsy ýolda gördüňiz (erbetlikdemi ýa-da gowulykda) we näme bilen meşgul bolup ýörkä gördüňiz» diýer.

Perişdeler:

— Eý Taňrymyz! Seniň özüň ýagşy bilýärsiň, bendeleriň ylym öwrenip we seniň ýadyňy edip otyrlar – diýer.

Onda Haktagala: «Eý perişdelerim olar näme dileýärler» diýer.

Perişdeler:

---

[1] Abu Hureýra - sahabalaryň biri (676-njy ýylda ölen).

[2] Resul Huda - Hudanyň ilçisi.

— Eý Taňrym! Sen dana sen, görüji sen. Olar senden rehmet dileýärler – diýdiler.

Ondan soň ýene owaz geler: «Eý perişdelerim olar anbar ysly behişdi göripdirlermi?».

Perişdeler:

— Eý bar Hudaýa, görmändirler – diýerler. Hudaýtagala ýene: «Eý perişdelerim! Eger bendelerim anbar ysly behişdi görseler mundan hem beter bendeçilik[1] ederdiler» diýip aýdar.

Ýene-de owaz geler: «Eý perişdelerim! Ol mejlisde nämeden gorkup aglaýarlar».

Şol wagt ol perişdeler ol owazdan soň:

— Eý bar Hudaýa, sen gizlin we syrly zatlary biliji sen! Seniň ol bendeleriň dowzah odundan gorkup aglaýarlar – diýip aýdarlar.

Haktagala: «Eý perişdelerim, olar dowzah oduny göripdirlermi?».

Perişdeler:

— Görmändirler – diýerler.

Haktagala: «Eý perişdeler, siz hemmäňiz güwä boluň! Anbar ysly behişdi ol jemagatlara berdim we hemmelerini dowzahyň odundan halas etdim. Men olaryň jemini ýalkadym» diýer. Perişdeler bolsa:

— Eý bar Hudaýa, olaryň arasynda köp günälileriň hem siziň razylygyňyz üçin gelenleri bar – diýerler.

Haktagala: «Eý perişdelerim, her niçik hem bolsa şol mejlise, gelen jemagatlar hudaýhon bendelerdir. Siz güwä boluň, men olary ýalkadym we olaryň günälerini sogaba öwürdim. Onuň üçin olar ýagşy jemagatlar bilen oturypdyrlar. Her wagt günäkär bolan bolsalar hem ol mejlisde bolanlygy sebäpli olary hem ýalkadym» diýer.

---

[1] Bendeçilik - Hudanyň öňünde öňküden hem köp ybadat etmek.

Hezreti Omar:

— Eý jemagatlar, owwal edep öwreniň, ondan soň ylym okaň. Edep ylymdan belent durýar, çünki edepsiz ylym okasaňyz ol ylymdan peýda hasyl bolmaz. Eger kişi sopylyk edebini bilmese, hergiz derejeli bolup bilmez. Çýnki bendäni tagaty we ybadaty jennete dartar. Bendäniň edebi bolsa Haktagala dartar – diýdi. Bu ýerden edebiň tagat we ybadatdan güýçli ekenligi mälim boldy. Muny hemmeleriň bilmegi gerekdir – diýdi.

Hezreti Omar ýene:

— Iman misli bäş derwezeli şähere meňzär. Ol şäheriň owwalky derwezesi tylladandyr, ikinji derwezesi kümüşdendir, üçünji derwezesi demirdendir. Dördünji derwezesi kerpiçdendir. Bäşinji derwezesi laýdandyr. Ol derwezeleri saklap duran kişi mäkäm durup, başgalardan umydyny üzer we özge derwezeden kireý almaz. Eger ol derwezeçi biperwaýlyk edip laýdan derwezesini duşmana berse, duşman – demir derwezäni hem, kümüş derwezäni hem alaryn – diýip umyt eder. Imanyň hem bäş derwezesi bardyr. Owwal ykrar derwezesi, ikinji tassyk derwezesi, üçünji parz derwezesi, dördünji wajyp derwezesi, bäşinji sünnet derwezesi. Şeýle hem kabul edilen edep derwezeleri bardyr. Her mömim bende edebi özi bilen saklasa, şeýtan ondan umyt üzer. Eger bende edebi terk etse, şeýtan ondan umyt eder, parz, ykrar we tassygy bozar – diýdi.

Her mömim bende ylym okasa, ýa sopuçylyk etse, ondan öňürti edebi berjaý etsin. Ondan soň Haktagalanyň ady bilen meşgul bolsun. Eger ol Alla zikr aýdar bolsa, täretli bolup, ýüzüni kybla tutup, «Ettehiýýaty» okan wagtynda niçik oturýan bolsa şonuň ýaly halda oturar.

Zikr aýtmaklygyň bäş şerti bardyr. Birinji, Allatagalanyň halamaýan zatlaryny görmekden gözüni saklasyn. Ikinji,

Allatagalanyň eşidesi gelmeýän zatlaryndan gulagyny saklasyn. Üçünji, Allatagalanyň halamaýan sözlerinden dilini saklasyn. Emma dil saklamak uly işdir. Hudaýyň ýolundaky adam gadagan sözlerden dilini saklamasa, eden zikri we pikiriniň hemmesi şeýtanyňky bolar, olaryň oňa peýdasy degmez. Dördünji, Hak tagamyny arassa etgeý, haram şübheden, hususan haramdan saklanmak gerek. Allanyň ähliniň tagamyna mäkäm bolmagy gerek. Haram tagam iýme. Haram söwda etme. Haram iş etme we harama şärikli bolup rehimlilik etme. Haram maly öýüňde goýma. Eger şol aýdylan zatlaryň biri peýda bolsa, onda onuň hemme edeni peýdasyzdyr. Eger şol aýdylanlaryň birini guşlara, ýa ýetimlere, ýa hatynyna ýa jorasyna etse, ol Allanyň ähliniň edenidir. Eger ol – Men özüm ol işi etmedim – diýip aýtsa, halal bileni bolar. Bäşinji, ýalançylaryň söhbetinden özüni daş tutsun. Eger Hudaýyň ýolundaky adam zalymlaryň we bozuklaryň söhbetine goşulsa, olar bilen oturyp peýdasyz söz etse we edenim özüm bilendir – diýse, onda biliň şeýtan ol bendäniň boýnuna gol salandyr.

Ýene Resul Huda:

— Kimiň dili päk we Beýik Taňry bilen bolsa, ýa haram tagam iýip Haktagalanyň zikrini aýtsa, ol aýdan zikri üçin kyýamatda näçe ýyllap azap bererler. Hiç kişi bu dünýäde Haktagalany gözi bilen görmez. Adamlar Haktagalany köňli bilen taparlar. Ençe bendeler kyýamat güni Haktagalanyň didaryny görerler – diýdi.

Bir gün Hezreti Dawut pygamber Haktagala mynajat edipdir:

— Eý bar Hudaýa, ýer ýüzündäki ähli patyşalaryň hazynasy bar. Seniň hazynaň hany?

Haktagala Hezreti Dawuda: «Eý Dawut! Meniň hazynam bardyr. Ol Arşy mejitden hem ulurakdyr, Kürsden hem giňiräkdir. Jennetden hem täzedir. Jemi asmandan röwşendir.

Meniň ol hazynamyň biri ylym-bilimdir. Meniň ol hazynamyň asmany imandyr. Meniň ol hazynamyň güni bendämiň küýseýän we dadýan zadydyr. Meniň ol hazynamyň aýy sähetdir. Meniň ol hazynamyň ýyldyzy bendämiň hatarydyr. Meniň ol hazynamyň topragy hümmetdir. Meniň ol hazynamyň diwary yhlasdyr. Meniň ol hazynamyň dört derwezesi bardyr. Biri ylym, biri ýuka ýüreklilik, biri sabyr etmeklik, biri kaýyl bolmakdyr. Meniň ol hazynamyň öýi bendämiň köňlüdir. Lakamy syrdyr. Hezreti Jebraýyldan, Mykaýyldan, we näletlenen Şeýtandan üsti örtüglidir. Maňa ol hazynam hemişe nazar salar. Men hem ol hazynama hemişe nazar salýaryn. Meniň bendämiň köňli şunuň ýaly uludyr. Eger ýedi gat asmany, ýedi gat ýeri we jemi halaýyklary, arşy kürsi şol köňüle salsalar bir dänäni bir öýe salan dek bolar. Şonuň üçin Hudaýyň ýolundaky adamlara hemişe köňüllerini diri saklamak parzdyr.

Bu köňül diriligi rastlyk bilen, halal iýmek bilen we ýagşylaryň söhbetine barmak bilen hasyl bolar. Tä bende özüni ähli mahlukdan kem görmeýänçä ol ýoldan peýda görmez» diýdi.

Hezreti Aly:

— Hiç kişi tä on işi berjaý etmeýänçä tarykatdan peýda görmez. Owwal Hudaýyň ýolundaky adam özüni ýere meňzeder. Bu many bilen köňlüniň ýerini görýplikden, ulumsylykdan we öýke-kineden jyda eder. Ikinji, ylym tohumyny ýere ekmek. Manysy budur.

Kimdir biri her nähili işe emr etse, şol işe ýüregi bilen meşgul bolmak gerek. Üçünji, göz ýaş bilen ol ekini suwarmak gerek. Ol ekiniň kemala gelmeginiň sogabynda bolmak gerek. Onuň manysy budur.

Bu tarapa gadam goýan adam bir sebäp bilen gije-gündiz adamlara özüni melamat etdirer. Çýnki ekine hapa dökseň ol

tiz ýeter. Hudaýyň ýolundaky adama hem adamlar melamat etseler, tiz ýeter. Eger özi sopy bolup melamatsyz söhbet etse, Haktagalanyň ýanynda ýol alyp bilmez. Tä sopy ruhy dünýäsini arassa edip, daş görnüşini halklara melamat etdirse, Haktagalany tiz tapar. Dördünji, Ryýazat[1] eli bilen ol ekini ormak gerek. Bäşinji, Hormat taýagy bilen ol ekini döwmek gerek. Altynjy, şowk we zowk bilen ol ekini sowurmak gerek. Ýedinji, gündiz bu ekine mürehet bilen nazar salmak gerek. Sekizinji takwa degirmeni bilen ol dänäni un etmek gerek. Dokuzynjy yşk älemi bilen eýläp hamyr – nan edip hyzmatlary üçin ulylara ol nany bermek gerek. Emma sopy tä özüni doňuzdan we kapyrdan beter görmeýänçä, onda hakyky iman hasyl bolmaz – diýdi.

Bir gün Hoja Buzurg bir tarapa barýardy. Şol wagt bir adama duşdy. Hoja:

— Bu adam menden ýagşyrakdyr – diýdi.

Ondan soň ol ýene bir tarapa ýöräp barýardy. Şol wagtda öňünden eti halal bir janaweri gördi. Hoja:

— Bu hem menden ýagşyrakdyr – diýdi.

Ondan soň Hoja ýene bir tarapa ýöräp barýardy. Ýolunda bir doňuza we ite duşdy. Hoja:

— Bular hem menden ýagşyrakdyr – diýdi.

Ol ýene ýöräp barýardy. Bir ýerde bir itiň tezegini gördi. Şol wagtda Hoja Buzurg:

— Hemmämiz, barymyz mundan ýagşyrakdyrys – diýdi.

Ol wagt nejasat:

— Eý Hoja Buzurg! Men hem kişä hajatyna gerekli we derkar bolýaryn, emma siz kime derkarsyňyz – diýdi.

---

[1] Ryýazat - yzygiderli yhlaslylyk.

Hoja ol nejasatdan bu sözi eşidenden soň hergiz hiç bir zady özünden kem görmedi. Şol wagtda bir adam peýda bolyp, ol nejasaty şol ýerden alyp gitdi.

Bir gün Hezreti Omar (Alla ondan razy bolsun!) Medinede otyrdy. Şol wagt sahabalar bilen bir kişi geldi we:

— Eý ýaranlar metjitde halklar Resul Hudanyň mirasyny gözläp otyrdylar. Olar mal görmek umydy bilen barypdyrlar. Hiç mal görmän gaýdyp geldiler –diýdi.

Hezreti Omar:

— Eý ýaranlar sizler näme iş üçin geldiňiz? – diýdi.

Olar:

— Eý Omar! Biz hem mal umydy üçin gelipdik, ýöne hiç mal görmedik. Emma şol wagt bir bölek jemagatlar ylym gözläp oturypdylar – diýdiler.

Hezreti Omar:

— Eý ýaranlar Resulyň mirasy: «Men Muhammet Allanyň Resulydyryn» diýdi. Ol: «Eger olar ertir namazyny okandan soň ol namaz okalan jaýda Hudaýtagalanyň ýady bilen tä gün çykýança şol dessur bilen otursalar, bu oturanlara Ysmaýyl pygamberiň perzentlerinden dört perzendi kapyryň elinden satyn alyp azat eden hem-de bir gapjyk zeri Hudaýtagalanyň ýoluna beren kowmuny höwes ederin. Alla mukaddes Käbäni zyýarat edeniň sogabyny berer. Ýene Haktagala ol bendä bu keramatlary berer» diýdi.

Ol bendäniň ryzky bol bolar. Her kesp etse, bereketli bolar. Ol bende ölende imanly bolar. Bu panydan baka göçende göri röwşen bolar. Müňkir-Nekir sowaly ondan aňsat göteriler. Syrat köprüsinden misli ýyldyrym dek öter. Mizan terezisine amal depderini salanda sogaby agyr geler. Halklary iki bölege bölende ol jennet bölegine düşer.

Başga namazda ýagny ikindi namazyny okandan soň otursa, oňa hem şol sogaplar miýesser bolar.

Resul Huda:

— Her kim şol jaýda otursa, ondan soň turup bu dogany okasa, mejlisiň başynda ýagşy iş eden bolsa, ol dogasy ýagşy işe tä kyýamata çenli mähir bolar. Eger ol mejlisiň başynda günä iş eden bolsa, ol dileg oňa ol günäsini ýuwmaga kömek berer. Dileg budur: (Subhaneke Allahumme we eşhedu ellä ilähe illä ente lä şerike leke we estagfiruke we etubu ileýke bihamdike ente wahdeke)[1] – diýdi.

[1] Eý, Taňrym, sen päksiň! Men senden başga Taňrynyň ýokdugyna şaýatdyryn. Seniň şärigiň ýokdur. Senden günämi geçmegiňi soraýaryn we saňa toba getirýärin. Seniň ýekeligiňe taryp bolsun!

## *DÖRDÜNJI BAP*

## PÄK NIÝETIŇ BEÝANY

Resul Huda: «Kyýamat güni bolsa, bir kowmy anbar ysly behişde ibererler. Ol jemagatlar behişde ýakyn bararlar we behişdiň köşki-eýwanlaryny görerler. Şol wagtda owaz geler: «Ol bendeleri gaýtaryň, ol bendeleri dowzaha iberiň. Çünki olara behişt nesip etmez». Şol wagt ol jemagatlar gaýgy we hesret bilen yzyna gaýdarlar. Çünki munuň ýaly gaýgy we hesret dünýäniň owwalynda we ahyrynda hiç bolmagaý. Olar: «Eý bar Hudaýa, bizri näme üçin dowzaha iberdiň. Näme üçin bize ilki behişdi görkezdiň. Behişdiň näz-nygmatlaryny görip, biz armanda bolduk. Bu iş biz üçin erbet boldy» diýerler.

Behişdiň nygmatlaryndan nesip etmän dowzaha düşmekleriniň sebäbi oldur:

Şol wagt Haktagaladan owaz geler: «Eý bendelerim, siz uly günä işleri etdiňiz. Musulmanlaryň mallaryny nähak aldyňyz. Gybat we töhmet etdiňiz. Şugulçy we pitneçi bolduňyz. Bu işleri sähelçe bildiňiz we mundan gorkmadyňyz. Dogruçyl-lyk bilen sadaka bermediňiz. Sadaka berseňiz hem haram maldan berip, halal maldan bermediňiz. Halal maldan berseňiz hem bazarda ýa-da köçelerde berdiňiz. Zekaty ýa hüşüri uly sadakalary bozuklara ýa ýoldan çykanlara ýa porhanlara ýa ylym gaýypdan habar berijilere ýa ýalta namazhonlara ýa palçylara berdiňiz. Bu jemagatlara bereniňizi

garyplara ýa möminlere bereniňizden artyk bildiňiz we «kabul bolandyr» diýip pikir etdiňiz. Bu gün siziň tagat we ybadatyňyz kabul we makul bolmaz. Siziň şol eden işleriňiz üçin bir azaba sezewar bolarsyňyz welin hiç alajy bolmaz» diýip, olara gazap eder.

Resul Huda:

— Eý ýaranlarym! Men ymmatymyň hemmesi butparaz we ataşparaz bolar – diýip gorkýaryn.

Ýene Resul Huda:

— Eý ýaranlar! Men Taňra çirk getirer – diýip gorkýaryn – diýdi. Ýaranlary:

— Eý Allanyň Resuly, çirk getirmek haýsydyr – diýdiler. Resul Huda:

— Eý ýaranlar! Ol ýasamalykdyr. Ýasamalygyň manysy budur: Kim haýyr etse, bir nep bilen eder. Halk haýrly we sahawatly eken diýsinler diýip nepl namazyny okasa, halk içinde ýagşyrak okarlar. Halk ýok ýerinde bolsa rekagat we sejdesiz okarlar. Ýagny dik durman, oturyp we tesbisiz okarlar. Nepl orazasyny tutsalar halka mälim ederler. Tagam iýýän märekelere bararlar. Emma tagam iýmezler. Bir bölegi tagat we ybadat etseler halklara mälim ederler. Don geýseler has könäni geýerler, çünki olar muny halk «Bu pahyr dünýäden gol üzüpdir» diýsinler diýip ederler. Halk içinde tagam iýseler hem kiçijik lukma alyp iýerler, çünki olar halk Oňa ynansyn – diýip ederler. Halk ýok ýerinde bolsa uludan-uly lukma alyp agyzlaryna salarlar we köp-köp iýerler. Halk içinde owadan-owadan sözlärler. Ýol ýörände asta-asta ýörärler, çünki olar muny tagaty we ybadaty köp edip haldan gidipdir – diýip pikir etsinler – diýip ederler. Şerigat boýunça ýazgarylan bu işi edendikleri üçin olaryň tagat we ybadatlaryna hiç hili sogap ýok. Sadaka berijilere pul köýdürmekden özge, Gurhan

okaýanlara ýagşy atdan başga zat ýok. Bu ýagdaýlar olaryň köňlündäki ýasamalykdyr – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Her kim tagaty ýasamalyk bilen etse, ol tagat onuň özüne meňzär. Çünki ol bende kisesine toprak salyp bazara barsa, halklar ondan sorasalar:

— Bu näme? – diýseler, ol bende:

— Bu tylladyr – diýer.

Olar:

— Göreli – diýip görseler, ol hem toprak bolsa, bazylyk (oýunlyk) bilen eden işi hem şonuň ýaly bolar – diýdi.

Resul Huda ýene: «Bende tagat we ybadat etse, ynam bilen etgeý. Belki halk içinde okamagaý, ýekelikde okagaý. Eger namaz okasa, oraza tutsa we sadaka berse ýaşyryn bergeý. Hemmä mälim edip ýörmesin» diýdi.

Resul Huda ýene: «Meniň ymmatymyň ýagşysy sadakany ýaşyryn we pakyrlara berýän adam bolar». Ymmatymyň erbedi sadakany pakyra bermän: «Bu bahyl» diýer.

Sadakany ýerinde bermek gerek. Eger sadakany ýerinde bermeseň, munuň özi şor ýere tohum atan dek bolar. Ýerinde bermek şu bolar:

Eger hassa bolsa, halklara özüni sag dek görkezer. Eger pakyr bolsa, özüni adamlara baý dek görkezer. Sadakany ýerinde bermese, eger tagat we ybadat etse, adamlara özüni bozuklar dek görkezer we halklara daşky görnüşini haram kişiler dek görkezer.

Musulmana:

Daşky görnüşini we tenini arassa etmek şerigat hökümidir. Bu hökümiň ikisi hem dürsdir – diýdi.

Ýene Resul Huda:

Dört zatdan habarly boluň. Birinji, tagat we ybadaty Hudaýtagala üçin etmäge çalyşyň. Ikinji, rast boluň. Üçünji,

zalymlara goşulmaň. Dördünji, zalym patyşalara we bozuklara goşulmaň – diýdi.

Ýene Resul Huda:

Kyýamat güni bolsa Gurhanhonlary, şehitleri, alymlary, gazylary (din üçin söweşijileri), sahylary, hajylary we abytlary Hudaýtagalanyň dergähine getirerler. Şol wagt Hudaýtagala: «Eý jemagatlar siz dünýäde näme iş etdiňiz?» diýer.

Gurhanhonlar şol wagt:

— Biz Seniň üçin Gurhan okadyk – diýerler.

Şehitler aýdar:

— Biz Seniň üçin kapyrlary gyryp gyrmyzy ganymyzy dökdük – diýerler.

Hajylar:

— Biz Seniň üçin haj etdik – diýerler.

Abytlar aýdar:

— Biz Seniň tagat we ybadatyňy etdik – diýerler.

Alymlar diýerler:

— Biz Seniň üçin halklary oňat işleri etmäge çagyrdyk – diýerler.

Sahylar:

— Biz hem seniň üçin haýyr-sahawat etdik – diýerler.

Olaryň hemmesi şunuň ýaly jogap bererler. Şol wagt Haktagala: «Eý ýalançylar! Sizler muny meniň üçin etmediňiz. Halk üçin etdiňiz. Halk üçin eden tagat we ybadatyňyzy men kabul etmeýärin» diýer.

Ondan soň Hudaýtagala: «Bulary dowzaha iberiň» diýer.

Bir gün ýene Resul Huda metjitde otyrdy. Şol wagt bir çarwa arap geldi we namaz okady. Rekagaty we sejdäni dogry berjaý etdi. Hemme sahabalar geň galdylar. Şol wagt ýene bir kişi gelip namaz okady. Rekagaty we sejdäni dogry berjaý etmedi. Olar gidenden soň sahabalar:

— Eý Allanyň resuly, owwalkynyň namazy, soňkynyň namazyndan ýagşyrak boldy – diýdiler.

Şol wagt Resul Huda:

— Eý ýaranlarym, owwalkynyň namazy kabul bolmaz. Sebäbi ol ýasamalyk etdi. Soňkynyň namazy kabul we makul bolar. Sebäbi ol ýasamalyk etmedi – diýdi.

Şyh Jüneýit[1] Bagdady (Alla ondan razy bolsun!):

— Men yhlaslylygy sertaraşdan öwrendim. Men bir gün Mekge şäherinde gezip ýördim. Bir sertaraş bir kişiniň saçyny alyp berdi. Şol wagt men:

— Eý sertaraş, Hudaýyň razylygy üçin sen meniň hem saçymy alyp berseň nähili bolar? – diýdim.

Sertaraş:

— Gowy bolar – diýdi.

Ol sertaraş şol wagt meniň saçymy aldy. Saçymy alandan soň men onuň ýanyndan gitdim. Men köňlümde pikir etdim:

— Eger Hudaýtagala maňa bir zat berse, men ony sertaraşa bererin – diýdim. Men Mekgede beýik metjitde otyrdym. Şol wagt bir kişi meni sorap geldi. Men onuň ýanyna bardym. Ol meni öýüne alyp bardy we bir küýze tylla berdi. Men şol wagt ony sanadym. Ýüz elli tylla çykdy. Men ol tyllany sertaraşa alyp bardym. Ol sertaraş tyllany almady. Ol:

— Eý Hudaýşynas adam, Haktagala maňa: «Eý biyhlas adam, uýalmadyňmy, sertaraşlygy meniň razylygym üçin etdiň, ýene-de gaýdyp ol kişiden hak diýip tylla aldyňyzmy diýer» – diýdi. Ol sertaraş bu tyllany almady. Ol ýene:

— Eý Hudaýşynas, adam diňle. Sen nähili jogap bilen bararsyň Hudanyň dergähine, men nähili jogap bilen barary – diýdi.

[1] Abulkasym Muhammet Jüneýt Bagdady - sopuçylyk ugrunyň uly pirleriniň biri (910-njy ýylda aradan çykan).

Men Hudaýtagala bolan yhlasy şol sertaraşdan öwrendim – diýdi.

Şyh Şibli[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

Men bir adada ýördüm. Şol wagt bir ýigit gördüm. Bir garyp sypat donly. Elinde hasa bar. Men ortaça ýöredim. Soňra bir daga duşdum. Men şol wagt: «Dagyň ýoly niredekä, dagdan ötüp bolmazmyka» diýip piker etdim. Ol ýigit hem şol wagt daga ýetip geldi. Eýse, dag iki bölündi. Ol ýigit ötüp gitdi. Soň dag ýene öňküsi dek boldy. Men bu işe haýran bolup „Bu niçik beýle bolýar?» diýip pikir etdim. Şol wagtda maňa ýokardan owaz geldi:

— Eý Şyh Şibli, sen niçik haýran bolduň. Bu ýigit meniň emrimdedir. Onuň özge zat bilen işi ýokdyr. Her bende meniň emrimde bolsa şunuň ýaly bolar. Men bu işden soň hergiz Haktagalanyň emrinden özge zady etmedim. Ondan soň nälet siňen şeýtan meni hemişe özüne duşman tutdy. Çünki men özümi bu derejede goýan nälet siňen şeýtan ekenligini ondan soň bildim. Men şeýtanyň tersine ýöredim. Gije asla uklamadym. Maly-dünýä ýygnamadym. Maly-dünýäni ýygnamak dünýä maýyl bolmaklykdyr. Ýagşy tagamy, ýagşy lybasy we ýagşy yzzaty arzuw etmek şeýtanyň waswasy bilendir. Şeýtanyň pikiri hemişe waswas etmekdir – diýdi.

Hususan, şeýtan bendäni iki wagtda waswas eder. Ol biri bende ýigitlik wagtyndadyr. Eger adam ýigitlik wagtynda Hudaýtagala bendeçilik etse, şeýtan oňa:

— Eý ýigit, saňa bu ýigitlik iki gelmez, bu ýigitligi zaýa ötürme. Bu dünýä bäş günlükdir. Aýşy-eşretde bol. Soň puşman etme. Peýda etmez. Ol ýaşlyk öz ornuna gelmez. Owwal sen bu dünýäniň aýşy-eşretini tä seniň armanyň galmaýança sürgil. Sen ondan soň namaz okasaň hem, oraza

[1] Abu Bekir Şibli - meşhur sopylaryň biri (861-946 ý.).

tutsaň hem, tagat we ybadat etseň hem bolar. Sen niredediň, muny eşitmänmidiň – diýer.

Ol ýene:

Bişr Hafy[1] we Fuzaýyl bin Yýaz[2] jahanda bir ogrulardy we garakçylardy. Bu ikisi dünýäniň aýşy-eşretini sürdüler. Birnäçe wagtdan soň ol ikisi toba etdiler. Şol wagt ikisi hem Allanyň welilerinden boldular. Sen bu dünýäden gorkup, gul bolup barýarsyň. Ýaşyň ellä, altmyşa ýetmez diýip gorkma. Seniň gözüňiň öňünde adamlaryň ýaşy altmyş-ýetmiş we segsene ýetip dur. Şol wagtdan soň hem toba etseň bolar – diýip waswaslyk edip aýdar. Bu gapyl bende:

— Waswaslygy özüm oýlanyp tapdym – diýer.

Şeýtandan görmez. Şeýtanyň ýene bir waswas etdirýän wagty bendäniň hassa wagtydyr. Ol wagt bende namaz okar bolsa, şeýtan:

— Eý bende, bu wagt namaz wagty däldir, özüň bu halda wagtyňda sabyr etgin. Elhal sen ýagşy bolarsyň. Gorkma, hassa bolan kişi ölübermez. Bu hassalykdan ýagşy bolgyn, ondan soň hem okasaň bolar – diýip waswas eder.

Şeýtanyň arzuwy budur: Bu bende ýigitlikde ölse ýa hassalykda ölse, bitoba bolup bir uly günä boýnuna ýüklöp barsa, şeýtanyň myrady şonuň ýaly işde hasyl bolar. Eger bende bu iki wagtda şeýtanyň waswasyna girse, ol bendä köp howp bolar. Şeýtan ol wagtda onuň imanyny almaga gaýym bolar. Eger ol bende şol iki wagtda şeýtanyň waswasyna girmese, ol bendäniň ölen wagtynda imanyna zyýan ýetirip bilmez.

Bir gün şeýtan:

---

[1] Abu Nasr Bişr bin Harys Hafy - asly merwli bolan meşhur sopy (841-nji ýylda ölýär).

[2] Fuzaýl bin Yýaz - ýaşlygynda garakçy bolup, soňra derwiş bolan meşhur sopy (919-nji ýylda ölýär).

— Eý bar Hudaýa! Sen adamlar üçin özüňiň ýadyňy etmäge öý etdiň. Hany meniň öýüm? – diýdi. Haktagala: «Eý şeýtan, seniň öýüň hammamdyr» – diýdi.

Ýene şeýtan:

— Eý bar Hudaýa, adamlar üçin mejlis ýaratdyň. Meniň mejlisim hany? – diýdi. Haktagala: «Eý jennetden kowlan şeýtan, seniň mejlisiň bazardyr» – diýdi.

Ýene şeýtan:

— Eý bar Hudaýa, adamlar üçin Gurhan inderdiň. Meniň Gurhanym hany? – diýdi.

Haktagala: «Eý melgun! Seniň Gurhanyň şahyrlaryň şygrydyr» diýdi.

Ýene şeýtan:

— Eý bar Hudaýa, adamlara söz ýaratdyň. Meniň sözüm hany? – diýdi.

Haktagala: «Eý melgun, seniň sözüň ýalançylyk we kezzapçylykdyr» diýdi.

Şeýtan ýene:

— Eý bar Hudaýa, adamlar üçin azan ýaratdyň. Meniň azanym ýok – diýdi.

Haktagala: «Eý melgun, seniň azanyň surnaýdyr» diýdi.

Ýene şeýtan:

— Eý bar Hudaýa, adamlar üçin pygamber ýaratdyň, meniň pygamberim hany? – diýdi.

Haktagala: «Eý melgun, seniň pygamberiň palçylardyr» diýdi.

Şeýtan ýene:

— Eý bar Hudaýa, adamlar üçin kitap ýaratdyň. Meniň kitabym hany? – diýdi.

Haktagala: «Eý nälet siňen şeýtan, seniň kitabyň adamlaryň iňňe bilen gollaryna salan tegmilleridir» diýdi.

Ýene şeýtan:

— Eý bar Hudaýa, adamlar üçin aw ýaratdyň. Meniň awum hany? – diýdi.

«Eý nälet siňen şeýtan, seniň awuň hatynlardyr. Çünki, hatynlar hemişe gybat ederler» diýdi.

Ýene şeýtan:

— Eý bar Hudaýa, adamlar üçin tagam ýaratdyň. Meniň tagamym hany? – diýdi.

Haktagala: «Eý betbagt şeýtan, seniň tagamyň meniň ýadymdan gapyl bolup duran jemagatlarymyň tagamydyr» diýdi.

Hudaýtagaladan hergiz gapyl bolmaň! Eger gapyl bolsaňyz tiz özüňize gelip Haktagalanyň ýadyna meşgul boluň we şeýtanyň ýoluna girip rehmetden aýrylmaň. Taňra höwesli boluň. Höwesli ýigitler boluň. Höwesli molla boluň, höwesli hoja boluň!

Hudaýtagalanyň tarapyna meýil edip, toba ediň. Toba etmek parzdyr. Parz hemmäniň boýnunda berkidilen zatdyr. Bu parzy bozmaň. Tobany uluglap tutuň. Tobany uluglap tutmaklygyň manysy budur.

Bende Haktagala tarapa toba etse, ol bendäni hakyky bende diýmek bolar.

Eger alym bolsa, kitaba göz gezdirmek we nadan adamlara ylym öwretmek gerek. Soňra imanyň ylmyny, ondan soň täretiň ylmyny, orazanyň ylmyny, ondan soň bolsa, namazyň ylmyny bilmek gerek. Ondan soň hemme ylymlardan zeruryny soramak we öwrenmek, haramdan we şerigat boýunça edilmegi ýazgarylan işlerden gaçmak we günbe-gün içinde näçe ýola tobasyny täzelemek gerek. Şonuň ýaly-da alymlaryň mejlisinde hemişe bolmak, hemişe bir ýa iki mertebe barmak we olardan pentdir nesihatlary eşitmek gerek.

Hoja Abdylhalyk Gijdiwany[1] bir gün hoja Aryfa[2]:

— Eý eziz perzendim, sizi özümiň ýanynda goýup size birnäçe wesýetler etmek maksadym bar – diýdi.

Ol ýene:

— Hudanyň razylyk ýolundan çykmagyl – diýdi.

Ondan soň ol ýene aýtdy:

— Eý Aryf, hemişe takwalykda bolgul. Hudaýtagalanyň hakyny özüňe laýyk etgil. Hemişe ata-enäniň hyzmatynda bolgul. Olar senden razy bolsun. Olar senden razy bolsalar, Haktagala hem senden razy bolar. Pynhanlyk bilen bolsa hem, açyklyk bilen bolsa hem Haktagalany hemişe köňlüňde saklagyn. Gurhan okamak bilen bol. Gurhan okamakdan gaçmagyl. Gurhany okar bolsaň köňlüň bilen okagyl we ýagşy pikir etgil. Hereketlerine we harplaryna ýagşy göz ýetirgil. Ýalňyş okap gargyşa sezewar bolmagyl. Onuň üçin Resul Huda aýtdy:

— Köp kişiler Gurhan okarlar. Gurhan olara gargyş getirer. Kim Gurhany nädürs okap, gargyşa galsa we ondan soň namaz okasa, ol namazy dogry bolmaz. Eger sen Gurhany ýalňyş okasaň tagat we ybadatlaryňdan hiç peýda gelmez. Eger kişi Gurhan okar bolsa, gamgynlyk bilen okasyn. Sebäbi Gurhan Haktagalanyň ýanynda şaýat bolar.

Eý Hoja Aryf, hiç ylymdan gol üzme, rehimli bol. Isle uly bolsun, isle kiçi bolsun, hiç kime kemsitmek bilen garama. Emma isle ýagşy bolsun, isle ýaman bolsun köp-köp gülmegin. Bu gülmeklik gaflatdandyr. Köp gülmek köňlüňi öldürer. Çünki köňlüň ölse, Haktagalanyň zikri hasyl bolmaz. Taňrynyň zikri köňül bilen hasyl bolýar. Meger Allatagaladan näumyt bolmagyl. Haktagalanyň rehmetinden howp bilen umytda bolanlaryň arasynda bolgyl. Eger kişi «howp edýärin» diýse,

[1] Abdylhalyk Gijdiwany - meşhur sopy (1180-nji ýylda aradan çykan).

[2] Hoja Aryf Riwegeri - Gijdiwanynyň buharaly döwürdeşi.

göreris we gorarys. Kim Haktagalanyň buýuran işlerinde bolsa, onda biz oňa «howp edýär» diýýäris. Eger Hudaýtagalanyň iberen işlerinden gaçyp ýörse, onda oňa «howpda» diýmeris. Eger ol kişi:

Men umytda diýse, ýene göreris. Her kim Haktagalanyň iberen işlerini etmese, ony umytda diýip kabul etmeris.

Eý Hoja Aryf, dünýäni terk et. Dünýä bilen bolanlaryň dini bolmaz. Dünýäni terk edenleriň nyşany budur:

Kim özüne haýr etse, hem-de halklara haýr etse.

Eý Hoja Aryf, pahyrlykda we berhizkärlikde bolgul. Hususan ylym meselesini köp bilgil. Nadan sopylardan ägä bolup gaçgyl we nadan sopylary özüňe dost bilmegil. Oňa mürit bolmagyl, hyzmatkär bolmagyl.

Uluglara mal we janyň bilen hyzmat etgil we olaryň hormatyny saklagyl. Olar hakda ýagşy pikirde bol. Olaryň hiç işini inkär etme. Meger sünnete ters gelýän iş etseler, sen olaryň tersine iş etgil. Eger sen ony başga ýagdaýda inkär etseň onda sünnete terslik etdigiň bolar we hergiz nejat[1] tapmarsyň. Dünýäden, ahyrýetden we adamlardan hiç zat dilemegil. Adamlar bilen urşyp ýörmegil. Her wagt adamlar saňa azar berseler hem sen sahy bolgul. Çünki sahylaryň jaýy we mekany jennetdir. Husyt, içigara, zandyýamanlardan bolmagyl. Olaryň jaýy Sakar diýen dowzahdyr. Adamlara öz halyňy äşgär etmegil. Misli nadan sopy dek bolmagyl. Haldan myrat budur: Keşp hakyky, keşp emhany (gatyşyk). Ol keşp isle rahmandan, isle şeýtandan bolsun.

Mesele soramaklykda tagapyl edip durma. Gije-gündüz işiň-pişäň mesele soramak bilen bolsun. Bir dem alymlaryň mejlisinden daş düşmegil, emma jahyl sopulardan daş bolgyl.

Jahyl[1] sopular ýoluň garakçysydyr we musulmanlaryň ýollaryny urujylardyr.

Eý Hoja Aryf! Hemişe Resul Huda bilen bolýanlar bilen bir bolgyl. Haktagala ynangyl. Hatynlar, husytlar, zalymlar we bozuklar bilen oturmagyl. Nadanyň we duşmanyň yzzat-hormatyna ygtybar etmegil we az ryzka kanagat etgil. Hemişe hudaýy ýatlap eden günäleriňi ýadyňa salgyl. Hemişe halal iýgil. Çünki, halal iýmek tamam ýollary açyjydyr. Haramy iýmek we haramy islemek zyýada muşakgatdyr. Eger haram iýseň kyýamat güni dowzahyň ody teniňi tutar. Donuňy halal geýgil, imanyň lezzet tapsyn. Namazy gije köp okagyl, behiştden jaý taparsyň. Namazyňy jemagatsyz hergiz okamagyl. Jemagatsyz namaz okamak mynapyklykdyr (ikiýüzli bolmakdyr). Kim uluglygy talap edip, ybadat etmese oňa otdan gutulma ýokdyr. Azgyn patyşalaryň we emirleriň gaşyna barmagyn. Olardan börüden gaçan dek gaçgyl. Kim seni söýmese sen ony söýme. Kim seni ýamanlasa, sen ony agyrtma. Ýagşy adam hem ýaman adam hem ikiside bir dek bolsun. Mylaýym bol. Hemme adamlara ýagşy we pespäl bol. Emma zalymlar saňa tekepbirlik etseler, saňa hem ol zalyma, biynsapsyza tekepbirlik etmeklik rowadyr.

Resul Huda:

— Her kim Haktagalanyň hak-hormaty üçin pespällik etse, Haktagala ol bendäni ahyrýetde beýik mertebeli eder – diýýär.

Eý Hoja Aryf, her halda, isle ýagşy bolsun, isle ýaman bolsun, hemme halklara edepli bol. Hudaýtagalanyň bendeleriniň halyny adamlara äşgär edenler hergiz hakykata ýakyn bolmaz – diýdi.

Hoja Aryf:

— Men bilmeýärin, nadan sopular haýsylardyr – diýdi.

---

[1] Jahyl - bilimsiz, nadan, akmak.

Kemallyk eýesi bolan bu pir:

— Eý Hoja Aryf, her wagty nadany görseň bilersiň. Ol nadan sopynyň pygyl-efgaly oldur: Namazynyň kazasynyň galanyny okamaz. Orazanyň kazasyny tutmaz. Boýnundaky kişiniň hakyny eda etmez. Iň uly günäden gaçmaz. Haramy halal biler. Her niçik söwdalaryny bozuk eder. Çäresi bozuk bolar. Ol şer işleri edip hiç uýalmaz. Olardan peýda bolan tagamy iýer. Juwan hatynlar bilen sözleşer. Baý halky bilen jandan dost bolar. Pahyrlardan gaçar. Tagamyň ýagşysyny baýlara we emirlere berer. Pahyr-biçärelere, tagam bermez. Zalymlaryň hyzmatyna dil-jan bilen barar. Ol zalymlary dogry iş etmäge çagyrmaz. Ol zalymlara «Hoş geldiň» diýip ýagşy söz aýdyp dileg eder. Ol zalymy yhlas bilen dost tutar. Ylymdan misli goýnyň börüden gaçyşy ýaly bolup gaçar. Müjtehidiň[1] sözini kabul etmezler. Eger ol gümrahlar[2] öz toryna bir pygly näkesi salsalar şat bolarlar. Olar misli namaz okan dek nepl orazasyny tutarlar. Bu eden işlerini Hak Alladan artyk bilerler- diýdi. Ol wagt Hoja Aryf muny eşdip köp-köp aglady. Ol:

— Bu ahyrzamanyň sopylary beýle işlerden habarsyzdyr – diýdi.

Ýene ol:

— Eý Hoja Aryf, teniňi harap edip, daşky görnüşiňe bezeg bermegil. Adamlardan umyt üzgül. Haktagala bilen bolgyl. Adamlara meýil etmegil. Adamlara meýil etmegiň seni hakdan daş eder. Köp söz sözlemegil. Köp söz köňlüňi öldürer. Halklara nesihat ediji bol. Az iýgil, az ýatgyl, gijeleri namaza meşgul bolgul. Gündiz Haktagalanyň ýady bilen bolgul. Haktagalanyň ýady bilen bolanda köňlüň gamda bolsun, gözüň

---

[1] Mujtehid - dini meseleleriň çözgütleri barada özbaşdak kesgitnamalary çykarmaklygy başarýan alym.

[2] Gümrahlar - dogry ýoldan azaşanlar.

ýaşda bolsun we imanyň päk bolsun. Dileg edeniňde zarynlyk we ýalbarmaklyk bilen etgil. Mejlisiň ulamadyr-pakyrlar bilen bolsun. Öýüň metjit bolsun. Dost tutan zadyň Haktagala bolsun. Haktagalanyň ady zikri bilen bolgul. Eger gije-gündiz Haktagalanyň ady bilen bolabilmeseň ednaýy (kiçigöwünlilik) mertebede oturgyl. Ikindi namazyndan tä gün ýaşýança Haktagala bilen bolgul – diýdi.

Rowaýat etdiler: Abu Omar diýen bir kişi bardy. Ol bir alymyň metjidine bardy. Ol alym:

— Hudaýtagalanyň razylygy üçin maňa müň tenňe beriň – diýdi. Ol halda hiç kimden seda çykmady. Ýogsam halk bu sesi eşidipdi. Şol wagt her kim bir ýana gitdi. Ol alym münberden düşdi we öýlerine bardy. Abu Omar hem öýüne gaýtdy. Ol öýüne barandan soň öýe girip, müň teňňe alyp ol alymyň ýanyna bardy. Ol alyma:

— Eý alym, men size hiç kime mälim etmezlik şerti bilen müň teňňäni berýärin – diýdi.

Ol alym ýene metjide bardy we halklara wagyz-nesihat etdi. Wagyz-nesihatdan soň ol alym:

— Eý jemagatlar. Sizden men müň teňňe talap etdim. Siziň hiç biriňizden jogap çykmady. Abu Omar maňa müň teňňe berdi – diýdi.

Eýse, şol wagt Abu Omar ýerinden turup, ol alymy tutup:

— Eý alym, sen meniň müň teňňämi ogurlap alypdyrsyň. Meniň müň teňňämi bergil – diýdi.

Ol alym naçar bolup, onuň müň teňňesini bermeli boldy. Ol alym:

— Eý Abu Omar öýe baraly, seniň müň teňňäňi bereli – diýdi.

Şol wagt Abu Omar:

— Eý alym, meniň müň teňňämi haýsy ýerde alyp sen, ýene şul ýerde getirip bergil – diýdi. Ol alym öýüne gaýtdy.

Abu Omar hem şol sagat ol alymyň yzyndan bardy. Öýüne girip, ondan müň teňňäni alyp, ýene ol alymyň özüne şol müň teňňäni bu şert bilen berdi:

— Eý alym, bu syry hiç kişä mälim etme. Sadakanyň kabullygynyň şerti pynhan bermeklikdir – diýdi.

Ol alym bu şerti kabul etdi. Bu adam soň müň teňňäni ondan almady. Sebäbi sadakany äşgär edip bermek ýasamalygyň nyşanydyr – diýdi.

Eý jemagatlar, eý doganlar, eý musulmanlar şu mütdetden siz hem ikiýüzlilige gol urmaň. Gije-gündiz ikiýüzlilikden daş boluň. Haktagala hemmeleri ikiýüzlilikden aman etsin!

## *BÄŞINJI BAP*

## YLYM WE ULAMALARYŇ ARTYKMAÇLYKLARYNYŇ BEÝANY

Resul Huda:

— Alymlar meniň mirasdüşerlerimdir. Olar meniň ymmatymyň arasynda iň ynamdarlarydyr. Meniň ymmatymy dogry ýola salyjylardyr we howply ýoldan gaýtaryjylardyr – diýdi.

Eger ulama şunuň ýaly bolsa, oňa boýun bolmak wajypdyr. Ulamanyň haýry hem halklara wajypdyr. Ulamalaryň hajatlaryny adamlara aýdyp almaklygy we zerur wagtynda alymlaryň adamlaryň bähbitleri üçin patyşanyň ýanyna barmagy rowadyr.

Resul Huda:

— Ulamalaryň ýamany emirleriň we zalymlaryň aldyna bararlar. Mundan olaryň öz nebsi üçin barýandyklary mälim bolýar. Patyşa we zalymyň ýagşysy ulamanyň zyýaratyna we hyzmatlaryna barýanlarydyr – diýdi.

Ulamalar bilen oturmakdan dört zat hasyl bolar: Owwal, diniň ýarym bolsa ol bitin bolar. Ikinji, eger ulumsy bolsaň, kiçigöwünli bolarsyň. Üçünji, musulmanlary duşman tutan bolsaň, olar bilen dost bolarsyň. Dördünji, eger gybat edýän bolsaň, gybatdan daşda bolarsyň.

Resul Huda ýene:

— Meniň nadan ymmatymyň okan namazyndan alym ymmatymyň ukusy hem ýagşyrakdyr.

Ol ýene:

— Müň ýyl ybadat edenden, alymlaryň ýanynda oturmaklyk ýagşyrakdyr

Resul Huda ýene:

Meniň ylym ymmatlarymyň ýanynda bir sagat otursalar, meniň bilen oturan dek bolarlar. Meniň ylym ymmatlarymyň hormaty uludyr. Kim meniň bilen oturса, kyýamat gününiň azabyndan aman bolar. Çünki kyýamat güni bolanda üç bölek jemagatlar hormat we merhemet taparlar. Owwal pygamberler, ikinji alymlar, üçünji şehitler – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Kyýamat güni Haktagalanyň ýanynda megerem ulamalardan başga hiç zat eziz bolmaz – diýdi.

Şyh Mansur Attardan[1] (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdiler:

Ol dünýäden ötenden soň bir ýagşy berhizkär eziziň düýşüne girdi. Ol eziz düýşünde: «Eý Şyh Mansur Attar, Haktagala gabyrda seniň bilen näme işledi?» diýdi. Şyh Mansur Attar ol ezize: «Eý eziz, meni alyp baryp görde goýanlaryndan soň Haktagalanyň tarapyndan owaz geldi. Eý Şyh Mansur Attar, sen meniň hyzmatyma köp-köp günä alyp geldiň. Men seniň bu köp-köp günäleriňi ýalkadym (geçdim). Nygmatdan doly anbar ysly behiştden ýer berdim. Sebäbi sen halklara we biçärelere hemişe dogryňy aýdardyň. Meniň ýekeligimi, şäriksizligimi we wezirsizligimi adamlara bildirdiň. Adamlaryň göwni meni dost tutmaga muştak we arzuwment boldy. Muny sen etdiň. Men älemleri ýaradyjydyryn. Seni dowzahyň odundan aman sakladym» diýdi – diýip aýtdy.

[1] Şyh Mansur Attar - Meşhur sopy şahyrlarynyň biri. Ol 1120-nji ýylda doglupdyr.

Resul Huda ýene:

— Her kim meniň alym ymmatymyň zyýaratyna barsa, edil meni zyýarat eden dek bolar. Her kim bir alymy ulug tutsa (beýgeltse), edil meni ulug tutan dek bolar. Her kim meni ulug tutsa, Haktagalany ulug tutan dek bolar. Her kim Haktagalany ulug tutsa onuň jaýy anbar ysly behişt bolar. Ol behiştde şeksiz Haktagalanyň mübärek didaryny görer – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Her kim meniň alym ymmatymy har-zar tutsa, meni har tutan dek bolar. Her kim meni har tutsa, Haktagalany har tutan dek bolar. Haktagalany har tutanyň öýi bolsa, otdan doly dowzah bolar. Meniň şepagatym ol bendä haram bolar. Şonuň ýaly bende Haktagalanyň didaryny hergiz görmez. Her kim meniň berhizkär alym ymmatymyň yzynda durup namaz okasa, meniň yzymda durup namaz okan dek bolar. Her kim meniň yzymda durup namaz okasa, ol bendä dowzahyň ody haram bolar – diýdi.

Resul Huda ýene-de:

— Bu dünýäniň bozulman durmagynyň sebäbi dört zatdandyr: Owwal alymlaryň ylymynyň sebäbindendir. Ikinji, adyl patyşalaryň adyllygynyň sebäbindendir. Üçünji sahylaryň haýyr-sahawatynyň sebäbindendir. Dördünji, mömin bendeleriň dileginiň sebäbindendir – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Meniň ymmatymyň ýagşysy halym[1] we alym ymmatymdyr. Çünki nadan kişi bir ýalan söz sözlese, Haktagala bir günäden artyk ötmez. Emma alym we halym bendäniň kyrk ýalan sözüni öter – diýdi.

Rowaýat etdiler:

---

[1] Halym - mylaýym.

Kyýamat güni bolanda Haktagala bendeleriň hasabyny tutar. Ol wagtda bir bendäniň günäsi sogapdan artyk geler. Şol wagtda Haktagala Jebraýyla: «Eý Jebraýyl, meniň ol bendämden sowal et. Ol ýalançy dünýäde hiç alym bilen oturmandyrmy? Eger alymlar bilen oturan bolsa, ýa olara hezzet-hormat eden bolsa, men ol bendäni ýalkaryn» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam ol bendeden:

— Eý bende heý alymlar bilen sözleşipmidiň? – diýip, sowal sorar. Ol bende:

— Eý doganym Jebraýyl, asla men ýolda hem alym bilen ýoldaş bolmandym – diýer.

Hezreti Jebraýyl ýene-de:

— Eý mömim bende biçäre, alym bilen söhbetdeşlikde oturylyp gidilen jaýda hem oturyp görmänmidiň? – diýip, sowal berer.

Ol bende:

— Ýok, oturmadym – diýip aýdar.

Ondan soň Haktagala: «Eý Jebraýyl, ol bende biçäredir, bendäniň adyny bir ýagşy alymyň adyna laýyk et» diýer.

Ol bendäniň ady hiç bir alymyň adyna laýyk gelmez. Ondan soň Haktagala: «Eý Jebraýyl, ýene ol bendeden sowal et. Kim bir alymy dost tutan bendäni dost tutan ekenmi?» diýer. Şol wagt Jebraýyl ýene:

— Eý bende, heý bir alymy dost tutan kişini dost tutmadyňmy? – diýip sorar.

Ol bende:

— Eý doganym Jebraýyl, bir alymy dost tutan kişini bir mertebe dost tutupdym – diýer.

Şol wagt Haktagala: «Eý Jebraýyl, men ol bendäni ýalkadym. Sen ony golundan tutup, behişde girizgil, çünki ol bende alymy dost tutan kişini dost tutanlygy sebäpli behişdi oňa nesip etdim» diýer.

Kagbul[1] Ahbar (Alla ondan razy bolsun):

— Hudaýtagalanyň tagatyny gije gündiz edip, emma oturanlarynda dinsizler, bozuklar, namazsyzlar bilen otursalar we olar bilen söhbetdeş bolsalar, Haktagala ol bendeleri bozuklaryň hatarynda goýar. Eger ol bendeler alymlar bilen otursalar, Haktagala ol bendeleriň jemi eden günälerini öter we sogaba dönderer. Eger ol bende kyýamat güni direler bolsa, alymlaryň we ýagşy bendeleriň hatarynda direler. Her kim namazhon adamlar bilen otursa, onuň takwalygy artyk bolar. Her kim zalymlar bilen otursa, uly günäsi[2] köp bolar. Her kimiň uly günäsi köp bolsa, ol bendä Jennet haram bolar. Kim uly günäleri köp etse, ol ýagşy bolmaz. Her kim hatynlar bilen köp otursa, nadanlygy we meýli artyk bolar. Her kim bozuklar bilen köp otursa, günäsi köp bolar – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Kyýamat güni behişdiň işiginde dört kişi behişde öň girmek barada dileg ederler. Şol dört kişiniň biri alym, biri sahy, biri şehit we ýene biri hajydyr. Şol wagt alymlar:

— Biz öň gireris – diýer.

Hajylar:

— Biz öň gireris – diýer.

Sahylar:

— Biz öň gireris – diýer.

Şehitler:

— Biz öň gireris – diýer.

Haktagala: «Eý Jebraýyl, men seni olara «Emin» kyldym. Sen olardan bu wakanyň beýanyny soragyl. Olardan sowal et. Haýsy biriniň derejesi belent bolsa, şol bendäni behişde öň girizgil» diýer.

---

[1] Kagbul Ahbar - sahabalaryň biri.

[2] Uly günä – şeksiz dowzaha eltýän günä.

Ol wagt Jebraýyl alaýhyssalam hajylar bilen şehitlerden sowal eder.

— Eý hajylar we şehitler, siz hajy we şehit bolanda behişde öň girmelidigini kimden öwrendiňiz? – diýer. Olar:

— Biz muny alymlardan öwrendik – diýerler. Jebraýyl:

— Onuň ýaly bolsa, siziň ussadyňyz alymlar ekeni. Size ussadyňyzdan öň behişde girmek rowa däldir – diýer.

Ondan soň sahylara sowal berer:

— Eý sahylar, siz sahylygy kimden öwrenip, sahylyk etdiňiz? – diýer.

Sahylar:

— Eý doganym Jebraýyl, biz sahylygy alymlardan öwrendik – diýerler.

Jebraýyl:

— Eý sahylar onuň ýaly bolsa, alymlar ussadyňyz ekeni. Çünki siziň ussadyňyz alymlar bolsa, size ussadyňyzdan öň behişde girmegi rowa görmeýäris – diýer.

Sahylar:

— Eý doganymyz Jebraýyl, alymlar dünýäde ylym öwrendiler, kitap okadylar we olary adamlara öwretdiler. Ol wagtda biz alymlara mal berdik, ýagşy don berdik we oňat tagamlar taýýarlap berdik – diýerler.

Alymlar:

— Eý sahylar, kyýamat güni Haktagala bizi behişde iberse, ilki bilen siz girersiňiz – diýerler.

Sahylar:

— Şonuň üçin biz ilki girmegi makul bildik – diýerler.

Jebraýyl:

— Eý alymlar, bu sahylar näme aýdyp durlar? – diýer.

Alymlar:

— Ýa doganymyz Jebraýyl, bu sahylar dogry aýdýarlar. Näme aýtsalar-da dürsdir. Biz şolaryň beren malynyň bereketi

bilen ylymy hasyl etdik. Bular mal bermäge zor etdiler, biz bolsa ylymy hasyl etmäge zor etdik – diýerler.

Jebraýyl:

— Onuň ýaly bolsa, alymlar bilen sahylar bir girsinler, ondan soň şehitler girsinler, ondan soň bolsa hajylar girsinler – diýip perman berer – diýip aýtdy.

Biz:

— Alym diýip imanyň meselesini okasa, bilse, täret we namazyň meselesini bilse, aýbaşy we çile meselesini bilse, ol kişä alym diýýäris. Bir kişi kary bolsa, ýa kätip bolsa, emma kyrk parzy bilmese, ol alym bolmaz. Ol bendäni mömin diýýäris. Alymlar ýer ýüzüniň ylmyny okap bilse, ol okanyny amal etmese, ol alym däldir. Alymyň amal edeni budur. Haýsy alym ylym okap, köp amal etse, ol bendäni alym diýeris.

Resul Huda:

— Eger alymlar bolmasa-dy, dünýäniň adamlary heläk bolarlar – diýdi.

Hezreti Osman (Alla ondan razy bolsun):

— Eger sap ýürekliler bolmasa-dy, onda hemme halk ýaman bolardy – diýdi.

Hezreti Aly (Alla ondan razy bolsun):

— Eger sahylar bolmasalar-dy, onda hemme halk bahyl bolardy – diýdi.

Muhammet Mustapa:

— Alymy dost tutmak yhlasdandyr, duşmany dost tutmak ikiýüzlülikdendir. Bende: «Alymy dost tutdum» diýip, yhlas etmese, dost tutany bolmaz. Yhlas etmegiň manysy budur: Alymlara janyň bilen hyzmat etmek gerek, maly bilen we teni bilen hyzmat we hormat etmekdir. Alymyň her näme hajaty bolsa, ony bitirmekdir. Eger ol bende «alymy dost tutdum» diýse, emma alym bir iş buýursa, ýa birini oňa iberse, ol «dost

men» diýen bende ol işi ýerine ýetirmese, onuň «dost men» diýeni ýalandyr – diýdi.

Ýene Resul Huda:

Meniň ymmatym ertir bilen tursalar we alymlar bilen iki rekagat namaz okasalar ýa-da alymyň ýanyna baryp bir mesele sorasalar, ol bendeleriň her bir gadamyna bir ýyllyk ybadatyň sogabyny ýazar. Şeýle hem oňa anbar ysly behişden ýagşy bir şäher bina ederler. Ol bendäniň ýörän ýoly üçin tä kyýamata çenli onuň günäsi geçiler – diýdi.

Habarda şeýle diýipdirler:

—Kyýamat güni bolsa, Arşy azymyň etrabyna kürsi goýarlar. Bir topar adamlaryň ýüzi on dördi gijede dogan aý dek bolup, ol kürsiniň üstünde oturar. Şeraban tahurdan[1] içerler. Emma ol gün başga bir bir topar adamlar: «Biziň hasabymyz niçik bolar?» diýip hesret we gaýgyda bolarlar? Bu jemagatlar bolsa hiç azap, hesret we gaýgy görmezler. Ol wagt Jebraýyl:

— Eý bar Hudaýa, bu jemagatlar kimlerdir? – diýip sowal sorar.

Haktagalanyň tarapyndan owaz geler: «Eý Jebraýyl, bu jemagatlar Hudaýtagalanyň dünýädäki alym bendeleridir».

Hudaýtagala olary dost tutupdyr. Şonuň üçin olar bu derejäni tapypdyrlar. Indi gorkunç güni bular rahatda bolarlar. Alymy dost tutmagyň manysy budur:

Ol jemagatlar Hudaýtagalanyň iberen ylmyny yhlas bilen okagaýlar. Şol jemagatlaryň şerapaty bu dünýäde we ahyrýetde bize miýesser bolgaý diýip yhlas etgeýler we mallaryny şol jemagata bergeýler. Özleri hem, perzentleri hem şol jemagatyň hyzmatynda bolgaýlar. Alymlar bulara mal hyzmatyny buýursalar boýun bolgaýlar. Eger halklar şunuň ýaly edip

[1] Şeraban tahur - jennetiň päk şeraby.

alymlary dost tutsalar, ol alymlar ol bendäni kyýamat gününiň jemi belasyndan we mähnetinden halas eder. Eger adamlar aýtsalar:

— Alymlary biz dost tutýarys – diýip, emma alymlara mal bilen we ten bilen hyzmat etmeseler olaryň «dost tutdum» diýeni ýalandyr. Alymlary dost tutanyň nyşany budur. Alymlar bu jemagatlara bir iş buýursalar, isle ol iş maldan bolsun, isle tenden bolsun, ol işi şol wagt berjaý etgeý. Ol jemagatlaryň maly isle az bolsun, isle köp bolsun, isle köpden-köp bolsun, her niçik alymyň emrine laýyk bolsun. Şol jemagatlaryň alymy dogry dost tutanydyr. Her kim alymy dost tutup ýüzlerine garasa ýagşyrakdyr. Oňa bu dünýäniň jemi adamlarynyň tagat we ybadatynyň sogabyny berer. Her kim bir alyma «alym» diýip çyn ýürekden ynansa, maly, teni we jany bilen ol alymyň hyzmatynda bolsun. Haktagala ol yhlas eden jemagatyň bu dünýädäki we ahyrýetdäki myradyny berer. Ol alymlaryň isle ussady bolsun, isle piri bolsun, ussadynyň we piriniň hergiz tersine gitmesin. Her wagt halklar tersine gitseler hem «pir» diýeni bozuk bolmasyn.

Rowaýat etdiler:

Bir eziz bardy. Ol eziz:

— Men Hezret Resulyň metjidine girdim. Metjitde iki topar adam ýygnanyp oturandygyny gördüm. Biri Alla zikr aýdyp otyrlar, beýlekisi ylym meselesi bilen otyrlar. Şol wagt men:

— Ylym meselesi her bir jaýda tapylar. Men zikr mejlisine baraýyn, ol jemagatlaryň arasynda bolaýyn. Eger ol jemagatlar dileg etseler meniň hem hajatym kabul bolar. Ylym meselesi toparyna barsam, diňe bir mesele ýatlardym – diýip pikir etdim we zikr mejlisine bardym.

Şol gije ýatyrkam düýşümde maňa bir eziz aýtdy: «Eý biedep, näme üçin ylym mejlisine barmadyň?» diýdi. Şol

wagtda Jebraýyl ýetmiş müň perişde bilen gelipdi. Olar ylym meselesi bilen oturan jemagatlara aralaşdylar we perişdeleriň ganaty degen bendeleri Haktagala dowzahdan azat etdi.

Möminleriň emiri Aly (Alla ondan razy bolsun!) şeýle aýtdy:

Bir mömim bende Resul Hudadan:

— Eý Resul Huda, ylym mejlisi bilen jynaza ikisi birden dogry geldi. Biz şolaryň haýsysyna baraly? – diýip sorady. Resul Huda:

— Eger öleni jaýlaýan adamlar köp bolsa hem, ylym mejlisine barmak dogrudyr. Çünki müň jynazadan, müň hassa sorandan, müň rekagat namaz okandan, müň ýola kapyrlar bilen söweş edenden we müň gije namaz okandan bir mertebe ylym mejlisinde oturan ýagşydyr – diýdi.

Ýene rowaýat etdiler:

Musa alaýhyssalam wagtynda bir adam bar ekeni. Ol:

— Eý bar Hudaýa, meniň görümi röwşen et, sowalymy aňsat et we imanym bergil – diýip dileg eder ekeni. Hezreti Musa:

— Eý adam, sen näme dileýärsiň? – diýdi.

Ol adam:

— Men Haktagaladan ahyrýet dilegini diläp durun welin, mende onuň kabulygynyň hiç nyşany ýok – diýdi.

Onda Hezreti Musa:

— Eý adam, seniň ol dilegiň ylym mejlisinden hasyl bolar – diýdi.

Eý Taňrymyz! Jemi bendelere alymlaryň ylmyndan we onun sogabyndan nesip et. Derýa ýaly rehmetiňden püre-pür et. Dergähinden näumyt etmegil. Ämin!

## *ALTYNJY BAP*

## BISMILLAHY-R-RAHMANY-RAHYMYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Resul Huda:

— Her kim bir aşyň başynda bismillahy-r-rahmany-rahym diýmese, ol aşy namazsyz goýar – diýdi.

Resul Huda ýene-de:

— Kimiň täreti bolmasa, onuň namazy rowa bolmaz – diýdi.

Ýene rowaýat etdiler.

Bişr Hafy ýigitlik wagtynda betgylyk hem ahlaksyzdy. Hiç wagt pyssy-pyjurlykdan gaýtmazdy. Hemişe mes ýörärdi. Bişr Hafynyň bir ejekesi bardy. Ol gije bir düýş gördi. Düýşünde bir owaz geldi. Haktagala Bişr Hafynyň günälerini ötüp, ony ýalkapdyr. Oňa behişde wajyp görip, behişdiň ortasyndan bir ýagşy jaý beripdir. Şol wagt Bişr Hafynyň ejekesi tisginip ukudan oýanyp, ýerinden turup:

— Meniň bu düýşüm şeýtanydyr. Meniň bu düýşüm dogry düýş däldir. Bişr Hafy bu düýşe laýyk we mynasyp däldir – diýipdir.

Ol üç gijeden soň, ýene şunuň ýaly düýş gördi. Bu düýşi ýene görenden soň ejekesi Bişr Hafyny ýanyna çagyrdy. Bişr Hafy häzir bolandan soň:

— Eý Bişr Hafy, seniň Hudaýtagala näme tagat we ybadatyň bar? – diýdi.

Bişr Hafy:

— Eý ejekejan, meniň Hudaýtagalanyň ýanynda hiç bir tagat, ybadatym ýokdur. Her wagtda pyssy-pyjurlykda bolýaryn men. Emma bir gije hajatym üçin hajathana bardym. Şol wagt men bir ýatan kagyz tapyp, ony göterdim. Göterenimden soň ony okap gördüm welin onda: «Bismillahy-r-rahmany-rahym» diýip ýazylgy eken. Men onuň hapa ýerini tämizläp öpdüm. Soňra iki teňňä ýypar[1]satyn alyp, ony ol kagyza sepdim we ol kagyzy sandyga saldym – diýdi.

Şol wagt Bişr Hafynyň ejekesi:

— Eý Bişr Hafy, ol «Bismillahy-r-rahmany-rahym» şerapatyndan Haktagala seni ýalkapdyr. Üç gün boldy, men düýş gördüm. Bu düýşümde:

— Men Bişr Hafyny ýalkadym. Oňa anbar ysly behişde wajyp etdim – diýen bir owaz eşitdim. Bişr Hafy ejekesinden bu sözi eşidenden soň aglamaga başlady. Ol:

— Men niçik bendedirin? Bir mertebe «Bismillahy-r-rahmany-rahyma» tagzym edenim üçin munça keramat we merhemet berse, onda men niçik biakyl bende bolupdyryn? Gije-gündiz Haktagalany unudypdyryn-diýdi. Şol wagt ýüreginde bir ah dert peýda bolup beýhuş bolup ýykyldy. Birnäçe wagtdan soň özüne geldi we ýerinden turup, şol wagt bendelerini azat etdi. Hemme mallaryny sadaka berdi. Özi aýak ýalaňaç[2] bolup, Haktagalanyň ýoluna düşdi. Ondan soň aýagyna hergiz zat geýmedi. Birnäçe wagtdan soň kutblaryň (welileriň) derejesine ýetdi. Eý Taňrymyz! hemmäni dogry ýola salyp, ýardamyňy ýoldaş et! Ämin. Ýa repbil älemin![3]

---

[1] Ýupar - ýakymly ysly madda.

[2] Aýak ýalaňaç - hafy, Hafy Bişriň lakamydyr.

[3] Ämin. Ýa repbil älemin - Eý älemleriň hökümdary bolan Taňry, özüň kabul et!

## *ÝEDINJI BAP*

## ÖLÜMIŇ ÖŇ ÝANYNDAKY JANHOWLUNYŇ BEÝANY

Abu Hüreýre (Alla ondan razy bolsun):

— Men Resul Hudadan eşitdim. Resul Huda:

— Adam jan berer wagtynda hemme agzalary we hemme süňkleri biri-birine salam berişerler we «Hoş galyňlar, bu gün bir-birimizden jyda düşer gün boldy. Gara topraga goşular gün boldy» diýerler – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Eý meniň ymmatym! Jan bermekligiň gaty muşakgatlydygyny biliň! Çünki ol ýüz mertebe gylyç bilen urandan artykdyr – diýdi.

Resul Huda ýene:

— Her kim ömrüni köp ýaşasa, günä etmese, şol bendede üç zat peýda bolar. Owwal özüni tobadan daş tutmaz. Ikinji az zada hem kanagat eder. Üçünji tagat we ybadata höwesi köp bolar – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Her kim ölümini unutsa, üç zada duçar bolar: Owwal, ol toba etmez. Ikinji, az zada razy bolmaz. Üçünji, tagat we ybadata ýalta bolar – diýdi.

Ýene habarda şeýle diýipdirler. Bir topar kapyr Isa ýüzlenip:

— Eý Isa, sen ölüni direlder sen. Nuhuň ogly Samy direltgil – diýipdir.

— Ol köp öň ölüpdi. Şol wagt Isa:

— Eger Hudaýtagala islese direlderin – diýdi.

— Şol wagt Isa Hezreti Nuhuň ogly Samyň görüne bardy. Iki rekagat namaz okady. Ondan soň dileg edip:

— Eý Nuhuň ogly Sam, turgul! – diýdi. Haktagalanyň emri bilen gör ýaryldy we ondan Sam çykdy. Onuň saçlary we sakgaly agarypdyr. Isa:

— Eý Sam, siziň wagtyňyzda sakgal agarma ýokdy. Seniň sakgalyň näme sebäpden agarypdyr? – diýdi.

Şol wagt Sam:

— Eý Isa, men «Tur» diýen owazy eşidenimde köňlüme kyýamat güni bolandyr. Şonuň üçin «Tur» diýen owaz gelýär. Şol kyýamat gününiň howul-haýbatyndan gorkup, meniň saç-sakgalym agarypdyr – diýdi.

Isa alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Sam, siziň bu pany dünýäden öteniňize näçe ýyl boldy.

Sam:

— Eý Isa, meniň bu pany dünýäden ötenime dört müň ýyl bolupdyr – diýdi.

Şakyk Balhy[1] (Alla ondan razy bolsun !):

— Halk dört zady dili bilen aýdar we eden işi oňa ters geler: Owwal, biz Hudaýtagalanyň bendesidiris diýerler, emma bendeçilik etmezler. Ikinji, Hudaýtagaladan ryzk ber diýerler. Emma kanagat etmezler. Üçünji, biz ahyrýeti bu dünýäden ýagşyrak görýäris diýerler, emma bu dünýä meşgul bolarlar. Dördünji, ölüm hak we dogrudyr! diýerler, emma ahyrýet gamyny etmezler – diýdi.

---

[1] Şakyk Balhy - Bişr Hafynyň döwürdeşi bolan horasanly meşhur derwüş sopy (IX asyr).

Wehb ibn Munebbih (Alla ondan razy bolsun!):

Beni Ysraýylda bir kişi bardy. Özi örän uly dana we bilimlidi, töwrathondy. Ol perzendini terkidünýä ederdi. Birnäçe wagtdan soň bir perzendi boldy. Ol perzent üçin eneke taýýar etdi. Ol eneke birnäçe wagtlap ony terbiýeledi. Ol perzent ulaldy. Ondan soň atasy:

— Perzendi meniň ýanyma alyp geliň – diýip buýurdy.

Perzendi atasynyň ýanyna alyp geldiler. Görse, ol ýetişipdir. Bir gün ol dana adam ogly bilen bazaryň ortasyndan ötüp barýardy. Şol wagt oglan halkyň bir jynazany alyp barşyny görüp:

— Eý nury didäm, bu nämedir? – diýdi.

Atasy:

— Eý meniň rowanym, köňlümiň kuwwaty, bu jynazadyr – diýdi.

Oglan:

— Jynaza diýeni näme bolar? – diýdi.

Atasy:

— Eý nury didäm, bu bizi-de, sizi-de ýok edijidir – diýdi.

Ogly:

— Niçik ýok eder? – diýdi.

Atasy:

— Wepat bolandan soň janyňy tenden jyda eder. Ondan soň agaç üstüne goýup ýörärler we namaz okarlar. Ondan soň göre goýarlar – diýdi.

Ogly:

— Eý ata, görde näme ederler? – diýdi.

Onda atasy:

— Eý oglum, owwal sowal sorarlar – diýdi.

Ogly ýene:

— Eý ata ondan soň näme ederler – diýdi.

Atasy:

— Eý oglum, ondan soň bir terezi durar. Ol ony görer. Eger ýagşylygyň köp bolsa, behişde bararsyň, ýamanlygyň köp bolsa, dowzaha bararsyň – diýdi.

Şol wagt oglan ýene:

— Eý ata, «behişt» diýeniň nämedir, «dowzah» diýeniň nämedir? – diýdi.

Şol wagt atasy:

— Eý nury didäm «behişt» diýenim ýagşy öýdür we dürli näz-nygmatdan, rahatlykdan doludyr. Dowzah diýenim içi otdan we zakgundan doly ýerdir – diýdi.

Bu sözi eşidenden soň ol oglan bir ah urup, bihuş bolup ýykyldy. Birnäçe wagtdan soň özüne geldi. Ol ýerden gidip, bir daga bardy we şol ýerde tagat we ybadata meşgul boldy.

Eý Taňrymyz! Hemmäni tagat we ybadatdan aýyrmagaý sen! Ýagşy jemagatlaryň hatarynda etgeý sen!

*SEKIZINJ BAP*

## AZABYŇ WE JEZANYŇ BEÝANY

Enes ibn Mälik[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Eý adam perzendi, gör azaby üçin Haktagaladan ýardam diläň .

Ýene Resul Huda:

— Bende öler wagtynda rehmet perişdesi geler. Onuň ýüzleri misli gün ýalydyr. Ol mömim bendäniň ýanyna anbar ysly behişden bir ýüpek don alyp geler. Rehmet perişdesi gelip, mömin bendeden gözüni aýyrman oturar. Ondan soň ölüm perişdesi gelip, ol bendäniň düşeginde oturar we: «Eý päk jan, tenden çykgyl!» diýer. Şol wagtda jan asanlyk bilen tenden çykar. Ol wagt rehmet perişdesi gelip jany ölüm perişdesiniň elinden alar. Ony ýüpek dona çolap asmana alyp barar. Ol perişdäniň barýan ýolunda topar-topar perişdeler duşar.

Olar:

— Bu bir päkize jan ekeni. Bu jan kimiň janydyr? – diýerler.

Rehmet perişdesi:

— Bu jan pylan möminiň janydyr. Men ony asmana alyp barýaryn – diýer.

---

[1] Enes ibn Mälik - sahabalaryň biri. Ol 100 ýaşynda 710-nji ýylda aradan çykýar.

Şol wagt asmanyň işigini açarlar we ýedi gat asmana ýetirerler. Şol wagtda mömim bendäniň janyny aglaýy yllyýyna[1] alyp bararlar. Ondan soň Haktagaladan: «Ol möminiň janyny tenine alyp baryň» diýip owaz geler:

Şol wagtda mömim bendäniň janyny göre alyp bararlar. Ondan soň «Müňkir-Nekir» diýen iki perişde geler we:

— Hudaýyň kimdir, Resulyň kimdir we diniň nämedir? – diýip, sorag eder.

Ol:

— Hudaýym Alladyr, Resulym Muhammet pygamberdir, dinim musulman dinidir – diýer.

Bendäniň beýle jogabyndan soň Haktagaladan ýene: «Meniň bu bendäm hak we dogry aýdýar. Indi ol bendä lybas geýdiriň we behiştde oňa ýagşy röwşen işik açyň. Göri bu dünýäniň mukdary ýaly giň bolsun» diýen owaz geler.

Ýene Resul Huda:

— Eger ol bende betbagt bolsa, oňa azap perişdesi gelip, onuň düşeginiň üstünde oturar. Onuň gözi gök, dişleri agzyndan çykyp duran, dony otdan bolar. Özi uly gazaply we haýbatly bolar. Ol bendäniň ýanynda oturar. Ondan soň ölüm perişdesi geler we ol:

— Eý nejis jan, çykgyl, Hudaýtagalanyň lagnaty (gargyşy) saňa boldy – diýer.

Şol halda bendäniň jany teninden çykman eşidip durar we jyda bolmaz. Ölüm perişdesi onuň janyny tar-tar eder. Şol wagt teniň damarlary para-para bolup çykar. Ölüm perişdesiniň elinden ony azap perişdesi alar we otdan bolan lybasa, çolar. Ol perişde ol jany asmana alyp çykar. Asmanyň işigini açmazlar. Ol wagt Haktagala onuň janyny misli düýe dek eder, çünki iňňäniň gözi dek deşikden ol perişdä emr eder:

[1] Aglaýy yllyýyn-asmanyň çür depesi.

— Eý bende, bilgil kim jan niçik bolar? Ondan soň janyny tenine getirerler. Müňkir-Nekir atly iki perişde gelerler we:

— Eý betbagt bende, Hudaýyň kimdir, Resulyň kimdir we diniň nämedir? – diýip sorag ederler.

Ol bende:

— Ah-wah! Men näme diýmelidigini bilmeýärin – diýer. Şol wagt Haktagaladan: «Bu betbagt bendäni dowzaha alyp baryň! Ol betbagta otdan lybas geýdiriň! Görüni dar ediň we garaňky ediň» diýen perman geler.

Ondan soň ol bendäni otdan bolan gürzi bilen urarlar. Ony ýylan-içýana ýoldaş ederler.

Ýene Resul Huda:

— Her kim gör azabyndan halas bolaýyn diýse, onda ol dört zady etsin we dört zady etmesin. Owwal, bäş wagt namazyny jemagat bilen okasyn. Ikinji, malyndan zekat bersin, üçünji, Gurhan okasyn. Dördünji, donuny peşewden päk saklasyn – diýipdim.

Ýene habarda şeýle aýdylypdyr: Her günde ýerden bäş wagt owaz geler:

— Eý adam perzendi bu gün meniň üstümde ýöreseň, taňla-ertir meniň garnyma girersiň – diýer.

Ýer ýene:

— Bu gün meniň üstümde tagam iýseň, taňla- ertir meniň garnymda seni ýylan-içýanlar iýer – diýer.

Ýene ýer:

— Bu gün meniň üstümde hoş wagt ýörer sen. Ertir meniň garnymda gaýgy bilen ýatarsyň – diýer.

Ýene ýer:

— Eý adam perzendi, bu gün meniň üstümde günä etseň, ertir meniň garnymda azap görersiň – diýer.

Hezreti Isadan rowaýat etdiler:

Isa bir ýana barýardy. Şol wagtda bir ýumrulan şähere ýetişdi. Ol bu şäheriň halkyndan hiç nam-nyşan ýokdugyny gördi. Hezreti Isa:

— Eý şäher, munuň halky nirededir? – diýip sorady. Ol şäher:

— Eý Isa, bu halklaryň hemmesi ýok boldular – diýdi.

Isa:

— Ne sebäpden ýok boldy? diýdi.

Ol şäher:

— Eý Isa, bu halklar ulamalara töleg bererdiler we minnet edip:

— Eý ulamalar, siziň ryzkyňyzy biz berýäris – diýip aýdardylar. Olar:

— Eý nadan adamlar, bize bu tölegi Haktagala berer. Özge kişi bermez. Bu ygtykady siz goýuň – diýdiler.

Olar bu sözlerinden hiç gaýtmadylar. Şol wagtda Haktagala olara bela berdi. Olaryň hemmesi bir günde öldüler.

Ondan soň Isa ileri ýöredi. Bir mazara duşdy. Şol wagt Isa aýtdy:

— Eý bende, sözleş – diýdi. Şol wagtda ol bende:

— Eý Isa! Men näme sözläýin – diýdi.

Isa:

— Sen ne sebäpden bu azaby dartýarsyň? Ol bende biçäre:

— Eý Isa, men hammalçydym (ýükçidim) we bir Emiriň odunyny göterip barýardym. Men ondan bir çöp alyp dişimi köwledim. Çünki öý eýesi bilen razylaşman alypdym. Ol çöp üçin kyrk ýyl bäri, azap baryny tartýaryn – diýdi.

Bir çöp üçin Haktagala kyrk ýyl azap berse waý ol bendeleriň janyna, kim kişiniň hakyny basyp, ogurlap alyp iýip durar. Kim birini ikä berip durar. Eý gapyl bendeler, habardar boluň. Bu iman gaty muşakgatly işdir.

Ýene bir gün Resul Hudanyň ýoly bir gabyryň üstünden düşdi. Görse, görden bir gara tütün çykyp dur. Şol wagtda ol Resul Huda dileg etdi welin görden bir hatyn çykdy. Onuň başyndan-aýagyna çenli ot ýanyp dur. Resul Huda ol odyň haýbatyndan gorkup başyny sejdä goýdy. Şol wagtda Haktagaladan: «Eý Muhammet, ol hatyndan: «Sen näme sebäpden bu azaba sezewar bolup dursuň diýip sowal sora» diýen owaz geldi.

Resul Huda:

— Eý hatyn, sen näme sebäpden bu azaba sezewar bolduň? – diýip sorady.

Hatyn:

— Eý Resulalla, men bir hatyndym. Ysraýylda namaz okardym we oraza tutardym. Meniň öýümde bir urkaçy pişigim bardy. Bir gün ol pişik maňa zyýan ýetirdi. Men pişigiň boýnuna ýüp salyp bir agaja asdym we köp-köp urup, ony öldürdim. Ondan soň bir hepde bolman bu pany dünýäden ötdüm. Şol pişigi öldürenim sebäpli Hudaýtagala maňa segsen ýyl bäri azap berýär we ol:

— Sen niçik meniň ol bigünä bendämi urup öldürdiň? – diýip aýdýar. Ýa Resulalla, Siz Hudaýtagalanyň bir ýagşy dosty. Sizlerden dilegim budur: «Siz maňa bir ýagşy dileg etseňiz, men azapdan halas bolsam» diýdi.

Resul Huda bu sözi eşidenden soň, köp-köp ýyglady. Ondan soň Resul Huda ol hatynyň bu azapdan halas bolmaklygy üçin dileg etdi. Şol wagt Resul Hudanyň Päk Taňrynyň dergähinde dilegi kabul bolup, ol hatyn azapdan halas boldy.

Eý Taňrymyz! Hemmeleri azapdan halas et. (Ämin. Ýa rebbil-älemin.)

## *DOKUZYNJY BAP*

## DOWZAHYŇ AZAPLARYNYŇ BEÝANY

Äşeden (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat edilipdir. Men Resul Hudadan:

— Ýa Resulalla, kyýamat güni dost-dosty tanarmy ýa tanamazmy? – diýip soradym.

Şol wagtda Resul Huda:

— Eý Äşe, hawa, tanarlar we ýat ederler. Eý Äşe, olar bir-birini üç ýerde tanamazlar. Owwal, tereziniň ýanynda bir-birini tanamazlar. Çünki ol wagtda: «Amallarymyz agyr gelermi ýa ýeňil gelermi?» diýip gözi terezide bolar. Ikinji, amal namalary geler wagtda bir-birini tanamazlar. Çünki: «Onuň sag ýanyndan gelermikän ýa sol ýanyndan gelermikän? – diýip gözleri nama amalda bolar. Üçünji wagt bir-birini tanamazlar. Ýagny içýanlar dowzahdan geler we olar: «ynanmandyrlar» Biz ol kişi üçin gelýäris. Olar Huda we Resul Hudaga ynanmandyrlar diýip aýdyşarlar. Şol wagtda bilmedim näme waka turar? Şu üç wagtda dost-dosty ýat etmezler – diýip aýtdy.

Abdylla ibn Abbas[1] (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat aýtdy:

[1] Abdylla ibn Apbas - Pygamber alaýhyssalamyň doganoglany (688-nji ýylda aradan çykan).

Men Resul Hudadan dowzahyň sypatyny soradym. Resul Huda:

— Eý Abdylla, dowzahyň sypatyny beýan etmek köp-köp muşakgatlykdyr. Emma men saňa beýan edeýin. Eý Abdylla, bilgil ol üç müň ýyllyk ýoldur. Müň ýyl çykmaklyga, müň ýyl düşmeklige we müň ýyl hem aralygydyr. Dowzahyň ýedi köprüsi bardyr. Owwalky köprüsinde imandan sorarlar. Ikinji köprüsinde namaz we orazadan sorarlar. Üçünji köprüsinde günä we hüşürden sorarlar. Dördünji köprüsinde ata we ene hakyndan we kowum garyndaşlar hakyndan sorarlar. Eger hemmesine jogap berseň halas bolarsyň Eger jogap berip bilmeseň dowzah oduna iberer – diýip aýtdy.

Ýene Resul Hudadan:

— Ýa Resulalla, bu ýeri ýene bir ýere çalşyrlanda halaýyklar nirede bolarlar? – diýip soradylar. Resul Huda:

Bu halaýyklar Syrat köprüsiniň üstünde bolar we şol wagtda Hudaýtagala ýeri mis dek eder we ýene Haktagala güne kuwwat berer. Günüň yssylygyndan ol ýeri gyzyl eder we dowzah ol ýeriň üstünde bolar. Kyýamat bir gününiň uzynlygy bu dünýäniň müň ýyly dek bolar – diýip aýtdy.

Abu Hüreýradan (Alla ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdi. Haktagala asmany we ýeri ýaratdy. Eýse, şol wagtda Esrapyl diýen perişdä:

— Eý Esrapyl, suruňy agzyňa goýgul, taýýar bolup durgul – diýip buýurdy. Çünki şol wagt kyýamat güni bolsa, Haktagaladan «Eý Esrapyl surnaýyňa dem ur» diýip perman bolar.

Resul Huda:

— Sur diýen bir uly nemersedir. Onuň etraby asmanyň ýeriň halaýyklarynyň sanyna deňeçer bardyr. Ol wagt sury üç

ýola çalarlar. Owwal uran demine fazag[1] diýerler. Ikinji uran demine sagak[2] diýerler. Üçünji uran demine bags[3] diýerler.

Owwal demini uranda ýerde we asmanda bar bolan jemagatlaryň bary turar. Olaryň hemmesi bihuş bolar. Ikinji uran demde jemi halaýyklar ölerler. Ondan soň Haktagala ýagmyra garap: «Eý ýagmyr, ýer ýüzüne dökül» diýip perman berer.

Derhal ýagmyr ýer ýüzüne döküler. Her katrasy misli ýumurtga dek bolar. Daglaryň başyna çenli suw dolar. Ol suw toprak bilen hamyr bolar. Kyrk ýyla çenli şunuň ýaly bolup durar. Ondan soň ýene Esrapyla Hudaýtagalanyň emri bilen: «Eý Esrapyl sura dem ur!» diýip, perman bolar.

Şol wagt Esrapyl sura dem urar. Ol wagtda adamlar görlerinden ýalaňaç turarlar.

Ýene Resul Huda aýdypdyr:

— Ol günde owwal men turaryn. Haktagala şol wagtda dört perişdä: «Muhammet Mustapa näzik halat geýdiriň!» diýip buýurar.

Oňa näzik halat geýdirerler. Şol wagtda Hezreti Pygamber Jebraýyl doganyndan:

— Eý doganym, Jebraýyl, bu gün nähili gündür? – diýip sorar.

Hezreti Jebraýyl:

— Ýa Resulalla. Bu gün kyýamat günüdir – diýer.

Ýene Resul Huda:

— Kyýamat güni şeýle muşakgatlardan doly gün bolup ol ýetmiş mertebe jan bermeklikden agyr bolan gündür. Bu wakadan soň terezini getirerler. Ol wagt terezini Arasat halkynyň arasynda taýýar ederler. Halaýyklar ony görip geň

---

[1] Fazag - gorky.

[2] Sagak - ýyldyrym.

[3] Bags - direlmek.

galarlar. Ol tereziniň bir jamyna ýedi gat asman we ýedi gat ýeriň halkyny salsalar hem dolmaz. Ýene Resul Huda aýtdy:

— Kyýamat güni halaýyk bäş bölek bolar.

Bir bölegi hasapsyz dowzah oduna düşerler. Ol jemagat şeýtanlardyr. Ýene bir bölegi ýok bolar. Ol janawerlerdir. Ýene bir bölegini hasaba tutarlar, ol periler we adamlar bolar. Ýene bir bölegi bihasap anbar ysly behişde bararlar. Olar perişdelerdir.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Kyýamat güni hiç kişi ýerinden tä dört zatdan soralýança gozganyp bilmez. Owwal ömrüňden: «Eý bende, ömrüňi näme işe sarp etdiň?» diýip sorarlar. Ikinji: «Eý bende, men saňa halal mal berdim. Ol malyňy nämä harç etdiň?» diýip sorar. Üçünji: «Eý bende, men saňa tendürstlik berdim. Ol tendürstligi, ol kuwwaty nämä sarp etdiň?» diýip sorar.

Kagbul Ahbar[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýdypdyr. «Men Resul Hudadan şeýle söz eşitdim. Resul Huda aýtdy:

— Hezreti Yshak Ybraýym alaýhyssalamyň ogludyr. Şol wagtda Hezreti Ybraýym ony unudar we aýdar: «Eý bar Hudaýa! Yshaky näme etseň et welin, meni ryswa etme!» diýer. Şol günde her pygamber öz-özlerini diläp, özi bilen başagaý bolarlar. Şonuň ýaly adamlar şeýle bolsalar, eý, Alla biziň dek günäkär bendeleriň haly niçik bolar ?

— Eý Taňrym! Hemmäge özüň ýar bolgaý sen! Eger bende bu haly görse, bir sagat hem Hudaýtagalanyň mübärek adyny unutmazdy we gapyl bolmazdy we hemişe ýyglamakda bolardy.

Ýene Rusul Huda aýtdy:

[1] Kagbul -Ahbar - (Abu Yshak Käbibi Möte) asly ýehudylardan bolan meşhur rowaýatçy (652-nji ýylda ýogalan).

— Her kim ömrüni tagat we ybadat bilen, musulmançylyk bilen ötürse, kyýamat güni şol bende syrat köprüsinden ýyldyrym dek ötüp behişde girer.

— Her kim ömrüni Haktagalanyň nehi (gadagan eden zatlary) bilen ötürse we bitoba dünýäden barsa, kyýamat güni Syrata ýakyn goýsalar, onuň aýagy durmaz, taýar we dowzah oduna düşer.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Dowzahlaryň iň kiçi azaby: bendäniň aýagyna otdan köwüş geýdirerler. Ol köwüşe aýagyn goýan wagtynda onuň beýnisi gaýnar.

Ymam Alkama[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Men Resul Hudadan eşitdim. Resul Huda aýtdy: Kyýamat güni bolsa, bendeleriň tagat we ybadatyny ölçärler. Onuň ýagşylygy agyr gelse, halaslyk tapar. Ondan soň ol bende Haktagaladan destur dilär. Aýdar:

— Eý bar Hudaýa, men atam-enem, kowum gardaşymy we perzentlerimi Arasat kyýamatdan tapaýyn. Olardan bir az tagat we ybadat alaýyn we bu azapdan halas bolaýyn – diýer. Şol wagt Haktagala destur berer we aýdar: «Eý bendäm, bar şeýle et» diýer.

Ol bende Arasat kyýamata barar we ata-ene, perzent we kowum garyndaşlaryny tapar. Şol wagt aýdar:

— Eý perzentlerim, eý garyndaşlarym, eý kowum-kabylalarym, meniň ol amalymy ölçediler we biraz amal gerek boldy. Men biraz amal üçin size geldim. Maňa biraz amal beriň. Men kyýamat azabyndan halas bolaýyn – diýer.

Olar:

— Biz seni tanamaýarys, biz sizden hem mätäjiräkdiris, biz öz halymyzyň nähili bolaryny bilmeýäris – diýip, jogap

[1] Alkama ibn Kaýs - tabygynlardan bolan beýik fakyh we muhaddis (661-nji ýylda ölen).

bererler. Ol bende gamgyn we olardan näumyt bolup, ýene tereziniň gaşyna gelip, ýüzüni ýere goýup ýyglar we:

— Indi näme edeýin, dowzah oduna barar men – diýip durar. Şol wagtda Haktagaladan: «Eý bende, näme etdiň?» diýen owaz geler.

Ol biçäre bende aýdar:

— Eý bar Hudaýa! Gizlin we ýaşryn zatlary biliji seniň özüňsiň. Hiç kişi maňa sogabyndan bermedi. Sen danasyň, kerimsiň we rehimlisiň.

Älemleriň patyşasy bolan Taňry: «Eý bende, sen meniň rehimli ekenimi bilseň, näme üçin pany dünýäde maňa bendeçilik etmediň, meniň razylygymda bolmadyň we ömrüňi hatyna we perzende sarp etdiň. Olara aldandyň» diýer.

Ol wagt ol bende şermende bolup, puşman edip, başyny aşak salyp oturar. Ol wagt Haktagaladan: «Eý biçäre bende! Men seniň günäleriňi ötdüm we saňa rugsat berdim. Behişdi saňa berdim» diýen owaz geler.

Taňry ol gaýgyly bendesini şat edip Behişde iberer.

Möminleriň emiri Alydan (Alla ondan razy bolsun): şeýle rowaýat edipdirler. Ol:

— Men bir gün Resul Hudanyň gaşyna baryp gördüm. Resul Huda ýyglap oturan eken. Şol wagtda men:

— Ýa Resul Huda, näme üçin ýyglar siz? – diýip soradym.

Resul Huda:

— Ýa Aly, Magraja baramda köp zatlary gördüm we men şolar ýadyma düşüp ýyglaýaryn – diýdi.

Şol wagt men:

— Ýa Resulalla, maňa ol wakany habar beriň – diýdim.

Resul Huda:

— Haktagala meni Magraja iberdi. Men onda örän uly we haýbatly bir perişde gördüm. Ol perişde örän gazaplanyp oturan eken. Her zaman onuň agzyndan ot kükräp çykyp dur. Ol perişdäniň etraby ýanyp duran ot ýaly ekeni – diýip aýtdy.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Ol perişdäniň haýbatyndan gaçyp, Jebraýylyň ganatynyň astyna bardym we ondan soň:

— Eý doganym Jebraýyl, bu kimdir – diýdim.

Şol wagtda Hezreti Jebraýyl aýtdy:

— Eý Muhammet! Ol dowzahyň mäligidir.[1] Ondan soň men ol perişdäni ýene gördüm. Bir otdan kürsiniň üstünde oturypdyr. Otdan bolan täji başynda. Otdan bolan gürzüni alnynda goýupdyr. Eger ol gürzüni ýedi gat asmana we ýedi gat ýere goýsalar derhal kül bolar. Ol wagt men ileri bardym we salam berdim. Meniň salamymyň jogabyny bermedi. Şol wagt Jebraýyl:

— Eý Mälik, bu salam beren Muhammet Resulalladyr – diýdi.

Bu jogaby eşidenden soň, Mälik ornundan turdy we maňa jogap salamyny berdi.

— Eý Muhammet! Hudaýtagala meni otdan ýaradypdyr – diýdi.

Şol wagtda Resul Huda:

— Eý Mälik, dowzahy maňa görkezgil – diýdi.

Mälik:

— Eý Muhammet! Sen dowzahy görebilmersiň – diýdi.

Men bu jogaby mälik dowzahdan eşidenimden soň, gamly boldum. Şol wagtda Hezreti Jebraýyl:

— Eý mälik, her näme bolsa hem Muhammet Resulalladyr. Ony kabul etgil – diýdi. Bu jogapdan soň mälik maňa dowzahy görkezdi. Men onda köp-köp muşakgatly azaplary gördüm. Şol wagtda mälige:

— Eý mälik dowzahyň başy-aýagy ne mukdardyr? – diýdim.

Şol wagtda mälik:

---

[1] Dowzahyň mäligi - dowzahyň patyşasy.

— Ýa Muhammet, dowzahyň mukdaryny Haktagaladan özge hiç kim bilmez. Emma şol gören dowzahyňda bir ýylan bardyr. Onuň otuz müň başy bardyr. Her başynda otuz müň agzy bar. Her agzynda müň halka, her halkasynda bir zynjyr bar. Her zynjyr bir perişdäniň elindedir – diýdi.

Men:

— Eý mälik, bu dowzah näçe ýerden ýeri köýdürer? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet! Bu dowzah müň ýyllyk ýoldan garany ak eder, müň ýyllyk agy bolsa tä kyýamata çenli gara eder.

Ýene mälik:

— Eý, Muhammet, bu dowzah ýedi deredir. Owwal Jähennemdir. Ikinji Lazadyr. Üçünji Hutamadyr. Dörünji Jehimdir. Bäşinji Sagyrdyr. Altynjy Sakardyr. Ýedinji Häwiedir – diýdi.

Men:

— Eý mälik, her bir deresi kimleriň jaýy we mekanydyr? – diýdim.

Mälik:

— Owwalky dere mynafyklaryň (iki ýüzlileriň) jaýydyr. Ikinji dere Hezreti Nuhuň kowmunyň jaýydyr. Üçünji dere şeýtan betbagtyň jaýydyr. Dördünji dere Hudaýçylyga dawa edenleriň jaýydyr. Bäşinji dere tekepbirlik kylyjylaryň jaýydyr. Altynjy dere jöhitleriň jaýydyr. Ýedinji dere Muhammet alaýhyssalamyň günä sagyra (kiçi) we günä kebire (uly) eden we bitoba bolup duran ymmatynyň jaýydyr – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Eý mälik! Maňa Jähennemdäki asy ymmatymy görkez – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet! Men senden utanýaryn – diýdi.

Ol wagtda Haktagaladan:

— Eý mälik! Meniň habybym Muhammet näme aýtsa, ony etgil – diýen owaz geldi. Ondan soň mälik tamam Jähennemi Muhammede görkezdi.

Mälik:

— Eý Muhammet! Bu Jähennemde üç müň sany otdan gazyk bar. Her gazygyň ululygy üç müň ýyllyk ýoldur. Hersi dagyň deresiçe bardyr. Onuň her bir deresinde otdan ýedi ýüz müň şäher bardyr. Otdan şäherde ýedi ýüz müň köşk bardyr. Otdan her köşkde ýedi ýüz müň saraý bardyr. Otdan bir saraýda ýedi ýüz howly bardyr. Otdan her howlusynda ýedi ýüz müň öý bardyr. Otdan her öýde ýedi ýüz müň sandyk bardyr. Otdan her sandykda ýedi ýüz müň dürli azap bardyr – diýdi. Bu otdan, azap we jezalardan Haktagalanyň özi bizi aman saklasyn! Ämin. Ýa repbil älemin!

Ýene Resul Huda:

— Men bir bölek halklary gördüm, ýylan-içýanlar olaryň boýnuna oralyp dur – diýdi.

Men:

— Eý mälik! Bular kimler? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet, bular maldan zekat bermedik, galladan hüşür bermediklerdir – diýdi.

Men ýene bir bölek jemagat gördüm, aýagyna otdan köwüş salyp bent edipdirler, boýnuna otdan zynjyr salnypdyr. Boýny we gulaklary otdan bolan arkan bilen baglanypdyr. Men:

— Eý mälik! Bular kimler? – diýdim.

Mälik:

— Bular söwdagärlerdir – diýdi.

Ýene bir bölek jemagaty gördüm. Öz etlerini özleri iýip durlar.

Men:

— Eý mälik, bu adamlar kimlerdir? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet! Bular dünýäde gybat edijiler we zyna edenlerdir we tobasyz dünýäden sapar edenlerdir – diýdi.

Ýene Resul Huda:

— Men ýene dowzahyň bir bölek adamlarynyň oduň ortasynda duranyny gördüm. Olaryň aýagynda otdan köwüş, otdan bolan täç bar. Üstünde otdan bolan don. Men şol wagt:

— Eý mälik! munça azaba duçar bolup duran bu adamlar kimler? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet! Bular ol kişiler, bu dünýäde iki hatyn alypdyrlar we ikisiniň arasynda adyllyk etmändirler – diýdi.

Men ýene bir bölek jemagaty gördüm. Dowzahyň ortasynda durupdyrlar. Olaryň gollarynda otdan gamçy bar. Olar bendäni örteýärler. Şol wagt men:

— Eý mälik, bular kimler – diýip soradym.

Mälik aýtdy:

— Eý Muhammet, bular dünýäde pynhan nähak iş edenler, halk arasynda nähak işi etmedik ýaly bolup ýörenler we toba etmän bu dünýä gelen adamlardyr. Indi bulara biz Hudaý uranlar diýeris – diýdi.

— Men ýene bir bölek adamlary gördüm, olaryň dili sallanyp asylyp dur.

Men:

— Eý mälik, bular kimler? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet! Bular hatynyny we perzentlerini sebäpsiz uranlar we sebäpsiz balalaryna sögenler – diýdi.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Men bir hatyny gördüm welin, emjeginden asypdyrlar we zakgun onuň damagyndan akyp dur.

Men aýtdym:

— Eý mälik, bu nähili hatyndyr?

Mälik:

— Bu hatyn ärinden birugsat halklaryň balalaryna süýt beripdir – diýdi.

Ýene bir hatyny gördüm, saçyndan asyp goýupdyrlar. Onuň beýnisi gaýnap dur.

Men:

— Eý mälik, bular kimlerdir – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet! Bular bimany söz aýdyp, ärlerini agyrdypdyrlar – diýdi.

Ýene bir hatyny gördüm, özüniň teninden etini üzüp alyp iýip dur.

Men:

— Eý mälik, bu nähili hatyndyr?

Mälik:

— Eý Muhammet, bu hatyn dünýäde özüne zynat berip, nämähremlere özüni görkezenlerdendir – diýdi.

Ýene bir bölek hatyn jemagatlaryny gördüm. Aýak-goluny baglap durarlar. Ýylan-içýan etlerini iýip durlar.

Men:

— Eý mälik! Bu ne hatynlardyr? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet, bular täretini nädürs edenlerdir – diýdi.

Ýene bir bölek hatynlary gördüm, ol hatyny otdan bolan tabyda salypdyrlar.

Men:

— Eý mälik, bular kimlerdir? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet, bular zynadan oglan edip, ol oglany atasyndan bolupdyr – diýen bihaýa hatynlardyr – diýdi.

Ýene bir hatyny gördüm, başy aşak, we aýagy ýokary durupdyr. Otdan bolan tamdyra salyp asyp goýulypdyr.

Men:

— Eý mälik, bular kimler? – diýip soradym.

Mälik:

— Eý Muhammet, bular nämähremler bilen bu ilden ol ile ýoldaş bolup ýören hatynlardyr – diýdi.

Ýene bir hatyny gördüm. It suratynda bolup durar. Ol hatynyň ot içinden ötüp, agzyndan çykyp durar.

Men:

— Eý mälik, bu kimdir? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet, bular zynadan oglan edip ol oglany öldüren hatynlardyr – diýdi.

Ýene bir hatyny gördüm, dilini arkasyndan çykaryp dur.

Men:

— Bular kimlerdir? – diýdim.

Mälik:

— Eý Muhammet, bu hatynlar dünýäde ýalandan ant içen hatynlardyr – diýdi.

Ol wagt Äşe we Patma ýyglaşdylar we: «Ýa Resulalla! Adamlar bu işleriň azabyndan halaslyk taparlarmy?» diýdiler.

Resul Huda:

— Men bu işleri beýan etdim. Siz özleriňizi bu işden ýyrak tutuň. Eger şeýtan (oňa nälet bolsun) sizleri waswasa edip, bu işleri etdirse, ondan toba ediň we puşmanda boluň – diýdi.

Eý Taňrymyz, hemmä tobany nesip etgil. Otdan doly dowzahyň ýetmiş müň azabyndan saklap, anbar ysly behişde duçar etgil.

Ämin. Ýa repbil älemin!

## *ONUNJY BAP*

## BEHIŞTLERIŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Abu Hüreýra[1] (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat aýdypdyr:

Men Resul Hudadan:

— Ýa Resulalla, Hudaýtagala behişdi nämeden ýaratdy? – diýip soradym.

Resul Huda:

— Eý Abu Hüreýra! Hudaýtagala behişdi Enjumentden (gymmat baha daşdan) ýaratdy – diýdi.

Ýene men:

— Ýa Resulalla, behişdiň binýady nämedendir?

Resul Huda:

— Eý Abu Hüreýra! Behişdiň bir kerpiji altyndandyr, bir kerpiji kümüşdendir. Sen onuň samanynyň sanyny we laýynyň beýanyny eşitseň onda «Aperin» diýersiň. Topragy zagpyrandandyr, gumlary merweritdendir we ýakutdandyr. Suwlary süýtdendir, arassa şerapdandyr we baldandyr. Ýene ol behiştde hemişe dirilik bardyr, ölmeklik ýokdur. Saglyk bardyr, syrkawlyk ýokdur. Şadyýanlyk bardyr, gamlanmak ýokdur. Hemişe ýigitlik bardyr, garrylyk ýokdur. Ýene behiştde uky ýokdur, çünki uky ölümiň garyndaşydyr. Ýene behişdiň

[1] Abu Hureýra – Asyl ady Abdyrahman. 576-njy ýylda 78 ýaşynda ýogalýar. Köp hadys rowaýat eden sahabalarynyň biri.

daragtlary bardyr. Eger dünýäniň guşy ýüz ýyl uçup ýörse, onuň başyna baryp bilmez. Ol daragt kim ýalan sözlemese, kişä töhmet etmese, we nämähremlere nazar salmasa, şol bendä nesipdir. Eger bir kişi nämähremlere nazar salsa, goý ol ondan soň toba etsin – diýdi.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Behiştden bir kişi goluny bu dünýä uzatsa, bu dünýäniň hemmesi röwşen bolar. Eger behiştden bir kişi agzynyň suwuny bu dünýäniň jemi şor suwuna salsa, hemmesi bala döner we ol kişi hem behişde girer. Ol kişiniň ýüzi aý dek bolar. Emma ondan soň girenleriň ýüzi ýyldyz dek bolar. Her kim mertebesine laýyk bolar. Ýene hemmesi bir reňkde bolar, hiç olardan dogmasy ýok. Peşew, nejasat ýok. Hemmesi bir katda bolarlar. Boýlary 60 gez bolar. Ýene ak ýüzli, gözlerine sürme dartygly, gara saçly we ýaşyl donly bolar. Endamlarynda başy, saçy, kirpigi we gaşdan özge hiç gyl bolmaz. Ýene olaryň jemaly sagatba-sagat zyýada bolar. Ýene desterhan açylyp, behiştleriň aldynda taýýar bolup, gelip durar. Ýene guşlar uçup gelip, behiştdäkiler bilen sözleşerler. Olar aýdar:

— Eý behiştdäki adamlar, biz Selsebil çeşmesinden içip, behişdiň ýagşy-ýagşy otlaryndan otlap geldik. Jemagatlar, bizden iýiň – diýerler. Şol wagtda ol behiştliler guşuň etini iýenden soň, ýene ol guşlar uçup giderler. Ýene ärler-hatynlar başlaryna täç geýerler. Olaryň her biri ýetmiş dürli hülle behişdidir. Ýene her bendä tagam iýmekde we söhbet etmekde ýüz esse kuwwat berer. Her söhbet edenden soň, söhbetden aýrylan gyzyň päkligi ornuna gelip ýene ýaş gyz katdyna geler. Çünki tagam galyndysy der bilen ýok bolup çykar. Ol jaýda gün bolmaz, saýa bolar. Ol saýadan rahatlyk taparlar. Ýene ol mömim bende miwe arzuw etse, şol wagtda gözleri bilen yşarat eder. Şol wagtda ol daragtlar şahasyny aşak egip, bularyň ýanyna getirip goýarlar.Ol bendeler şol daragtyň miwesinden

doýýança iýerler. Ondan soň ol daragtlaryň şahasy ýene jaýyna barar.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Kim köp mülk goluma girsin diýse, ol bende tagat ybadaty köp-köp okasyn we günäden ätiýaç etsin.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Taňry behişdi ýaradanda maňa şeýle owaz etdi. «Ýa Muhammet! Sen has bendelerim üçin ýaradylan behişdi jaýlary görgün».

Şol wagtda men bardym, gördüm we olara geň galdym. Haktagalanyň gudraty bilen nägäh gözüme bir kenizek göründi. Başyny köşkden çykaryp duran eken. Mundan owwal munuň dek zat görmedim. Men ol kenizegiň hoşroýlygyna täsin galdym. Çünki ol kenizegi görip haladym. Eýse, tamam behişt ol kenizegiň dişiniň nurundan röwşen boldy. Ol kenizegiň jemalyna geň galyp sejde etdim. Şol wagtda men Haktagala ahy-zar edip aýtdym:

— Eý bar Hudaýa, munuň dek owadan jemaly ýaradyp sen – diýdim. Şol wagt ol kenizek meniň bilen sözleşdi we aýtdy:

— Eý Muhammet, Hudaýtagalany bilermi sen?

Resul Huda aýtdy:

— Hawa biler men.

Ol kenizek aýtdy:

— Ýa Muhammet, meni Hudaýtagala öziniň gadagan eden işinden we nebs höwesinden toba eden bende üçin ýaradypdyr.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Behiştde hüýrler bardyr. Eger olaryň biri bu dünýä gelse, bu dünýä misli gün nury dek röwşen bolar.

Ol ýene aýtdy:

— Eger olaryň agzynyň tüýküligi derýalaryň suwuna düşse, bu dünýäniň hemme derýalarynyň şor suwlary bala döner.

Ol ýene atdy:

— Olaryň maňlaýlaryna şeýle ýazylgydyr «Biz bu dünýäde tagat we ybadat edip duran we günäden toba edip, tagada meşgul bolup duran adamlara nesip bolarys».

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Bir kişi jenneti arzuw etse, ol kişi, bäş zady berjaý etsin. Owwal, höwes we maksat etsin. Ikinji, Hudaýtagalanyň beren ryzkyna razy bolsun. Üçünji, Hudaýtagalanyň tagat we ybadatyna yhlasly bolsun. Dördünji, ylmy bilen arassa we takwalyk bilen meşgul bolsun. Olaryň bereketinden sagadat bolar. Bäşinji dilege we ýalbarmaklyga meşgul bolup Haktagaladan ýalkaw we rehmet talap etsin.

Habarda şeýle aýdypdyrlar:

Bir gün otparaz adamyň ýoly Ybraýymyň üstünden düşdi we Ybraýymdan tagam diledi. Şol wagt Ybraýym aýtdy:

— Eý otparaz, sen musulman bolgul. Ondan soň saňa tagam bereýin – diýdi.

Ol otparaz adam kabul etmedi.

Aýtdy:

— Eý birehim! Men senden nan diledim, iman dilemedim – diýdi.

Bu sözden soň ol otparaz adam ötüp gitdi. Şol wagt Haktagaladan owaz geldi:

— Ýa Ybraýym, senden biri biraz zat dilese, sen ol adamyň imanyny takyklap, ondan soň tagam berer sen. Men bolsam on sekiz müň älemiň hudaýydyryn. Men ýetmiş ýyldan bäri oňa ryzk berýärin. Emma oňa bu sözi aýtmadym. Emma senden bir mertebe tagam dilände sen oňa diniňden gaýt, saňa tagam bereýin – diýdiň.

Sen onuň köňlüni azarda goýduň.

Ybraýym bu owazy eşidip, eýse derhal ol kapyryň yzyndan ýüwürdi we aýtdy:

— Eý otparaz! Gaýtgyl. Men zyýada dilteň boldum. Meniň öýüme bar. Men saňa tagam bereýin. Şol wagt ol adam aýtdy:

— Eý Ybraýym, owwal tagam bermediň. Indi näme üçin tagam berer bolduň.

Şol wagtda Ybraýym aýtdy:

— Eý otparaz, Hudaýym seniň üçin meni ýazgardy. Şol wagtda otparaz aýtdy:

— Eý Ybraýym! Meni imana sal.

Derhal Ybraýym alaýhyssalam ony imana saldy. Ol otparaz musulman boldy.

Ýene rowaýat etdiler:

Bir adam bardy we hemişe günä iş ederdi. Wagt boldy, ol adama ölüm ýakyn geldi. Ol adam günälidi. Şonuň üçin ol aýtdy:

— Eý perzentlerim, garyndaşlarym men ölsem, meni oda köýdüriň. Ondan soň külimi ikä bölüň, ýaryny derýa taşlaň, ýaryny bolsa ýele sowryň.

Bu günäden doly adam ölenden soň, hossarlary onuň wesýetini berjaý etdiler. Şol wagtda Haktagala:

— Bu iki bölegi bir-birine goşuň – diýip emr etdi.

Şol wagtda suw bilen ýel ikisini bir birine goşdular. Haktagala ol bendäni ten etdi. Ondan soň sowal sorady:

— Eý betbagt, näme üçin özüňi munuň dek etdiň?

Şol wagtda ol bende aýtdy:

— Eý Hudaýym, senden gorkanym üçin, şunuň ýaly iş etdim.

Şol wagtda Haktagala aýtdy:

— Eý bende sen menden gorkup, özüňi şunuň ýaly etseň, men seniň jemi günäleriňi geçdim we seni nygmatdan doly behişde girizdim. Her mömim bende Menden gorksa, onuň günälerini geçerin we oňa azap bermäge şerm (utanç) ederin we rehmetime sezewar ederin – diýdi.

Abdylla ibn Mübärek (Alla ondan razy bolsun!) bir gün gazawata (uruşa) bardy we kapyrlar bilen uruş etdi. Bir kapyry öldürmek üçin tutdy we şol wagtda ol kapyr aýtdy:

— Eý Abdylla ibn Mübärek, tä namaz okaýançam maňa möhlet bergil, ondan soň meni öldürgil – diýdi.

Şol wagtda Abdylla möhlet berdi. Ol kapyr turdy we namazyny okap başlady. Emma wagty bilen okap bolmady. Abdylla şol işe karar etmedi we gylyjyny kapyryň başyna urmak üçin göterdi. Eýse şol wagtda asmandan: «Eý Abdylla, ähdiňe wepaly bolgyl» diýen owaz geldi.

Şol wagtda Abdylla gylyjyny yzyna tartdy. Kapyr aýtdy:

— Eý Abdylla, niçik gylyjyňy yzyna tartdyň? Şol wagtda Abdylla aýtdy:

— Eý kapyr, sen ähdiňe wepa etmeýärsiň? –diýip Hudaýym meni ýazgardy.

Şol wagtda kapyr aýtdy:

— Eý Abdylla, seniň ýagşy Hudaýyň bar eken.

Ol kapyr şol wagtda ýene aýtdy:

— Eý Abdylla, meni imana sal.

Şol wagtda Abdylla aýtdy:

— «La-ilähä illallahu, Muhammet Resulalla» – diýgil.

Kapyr hem şol kelemäni aýdyp musulman boldy we Haktagalanyň tagat we ybadatyna meşgul boldy.

Ýene rowaýat aýtdylar.

Bir adam bardy. Hemişe arak içerdi. Bir gün ol hamr (arak) içip otyrdy. Bir myhman geldi. Şol wagtda ol hamrhor turup guluna:

— Eý gul, bar bazardan nan alyp gelgil – diýip teňňe berdi. Ol gul bazara gitdi. Ýolda Şyh Mansur Ymady halklara wagz aýdyp durdy. Ol gul durup wagz eşitdi. Wagzyň wagty ahyr bolanda bir garyp derwüş adam ýerinden turup:

— Eý jemagatlar, meniň dört teňňe karzym bar. Şol dört teňňäni siz jemagatdan alyp bergime bersem – diýdi. Bu sözi Şyh Mansur Ymady eşitdi we aýtdy:

— Eý jemagatlar, şol bendä dört teňňe beren kişä dört dürli dileg edermen.

Bu sözi eşidenden soň, ol guluň şowky zyýada bolup, ýaňky nana berlen dört teňňäni ol derwüşe berdi. Şol wagt Şyh Mansur Ymady aýtdy:

— Niçik dileg edeýin?

Gul aýtdy:

— Eý Şyh, owwal dileg etgil, men bendelikden halas bolaýyn. Ikinji dileg etgil, ýene bu dört teňňäni Hudaýtagala maňa bergeý. Üçünji dileg etgil, bizi we bu oturan jemagaty Haktagala ýalkagaý. Dördünji dileg etgil, Taňry hojama ýardam bergeý.

Şyh dilegi şonuň ýaly etdi. Ol jemagatlar hemmesi «Ämin» – diýdiler. Ondan soň ol gul bazara bardy. Eýse, ýolda bir sahy adama duşdy. Şol wagt ol gula dört teňňe berdi. Şol wagt ol gul jan-dil bilen guwanyp bazara bardy we nan alyp öýüne geldi. Muny görip hojasy aýtdy:

— Eý gul, niçik giç geldiň?

Ol gul aýtdy:

— Eý Hoja, Şyh Mansur Ymadynyň ýagşy ündewlerini we gowy desturyny diňledim.

Hoja guluna aýtdy:

— Ol Şyh Mansur Ymadynyň gowy dessurlaryny diňläp, name zat hasyl aldyň?

Şol wagt ol gul aýtdy:

— Eý Hoja men dört zat diledim.

Hojasy aýtdy:

— Nähili dört zat dilediň?

Ol aýtdy:

— Hoja, owwal dört teňňäni diledim. Ol dört teňňäni Hudaýtagala berdi. Ýene Hojama ýardam bergin diýip diledim. Ýene biri Hojam meni azat etsin diýip diledim. Ýene biri bolsa, bu oturan jemagatlara ýalkaw bersin! – diýip diledim.

Bu sözi Hoja guldan eşidenden soň, şol wagt guly azat etdi. Ondan soň Hoja ozal eden işlerinden toba etdi we Haktagalanyň tagat we ybadatyna meşgul boldy.

Günlerde bir gün Hoja ukudan oýandy. Hakdan owaz geldi:

— Eý Hoja, guluňy azat etdiň, malyňy sadaka berdiň. Şol haýyrly eden işleriň üçin men seni hemme günäleriňden azat etdim. Jennetiň doly nygmatlaryny saňa wajyp etdim. Ýene Şyh Mansuryň mejlisinde oturan jemagatlaryň hemmesini ýalkadym.

Selman Parsy[1] (Alla ondan razy bolsun!) Resul Hudadan rowaýat aýdypdyr.

Resul Huda aýtdy.

— Bir gün maňa doganym Jebraýyl habar berdi:

Ýa Resulalla, bir deryanyň arasynda Haktagala bir bende ýaradypdyr. Ol bende kişi ýüz ýyl ömür sürüpdir.Ol bendäge deryanyň içinde bir dag ýaradypdyr. Ol bende şonda mekan tutupdyr. Ol eziziň mekanynyň dört tarapy bäş ýüz parsaň[2] ýol bolupdyr. Ol deryanyň suwy tutuş talh[3] bolupdyr. Ol eziziň mekan tutan ýerinde bir çeşme ýaradypdyr. Ol çeşmäniň başynda bir düýp enar ýaradypdyr. Ol eziz şol çeşmeden täret alyp, ol enardan hörek edinip, şonuň bilen Hudaýtagala tagat we ybadat eder ekeni. Ýene Haktagaladan şunuň ýaly dileg eder eken:

— Eý bar Hudaýa, meniň janymy sejdede algyl, tä kyýamata çenli meniň şol sejdäm bozulmasyn – diýipdir. Haktagala ol bendäniň dilegini beripdir.

Resul Huda ýene aýtdy:

---

[1] Selman Parsy - Muhammet pygamberiň asly parslardan bolan sahabasy. Ol 655-nji ýylda ölýär.

[2] Parsaň - 6 km deň bolan uzynlyk ölçegi.

[3] Talh - ajy.

— Men Lowh el Mahfuzy[1] gördüm. Lowh el Mahfuz-ol Arşda ýerleşýär. Arşda ähli adamlaryyň ykballary ýazylan bir tagta bar. Ol Ysrapylyň maňlaýyndaka ugurdaş ýazylan. Çünki onuň emri gizlin älemiň içinde peýda bolýar. Onuň asly dürden bolup, uzynlygy 500 ýyllyk ýoldur. Onuň giňişligi magrupdan maşryga çenli aralyk ýalydyr. Onuň başlangyjynyň kenarynda Mukarrep perişde oturandyr. Alla ony ak dürden ýaradypdyr. Onuň sahypalary bolsa, gyzyl ýakutdan bolupdyr. Çünki kyýamat güni bolanda Haktagala ol bendäni häzir edip aýdar:

— Eý bendäm! Merhemet bilen behişde girgil – diýer.

Şol wagtda ol bende aýdar:

— Eý bar Hudaýa, meni behişde rehim edip iberermi sen?

Şol wagtda ol bende ýene aýdar:

— Men bäş ýüz ýyl tagat-ybadat etdim. Meniň ol tagat-ybadatym nirä gitdi?

Şol wagt Haktagaladan perman boldy: «Bu bendäniň hasabyn tutuň».

Ol wagtda şol bendäniň hasabyny tutdular. Tamam tagat-ybadaty bir göz nygmatyna barabar boldy. Ondan soň Haktagaladan owaz geler: «Bu bendäni dowzaha iberiň!».

Şol wagtda ol bende nala edip aýdar:

— Eý bar Hudaýa, men hata iş eden ekenim. Maňa rehim edip behişde ibergil.

Şol wagtda Hudaýtagala rehim edip, ol bendäni behişde iberer.

---

[1] Lowh el Mahfuzy – göýä asmanyň iň ýokary gatynda bolan ýüzüne ýaşaýşyň syrlary, ynsanlaryň ýazgydy ýazylan tagta.

*ON BIRINJI BAP*

# TOBA ETMEKLIGIŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Enes bin Mälik[1] (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat aýdypdyr.

Men Resul Hudadan sowal soradym:

— Eý Resul Huda, hakyky tobanyň nyşanasy haýsydyr?

Resul Huda aýtdy:

— Eý Mälik, hakyky toba, toba eden kişiniň soň gaýdyp ýene günä işiň başyna barmazlygydyr. Eger şonuň ýaly toba etseň, göýä hiç wagt günä etmedik ýaly bolarsyň.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her kim günä etse we ondan soň täret alsa, we iki Rekagat tärete şükür namazyny okasa ýa-da sadaka berse, günäden halas bolmaga umyt bolar. Haktagala ol bendäni ol günäden halas eder.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her adamda iki perişde bardyr. Sag golunda birisi, çep golunda birisi. Bende her wagt sogap etse, sag golundaky perişde ol bendäniň eden sogabyna laýyk sogap ýazar. Eger bende günä etse, sol golundaky perişde sowal eder:

---

[1] Doly ady Enes bin Mälik bin Nadr Abu Hamza Ensary Hezreti. Ol 91-nji hijri ýylynda ýogalýar. Sahaba.

— Bu bende günä iş etdi. Men ony ýazaýynmy? Şol wagtda onuň sag golundaky perişde aýdar:

— Ýazmagyl, sen bir sagat durgul. Belki bu bende günäsinden gaýdyp toba eder.

Eger ol bende günäsinden gaýdyp şol işden toba etse, ýa Haktagaladan gorkup Hudaýdan «günämi geç» diýip ýyglasa, ol perişde günäsini ýazmaz. Eger ol bende toba etmese, Hudaýdan günäsini geçmegi dilemese, ýene sol golyndaky perişde onuň günäsini ýazar.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her kim günälerinden toba etse, Haktagala ol bendäniň günäsini ýazgyç perişdäge unutdyrar. Ol bendäniň gol-aýagyna we jemi agzalaryna unutdyrar. Ol bendäniň şol günäsini ol ýerden öçürer. Ol perişdeler kyýamat güni toba edenligi sebäpli Haktagalany gören wagtynda onuň günäsine güwälik bermezler.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her kim toba etse, Haktagala laýykdyr.»

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Kim jan çykmazyndan öň toba etse, Haktagala ol bendäniň tobasyny kabul eder. Gün batandan tä dogýança puşman etmeklik hem tobadyr.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Gün gatyşanda bir işik bardyr. Ol işigiň giňligi ýetmiş ýyllyk ýoldyr. Ol işige toba işigi diýerler. Haktagala şol işigi jemi mahlukdan öň ýaradypdyr. Gün batyşandan tä dogýança ol işik açyk durar.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Haktagala, adam ölümden halaslyk tapanda hoşwagt bolşy dek, bendäniň toba edenine hoş wagt bolar. Hudaýtagalany biliň! Şonda ondan hem zyýadarak hoş wagt bolarsyňyz.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her kim kapyr bolsa, kapyrlykdan toba etmek wajypdyr. Eger musulman bolsa, günäden boş bolmaz. Oňa günäden toba etmek wajypdyr. Eger bende günäden boş bolsa hem, onuň içi günäden boş däldir. Sebäbi ýagşy tagam we ýagşy lybas geýip, hezzet-hormaty dost tutýar. Tekepbirlik etmek we tagaty ryýa tutmak bular bir meňzeş zatlardyr. Bu aýdylanlaryň hemmesi köňlüňi öldürer. Ol günäniň aslydyr. Bulardan hem toba etmek wajypdyr. Eger kişiler bulardan hem boş bolsa, Haktagalany unutmakdan boş däldir. Her wagt bir zerre günä bolsa hem bulardan toba etmek wajypdyr.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Eý bendeler, günde ýetmiş ýola istygpar aýtmakdan boş bolmaň.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her kim günä etse, ol günäden soň bir ýagşy tagat we ybadat etse, ol tagat we ybadat ol günäni ýok etmäge umyt döreder.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Ýagşylyk, misli sabynyň donuň kirini ýok edişi dek günäni ýok eder.

Ýene rowaýat aýtdylar: Beni Ysraýylda bir kişi bardy. Ol kişi togsan dokuz kişini şerigata laýyk däl halda öldüripdir. Bir gün ol özüne geldi. Şol wagtda hasrat-gaýga düşüp, aýtdy:

— Meniň eden işim hata eken. Ol zamananyň bir muktedasy[1] bardy. Ol kişi ol muktedanyň gaşyna baryp aýtdy:

— Eý zamananyň ýolbaşçysy, togsan dokuz kişini öldürip, indi men toba etsem bolarmy?

Şol wagtda ol abyt aýtdy:

— Toba etseň bolmaz.

---

[1] Mukteda - uýulýan ymam.

Ol kişi abytdan[1] bu sözi eşitdi. Eýse, şol wagtda ol abydy hem urup öldürdi we ýüz adam bilen tamam boldy. Ol zamanada bir alym bardy. Ol kişi ol alymyň gaşyna bardy. Ol alymdan sorady:

— Eý alym! Men ýüz kişini öldürdim. Maňa toba barmy? Şol wagtda ol alym aýtdy:

— Saňa toba bardyr. Emma sen toba etseň, ol watandan çykgyl we pylan jaýa bargyl. Ol jaýyň halky ýagşydyr diýdi. Ol kişi şol jaýa (ýurda) gitdi we heniz ol jaýa ýetmän öldi. Ol wagt rehmet perişdeleri bilen gazap perişdeleri dawa etdiler. Her biri aýtdy:

— Makamyna[2] men alyp barar men.

Ol wagtda Haktagaladan owaz geldi. Onuň ol çykan ýerinden barýan ýeriniň arasyny ölçäňler. Ol perişdeler iki aralygy ölçediler. Eýse, toba etmäge baran jaýyndan bir garyş ýer öten eken. Şol wagt Haktagala rehmet perişdesini iberdi:

— Eý perişdeler, bu bende toba eden eken. Ony rehmet perişdesiniň goluna beriň – diýdi.

Ol jennetiň iň ýokary derejeli ýerine bardy.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Halklaryň tobasyny ýedi zat bilen tapar men. Owwal, dilini gybatdan saklasyn, kişä töhmet etmesin we ýalançylykdan gaçsyn. Ikinji, husytdan, bahyldan we halklary duşman tutmakdan daşda bolsun. Üçünji, zalymlara goşulmasyn we olardan gaçsyn. Dördünji, hemişe ol kişi ölmäge özüni taýýar eder. Ölmäge özüni taýýar edeniň nyşanasy budur: dünýä ýygmaz, eger dünýäni ýygsa, özüne harç etmez. Ýene halklara hemişe sadaka berer. Öten günäleri üçin özi mydama puşmanda we tobada bolar. Bäşinji, Haktagalanyň tagat we ybadatyna meşgul bolar. Altynjy, toba

[1] Abyt - ybadathon.

[2] Makamyn - armaly ýerine (jennete ýa-da dowzaha).

edenden soň, günä işiň başyna barsa, şol wagt toba eder we aýdar:

— Men günä edip men. Hudaýa ol günäden toba etdim – diýer.

Ýedinji: Toba edenden soň alym bolmasa, imandan, yslamdan, parzdan,wajypdan, sünnetden we mustahabytdan ylym öwrener. Kaza namazyny, orazasyny, eger eýesi mälim bolsa, beýlekileriň hem öz boýnundaky hakyny ödär. Eger eýesi mälim bolmasa, onuň eýesi üçin niýet edip şol mukdardaky baýlygyny bir garyba berer.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Kim istygpar (Estagfuralla) okasa, günäni etmedik ýaly bolar. Eger ol bir günä işe gaýdyp gelse, günde ýetmiş ýola istygpar okasyn.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Bu iş dogrudyr we dürsdir. Bende bir günä iş etse, ol ikinji bir günä iş edýänçä, onuň birinji günäsi oňa ýazylmaz. Bende şonuň ýaly ýene bäş ýola günä edip, ondan soň bir ýola tagat we ybadat etse, ol bendäniň bäş sany günäsi üçin bäş sany haýr iş ýazylar. Onuň üstesine ýene-de bäş sany haýr işi artyk ýazylar.

Äşeden rowaýat etdiler (Alla ondan razy bolsun): Resul Hudadan soradylar:

— Eý Resulalla, günä näçe bölek bolar?

Ol aýtdy:

— Bir görnüş günäni Haktagala mähribanlyk etse, geçer. Ýene bir görnüş günäni Haktagala ol bendäniň boýnundan taşlar. Ýene bir günä bolar, Haktagala ol günäni ötmez, ol günä boýnunda durar. Emma Haktagalanyň geçjek günäsi bende bilen Haktagalanyň arasynda bolar. Ol günäni bendäniň boýnundan aýryp taşlamaz. Ol iki bendäniň bir-biriniň boýnundaky haky bolar. Şonuň üçin ol bende bu dünýäde

kişiniň hakyny eda etmäge yhlas eder. Her wagtda iki bendäniň arasynda günä bolsa, Haktagala rehim eder. Bendäniň toba etmekligi, istygpar etmekligi bilen ol günäni öter. Emma ol günä iki bendäniň bir-biriniň arasynda bolsa, kyýamat güni, elbetde, talap eder. Kişiniň haky toba bilen, tä ikisi razylaşmaýança eda bolmaz. Bir kişi dünýäde ol haky eda etmedik bolsa, kyýamat güni Haktagala öz emri bilen ol haky hakyna laýyk alyp berer. Eger bende birinden bir mysgal kümşüň altydan birini basyp alsa we dünýäde eda etmän öten bolsa, Haktagala ol bendeden ýedi ýüz gezek jemagat bilen okan parz namazynyň sogabyny alyp, şol mömim bendä berer. Şol hasap bilen hem hakyny berjaý eder. Emma töhmet toba bilen hem eda bolmaz. Töhmete üç şert gerekdir. Ýagny bir kişi bir üýşmeleňde bir mömine töhmet etse, ondan soň puşman etse, ol bende ol töhmeti aýdan jemagata barar we aýdar:

— Eý jemagatlar, men pylan kişä siz jemagatlaryň ýanynda töhmet atypdym, emma meniň ol aýdanym ýalandy – diýer.

Ondan soň ol kişiniň ýanyna barar we aýdar:

— Eý doganym! Men saňa töhmet edipdim. Indi sen «razy boldum» diýgeý. Ondan soň men bu işimden toba edeýin. Çünki günäler toba etmeklige mätäç bolar.

Üç zatda, üç ýerde töhmetiň günäsi kapyrlyga ýakyn bolar.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her mömim bende toba eden wagtynda köňli Haktarapa rast bolsun. Şonda ol bende eneden ýaňy dogan çaga dek günäden päk bolar. Emma hemişe bendäniň köňli Huda tarapynda bolmaklygy gaty kyndyr. Her wagt Hak tarapynda bolmaklyk, elbetde, şertdir. Çünki mömim bende çyn ýüregi bilen toba etse, onda nälet siňen şeýtan tobasyny syndyrsa, owwalky günäsiniň ornuna Haktagala günä ýazdyrmaz.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her kim toba etse, nejat[1] tapar, ahyrýet belasyndan we azabyndan amanda bolar. Her kim tobasyz bolsa, ol bendäni nälet siňen şeýtan bent edip dowzaha iberer.

Eý adamlar, bu sebäpden, siz ölümden öň toba etmeklige howlugyň. Baryň, namaz wagty ötmezden öň toba ediň.

Bir gün Fuzeýyl ibn Yýaz toba etdi we hat ýazdyrdy. Ol haty bütin etraba we töwerege iberdi. Ol hatda:

— Her kim otuz ýyl içinde etrapda we töwerekde mal aldyran bolsa, menden talap etsin – diýdi.

Bu sözi eşidenden soň bütin etrabyň töwereginden halklar topar-topar bolup gelip başladylar. Her kim «Menden munça mal alypdyňyz» diýip aýtdylar. Şol wagt Fuzeýyl ibn Yýaz:

— Eý jemagatlar, özüňiz hazyna girip sanap, öz malyňyza çakly maly alyp gidiň – diýdi.

Bir gün Ýemen tarapdan bir jöhit geldi we aýtdy:

— Eý Fuzeýyl ibn Yýaz! On ýyl boldy, men Ýemen ýurdundan ýüz tyllalyk malymy aldyrypdym. Men maly senden talap etmäge geldim.

Şol wagtda Yýaz aýtdy:

— Ýagşy bolupdyr. Siz hem hazyna baryň we sanap malyňyza derek puly alyň – diýdi.

Şol zaman jöhit hazyna bardy we hazynada hiç zat ýokdygyny gördi. Ol gaýdyp Fuzeýyl ibn Yýazyň ýanyna geldi we aýtdy:

— Eý Fuzeýyl ibn Yýaz, hazynalaryň tamam bolupdyr. Şol wagtda Fuzeýyl ibn Yýaz aýtdy:

— Eý jöhit, bu hazynadan özge ýerde pulum ýokdur.

Şol wagtda jöhit aýtdy:

— Eý Fuzeýyl ibn Yýaz, indi näme eder siz!

Fuzeýyl ibn Yýaz aýtdy:

---

[1] Nejat - dowzahdan halaslyk

— Eý jöhit, ýüz tyllany hudaý üçin sen maňa ötgül!

Şol wagt jöhit aýtdy:

— Eý Fuzeýyl, men ýüz tyllany saňa ötmerin.

Fuzeýyl aýtdy:

— Meniň saňa bererlik hiç zadym ýok.

Ýene şol wagtda Fuzeýyl aýtdy: «Jöhit maňa bu hakyňy ötseň näme bolar?!».

Jöhit aýtdy:

— Eý Fuzeýyl, sen munça halklaryň malyny kimden gorkup berdiň.

Şol wagtda Fuzeýyl aýtdy:

— Haktagaladan gorkup eda etdim.

Jöhit aýtdy:

— Eý Fuzeýyl, jöhidiň hakyny soramazlarmy? – diýdi.

Şol wagtda Fuzeýyl aýtdy:

— Haktagala seniň hakyň üçin sorar. Jöhit aýtdy:

— Eý Fuzeýyl! Onuň ýaly bolsa, munda bermeseň ahyrýetde alaryn – diýip ýöriberdi. Şol wagtda Fuzeýyl ýerinden turdy we jöhidi tutdy. Fuzeýyl köp-köp ýyglap ötünç sorady we aýtdy:

— Ikimiziň Hudaýymyz bir Hudaýdyr. Gel, sen Haktagala üçin ýüz tyllany ötgül – diýdi we ibermedi. Ahyr ikisi bir ýerde oturdylar. Şol wagtda Fuzeýyl ýene bir sapar ýalbardy.Ol wagtda jöhit aýtdy:

— Eý Fuzeýyl, men bir oýlanaýyn.

Jöhit oýlanyp, Töwraty ýadyna saldy. Görse, Töwratda göripdi kim pygamber ahyrzamanyň ymmaty Hudaýtagalanyň tarapyna rast toba etse, ol bende topraga «altyn bol» diýse, altyn bolar. Ol wagt jöhit başyny ýerden göterdi.

Şol wagtda aýtdy:

— Eý Fuzeýyl, aldyňda ýatan daşy goluňa alyp «altyn bol» diýgil. Ondan soň men hakymy öteýin – diýdi. Fuzeýyl ol daşy goluna aldy. Aýtdy:

— Eý daş, altyn bol.

Ol daş derhal altyn boldy. Fuzeýyl ony jöhidiň ýanyna taşlady. Jöhit goluna aldy we gördi. Görse daş bir halta altyn bolupdyr. Şol wagtda jöhit aýtdy:

— Eý bar Hudaýa, bu Fuzeýyl seniň bir duşman bendäňdi. Saňa toba etmek bilen bu derejä ýetiripsiň. Men hem seniň bir bigäne bendäňdirin. Men saňa bendeligini yhtyýar etdim – diýdi.

Jöhit Fuzeýle aýtdy:

— Eý Fuzeýyl. Meni imana sal.

Fuzeýyl şol wagt imana saldy. Jöhit iman getirip keleme şahadaty diline ýöredip, musulman boldy we Fuzeýlyň ol hakyny ötdi. Ol hem Allanyň welilerinden boldy.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Her kim ýaşap ýörse ölýänçä toba talap etse, toba edenden soň ylym talap eder. Ondan soň imanyň şertlerini, erkanlaryny[1], wajyplaryny we hökümlerini talap eder. Ondan soň namazyň parz, wajyp, sünnet we mustahablaryny talap eder. Ondan soň namazy ýagşy okamagy adat eder. Ýagny namazy mustahab[2] wagtynda okar. Ruku (egilmek) we sejde berjaý getirerler we oturma-turmasyny gowy berjaý getirerler. Ondan soň Haktagalanyň beren amallaryny özüne we ýagşylyklara gowudan-gowy haýyr eder. Eger kişi toba etse, ondan soň ylym talap etse we maldan haýyr-yhsan etmese, onuň tobasy toba bolmaz. Bu onuň Haktagalany aldanydyr. Her kim dünýäde Haktagalany aldasa, kyýamat güni Haktagala ol bendäni şermende eder. Her kim dogry toba etse, ol tobasyny

[1] Erkan - sütünler.

[2] Mustahab - ýagny görülýän iş.

bozsa, ýene derhal toba etse, ol bende şol talap bilen ölse, kyýamat güni ol bendäniň işiniň hatasy ýokdur. Onuň işi aňsat bolar.

Bir gün Omar ibn Hattap (Alla ondan razy bolsun!) Resul Hudaýyň gaşyna geldi we köp-köp ýyglady. Şol wagt Resul Huda sorady:

— Eý Omar, näme üçin ýyglar sen.

Hezreti Omar aýtdy:

— Eý Resulalla, metjidiň işiginde bir ýigit ýyglap dur. Meniň oňa bagrym köýdi. Şol sebäpden ýyglaýaryn – diýdi.

Resul Huda aýtdy:

— Ol ýigidi alyp geliň.

Şol wagt ol ýigidi alyp geldiler. Resul Huda ol ýigitden sorady:

— Eý ýigit, näme üçin ýyglar sen.

Ol ýigit aýtdy:

— Eý Resulalla, men köp günä iş edipdim. Şol sebäpden ýyglaýaryn.

Resul Huda aýtdy:

— Eý ýigit Hudaýtagala şirik getirdiňmi?

Ol ýigit aýtdy:

— Ýok.

Şol wagt Resul Huda aýtdy:

— Günä köp etseň hem Haktagalanyň rehmeti hem köpdür. Ol günäni öter.

Şol wagtda ol ýigit aýtdy:

— Eý, Resulalla, günäm hetden artykdyr. Meniň günämi ötmez – diýdi.

Resul Huda aýtdy:

— Eý, ýigit, näme günä iş etdiň, habar ber – diýdi.

Şol wagtda ol ýigit aýtdy:

— Eý Resulalla! Ýedi ýyldan bäri Medinede gör gazardym. Bir gün Ensarylardan[1] bir gyz ýogaldy. Ol gyzy zyb we zynat bilen göre goýdular. Birnäçe wagtdan soň gije boldy. Eýse, onuň görüni açdym. Tamam zyb we zynatyny aldym. Ol gyz zyýada owadandy. Ol wagt nälet siňen şeýtan maňa üstün boldy we men ol gyza zyna kyldym we turup barýardym. Şol wagt ol gyz aýtdy:

— Eý, ýigit, sen älemleriň patyşasyndan utanmadyň. Meni munuň ýaly namysda goýduň? Kyýamat güni Hudaýtagala zalymlardan mazlumyň hakyny alyp berende näme jogap berersiň? Meni bu ähli görüstana şermende etdiň. Hudaýtagala seni iki dünýäde şermende we har-zar etgeý – diýdi.

Çünki, Resul Huda bu sözi eşitdi. Eýse şol wagt ol ýigide bir ýumruk urdy. Ondan soň Resul Huda aýtdy:

— Eý, ýigit, bu ýerden tur. Seniň oduň bu halky köýdürmesin. Ol ýigit näumyt bolup, beýawana baryp, ýyglap, nala-zary edip, özüni dag-daşlara urdy. Kyrk gün dagystanda ýöredi.

Şol wagtda Jebraýyl alaýhyssalam geldi we aýtdy:

— Eý Resulalla! Haktagala saňa salam aýtdy. Ol ýigidiň dilegini kabul etdim we ony ýalkadym. Ol ýigidi çagyr – diýdi.

Ol ýigidi çagyrmaga bir kişini iberdiler. Ol kişi ol daga bardy. Oňa bir çopan ýolukdy. Ol çopandan sowal sorady:

— Eý çopan, şu arada bir ýigit gördüňmi? Şol wagtda çopan aýtdy:

— «Elaman-elaman» diýen bir owaz çykýar – diýdi.

Ýene ol çopan aýtdy:

— Eý, dogan, sen bu jaýda biraz saklan. Uşbu sagat ol ýigit geler. Şol wagt ol ýigit nala perýat bilen geldi. Ol kişi aýtdy:

---

[1] Ensarylar - Muhammet pygamber Medinä göçüp gelende oňa ýardam beren medineliler.

— Eý ýigit seni Resul Huda çagyrýar – diýdi.

Ol ýigit Resul Hudanyň hyzmatyna geldi. Resul Huda ol ýigide Hudaýtagaladan gelen sözi aýtdy. Çünki ol ýigit ol sözi eşitdi, eýse bir ah urdy we şowkydan jan berdi. Resul Huda aýtdy:

— Ol ýigidi ýuwuň, tabyda salyň. Ol jemagatlar Resul Hudanyň emrini berjaý etdiler we jynazasyny okap jesedini göterip ýörediler. Resul Huda jesediň soňundan ýöredi. Mübärek iki aýaklarynyň ujyny ýere basyp ýöredi. Şol wagtda ýaranlary sorady:

— Eý Resulalla! Sen näme üçin mübärek iki aýaklaryňyzy ýere basmaýarsyňyz.

Resul Huda aýtdy:

— Eý ýaranlar, ýer ýüzüne perişdeler dolupdyr. Aýak basmaga ýer ýokdur – diýdi.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Kim ölümden bir sagat öňünçä toba etse, Haktagala şol wagt ol bendäni ýalkar.

Ýene Resul Hudadan:

— Eý Resulalla, toba nusuh[1] haýsydyr? – diýip sorady.

Resul Huda aýtdy:

— Eý jemagatlar, toba nusuh ol durar: Kim eden günäleriňden toba etse we ýene gaýdyp günä başyna barsa, ondan gaýdyp puşman etse we aýtsa:

— Eý bar Hudaýa, men günä etdim welin Senden özge günä geçiji ýokdur. Maňa ýagşylyk et diýse, Haktagaladan şol wagtda owaz geler: «Eý perişdelerim, siz güwä boluň. Ol bendäniň günäsin geçdim we ony ýalkadym. Bu günäni ýok etdim» diýer.

---

[1] Toba nusuh – çyn ýürekden edilen toba.

Bu günäni gizlemek Muhammet ymmatynyň özündendir. Bizden öň gelen ymmatlar günä etmän durardylar. Eger olar günä etseler, onda ony olaryň maňlaýlaryna ýa-da işiklerini äşgär edip ýazardylar. «Kim pylan ogly pylany şunuň ýaly günä etdi we halal bolan zatlary haram boldy. Olar özge zadyň suratyna öwrülerler».

Aýdypdyrlar:

— Hudaýtagala bu ymmata toba etmeklik bilen günä geçmegi aňsat etdi.

Bir mömim bende örän akyllydy. Ol Resul Hudanyň bereketinden günde ýüz mertebe toba etmek bilen dilini hemişe istygpardan jyda etmeýärdi.

Beni Ysraýylda bir hatyn bardy. Ol hatyn köp-köp sahypjemaldy. Tamam ärler oňa barardylar. Oňa tylla we teňňe bererdiler. Onsoň olaryň myratlary hasyl bolardy. Ol hatyny gören kişi şol wagt aşyk bolardy. Beni Ysraýylda bir abyt bardy. Bir gün ol abydyň ýoly ol sahypjemal hatynyň köçesinden düşdi. Eýse, şol wagtda ol hatyn saraýyň işiginde oturyp, özüne timar berip otyrdy. Şol wagtda ol abydyň gözi ol bihaýa hatyna düşdi. Ol abyt şol wagt ol hatyna jan-dil bilen aşyk boldy. Ol abydyň ol aýala bolan hyjuwy artyp, soň öýüne baryp dileg we zikre meşgul boldy, weli hiç peýda bolmady. Ol hatyn üçin içi köýüp ýatdy we karary ýetmedi. Ahyr abyt hatynyň ýanyna bir para teňňe bilen bardy. Hatyn bildi, abyt hyjuwa duçar bolupdyr. Derhal hatyn tagtyndan düşdi, goluny abydyň boýnuna saldy. Abydyň akyl huşyny alyp, abydy tartyp tagtyň üstüne çykardy. Ondan soň hatyn aýtdy:

— Eý abyt, hyjuwyňa maýyl bolup gelipsiň. Indi ne myradyň bolsa, hasyl kylgyl – diýdi.

Ol abyt aýny iş kylar wagtda bir pikire gitdi we aýtdy:

— Eý bar Hudaýa, seniň buýrugyňda we seniň emriňdedim. Bu gün men ýüzi gara boldum – diýdi. Şol wagt ol abyt ýene aýtdy:

— Eý bar Hudaýa! Men seniň tarapyňa toba etdim – diýdi.

Abyt ol hatyna aýtdy:

— Eý hatyn! Meni günüme goýgul. Men öz jaýyma baraýyn – diýdi.

Hatyn aýtdy:

— Sen mundan öň munuň ýaly iş etmedige meňzeýärsiň.

Abyt aýtdy:

— Hergiz men beýle iş etmändim.

Hatyn aýtdy:

— Eý abyt, indi munuň ýaly iş eder sen. Sen meni bir iş edip git. Teňňäni zaýa etme – diýdi.

Abyt:

— Teňňäni saňa halal kyldym, meni günüme goý – diýdi.

Abyt tagtdan düşdi we gitdi. Menzile bardy, toba we estagfyrulla etdi[1]. Nala-zarlar çekip aglady. Tötänden ol hatynda bir gorkunçlyk peýda boldy. Ol hatyn aýtdy:

— Ol abyt ömründe bir mertebe günä etmekçi bolanlygy sebäpli Hudaýtagaladan şunuň ýaly gorksa, men näme ederin. Meniň hem Hudaýym şol bir Hudaýdyr. Maňa ne şermendelikdir – diýdi we eden günälerinden toba etdi. Özüni gadagan işden päk saklady. Tagata meşgul boldy. Ondan soň ol hatyn abydy isledi. Ol abydyň jaýyna bardy.

Abyda:

— Bir hatyn seni sorap gelip dur – diýip habar berdiler.

Abyt öýden çykdy, görse ol bozuk hatyn dur. Abydyň ol eden günäsi ýadyna düşdi. Eýse, bihuş bolup ýykyldy.

[1] Estagfyrulla etdi – Taňrydan günäsini geçmegi sorady.

Ýaranlary ýanyna bardylar. Görseler abyt jan tabşyrypdyr. Ol hatyn ahy-nala pygan we perýat etdi.

Elkyssa, ol abydy jaýladylar. Ondan soň ol hatyn aýtdy:

— Abydyň dogany barmy? – diýdi.

Oňa aýtdylar:

— Bir dogany bardy.

Şol wagt ol ýurduň patyşasy ony eşitdi. Ol aýtdy:

— Bu hatyn äre barar bolsa maňa barsyn – diýdi we aýtdy:

— Maňa hatyn bol!

Hatyn aýtdy:

— Patyşalygyňy terk et we malyňy hudýyň razylygy üçin sarp et. Onsoň men saňa hatyn bolaýyn. Ýogsa, maňa azar berme – diýdi.

Patyşa ol sözi eşidip kabul etmedi. Hatyn abydyň doganyna bardy. Ol hatynyň ýedi ogly boldy. Ýedisi hem pygamber bolup ýetişdi.

Rowaýat etdiler:

Beni Ysraýylda bir adam bardy. Ady Merdasdy. Altmyş ýyl Hudaýtagala ybadat etdi. Bir gün bir sähra çykdy. Görse, bir ýagşy sähra ekeni.

Merdas aýtdy:

— Bu derä, bu sähra suw gelse, beni Ysraýylda bir ýagşy ýer bolardy! – diýdi. Merdas bu sözi aýtdy. Eýse, gaýypdan owaz geldi:

— Eý Merdas! Maňa bendeçilik etmekden myradyň zer ýygmak ekeni. Indi tagata meşgul bolma. tagat üçin gedaý bolup Hudaýdan zer talap eder sen. Tagata zer bermerin. Merdas bu sözi eşitdi. Ol:

— Men hata iş eden ekenim – diýip gorkdy we ýyglap çöl-beýabana ýüz goýdy. Her eden günäsine toba etdi.

Şol wagtda ýöräp bir ile bardy. Ol gün baýram güni eken. Halklar bu gelen adamyň Merdas ekenligini bildiler we aýtdylar:

— Alhamdulilla, siziň mübärek ýüzüňizi görip şat bolduk – diýdiler. Şol wagt tagam getirdiler. Merdas tagam iýmedi. Adamlar aýtdylar:

— Näme üçin tagam iýmeýärsiňiz?

Merdas aýdy:

— Men bir günä iş edipdim. Tä Haktagala günämi ötýänçä tagam iýmerin. Adamlar aýtdylar:

— Siz näme günä etdiňiz?

Merdas aýtdy:

— Men Lahta dagyna barypdym. Onda bir jaý gurdum we: «Bu jaýda suw bolsa, beni Ysraýyla ýagşy bolardy» – diýip piker etdim. Ol sebäpden Haktagala maňa azap etdi.

Adamlar aýtdylar:

— Günäň sähel ekeni, biraz nahar iýseň hem bolar.

Bular Merdas bilen tagam iýdiler. Ol wagt Taňrydan owaz geldi:

— Eý Merdas! Bularyň arasyndan çykgyl. Men bulara bir bela bererin. Olar bu günälerini sähel bildiler. Merdas ol ýerden çykdy. Haktagala ol halklaryň hemmesiniň başyna tupan turuzdy. Her kişi günäsini sähel bilse, kyýamat güni ol bendäniň başynyň tupany ony dowzaha alyp barar.

## *ON IKINJI BAP*

## *ÝAGŞY IŞLERI ÜNDEMEKLIGIŇ WE ÝAMAN IŞLERDEN SAKLANMAKLYGYŇ BEÝANY*

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her bende emr magruf etse[1], Hudaýtagalanyň we Resul Hudanyň naýyby (orunbasary) bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Alymlar patyşany emr magrufa müňkir bolanlygy sebäpli zalym hökümdar hasap ederler. Halklaryň arasynda gymmatçylyk bolar we nähak gan döküler. Ondan soň dileg etse, dilegi kabul bolar.

Möminleriň emiri Aly (Alla onuň ýüzüni nurana etsin!) aýtdy:

— Bir zamana bolar, şonda halklar on bölek bolar. Dokuz bölegi şerap içerler, ogurlyk ederler, bozuk, bedkär we zalym bolarlar. Olar erbet işlerden gaçmazlar. Bir bölegi Hudaýtagalanyň emri bilen bolar. Olar emr magrufy bilerler. Özileri bilmeseler hem ony diňlärler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamat güni bir topar adamlary Arasata getirerler. Hemmesiniň suraty doňuza meňzär. Arasat halky:

— Bu adamlar nähili adamlardy? – diýip sowal sorar.

---

[1] Emri magruf etse - ýagşy işleri etmeklige ündese.

Haktagala aýdar: «Bu adamlar dünýäde günäden gaçmadylar. Halkyny hem ondan gaçyrmadylar. Ýagny emr magruf etmediler. Hudaýtagalanyň beren tagamlaryndan möminlere bermediler. Şonuň üçin olaryň suraty şeýledir».

Resul aýtdy:

— Her bende emr magruf etse, ol bendä bäş şert gerekdir. Owwal, özi alym bolgaý, jahyl (nadan) bolmagaý. Jahyl emr magruf edip başarmaz. Ikinji, maksady Haktagalanyň razylygy bolgaý. Üçünji, emr magruf eden wagtynda adamlara müşfik (mähirli) bolgaý. Dördünji, sabrly bolgaý. Halklar her nähili söz aýtsalar hem sabyr etgeý. Bäşinji, Emr magruf eden kişi özi gorkuda bolgaý. Ondan soň adamlara emr magruf etgeý.

Adyna şäherinde bir daragt bardy. Ol daragtda bir şeýtan watan tutupdy. Adamlar sübse edinmek üçin ol daragta barsa, owaz gelerdi:

— Eý adamlar, maňa ybadat ediň. Men siziň hudaýyňyz. Men sizi dünýä we ahyrýet belasyndan aman edeýin.

Tamam halk ol permany kabul etdiler. Ol daragta sejde edip başladylar. Şeýtan owaz edip aýtdy:

— Adamlardan birnäçe halk ýaratdym, ýöne hiç birini siz dek rehmete duçar etmedim. Men keramaty we ýagşylygy diňe size etdim. Siz her gün bu daragta sejde ediň – diýdi.

Adamlar şonuň ýaly hem etdiler. Bu habar etraba we ýurda ýaýrady.Köp adamlar jem boldular. Şeýtan ýene owaz etdi:

— Eý halklar, siziň Hudaýynyz mendirin.Bu daragty watan tutup, hemişe şol daragtda bolýaryn. Her näme hajatlaryňyz bolsa men berjaý ederin. Sejdä meşgul boluň.

Adamlar ol daragta tylla-kümüş çoladylar.

Ol zamanda bir är bardy. Özi dana musulmandy.Ol eline bir palta aldy.

Ol:

— Men daragty keseýin we adamlary bu ygtykatlaryndan gaýtaraýyn. Goý, olar dogry ýola düşsün – diýip daragta ýakyn geldi.

Şol wagt şeýtan ol adamyň gelýänini bilip, onuň aldyndan çykyp aýtdy:

— Eý, bende näme işe geldiň?

Ol är aýtdy:

— Bu daragty kesmäge we halaýyklary Hudaýtagalanyň bendeçiligine gaýtarmaga geldim. Halklar saňa hemra boldular. Şeýtan aýtdy:

— Eý Hudaýyň bendesi, bu daragty kesenden saňa ne peýda?

Ol adam aýtdy:

— Men Taňrydan sogap umyt edýärin.

Şeýtan aýtdy:

— Eger sen sogap üçin edýän bolsaň, onda men saňa her günde bir gapjyk pul bereýin we ony seniň düşegiň astynda goýaýyn. Sen ony alyp pakyr, misgin we mätäçlere sadaka ber. Köp sogap hasyl bolar – diýdi.

Bu söz ol adamyň göwnüne hoş geldi. Tylla meýli gitdi. Ol öýüne bardy we ýatdy. Ertir bilen turdy, görse ýassygynyň aşagynda bir gapjyk teňňe bar. Ol teňňäni alyp sandyga saldy. Agşam boldy. Ol adam uklady. Ertir turdy. Görse, teňňe ýok. Ol adamyň gahary geldi. Goluna palta alyp daragta tarap ýöredi. Daragta ýakyn bardy. Şeýtan aldyndan çykdy we aýtdy:

— Eý adam, sen nirä bararsyň?

Ol adam aýtdy:

— Ol daragty kesmäge barýaryn.

Şeýtan aýtdy:

— Bar aňry git, bolmasa men seni daş bilen uraryn welin, sen eneden dogmadyk ýaly bolarsyň. Onda ol adam:

— Siz munça belent söz aýdarsyňyz – diýdi. Ol şeýtan aýtdy:

— Men şeýtan men, näçe renç (azap), mähnetler we muşakgatlar bilen adamlary azdyryp, muny Hudaýtagala diýip bildirip durun. Sen indi bu işleri bozup bilmersiň – diýdi.

Ol melgun bu adama ýene-de aýtdy:

— Eý adam, sen ilki dünýä gelende, Hudaýyň razylygy bilen gelipdiň. Şonuň üçin hem Hudaýa hyzmat etdiň. Onuň üçin Hudaýtagala asmanyň perişdelerine emr edip, perişdeleri iberdi we aýtdy:

— Eý perişdeler, baryň ol bendäm maňa hyzmat edip dur. Ony her ýerde bolsa hem saklaň – diýdi. Asmanyň we ýeriň perişdeleri seni ýany bilen alyp geldi. Şol gezek meniň deprenere halym bolmady. Ahyr çäresiz bolup, men seni tylla köňül beren bende etdim. Bu gün sen Hudaýtagala üçin gelmediň, eýsem teňňe açlygyndan geldiň. Seniň bilen gelen bir perişde hem ýok. Sen sag-aman tur-da git – diýdi.

Ol adam bu sözi eşitdi. Eýse gaýdyberdi. Her kim ýagşylygy Hudaýtagala üçin etse, her iş haýyr iş bolar.

Ýagşylyk eden kişi mylaýymlyk bilen etgeý. Adamlaryň ýüzüne gülüp garaň, şonda adamlaryň köňli size hem mylaýym bolar.

Bir gün Hatym[1] (Alla ondan razy bolsun!) Balhyň degresinde ýördi. Bir kowum şerap içip otyrdylar. Ýarym mest bolupdyrlar. Birdenkä, Hatymy gördüler. Bir-birine aýdyşdylar:

— Eger şu ýere gelse, Hatymy tutuň. Goluna şerap beriň. Içmese, agzyna guýuň. Hatym hem özüne aýtdy:

[1] Abu Abdyrahman Hatym bin Unwan Asam Balhy 842-nji ýylyň töwereginde ölen meşhur balhly sopy.

— Indi maňa wajyp boldy. Bulary emr magruf kylaýyn – diýip, mesleriň ýanyna bardy. Eýse mesler onuň goluna şeraply käse berdiler:

— Al, bol iç! – diýdiler.

Şol wagt Hatym aýtdy:

— Meni goýberiň, maňa päsgel bermäň. Şeraby nagma bilen[1] içmekligi şert edeli. Ondan soň içeýin – diýdi.

Mesler hoşwagt boldular. Hatym şerabyň nagmasyny aýdan bolup şeraply käsäni ýere guýdy we ýüzüni kybla tutdy. Meslere aýtdy:

— Eý, jemagatlar, ýadyňyza salyň! Ezraýyl bir haýbatly perişdedir. Geler janlaryňyzy aýagyňyzyň ujyndan agyz tarapa tartar we jan bermekligiň ajygyny berer. Perzentleriňizi, doganlaryňyzy, ata we eneleriňizi sizden jyda eder. Sizi ýeke edip göre salarlar. Üstüňizi toprak bilen örterler we sizi ýeke edip taşlap giderler. Müňkir, Nekir gelip: «repbiň kim, pygamberiň kim we diniň näme?» – diýip sowal bererler.

Ýene ýadyňyza salyň, kyýamat güni namalaryňyz sagdan ýa soldan gelermi? Terezide amallaryňyzy ölçände, ýagşylyk agyr gelermi, ýa ýamanlyk.

Ýene oýlarňyza salyň, Haktagala: «ýagşylary ýamandan halas ediň!» diýende ýagşydan bolarmy siz, ýa ýamandan bolarmy siz bilmersiňiz?

Ýene ýadynyza salyň, munda bir käse, şerap içenlere kyýamatda müň käse, otdan zäher we zakgun bererler – diýdi. Mesler bu sözi eşitdiler. Eýse, hemmelerden galmagal peýda boldy. Hemmeleri toba etdiler we tobaly boldular.

Hasan Basrydan rowaýat etdiler: (Alla ondan razy bolsun!) Müritleri bir gün jem bolup Şyh Hasanyň ýanyna geldiler we aýtdylar:

---

[1] Nagma bilen – şerap içmezden söz (tost) aýtmak bilen.

— Eý, Şyh Hasan, sen bize ýagşylyga ündeseň. Biz niçe wagtlardan bäri beýle ündewi arzuw edýäris – diýdiler.

Şyh aýtdy:

— Daň bilen geliň, ýagşylyga ündew geçeýin – diýdi.

Ol jemagatlar gitdiler. Daň bilen ýene geldiler. Şyh Hasan tagtyň üstüne münüp oturdy. Ol wagtda Şyh garrylara garady we aýtdy:

— Eý garrylar, ýagşylyga ündemekden öň sizden bir söz sowal soraýyn.

Ol garrylar:

— Sowal beriň – diýdiler.

Ol wagt Şyh Hasan aýtdy:

— Eý, garrylar! Her wagty ekin bişse, ol ekini näme edýärsiňiz.

Olar aýtdylar:

— Ol ekini orýarys, döwýäris, däne edip ýere gömýäris.

Ondan soň ol ýigitlere aýtdy:

— Eý, ýigitler, siz ýaş ekini orup, ot-iýme salnanyny gördüňizmi? Ol ýigitler aýtdylar:

— Biz bu işi köp gördük. Ondan soň ol ýene garrylara aýtdy:

— Siz misli bişen ekin ýaly. Siz üçin haýsy gün orup, haýsy gün ekin ekip, däne edip gömülmegi mälimmi ýa-da ýok. Siz gapyl bolmaň.

Ondan soň ol ýene ýigitlere aýtdy:

— Eý, ýigitler, siz bolsa mysaly ýaş ekin deksiňiz. Birden wagtyňyz ýakyn gelip kemala ýetmezden öň ormasynlar. Gapyl bolmaň. Şol wagtda oturan garrylar we ýigitler nagra urdular, bihuş boldular we ýygladylar. Bir näçe wagtdan soň huşlaryna geldiler. Eýse, Şyh gidipdir. Olar aýtdylar:

— Biz jemagatlar hem öýmüze gideli. Biz emr magruf namazyny tapdyk – diýdiler we öýlerine gaýtdylar.

Ondan soň ol jemagatlar hergiz ölýänçä Haktagalanyň ýadyndan gapyl bolmadylar.

Hoja Abulkasymdan şeýle rowaýat etdiler:

Ol bir gün metjitde oturypdyr. Bir kişi geldi we namaz okady. Ol rukug we sejdäni berjaý etmedi. Abulkasym aýtdy:

— Eý doganlar, ýörüň biziň öýe baralyň. Ol kişi ýöredi. Abulkasymyň öýüne bardylar. Abulkasym hyzmatkärine buýurdy:

— Eý hyzmatkär, halwa, hurma we badamyň ýagy, onuň şiresini we baly alyp geliň. Bu kişiniň bili agyrýan eken. Ol aýdylan nygmatlar agyra peýda eder. Abulkasymyň buýran zatlaryny getirdiler. Abulkasym aýtdy:

— Eý derwüş! Bu zatlary iýgil. Goý biliň gutulsun.

Ol kişi aýtdy:

— Eý eziz, meniň bilim agyranok.

Abulkasym aýtdy:

— Şeýle bolsa namazy näme üçin nädürs okadyň?

Ol kişi aýtdy:

— Niçik nädürs boldy?

Abulkasym aýtdy:

— Rukug we sejdäni berjaý etmediň. Haktagalanyň musulman bendeleri munuň ýaly etmeýärler. Ondan soň ol bende hergiz namazyny mekruh okamady we Hudaýtagalanyň razylygyça etdi.

## *ON ÜÇÜNJI BAP*

## ATA-ENE WE PERZENT HAKLARYNYŇ BEÝANY

Abu Yshak aýtdy:

— Men Resul Hudadan haýsy amal ýagşyrakdyr? – diýip, sowal soradym.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Olaryň ruhlaryna niýet edip sadaka bergil (ene-atanyň ruhyna niýetläp sadaka ber) we dileg etgil. Hudaýtagalanyň rehmeti olara bolar we seniň tagat we ybadatyň kabul bolar. Her kimiň ata-enesi razy bolmasa, ol bende ýüz ýyl ybadat we tagat etseler hem kabul bolmaz.

Resul alaýhyssalamyň hyzmatyna bir kişi geldi we aýtdy:

— Ýa, Resulalla, atam hassadyr. Niçe wagtlar boldy, agzyna aş guýýaryn. Göterip hajathana alyp barýaryn, getirýärin we täret aldyrýaryn. Atam-enemiň haky menden eda boldumy?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Elhal, müňden birini eda etmediň. Emma köp sogap hasyl edipsiň – diýdi.

Rowaýat etdiler. Resul alaýhyssalam wagtynda Alkama atly bir sahaba bardy. Özi gaty takwa adamdy we sadakany köp bererdi. Bir gün Alkama hassa boldy. Ol öler hala geldi. Onuň

atasy bardy. Atasy Resul alaýhyssalama kişi iberdi. Olar aýtdylar:

— Alkama ölüm halyna ýakyn geldi – diýip, habar berdiler. Resul alaýhyssalam Selman Parsy bilen Bilal Hebeşä[1]

— Siz baryň, Alkamanyň halyny biliň – diýip emr etdi.

Olar Alkamanyň ýanyna geldiler we gördüler. Alkama ölüm halynda ýatyr. Ol ikisi keleme taýýyba we keleme şahadaty aýtdylar we «sen aýtgyl» diýdiler. Alkama her näçe aýtjak boldy, emma bolmady. Iman hem gelmedi. Bu ikisi bu haly Resul alaýhyssalama aýtmaga adam iberdiler. Resul alaýhyssalam Alkamanyň atasyny munda iberiň. Eger atasy munda gelmese, onda biz baraly – diýip olara habar iberdi. Bu habary Alkamanyň atasyna ýetirdiler we aýtdylar:

— Size Resul Huda: «munda gelsin» diýýär – diýdiler.

Atasy:

— Meniň janym olaryň ýolunda pida bolsun – diýip aýtdy we Resul alaýhyssalamyň hyzmatyna geldi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, ata, maňa rast aýtgyl. Alkamadan razymysyň ýa razy dälmisiň?

Atasy aýtdy:

— Ýa, Resulalla, men razy däldirin.

Resul Huda aýtdy:

— Näme üçin razy däl?

Atasy aýtdy:

— Onuň hatyny maňa zyýada zyýan ýetirdi. Şonda-da Alkama ol işe razy bolardy. Şonuň üçin hergiz razy bolman – diýdi.

Ol wagt Resul alaýhyssalam sahabalara garap aýtdy:

— Eý, ýaranlar, her kimiň ata-enesi razy bolmasa, ahyr haly şunuň ýaly bolar. Dili keleme şahadaty aýdara gelmez – diýdi.

Ondan soň Resul Huda:

— Eý, Alkamanyň atasy, razy bol. Alkamanyň dili kelemä gelsin diýdi.

Atasy ýene-de aýtdy:

— Hergiz razy däldirin. Ol maňa gaty azar berdi – diýdi. Ol wagt Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý ýaranlar, siz odun ýygnaň.

Sahabalar odun ýygnadylar. Resul alaýhyssalam Alkamany oda ýakmagy buýurdy. Alkamanyň atasy ol halaty görip aýtdy:

— Ýa, Resulalla, Alkamany köýdürere niçik takat kylar men?!

Resul alaýhyssalam. aýtdy:

— Eý, Alkamanyň atasy, Dowzah ody mundan ýüz esse, belki, müň esse gatyrakdyr. Eger takat kylmasaň, ondan razy bol. Alkamany otdan halas etgil – diýdi. Ondan soň atasy aýtdy:

— Ýa, Resulalla! Siz güwä boluň. Men Alkamadan razy boldum.

Resul alaýhyssalam şol wagt Bilaly Alkamanyň ýanyna iberdi we aýtdy:

— Alkama imana salyň. Indi dili kelemä gelermikän ýa gelmezmikän?

Hezreti Bilal bardy. Dili kelemä aýlandy. Keleme taýýyba we şahadaty tamam etdi. Şol wagt hem jan tabşyrdy.

Rowaýat edipdirler: Hezreti Omaryň döwründe bir kişi ogluny onuň ýanyna alyp geldi:

— Eý, Omar, oglum maňa perzent bolman dur.

Hezret Omar aýtdy:

— Eý, oglan, näme üçin perzent bolmaýarsyň? Hudaýtagaladan gorkmadyňmy?

Ol oglan aýtdy:

— Eý, Omar, perzendiň haky ata-enede bolarmy ýa bolmazmy?

Hezreti Omar aýtdy:

— Owwal ata ýagşy ýerden öýlense gerek. Eger ata ýaman ýerden öýlense, perzendiniň ýüzi aşak bolar. Ikinji, ýagşy at goýmak gerek. Üçünjiden, okatmak gerek. Dördünjiden, ol oglany öýlendirmek gerek.

Ol oglan aýtdy:

— Bularyň hiç haýsysy mende ýokdur. Atam-enem guldyrlar. Gurhan näme eken, bilmez men.

Hezreti Omar:

— Eý, adam, sen zalym adam ekeniň. Ogluňa zulum eden ekeniň – diýdi.

Bir kişi atasyny hezreti Käbä ýetmiş mertebe alyp barypdyr we getiripdir. Ondan soň Resul alaýhyssalamdan sowal sorapdyr:

— Ýa, Resulalla, men atamy ýetmiş mertebe Käbä alyp bardym we getirdim. Ýene atamyň mende haky barmy ýa ýokmy?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bir gije turup, alada edeniniň hakyny ödäpsiň.

Ol aýtdy:

— Ýa, Resulalla, onuň ýaly bolsa, meniň halym niçik bolar?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Hiç kim bu dünýäde ata-enesi razy bolup ölmese, hakyny tamam edip bilmez – diýdi. Ýöne ol perzent ata-ene üçin köp sadaka berse, ýa köp dileg etse, ýa köp Gurhan okasa, ýagşy iş etse, bu perzent ata-ene üçin kyýamat güni azap çekmez.

Ýene sowal aýtdy:

— Ata-ene çagyrsa, nepil namazynda[49] bolsaň, näme etmeli?

Resul Hudaý aýtdy:

— Ene çagyrsa, nepil namazyny bozarlar. Ata çagyrsa, boýun sunup gelerler.

## *ON DÖRDUNJI BAP*

## DOGAN-GARYNDAŞ BILEN GATNAŞYGYŇ BEÝANY

Abu Eýýup[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy: Resul alaýhyssalamyň hyzmatlaryna bir çarwa arap gelip aýtdy:

— Eý Resulalla, maňa habar bergil, näme etsem behişde girip nygmatlaryndan iýip bilerin?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Hudaýtagala iman getirseň, müşrik[2] bolmasaň, namazy jemagat bilen okasaň behişde eýelik edersiň.

Bir wagt Resulyň hyzmatlaryna bir kişi geldi. Aýtdy:

— Eý, Resulalla, meniň garyndaşlarym bar. Men olara wepa etsem olar maňa ýamanlyk edýärler. Men olara ýakyn bolsam, olar maňa ýyrak (daş) bolýarlar.

Resul alaýhyssalam:

— Her wagt olar saňa ýamanlyk etseler, sen olara ýagşylyk etgil. Dünýäde we ahyrýetde eziz bolarsyň – diýdi.

Resul aýtdy:

— Üç fazylat (artykmaçlyk) her kimde bolsa, oňa behişdiň ortasyndan jaý bergeýler.

---

[1] Abu Eýýup Ensary - medineli sahaba. Doly ady Halyt bin Zeýt. 670-nji ýylda yslam goşuny bilen Stambula söweşe gelýär we şol ýerde hem ýogalýar. Gubury şu wagt hem Stambul şäherinde ýerleşýär.

[2] Müşrik - başga zady Taňra deňeýän adam.

Birinji, kişi ýamanlyk etse, sen ýagşylyk etgil. Ikinjiden, ezýet berseler hem razy bolgun. Üçünji, her kişi tagam bermese hem, sen oňa tagam bergin.

Resul aýtdy:

— Kyýamat güni üç hili kişi Arşyň saýasynda bolar.

Owwal garyndaşlaryna hezzet-hormat edenler. Ikinji, hatyny ärini razy etse, ondan soň ärinden galsa, ýene äre barmasa. Perzentlerine seredip otursa. Üçünji, oglanlaryna hyzmat edenler we ýetimlere, pakyrlara, garyplara perwaý edenler.

Resul aýtdy:

— Garyndaşlaryna hezzet-hormat edenlere on dürli sogap berler.

Owwal Hudaýtagala ondan razy bolar. Ikinji, perişdeler ondan hoşwagt bolar. Üçünji, garyndaşlary ondan şat bolar. Dördünji, hemme halklar ondan şat bolar. Bäşinji, şeýtan ondan gamgyn bolar. Altynjy, onuň ömri uzyn bolar. Ýedinji, Behişt oňa wajyp bolar. Sekizinji, ol dowzahdan daş bolar. Dokuzynjy, oňa tagat we ybadatyň sogaby artyk bolar. Onunjy, onuň hasaby ýeňil bolar.

## *ON BÄŞINJI BAP*

## ŞERAPHORUŇ AZABYNYŇ WE JEZASYNYŇ BEÝANY

Ibn Apbas[1] (Alla ondar razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat edip aýtdy:

— Her kim şerap içse, iman ondan tä toba etmeýänçä gaçar, oňa iman gelmez. Eger bitoba bolsa, imansyz ahyrýete barar.

Abdylla ibn Zyýat[2] aýtdy:

— Men bir wagt Medinede bolupdym. Bir gije Resul alaýhyssalamyň metjidine baryp ygtykafda (metjitden çykman oturmaklykda) bolaýyn diýip barýardym. Ýolda bir hatyn maňa aýtdy:

— Eý, Hoja, eger sogap köp gerek bolsa, munda ýörgil, bir paý bar – diýdi.

Ol hatyn onu öýüne alyp geldi. Ol aýal äriniň şerap içýändiginden arz etdi. Men onyň ärine şerap içmek gadagandyr diýdim. Onuň äri maňa aýtdy:

— Eý, Hoja, men seniň eden keleme taýýybaňdan bizardyryn – diýdi.

---

[1] Ibn Apbas - Muhammet pygamberiň doganoglany, Apbasy ogly 687-nji ýylda Taýyfda ýogalýar.

[2] Abytulla ibn Zyýat - Kufäniň häkimi.

Birnäçe wagtdan soň ol adam ýogaldy. Ol wagtda ol jemagatdan:

— Bu kişi dünýäde näme iş we näme kesp ederdi – diýip sowal soradym. Ol jemagatlar aýtdylar:

— Şerap içerdi – diýdiler.

Men aýtdym:

— Men Resul Hudadan eşidipdim, şerap içiji misli butparazlar ýalydyr.

Resul Huda aýtdy:

— Beni Ysraýylda bir abyt bardy. Özi sahypjemaldy. Ol bir çet ýerde ybadathana bina salyp, adamlardan özüni jyda etdi. Ybadata meşgul boldy. Ol bir gün hajat üçin şähere geldi. Şäherde bir bozuk aýal bardy. Ol hatyn ol abydy gördi we oňa aşyk boldy. Ol hatyn bir mamany çagyrdy we aýtdy:

— Eý, mama, saňa bir para tylla bereýin. Ol abydy meniň öýüme getirseň. Myradym hasyl bolsa, onda men ýene tylla bererin – diýdi. Ol ynsapsyz mamady. «Ýagşy, bolýar» diýip abydyň ýanyna bardy.

Aýtdy:

— Eý, abyt, biziň öýe barsaňyz we bir dileg etseňiz nähili bolar ?

Abyt aýtdy:

— Eý, mama, şähere halk üçin gelmedim, men öz bir hajatyn üçin geldim – diýdi.

Mama aýtdy:

— Eý abyt, men gurply çarwa araplardan däldirin. Bir biçäre garypdyryn – diýip aglaberdi. Özüni her zatlary uruberdi. Abydyň ol wagt oňa rehimi geldi.

— Mama, gel, ýörgül! – diýdi.

Mama aglaý-aglaý abydyň öňünden ýöräberdi. Mama ýöredigiçe, abydyň oňa rehimi geldi. Ol wagtda abydy öýe girizdi. Abyt görse, bir ajaýyp sahypjemal hatyn tagt üstünde

oturypdyr. Bir şiriň çagasy gapdalynda ýatyrdy. Bir put (gymmat zatlar saklanýan ýaglyk) hem taýýar edip goýupdyr. Ol wagtda mama işikleri mäkäm etdi.

Hatyn abyda aýtdy:

— Eý, abyt, meniň myradymy hasyl etgil – diýdi.

Abyt aýtdy:

— Eý, Alla! Men hergiz beýle işi etmerin.

Hatyn aýtdy:

— Eý, abyt, köp sözi goýgul, meniň bilen iş etmän giderin diýme.

— Eý, abyt, men seniň öňüňde üç şert goýýaryn. Şolaryň birini saýlap al.

Abyt aýtdy:

— Olar näme şertlerdir?

Ol aýtdy:

— Biri meniň bilen zyna etmek. Ýene biri bu gaplaňyň çagasyny öldürmek. Ýene biri bolsa – şerap içmek – diýdi.

Ol hatyn ýene aýtdy

— Eý, abyt, ýogsa men: «Bu abyt meniň öýüme girdi we maňa zorluk etdi» diýip, owaz ederin. Adamlar seni tutarlar we seni tutup daşlap öldürerler.

Ol wagtda abyt haýran boldy. Ol zyna etmek uly günädir. Ýolbars çagasyny öldürmek hem günädir. Hemmesinden ýagşyragy şerap içmek eken. Men bir mertebe şerap içip, bu hatyndan gutulaýyn, ondan soň toba ederin – diýdi.

Abyt aýtdy:

— Men şeraby ygtyýar etdim.

Ol hatyn abydyň goluna şerap berdi. Abyt şeraby içdi. Eýse şerap Abydyň başyna çykdy. Abyt özünden gitdi. Ol ýolbarsyň çagasyny öldürdi. Buta sejde etdi we hatyn bilen hem zyna etdi. Hemmesiniň maýasy şerap eken. Eger abyt mundan özgesiniň birini etsedi, özgelerinden gutulardy.

Resul alaýhyssalam bir görüstandan ötüp barýardy. Bir görden «Elaman-elaman!» diýen bir owaz çykýar.

Resul aýtdy:

— Eý, görde ýatan bende, sen nähili adamdyň?

Ol bende jogap berdi:

— Eý, Resulalla, men bir hatyndym.

Resul aýtdy:

— Bu azaba näme sebäpden duçar bolduň?

Hatyn aýtdy:

— Men bir şeraphoruň goňşusydym. Ol maňa bir mertebe nan bişirmegi buýurdy. Oňa men nan bişirip berdim. Hudaýtagala maňa şonuň üçin ýigrimi ýyl azap beripdir.

Resul bu sözi eşitdi we aýtdy:

— Eý, päk Alla, nan bişireniň üçin şunça azap berseň, şerap içen kişiniň haly niçik bolar? – diýdi.

Resul Huda aýtdy:

— Her kim bir ýola şerap içse, ondan soň otuz güne çenli içmese hem jaýy dowzah bolar.

## *ON ALTYNJY BAP*

## GYBAT ETMEKLIGIŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam bir ýola gazawata (söweşe) bardy. Gazawaty berjaý getirdi. Ondan soň gazawatdan gaýtdy. Eýse ýolda bir baý sahaba myhman boldy. Ýaranlaryny bir öýe saldylar. Olar şol ýerde oturdylar. Nan iýer wagty boldy. Olar: «Bize nan-huruş bersinler» diýip, Selman Parsyny Resul alaýhyssalamyň ýanyna iberdiler (Ýene bir rowaýatda «Bize et ibersin» diýip aýdylýar). Selman Parsy gitdi. Eýse biri aýtdy:

— Selman Parsy derýa gitdi. Ol derýany gaýtarýar – diýdi.

Selman Parsy Resul Hudanyň öňüne barmazdan öň Jebraýyl hem geldi. Ol sahabalaryň gybat edip oturanyny gördi we ony habar berdi. Ondan soň Selman Parsy geldi. Sahabalaryň sözlerini Resul Hudaýa aýtdylar. Resul Huda:

— Eý Selman Parsy, olara aýtgyl. Olar şol sagat hem myrdar eti iýdiler. Indi nan-huruş ne hajat? – diýdi.

Bu habary olara ýetirdiler.

Sahabalar aýtdylar:

— Biz myrdar eti iýmedik.

Resul Huda:

— Siz Selmanyň gybatyny etdiňiz. Şonuň üçin myrdar eti iýen dek bolduňyz. Her kim bir musulmanyň gybatyny etse hemme doganlarymyz myrdar eti iýen dek bolar – diýdi.

Halyt[1] (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Men bir gün metjidiň jaýynda otyrdym. Ýaranlar bir musulmanyň gybatyny etdiler. Men olara ýar boldum. Ýagny, goşuldym. Ol gije ukladym. Eýse, bir gara kişi geldi, golunda doňuzyň bir tabak haram eti.

Maňa aýtdy:

— Bu haram eti iýgil.

Men aýtdym:

— Musulman kişi doňuzyň etini iýmez.

Ol:

— Musulmanyň etini iýenden muny iýen ýagşydyr – diýip, agzyma dykdy.

Men gorkup oýandym. Tä kyrk güne çenli doňuzyň etiniň ysy agzymdan gitmedi.

Resul alaýhyssalam:

— Gybatyň günäsi zyna we beçebazlykdan beterdir – diýdi.

Bir gün bir hatyn Resul alaýhyssalamyň gaşyna geldi.

Äşe (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Ýa, Resulalla, ol hatynyň boýy gysga eken – diýdi we gybat etdi.

Gybatyň azy ol bolar. Kişiniň bar aýbyny aýtsa, ol gybat bolar. Gybatyň azy kişiniň aýybyny aýtmak bolar. Kişiniň etmedik işini aýtmak töhmet bolar. Ol gybatdan hem beterdir. Töhmet kapyrlyga ýakyndyr.

Resul aýtdy:

— Kyýamat güni her kime amal namasy geler. Her kim amal namasyny eline alar. Hemme tagat ybadaty we ýagşy işleri amal namasynda ýazylgy bolar. Her bende öz namasyny okar.

---

[1] Halyt bin Welit – «Allanyň gylyjy» lakamyna eýe bolan sahaba. Hijretiň 21-nji Humsasynda ýogalýar.

Onsoň ol bende aýdar:

— Eý, bar Hudaýa, bu nama meniň namam däl. Men munuň ýaly tagat we ybadat etmedim – diýer.

Ol wagt Haktagaladan owaz geler: «Eý, bendäm, halklar maňa tagat we ybadat etdiler. Ýöne seniň hem gybatyňy etdiler. Ol wagtda men olaryň ybadatyny seniň amal namaňa ýazdym. Seniň mundan habaryň ýokdur. Seniň eden günäňi bolsa olaryň namasyna ýazdym. Bu gün mähribanlyk keremim saňa boldy» diýer.

Ýene bir para jemagatlaryň namasy sol goluna geler. Görerler, hiç tagat we ybadat ýok. Ol jemagatlar aýdar:

— Eý, bar Hudaýa, biziň namamyz bu nama däl. Biziň namamyz başgadyr.

Şol wagt Haktagala aýdar:

— Eý, jemagatlar, siz tagat we ybadat etdiňiz. Ýöne gybat hem etdiňiz. Şonuň üçin men ol tagatlaryňyzy gybatyň eýesine berdim. Bu gün size mähribanlyk kerem ýokdur – diýip gazap eder.

Resul aýtdy:

— Gybat üç hilidir. Biri – haram, biri – kapyrlygy peýda eder, biri mübahdyr (zyýansyz hem peýdasyz). Mömin bendäniň gybat etmekligi haramdyr. Bir bende gybat etse we «men gybat etmeýärin» diýip ýene bir kişiniň ýanynda aýtsa kapyr bolar. Ýene biri rugsat berlendir. Ol bozuklaryň we zalymlaryň gybatyny etmeklikdir.

## *ON ÝEDINJI BAP*

## ŞUGULÇYLYK ETMEGIŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

«Behişde şugulçylar girmezler».

Bir gün Resul alaýhyssalam iki görüň arasyndan ötdi. Ikisi hem azapda ýatypdyrlar. Seýit Älem[1] aýtdy:

— Bu iki görüň biri özüniň siýdigini ýyrak etmedik eken. Ýene biri şugulçy eken – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamat güni dört dürli jemagatlara hiç kim şepagat etmez. Owwal ýalan söz sözleýänler. Ikinji, ýetimleri agladanlar. Üçünji, şugulçylar. Dördünji, göripler.

Beni Ysraýylda bir wagt gahatlyk (açlyk) peýda boldy. Ýagmyr ýagmady. Musa alaýhyssalam alty ýüz müň kişi bilen sähra çykdy. Her näçe dileg etse hem dilegi kabul bolmady.

Musa aýtdy:

— Eý, bar Hudaýa! Halklara Sen rehim etmediň we bu dilegi kabul etmediň.

Haktagala aýtdy:

— Eý, Musa, halklaryň arasynda şugulçy bardyr. Her jaýda şugulçy bolsa, men olaryň dilegini kabul etmerin – diýdi.

Musa alaýhyssalam aýtdy:

---

[1] Seýit Älem- Dünýäniň seýidi. Muhammet pygamberiň bir lakamy.

— Indi men näme alaç edeýin?
Haktagala aýtdy:
— Eý, Musa, bu halklara toba bergil.
Ondan soň hemmesine toba berdiler. Tobadan soň olar dileg etdiler. Haktagala ýagmyr berdi.
Habarda şeýle gelipdir: Bir adam bardy. Ol adam bir gul satyn aldy.
Ol guluň eýesi aýtdy:
— Meniň gulum şugulçydyr.
Alyjy aýtdy:
— Şugulçylyk sähelçe zatdyr – diýdi.
Birnäçe wagtlar ötüpdi. Bu gul hojasynyň hatynyna aýtdy:
— Eý, bibim, seniň habaryň barmy, hojam «hatyn alaýyn» diýip ýör.
Bibisi aýtdy:
— Alajy näme bolar?
Gul aýtdy:
— Bibim, sen gam iýmegil, men ol işiň alajyny ederin. Sen hojamyň sakgalyndan üç gyl alyp bergil.
Bibi sözüni kabul etdi. Ondan soň gul hojasynyň ýanyna geldi.
Aýtdy:
— Eý, hoja, seniň habaryň barmy; bibim «seni öldüreýin» diýip ýör.
Hoja onuň sözüne ynanmady.
Gul aýtdy:
— Eý, hoja, eger sen ynanmasaň, özüň bu gije uklan bolup ýatgyl, näme görer sen – diýdi.
Bu söz hojanyň köňlüne makul boldy. Ondan soň öýüne bardy. Uklan bolup ýatdy. Ol wagt hatyn äriniň gaşyna geldi. Äriniň ýanyndan pyçagyny aldy. Ony äriniň damagyna ýakyn getirdi. Şol wagtda äriniň hyýalyna şol pikir geldi. «Bu hatyn

meni öldürer» diýip, ýerinden turdy. Hatynyň golundan pyçagy aldy we hatynyny öldürdi. Ondan soň gul hatynynyň garyndaşlaryna: «Hoja bibimi bigünä öldürdi» diýip habar berdi.

Hatynyň garyndaşlary gelip ol kişini öldürdiler. Ondan soň iki tarap bolup uruş etdiler. Bu kişiniň şugulçylygy sebäpli segsen kişi öldi. Şonuň üçin Seýit Älem aýtdy:

— Şugulçylar behişde girmez.

Biz biri rast iş etse, ony ýalan diýen kişä şugulçy diýip aýdýarys. Allanyň özi bizi şugulçylyk belasyndan amanda saklasyn. Ämin. Ýa repbil älemin!

## *ON SEKIZINJI BAP*

## GÖZ GÜNÄSINIŇ WE GULAK GÜNÄSINIŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Haktagalanyň bendelerine ýaman göz bilen garamaň. Ol uly günädir. Haktagala öwlüýä[1] bendelerini halklar arasynda pynhan edendir. Eger kemsitmek bilen garasaňyz birden öwlüýä Alla[2] bolup, ol kemsitme bilen garanlygyň sebäpli Haktagaladan daş düşersiňiz. Eden ybadatlaryňyzdan aýrylarsyňyz. Tagat ybadatlaryňyzdan aýrylmaň.

Baýezit Bistamy[3] (goý, Taňry onuň gabryny mukaddes etsin!) bir jaýa barýardy. Görse, bir it gelýär, tamam agzasy haldan düşen, tüýi uzyn bolup, görnüşi erbetdi. Baýezit onuň ýamanlygyndan tisginip, bir tarapa çekildi.

Ol wagt it aýtdy:

— Eý, Baýezit, bu aýyby Hudaýtagala etdi. Bu sypaty men etmedim – diýdi.

Baýezit ol ite aýyp edeni üçin toba etdi.

Ýene bir bulutly gün Baýezit bir tarapa barýardy. Ol wagt ýagmyr ýagdy. Gördi, bir it gelýär. Tamam agzalary we tüýi ezilipdir. It ýakyn gelipdi. Baýezit:

---

[1] Öwlüýa – weli, Allanyň ýakyn dosty.

[2] Öwlüýa Alla – Allanyň ýakyn dosty.

[3] Baýezit Bistamy (777-875 ý.) – uly sopy pirleriň biri.

— Bu itiň suwy üstüme dökülmesin – diýip, donuny ýygnady.

Ol wagtda it aýtdy:

— Eý, Baýezit, donuň myrdar bolsa, suw päk eder. Ol ýeňil işdir. Eger sen jismiň myrdar bolsa, bu myrdarlygy näme bilen päk edersiň? – diýdi.

Ol wagt Baýezit özünden gitdi. Birnäçe wagtdan soň özüne geldi. Eýse, it gidipdir. Ondan soň barjak ýerine barmady. Yzyna gaýtdy we birnäçe gün toba edip, Taňra ýalbardy.

Bir gün Resul alaýhyssalam ertir namazyny okady we ýaranlaryna garap aýtdy:

— Eý, sahabalar, hiç biriňiz düýş görmediňizmi?

Sahabalardan hiç hili jogap bolmady. Ondan soň Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Biz bu gije bir düýş gördük. Bizi iki kişi alyp gitdi. Bir jaýa alyp bardylar. Ol jaýda bir kişi mestana[1] ýatyr. Onuň başujynda bir kişi durupdyr. Onuň golunda bir uly daş bar. Ol ýatan kişiniň başyna urdy welin, onuň başy para-para boldy. Bir sagatdan soň ol baş ýene jem boldy.Ol ony ýene urdy, baş ýene para-para boldy. Soňundan onuň başy ýene saglyk tapýar. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men ol kişiden: «Bu nähili beýle bolýar?» diýip sowal soradym.

Ol kişi aýtdy:

— Bular dünýäde Gurhan okap, ony unudan adamlardyr. Bularyň azaby budur.

Ondan soň ýene bir jaýa bardym. Bir ýerde bir kişi mestana ýatypdyr. Ýene bir kişiniň golunda pyçak bar. Ol ýatan kişiniň ýeňsesinden çaldy. Ol baş göwreden jyda boldy. Bu kişi her gezek pyçagyny dartyp alandan soň, baş gaýtadan göwrä

---

[1] Mestana - serhoş.

goşulyp, sagat boldy. Ol ýene urdy, ýene baş göwrä bitdi. Men ol kişiden sowal soradym:

— Bu ne wakadyr?

Ol aýtdy:

— Bular bu dünýäde toba etmän ol dünýä baranlardyr we bu dünýädäki ýalançylardyr.

Ondan soň ýene bir jaýa bardyk. Ol jaýda bir kişi oturypdyr. Üstünde ýanyp duran ot bar. Ot onuň depesine misli tamdyr ody dek bolyp çykypdyr. Hemme agzasy ot alyp, kül bolupdyr. Biraz wagt geçenden soň bolsa ýene gaýta başdan ten bolýar. Ýene öňki ýaly oda köýýär we ýene-de gaýta başdan ten bolýar.

Men olardan:

— Bular nämedirler? – diýip sowal soradym.

Olar aýtdylar:

— Bular dünýäde söwdagärlik bilen meşgul bolup, söwdasyny nädürs edenlerdir.

Ondan soň ýene bir jaýa bardyk. Ol jaýda tagtyň üstünde bir kişi oturypdyr. Özi arassa. Öňünde ýaş oglanlar hyzmata garaşyp gol gowşuryp, durlar. Men ol iki kişiden: «Bu kim?» diýip sowal soradym.

Olar aýtdylar:

— Ol Ybraýym Halylulladyr.

Ondan soň men aýtdym:

— Sizler kimsiňiz?

Olar aýtdylar:

— Biz Jebraýyl we Mykaýyl alaýhyssalamdyrys – diýdiler.

Ondan soň men aýtdym:

— Bulary näme waka üçin bize görkezdiň?

Ol aýtdy:

— Hudaýtagala bizlere buýurdy: «Habybym Muhammet Mustapa şol işleri görkeziň. Onuň ymmaty şunuň ýaly işler ederler» diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, ýaranlar, bu işlerden habardar boluň! Munuň ýaly işi hergiz etmäň! – diýdi.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kim kişiniň malyny razy etmän alsa, her teňňe üçin ýigrimi bäş müň ýyl azap görer. Eger her kişi haram maly öýünde goýsa, Haktagalany ýat etmese, Haktagala aýdar: «Eý, ýalançy bendelerim! Hudaý bileň bolsaňyz, onda öýüňizde haram malu goýmazdyňuz! Indi sen meni Hudaý bilseň, tä ol haram maly eýesine berýänçäň men saňa rehmet etmerin. Eger ol haram mal öýüňde dursa, her günde amal depderiňe günä ýazdyraryn. Ol günäniň ululygy Kap dagyndan hem uly bolar. Eger perzendiň bolsa, ol perzent haram, bozuk we azgyn bolar. Eger sen olardan öň ölseň, saňa ýagşy dileg etmez. Eger dileg etse hem onyň dilegi kabul bolmaz».

Hoja hekim Termiziden[1] (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdiler: Ol çäksiz zahytdy we takwady. Emma bir ogly bardy. Ol barypýatan bozuk we azgyndy. Müritleri biri-birine aýtdylar:

— Biz Şyhymyzdan: «Perzendiň bozuk bolmagy ata-enesiniň haram lukma iýmegindendir» diýip köp eşidipdik. Bu halda şyhymyz örän arassadyr we hatunu hem şonuň ýalydyr. Bu ogul munuň ýaly bolsa, näme sebäpdendir?». Ol wagt Hoja aýtdy:

— Eý, ýaranlar, birwagtlar ýurdumyzyň patyşasy raýatlaryna pul salgyt saldy. Olar maňa geldiler we aýtdylar:

— Bizi bu beladan halas ediň! – diýdiler.

Ol wagt men naçar bolup häkimiň ýanyna bardym we aýtdym:

— Eý, häkim, bu işi goýgul! Senden Hudaýtagala, Resul Huda we perişdeler bizardyr – diýdim.

---

[1] Isa Termizi - meşhur muhaddis (892-nji ýylda aradan çykan).

Häkim:

— Siz meniň tagamymy iýseňiz, onda men bu puly almaryn – diýdi. Ahyr maňa zeruryýet boldy. Men häkime aýtdym:

— Eý, häkim, meni tagam iýmeklikde öz ygtyýaryma goýgul! Meni köp zorlama – diýdim.

Häkim «bolýar» diýip, şol wagt tagam getirmekligi buýurdy. Hadymlar ol dem desterhan ýazyp dürli-dümen tagamlary getirip goýdular. Owwal men bir lukma çörek alyp agzyma saldym. Tä mejlis ahyr bolýança ol çöregi çeýnedim. Häkim menden gözüni aýyrmady . Ahyr men ol çöregi mejbury bolup ýuwutdym. Ondan soň öýüme bardym. Ol gije hatynym bilen söhbet etdim. Ol söhbetden şu perzent hasyl boldy. Ol lukmanyň kuwwatyndan bu oglan munuň ýaly bolupdyr – diýdi.

Bir gün Baýezit Bistamy enesiniň gaşyna geldi we aýtdy:

— Eý, ene, tagatyň lezzetsiz bolmaklygy lukmanyň haram bolmagyndandyr. Men hiç wagt haram lukma iýmändim, emma siz maňa haram süýt beripsiňiz – diýdi.

Enesi:

— Men bile-göre haram süýt bermedim. Emma bir gün seni göterip goňşy öýe barypdym. Goňşym öýünde ýok eken. Gözüm sürmedana düşdi. Ol sürmedandan sürme alyp, seniň gözüňe sürtdim. Ondan soň onuň hakyny unutdym we razylaşman galdym – diýdi.

Ol wagt Baýezit Bestamy:

— Eý, ene, maňa jepa edipsiňiz – diýdi.

Eý Taňrymyz! Hemmäni haramlykdan we haram işlerden saklagaý Sen.[1] Ämin. Ýa repbil älemin!

---

[1] Abulleýs Nasr bin Muhammet Samarkandy - meşhur fakyh alym (Ol 983-nji ýylyň töwereginde ölýär).

*ON DOKUZYNJY BAP*

## ULUMSYLYGYŇ AZABYNYŇ WE JEZASYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Üç dürli halk hemmeden öň dowzaha girer. Owwal patyşa zalym bolup, raýatlaryna azar berýän bolsa. Ikinji, baýlar hüşür-zekat bermese. Üçünji, özüni halklardan belent görseler.

Fakyh Abu Leýs aýtdy:

— Haktagala üç dürli adamlary dost tutar. Owwal, berhizkär garryny, berhizkär ýigidi bolsa ondan hem ýagşyrak dost tutar. Ikinji, sahylary ondan hem ýagşyrak dost tutar. Üçünji, kiçi göwünli kişileri has hem ýagşyrak dost tutar.

Ol üç dürli adamlary duşman tutar. Owwal, bozuk ýigitleri duşman tutar. Garry bozuk adamlary ondan hem ýamanrak duşman tutar. Ikinji, ulumsylary (tekepbirleri) duşman tutar. Ýarym tekepbirleri ondan hem ýamanrak duşman tutar. Üçünji, kapyrlary duşman tutar. Zalym patyşalary ondan hem ýamanrak duşman tutar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Beýle adamlaryň köňlünde ýüzärligiň dänesi ýalyjak hem tekepbirlik bar bolsa, behişt oňa haramdyr.

Mutrap bin Abdylladan rowaýat edipdirler. Bir gün ol öýýniň işiginde otyrdy. Haçjajyň[1] bir uly weziri bardy. Ol serhoşlyk endigi bilen iki tarapyndaky halklara seretmän ötüp barýardy. Üstünde bolsa zerli donlar bardy. Iki tarapynda bolsa iki kişi mestlikden ýaňa uçup barýardy.

Ol wagt Mutrap:

— Eý, gapyl mest, bu näme iş etdigiň?! Bu işiňi goý. Ertir kyýamat güni Hudaýtagala saňa rehmet etmez – diýdi.

Ol weziriň muňa gahary gelip aýtdy:

— Eý Mutrap, sen meni tanamadyňmy? Men kimdirin, sen bu sözi maňa aýdar ýaly. Maňa ýagşy gara! Eger galat tanap aýdan bolsaň günäňi ötdüm. Eger rast tanap aýdan bolsaň, seniň bilen köp işim bolar – diýdi.

Onda Mutrap aýtdy:

— Men tanap aýdýaryn.

Onda ol wezir aýtdy:

— Men kimdirin?

Mutrab aýtdy:

— Sen bir katra myrdar suwdan bolan adamsyň. Seni halklar görse ýüzleri gara bolar. Ahyryň hem bir myrdar öli sen. Sen ölseň mirasdüşerleriň: «Bu bendäni ýuwuň» diýip aýtsalar, hiç kim seni ýuwmaz. Namys ederler. Meger ol bende garyp biçäre bolsa, gazanç üçin ýuwar. Adamlar: «Bu myrdaryň tekepbirligi nähili tekepbirlik bolar» diýdiler. Ol wagtda ol wezir bir salym başyny aşak salyp durdy we bihuş bolup ýykyldy. Bir näçe wagtdan soň huşuna geldi. Eýse Mutrabyň aýaklaryna başyny goýup, toba etdi we näçe wagtdan soň Allanyň welilerinden (dostlaryndan) boldy.

Resul alaýhyssalamdan rowaýat aýdypdyrlar:

---

[1] Ýusup bin Haçjaj - Yrakda we Eýranda hökümdarlyk eden arap emiri. Ol 661-714-nji ýyllarda hökümdarlyk edýär.

Resul alaýhyssalam zamanynda bir adam bardy. Ol adam tekepbirdi we halklara salam bermezdi. Hudaýtagala ýere emr etdi we «Eý ýer! Ol adamy ýuwut» diýdi. Ol bendäni şol wagt ýer ýuwtdy. Ol heniz hem ýeriň astynda bardyr – diýipdirler.

Hezreti Omar halypa wagtynda Şama barar boldy. Ýanynda birnäçe gullary bardy. Olar ony bir düýä mündürdiler. Ol onuň bilen birnäçe ýol ýöredi we birnäçe ýola bolsa gullaryny mündürdi. Çünki ol Seýit Älemden[1]: «Özüňi halklardan artyk tutmaklyk oňat gylyk däldir» diýip eşidipdi. Olar Şama ýakyn bardylar.

Eýse Ebu Ubeýda:

— Hezreti Omar Şama gelýär – diýip, habar berdiler.

Abu Ubeýda ýüz müň atly kişini onuň öňünden çykardy. Bu wagtda düýä münmeklik guluň nobatydy. Hezreti Omar bolsa pyýada ýöräp gelýärdi. Ol wagt hezreti Omaryň iki aýaklary laýdy. Abu Ubeýda hezreti Omary bu halda görip aýtdy:

— Eý Omar, ýüz müň atly kişi sizi garşylamak üçin gelýär. Bu ne haldyr? – diýdi.

Abu Ubeýda at getirdi. Hezreti Omar münmedi.

Aýtdy:

— Eý Abu Ubeýda! Musulmançylygyň şertleri bardyr. Uly şerti halklaryň biderek işleri we gybatlarydyr. Halklaryň gözüne toprak ýaly pes bolmak mertebäňi belent eder. Ýene bir şerti kiçi göwünlilikdir. Musulmançylyk tekepbirlik bilen hasyl bolmaz – diýdi.

Ol düýäniň başyny tutup Şama girdi. Aýaklarynyň laýy bilen tagtyň üstüne geçip oturdy.

Adamlara:

[1] Seýit Älemden - Pygamber alaýhyssalamdan.

— Eý jemagat! Biliň her kim özüni adamlardan uly tutsa, Haktagaladan daş bolar.

Azazyl[1] özüni uly tutanlugu üçin Haktagaladan daş düşdi. Kapyrlar ýer ýüzüniň ylmyny okasalar hem tekepbirlik etdiler we Haktagaladan daş düşdüler. Eý doganlar gördüňizmi, tekepbirlik edeni üçin gamyşy oda köýdürdirler. Gamyşy kebap edip, dünýäniň oduna köýdüren bolsalar, adamlar tekepbirlik etseler, onda olary ahyrýet oduna köýdürerler. Ahyrýet ody bu dünýäniň odundan ýüz esse, belki müň esse, artykdyr.

Hezreti Süleýman alaýhyssalam bir gün alty ýüz müň kişi bilen patyşalygyny bildirmek üçin ýer astyna girdi. Ol wagt onuň gulagyna: «Eý, Süleýman, kimiň köňlünde azajyk tekepbirlik bar bolsa hem Meniň didarym şoňa haram bolar» diýen owaz geldi.

Muny eşidip hezreti Süleýman gorkdy. Ol:

— Eger mende ulumsylyk peýda bolsa, men Haktagaladan daş düşerin – diýip pikir etdi we ol ýerden gaýtdy.

— Şyh Hasan Basry (Alla ondan razy bolsun!) bir derýanyň kenaryndan ýöräp gelýärdi. Derýanyň boýunda bir är bilen bir hatyn şerap içip otyrdylar. Ol wagtda Şyhyň gözüne ol iş mekruh göründi. Şyh: «Bu niçiik bendedir hatyn bilen şerap içip oturar?!» diýip özüni ondan belent gördi. Ol wagtda derýada bir kimse gark boldy. Şerap içiji derýa girip, ol kimsäni maly bilen alyp çykardy. Emma derýada ýene bir kişini taşlap çykdy. Şol wagt ol Şyh ýetip geldi. Şerap içiji:

— Eý Hasan, ol kişini saňa goýdum-diýdi. Ol wagt Şyh Hasan derýa gadam goýdy. Eýse, Şyh Hasan derýa batdy. Mundan öň derýada ýüzerdi emma, batmazdy. Ol wagt Şyh gorkup derýadan çykdy.Şerap içiji derýa girip, ol bendäni hem alyp çykdy. Ondan soň aýtdy:

---

[1] Azazyl - şeýtanyň bir ady.

— Eý Şyh Hasan Basry, bir mertebe özüňi belent tutanyň sebäpli derýada batdyň. Mundan soň munuň ýaly işi goýgul, beýle ýol bilen kapyr bolarsyň. Biz ikimiz ene-oguldyrys. Seni synap görmek üçin enemi nämährem hatyn görkezip, suwy şerap edip içdik-diýdi. Ondan soň Şyh Hasan Basry hergiz özüni adamlardan belent tutmady.

## *ÝIGRIMINJI BAP*

## GOŇŞY HAKYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Goňşynyň goňşusynda üç haky bardyr. Owwal goňşy goňşydan bir zat dilese, bermek gerek. Ikinjiden, çagyrsa, barmak gerek. Üçünjiden, hassa bolsa, halyny soramak gerek. Goňşy öýde bolmasa, öýünden habardar bolmak gerek. Öýüňde her näme zat bişse, goňşyňa ibermek gerek.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bir goňşy bardyr. Onuň üç haky bardyr. Çünki ol goňşy garyndaşdyr. Garyndaşlyk haky, goňşuçylyk haky we musulmançylyk hakydyr.

Ýene bir goňşy bardyr. Iki haky bolar. Ol biçäredir. Onuň musulmançylyk haky we goňşuçylyk haky bolar.

Ýene bir goňşy bardyr. Ol kapyrdyr, onuň ýaly wagtynda goňşuçylyk haky ýokdur.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamatda goňşy goňşyny tutar. Hudaýtagalanyň dergähine alyp barar. Aýdar:

— Eý, bar Hudaýa, meni pakyr etdiň. Bu goňşyny baý etdiň. Maňa bu goňşy aşyndan bermedi. Möhümimi bitirmedi – diýer.

Haktagala ol bendä azap eder. Ol sebäpden Resul alaýhyssalam aýdýar:

Kyýamat güni dokuz topar halk puşmanda bolar. Emma peýda etmez. Owwal Gurhan okanlar Gurhanyny unutsa. Ikinjiden, özüne dileg edip, özgä etmese. Üçünjiden, görüstandan ötse, dileg etmese. Dördünjiden, metjide girse, tahyýet[1] metjit okamasa. Bäşinjiden, juma namazyny okamasa. Altynjydan, alymlar mesele bilse, halka ýetirmese. Ýedinjiden, iki kişi ýoldaş bolsa, bir-biriniň adyny soramasa. Sekizinjiden, her gije ýigitligini gapyllyk bilen ötürse. Dokuzynjydan, özi dok bolsa, goňşusy aç bolsa, oňa tagam bermese.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Goňşynyň goňşa ýagşylygy üçdür. Owwal, gudraty ýetýänçä ýagşylyk etmek. Ikinji, goňşydan tamakinçilik etmezlik. Üçünji, goňşyny agyrtmazlyk. Eger goňşy şunuň ýaly bolmasa, onuň dawaçysy Haktagala bolar.

[1] Tahyýet - metjide salam bermek.

## *ÝIGRIMI BIRINJ BAP*

## JYNAZA NAMAZYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Abdylla ibn Omar[1] Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim namaz jynaza namazyny okasa, bir karat[2] sogap berer. Eger ol meýidi gömse, iki karat sogap berer.

Sahabalar sowal etdiler:

— Ýa Resulalla, karat ne mukdar bolar?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Karatyň mukdary Uhut dagy ýaly bolar.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kim jesede kepen etse, Haktagala ol bendä hasapsyz sogap berer.

Resul alaýhyssalamyň gaşyna bir kişi geldi we aýtdy:

— Ýa Resulalla, köňlüm gara bolupdyr, tagatym netije bermeýär.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Onda sen hassanyň halyny sora, jynaza namazyny oka, ýetimiň başyny sypa we görüstana zyýarat et.

Ondan soň ol kişi şonuň ýaly etdi. Onuň köňli açylyp, ak boldy.

---

[1] Abdylla bin Omar - 693-nji ýylda 84 ýaşynda aradan çykan alym.

[2] Karat - gymmatbaha daşlarda agyrlyk birligi

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Görüstanyň içinde tagam iýmäň. Görüstanda tagam iýenler kyýamatda doňuz suratynda bolarlar.

## *ÝIGRIMI IKINJI BAP*

## GÖRIPLERIŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Abdylla ibn Mesgut[1] Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi.

Resul alaýhyssalam aýtdý:

— Üç zat günäleriň aslydyr. Elbetde, şonuň üçin üç zatdan gaçmak gerek. Owwal tekepbirlikden; çünki şeýtan tekepbirlik edip, Taňrynyň dergähinden kowuldy. Ikinji, tamakinlikden; çünki hezreti Adam bugdaýdan tamakin bolup, Behiştden çykdy. Üçünji, göriplikden. Kabyl göriplik edip Habyly öldürdi.

Resul alaýhyssalam:

— Dört kişiniň dilegi kabul bolmaz – diýdi. Owwal şeraphorluk edenleriň, ikinji, gybatçylyk edenleriň, üçünji, göripçilik edenleriň, dördünji, Allanyň adyna hyýanat edenleriň.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Üç zady göripçilik etmek dürsdür. Owwal,– Arassa, halal adamlar tagat we ybadat edýär, men näme üçin tagat we ybadat edemok? – diýse. Ikinji, –Adamlar Gurhan okaýarlar, men näme üçin Gurhan okamaýaryn? – diýse, üçünji – Sahylar haýyr-sahawat edýärler, men näme üçin haýyr iş edemok – diýip göriplik etse dürs bolar.

---

[1] Abdylla ibn Mesgut - sahabalaryň biri. Ol 653-nji ýylda 63 ýaşynda ölýär.

Sowal:

— Eger kişi Gurhan okamaklygy arzuw etse, okap bilmese näme etsin?

Jogap:

— «Yhlas» süresini hemişe okasyn, tamam Gurhany okan dek sogap bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Göriplik, misli oduň oduny ýok edişi dek, tagaty ýok eder.

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Eger kişi üç zatdan gaçsa, aýyp däldir. Beýle kişi behişde girer. Owwal, göriplikden, ikinji, betgümanlykdan, üçünji, erbet pal atýanlardan.

Eshaplar[1] aýtdylar:

— Bet palçylar haýsydyr?

Onda Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ýaman pal diýen ylym gaýyby (geljek hakda ylmy) aýdar. Oňa halk ynanýar. Ol gaty ýamandyr.Ýa bir guş gygyrar, ýa ody başa sylmakdyr. Bulara meňzeş zat köpdür. Bu işlere dilini hem, köňlüni hem bermesinler. Eger kişiniň köňli ýa dili birden pala barsa, bu dogany okasyn keffarat bolar.[2] Zyýana galmaz (Allahumme la tyra illä tyrak, we la haýra, illä haýrak, we lä kuwwata illä billähil alyýýyl azym)[3].

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Üç zat bendäni dowzahdan halas edip, behişde iberer. Owwal, sowuk suwa täret etmek, ikinji metjide adamlardan öň barmak, üçünji namaz okandan soň, ýene namaz üçin metjitde bolmak.

---

[1] Eshaplar - sahabalar.

[2] Keffarat bolar - günäsini ýuwar.

[3] Eý, Taňrymyz! Seniň özüňkiden başga ýagşy yrym ýokdur. Seniň özüňden başga güýç-kuwwaty bolan beýik Taňry ýokdur.

Üç zat bendäni dowzaha iberer: Owwal, bahyl bolmak, ikinji, dünýäniň soňuna ýüwürmek, üçünji, tagatyňa we haýratyňa baýrynmak.

Resul alaýhyssalam aýtdy.

— Eý, bende, tagat we ybadatyňa baýrynma! Köp-köp adamlar tagat-ybadatlaryna baýrynmak bilen dowzaha girdiler. Eger jahan doly tagat etseňiz, ýa keramat görseňiz hiç etmedik, görmedik dek boluň. Ýene günäleriňizi unutmaň, günde iki mertebe ýadyňyza getiriň we toba ediň.

Bir gün bir eziz[1] bir sopa duşdy. Golunda tesbisi bar.

Eziz aýtdy:

— Eý, sopy, goluňdaky nämedir?

Sopy aýtdy:

— Tesbidir. Şunuň bilen Hudaýtagalanyň ýadyny edýärin – diýdi.

Eziz aýtdy:

— Utanmaýarsyňmy sen endik eden ýadyňy sanamaga? Eý, sopy, onuň ýaly etseň, ýüz müň günä edýärsiň. Sen ony näme üçin ýüregiňde sanamaýarsyň – diýdi.

Ol sopy utandy we gaýta başdan tobaly boldy. Olar ýola düşdüler. Emma ol indi tesbi bilen sanap ýörmedi, mydama ýüreginde ýatlady.

Ulugzadalaryň biri aýtdy:

— Owwal her tagatda sizden peýda boljak dört zatdan habardar boluň. Owwal, ýardamy Hudaýtagaladan biliň, özüňizden bilmäň. Ikinji, Hudaýtagalanyň beren her nygmatynyň barabarynda Taňryny ýat etmek gerek. Üçünji: «Eý, bar Hudaýa, eden bendeligimi ýüzüme ursaň, men näme ederin?» diýip Hudaýtagaladan gorkmak gerek. Dördünji, her

[1] Eziz - pir manyda.

günä etseň habardar bol, we: «Eý bar Hudaýa, kyýamat güni günäm sogapdan köp bolsa, näme ederin?» diýip aýt.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Asmanda ýörite perişdeler bardyr. Bendäniň tagatyny we ybadatyny asmana alyp baran wagtynda ol tagaty we ybadaty perişdeler görerler we aýdarlar: «Bu tagaty yzyna gaýtaryň». Çünki Hudaýtagala: «Göripleriň tagatyny yzyna gaýtaryň we ýüzüne uruň» diýipdir. Şol wagt ol tagaty yzyna gaýtararlar we bendäniň ýüzüne urarlar. Göripler şunuň ýaly bolarlar.

Bendeler bir-birleriniň gybatyny ederler. Eger biriniň maly köp bolmasa, oňa gamgyn bolman hoşwagt bolarlar. Ol adamlara bolsa «görip» diýerler.

## *ÝIGRIMI ÜÇÜNJI BAP*

## GAHARY ÝUWTMAGYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Abu Sagyt Hudary[1] Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi: Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kişiniň gahary gelse, ol gahar göýä dowzahyň odydyr. Ol ody kişi bu dünýäde ýuwtsa, ahyrýetde oňa ot kär etmez. Kyýamatda perişdeler owaz eder:

— Gahary ýuwdan bendeler geliň – diýer. Ol halda gaharyny ýuwdanlar turarlar we aýdarlar:

— Olar bizlerdiris – diýerler.

Olara aýdarlar:

— Ýörüň, behişde baralyň – diýerler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamatyň batyry we pälwany üç topar adamlardyr. Owwal, döwletli, mally bolup, gaharly bolmadyklar. Ikinji, gahary gelen wagtda şol gaharyny ýuwdanlar. Üçünji, bendä bir zat berip, oňa minnet etmedikler.

Bir gün Ymam Japar[2] otyrdy. Çorylar bir tabak aşy alyp gelýärdi. Ony tötänden Ymamyň başyna dökdüler. Donlary bulaşdy. Ymamyň gahary geldi. Urmak üçin turdy. Çory aýtdy:

— Hudaýtagalanyň amalyny haýr et.

---

[1] Abu Sagyt Hudary - sahabalaryň biri.

[2] Ymam Japar Sadyk (700-765) - meşhur ymam.

Ymam Japar aýtdy:

— Hudaýtagala näme amaly haýyr etmeli? – diýdi.

Çory aýtdy:

— Hudaýtagala Gurhanda: «Eý, bende, gaharyňy ýuwtgyn» diýip habar beripdir.

Ol wagt Ymam Japar:

— Toba etdim we seni azat etdim- diýdi.

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat edipdir:

— Bir gün Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir kişi geldi we hezreti Abu Bekre sögdi. Hezreti Abu Bekr jogap bermedi. Ol adam ýene sögdi. Abu Bekr Syddyk jogaba meşgul boldy. Eýse, Resul alaýhyssalam turdy we gitdi. Abu Bekr Syddyk ol kişiniň jogabyny berenden soň Resul alaýhyssalamyň ýanyna bardy we aýtdy:

— Ýa Resulalla! Ol kişi maňa sögende birden turmadyňyz, emma men oňa gaty jogap aýdyp başlanymda, turup, ýöräberdiňiz?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ýa Abu Bekr Syddyk! Siz jogaba meşgul bolanyňyzda, perişdeler daşyňyzdan gitdiler we şeýtanlar üýşdiler. Ikiňiziň araňyzda oturmazlyk üçin men ol ýerden gitdim.

Ol:

— Hudaýtagala hemme bendä gaharyny ýuwtmagy nesip we mynasyp etsin – diýdi.

## *ÝIGRIMI DÖRDÜNJI BAP*

## HUDAÝTAGALANYŇ REHMETINDEN UMYT ETMEKLIGIŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eger bende sag we ýigit bolsa, onda onuň Taňrydan gorkusynyň zyýada bolmagy gerek, eger bende garry ýa-da hassa bolsa, onda onuň Taňrynyň rehmetinden umydynyň zyýada bolmagy gerek.

Ahmet (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Ýahýa bin Erkam wepat boldy. Ondan soň men ony düýşümde gördüm.

Men aýtdym:

— Hudaýtagala saňa näme iş etdi?

Ýahýa aýtdy:

— Hudaýtagala meni dergähine alyp bardy we aýtdy:

— Eý garry Ýahýa, ýaman pikiriň bilen günä edip, maňa jepa bermäge uýalmadyňmy?

Ol wagt men aýtdym:

— Eý, bar Hudaýa, öz aýdanyňa ynandym.

Hudaýtagala aýtdy:

— Men näme aýdypdyryn?

Ol wagt men aýtdym:

— Sen danasyň, Sen aýan edijisiň.

Taňrynyň bu sözüni Abdyrazzak Ezheriden, Ezheri Äşeden, Äşe Muhammet Mustapadan, Muhammet Mustapa Jebraýyl alaýhyssalamdan eşidipdirler:

— Her mömim bendäniň saçy we sakgaly agarsa hem men musulmandyryn. «Ol meniň günämi öter diýip umyt edýärin» diýse, men ol bendäme azap etmerin – diýipdir. Ondan soň Haktagala aýtdy:

— Eý, Abdyrazzak! Ezheri, Äşe, Mustapa, Jebraýyl rast aýdypdyrlar, men seni ýalkadym – diýdi. Eý, Ahmet! Şonuň üçin men rahatlykdadyryn, hiç mähnetim ýokdur.

Hezreti Omar (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Bir gün men Resul alaýhyssalamyň gaşyna geldim. Olaryň aglap oturanyny gördüm. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam geldi we aýtdy:

— Eý, Muhammet, Hudaýtagala saňa salam aýtdy. Sen näme üçin aglaýarsyň?

Muhammet aýtdy:

— Taňry: «Men her mömin bendäniň saçyny we sakgalyny agartdym, eýse men ondan utanyp, ol bendä azap bermerin. Emma ol bende bolsa näme üçin utanman agaran saçy we sakgaly bilen maňa günä edýär» diýýär. Men bu sebäpden aglaýaryn – diýdi.

Rowaýat aýdypdyrlar:

— Bir gün Hezreti Hemzäni[1] öldüren wagşy Medinä nama iberdi:

— Men musulman bolmagy arzuw edýärin. Men keramatly aýaty eşitdim. Hudaýtagala: «Her bende Taňra şirk getirmese, nähak gan dökmese, musulman bolar diýip aýdypdyr». Men bu üç işi hem etdim – diýdi.

Ol halda:

---

[1] Hemze - Muhammet Pygamberiň doganoglany. Ol 630-njy ýylda söweşde öldürilýär.

— Kişi toba etse, iman getirse we ýagşy iş etse, ol bendäni ýalkadym – diýen bu aýat geldi: Resul alaýhyssalam bu sözi ol wagşa ýazyp iberdi, wagşy bolsa bu söze jogap ýazyp iberdi: «Men ýagşy işi alaryn, ýaman işi almaryn. Hudaýtagala amal salyhy şert kylypdyr». Ol wagt: «Ol bendeleri islesem ýalkaryn» – diýen bu aýat geldi. Resul alaýhyssalam bu sözi wagşa ýazyp iberdi we wagşy aýtdy: Hudaýtagala: «Islesem» – diýipdir. «Islemese niçik bolar?» diýdi. Ol halda: «Eý, özlerini günäde isrip eden Taňrynyň bendeleri, Allanyň ýagşylygyndan birjik-de umydyňyzy üzmäň. Allatagala hemmeleriň günäsini ötýändir» – diýen bu aýat geldi.[1] Aýat: «Eý Muhammet! Meniň bendelerim butparazlyk etse, nähak gan dökse, zyna we lywate (beçebazlyk) etse hem musulman bolsa, meniň rehmetimden näumyt bolmasyn, onuň hemme günälerini ýalkaryn men we behiştde didaryma duçar ederin».

[1] Zumer süresiniň 53-nji aýaty.

## *ÝIGRIMI BÄŞINJI BAP*

## ZYNA ETMEKLIGIŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Göz zynasyna, gulak zynasyna we gol zynasyna we aýak zynasyna kyýamatda hemme agzalar güwälik berer.

Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir juwan geldi. Ol:

— Ýa Resulalla, maňa rugsat ber, zyna edeýin – diýdi.

Sahabalar aýtdylar.

— Eý, ýigit, goý bu sözi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ol ýigidi bize iberiň! Biz oňa jogap bereli.

Ol ýigit Resul alaýhyssalamyň gaşyna geldi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, ýigit, sen eneňi ýa gyzyňy zyna etseler, ony ýagşy görermiň?

Ýigit:

— Ýok – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Saňa hoş gelmese, özge kişä hem hoş gelmez.

Ol ýigit ol sözi eşitdi we toba etdi.

Möminleriň emiri Aly (Taňry onuň ýüzüni nurana etsin!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Zynadan daş duruň. Zynanyň alty şumlugy bardyr. Üçi dünýäde we üçi bolsa ahyrýetde. Ol kim dünýäde durar: owwal ýüzünde nur iman bolmaz. Her kim ony ýaman görer. Ikinji biri – ömri gysga bolar. Üçinji biri – ryzky kem bolar.

Ahyrýetdäki üçünji biriniň hasabaty gaty bolar. Ýene biri – päk we beýik Taňry hemişe gazap eder. Ýene biri bolsa dowzahda galar. Zynanyň ýamanlygy iman bilen bile gider.

## *ÝIGRIMI ALTYNJY BAP*

## BEÇEBAZLYGYŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Bir gün Süleýman alaýhyssalam şeýtana ýolukdy.

Aýtdy:

— Eý, melgun! Ol nämedir – Hudaýtagalanyň ýanynda onuň ýaly dost bolmaz, seniň ýanyňda onuň ýaly duşman bolmaz?

Şeýtan aýtdy:

— Eý Süleýman, Hudaýtagalanyň ýanynda namazdan başga hiç dost bolmaz, meniň ýanymda namaz okaýandan başga duşman bolmaz. Çünki, iki är jem bolsa, Hudaýtagala bulara ot iberse: «Bizi hem köýdürmesin» diýip döwler gaçar.

Rowaýat etdiler: Iblis (oňa nälet bolsun!) bir gün bir Gurhan okyjynyň suratynda bolup Lut pygamberiň kowmunyň ýanyna geldi. Bir ýyl ybadat etdi. Göz ýumup açýança tagatdan hiç boş bolmady. Lut alaýhyssalamyň kowmunyň hemmesi jem boldular. Olar Iblisi:

— Bu bir perişdedir. Eger perişde bolmasa, adam golundan beýle iş gelmez – diýdi.

Ol melgun adamlara wagyz aýdardy. Hemme adamlar ondan aýrylmazdy. Bir gün wagyzdan soň ol aýtdy:

— Eý, adamlar! Her kişi hatynyndan daş düşse, ýaş oglana barmak dürsdür. Ýa dört aýakly janawere barmak zeruryýetde

dürsdir – diýdi. Halklar bu işi amal etdiler. Ol halklaryň köpüsi söwdagärlik ederdiler. Şeýtan betbagtyň bu maslahaty adamlaryň göwnüne hoş ýarady. Ondan soň ol adamlar daýym oglana bardylar. Ondan soň hatynlar tamamy galdylar. Şeýtanyň maksady hasyl boldy.Ondan soň ol şeýtan ol jaýdan gaýyp boldy. Ol jemagatlar aýtdylar:

— Perişde boldumy ýa weli boldumy – öz-ä bu jaýdan gaýyp boldy – diýdiler. Ondan soň ol bir kempiriň sypatyna girip ýene geldi. Bir ýyl ybadat etdi. Hemme hatynlar onuň ýanyna bardylar. Hatynlara wagyz etdi. Tagat we ybadatlary olara öwretdi. Bir gün hatynlar aýtdylar:

— Eý, işanymyz, ärlerimiz bize hiç garamaýar. Olar saparda bolýarlar. Hatynlar jemagatynda äriň ýakynlygyna arzuw bar.

Şeýtan aýtdy:

— Teletinbazlyk ediň – diýip tälim berdi. Hatynlar teletinbazlyga meşgul boldular. Ärleri oglan bilen ýörediler we olaryň nesilleri kesildi. Ol wagt Haktagala Lut alaýhyssalamy ol kowumyň üstüne iberdi. Lut alaýhyssalam olara bu bozuklyklardan saklanmaklygy ündedi. Olar hergiz kabul etmediler. Hudaýtagala olara bir bela iberdi. Ondan soň Jebraýyl alaýhyssalamy:

— Ol jemagatlary ýok et – diýip iberdi.

Jebraýyl alaýhyssalam geldi. Ganatyny ol şähere urdy. Eýse, ol şäher ganaty bilen asmana uçdy. Adamlar bozlaşyp, owaz etdiler.Ol owazy perişdeler eşidip, nala etdiler:

— Eý bar Hudaýa, bularyň owazyna tagat we ybadat edip bilmedik. Biz olaryň owazyny ýaman görýäris. Bizi olaryň ýaman owazyndan halas et.

Şol wagt Haktagaladan buluda:

— Eý, bulut, bularyň başyny aşak – ýere ur – diýip emr boldy. Bulut şäheri bir mertebe aýlap ýere urdy. Şäher ýer bilen

ýegsan boldy. Hemme halklar heläk boldy. Haktagala bendelerini heläkçilige tutsa, munuň ýaly tutar.

Eý, Taňrymyz! Munuň ýaly gaty tutmakdan aman kylgaý Sen. Ämin Ýa Rebbil älemin!

## *ÝIGRIMI ÝEDINJI BAP*

## HATYNLARYŇ TELETINBAZLYK ETMEGINIŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Men Jebraýyldan sowal soradym:

— Ýa gardaşym Jebraýyl! Hiç möminiň ymmatynda kapyr dinsize bolan azapdan artyk azap bolarmy?

Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Hawa, bar. Ýa Muhammet, – ol hatynlaryň teletinbazlygydyr.[1] Ýene biri Hudaýtagalanyň az beren ryzkyna razy bolmazlykdyr. Ýene biri Hudaýtagalanyň «gulydyryn» diýer. «Muhammet ymmatydyryn» diýer. «Muhammede gelen kitap hakdyr» diýer. Emma dili bilen aýtsalar hem, kalby bilen ynanmazlar. Kalbyna wehim salyp, pal tutup, aýala ynanarlar. Muhammediň ymmatnyň alymlary haram we halaldan, hak we nähakdan aýtsalar, olaryň sözlerine ynanmazlar. Olara: «Biderek söz aýdarlar, bu söz öň ýokdy. Täzelikde peýda bolupdyr» diýerler. Beýle adamlaralara Haktagala azap berer.

Emir Hemzäni bir kapyr şehit etdi. Burnuny we gulagyny kesdi. Resul alaýhyssalam ýaranlary bilen muňa gamgyn boldular. Hiç kim gamgynlykdan ýaňa söz sözlemedi. Hezreti Resul Huda başyny aşak saldy we ol:

---

[1] Teletinbazlyk - hatynlaryň tenlerini bir-birlerine süýkemekleri.

— Ýaranlarym, bu gün meni gaty gamgyn gördüňizmi? – diýdi.

Ýaranlary aýtdylar:

— Hiç wagt sizi munuň ýaly gamgyn halda görmändik – diýdiler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men kyýamat güni Hudaýtagalanyň ýanynda ymmatymyň munuň ýaly erbet iş edeni üçin gaty azaba sezewar boljakdygyna munça gamgyn bolýaryn.

Ýaranlary aýtdylar:

— Ýa Resulalla, olar kimlerdirler?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her hatyn teletinbazlyk etse, atasy bilen ýetmiş sapar zyna eden dek bolar. Meger ol hatyn çyn ýürekden toba etse, onda onuň günäsi geçiler. Ýene ol hatyn her wagt ýadyna getirip puşman etse, oňat bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim bäş zady etse, Haktagala oný bäş zatdan mahrum etmez. Her bende ryzkyna şükür etse, Allatagala onuň ryzkyny artyk eder. Her kim Allatagalanyň beren azabyna sabyr etse, onuň sogaby artyk bolar. Her kim toba etse, Hudaýtagala kabul eder. Her kim dileg etse, dilegi kabul bolar. Her kim istygpar aýtsa (günäni geçmegi dilese) Hudaýtagala günälerini geçer.

Resul alaýhyssalamyň zamanynda otuz üç ýaşynda örän hoşroý bir hatyn bardy.Onuň ady Haýfady. Ol hiç kime äre barmazdy. Bir gün ol Resul alaýhyssalamyň ýanyna geldi we aýtdy:

— Ýa Resulalla, maňa bir iş öwrediň, ol iş sebäpden men behişde baraýyn – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ýa Haýfa, äre bargyn. Ondan soň men saňa bir iş öwredeýin.

Haýfa aýtdy:

— Maňa patyşalar söz aýtdyrdylar. Iki ýüz tylla galyň bereýin diýdiler. Men kabul etmedim. Abdylla ibn Zübeýr[1] hem söz aýtdy. Emma men ony hem kabul etmedim. Indi siz kime ygtyýar etseňiz ony kabul edeýin – diýdi.

Ol wagtda Resul alaýhyssalam ýaranlaryna garady.

Ýaranlarynyň hemmesi:

— Bizlere beriň – diýip yşarat etdiler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, ýaranlar, haýsyňyz ertir namazyna öň gelseňiz, Haýfany ol kişä nika gyýyp bereli – diýdi. Hemme sahabalar razy boldular. Hemmeleri metjide: «Erte ir bilen baraýyn» diýip, ol gije ir ýatdylar. Haktagala olaryň hemmesine uky iberdi. Daňdan ir oýanyp bilmediler. Eger oýanany bolsa hem, ýolda täreti bozuldy we gijä galdy. Resul alaýhyssalam: «Bu döwlet kime nesip bolar?» diýip ertir ir bilen metjide gelip oturdy. Suhaýp diýen bir garyp sahaba metjide ilki geldi. Resul alaýhyssalama salam berdi. Bu Suhaýp rumlydy. Özi bolsa garypdy. Janyndan özge zady ýokdy. Zyýada garady, lebleri sallanyp durdy we özi-özüne ýükdi. Resul alaýhyssalam erte namazyny okady. Ol sahabalara Suhaýbyň gelenini habar berdi. Sahabalar aýtdylar:

— Ýa Resulalla, Haýfa Suhaýba mynasypmydyr?

Ol wagt Haýfa Suhaýba garady. Bir zaman oýlandy.

Ondan soň aýtdy:

— Ýa Resul alaýhyssalam, kabul etdim.

Ol halda Resul alaýhyssalam nika gyýdy. Ondan soň Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Suhaýp, Haýfany öýüňe alyp bargyl.

Suhaýb aýtdy:

[1] Abdylla ibn Zübeýr (622-693 ý.) - Muhammet pygamberiň aýaly Äşäniň ýegeni.

— Ýa Resulalla, meniň öýüm metjitdir.

Ol wagt Haýfa aýtdy:

— Ýöriň, meniň bir saraýym bardyr. Ony size bagyş etdim – diýdi.

Ol wagt Resul Huda Haýfa dileg etdi we hemme sahabalary «Ämin» diýdiler. Haýfa Suhaýby alyp, öýüne bardy. Gije boldy.

Haýfa Suhaýbyň golundan tutup aýtdy:

— Eý, Suhaýp, men saňa nygmat alyp geldim. Bu nygmatyň şükranasy üçin bu gijäni tagat we ybadat bilen ötür. Meniň bilen söhbet kylma. Men sabyr edeýin. Bu gije men hem tagat we ybadat bilen bolaýyn. Sen şükürli bol, men hem sabyrly bolaýyn – diýdi.

Suhaýp:

— Ýagşy bolýar – diýdi.

Ikisi täzeden täret aldylar we tagata meşgul boldular. Daň atdy. Suhaýp metjide gitdi. Şol wagt hezreti Jebraýyl Suhaýbyň wakasyny Seýit Äleme beýan etdi. Seýit Älem Hudaýtagala aýtdy.

Hudaýtagala:

— Suhaýby ýalkadym, behişde wajyp etdim, didarymy oňa görkezerin – diýdi. Ol wagt Resul alaýhyssalam Hudaýtagalanyň bu wadalaryny Suhaýba aýtdy. Eýse Suhaýp başyny seždä goýdy we aýtdy:

— Eý, bar Hudaýa, munuň ýaly döwleti maňa berdiň. Indi meni günä duçar etmän janymy al – diýdi. Dilegi kabul boldy. Resul alaýhyssalam sahabalara: «Suhaýpdan habar alyň» diýdi.

Sahabalar barsalar, Suhaýp eýýäm jan beripdir.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Haýfa hem jan berendir – diýdi. Görseler, ol hem ölüpdir. Ondan soň ikisine hem jynaza namazyny okadylar we ol ikisini bir jaýda goýdular.

## *ÝIGRIMI SEKIZINJI BAP*

## PAKYRLYGYŇ (GARYPLYGYŇ) BEÝANY

— Pakyrlar baýlardan bäş ýüz ýyl öň behişde girermişin – diýip rowaýat etdiler.

Haktagala Musa alaýhyssalama wehi (owaz) iberdi:

— Ýa Musa, sen derwüşleri görseň halyndan habar soragyl. Şonuň ýaly etmeseň, men seniň pygamberlik adyňy depderden çykararyn – diýdi. Ondan soň Musa alaýhyssalam hemişe derwüşler bilen oturdy. Olaryň halyndan habardar boldy.

Enes bin Mälik (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdi:

— Bir gün Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir adam geldi.

Aýtdy:

— Ýa Resulalla, ýagşylygy baýlara edýärler. Olar haja barýarlar, sadaka we zekat berýärler. Bizde sadaka bermäge mal ýok.

Resul Huda aýtdy:

— Her kim derwüşlige sabyr etse, Taňry oňa üç dürli sogap berer. Baýlarda olar bolmaz. Owwal, behişdiň, asmanyň ýyldyzlarynyň sanyça küýzeleri bardyr. Ol küýze bilen howzy köwserden suw alyp içerler, ikinji, derwüşler baýlardan bäş ýüz ýyl öň behişde girerler. Üçünji, derwüşler «Subhanallah welhamdu-lilläh we lä ilähä illallah wellahu ekber we lä howla

we lä kuwwate illä billähil-alaýýyl-azym[1]» diýse, Hudaýtagala derwüşlere ol sogaby berer. Baýlar müň tylla berseler hem, ony tapmaz.

Ol kişi bu sözi eşitdi hoşal boldy we sabyr etdi.

---

[1] Allatagala (kemçiliklerden) päkdir, Taňry taryplanmaga mynasypdyr. Allatagaladan başga Hudaý ýokdur. Uly we Beýik Taňrynyňky ýaly güýç hem, kuwwat hem ýokdur.

## *ÝIGRIMI DOKUZYNJY BAP*

## ŞÜKÜR ETMEKLIGIŇ WE SABYRLY BOLMAKLYGYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Hoşwagtlyk ýetse, şükür etmek möminligiň nyşanydyr. Ol gamgynlyk ýetse, sabyr eder.

Bir gün Resul alaýhyssalamyň gaşyna bir kişi geldi.

Aýtdy:

— Ýa Resulalla, köp hassalyk çekdim. Malym gitdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

—Kimiň maly gitmese, derdi gitmez – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eger bir mömin ölse, behişde barar.

Bir gün sahabalar Resul alaýhyssalamyň ýanyna geldiler we aýtdylar:

— Ýa Resulalla, bize dileg ediň, kapyrlardan azap köp gelýär – diýdiler.

Resul alaýhyssalam:

— Eý, ýaranlar, sizden öňki jemagatlar başyny azaba sizden hem köp goýdular. Onda hem sabyr edipdirler. Elhal siz hem ýagşy şükür ediň. Näme üçin nala edýärsiňiz? – diýdi.

## *OTUZYNJY BAP*

## ÝAS TUTMAKLYGYŇ BEÝANY

Magaz bin Jebel[1] rowaýat etdi:

— Resul alaýhyssalamyň bir ogly bardy. Ol öldi. Resul alaýhyssalam aglady.

Sahabalar aýtdylar:

— Ýa Resulalla, siz: «Aglamaň» diýip öň aýdypdyňyz. Indi özüňiz näme üçin aglaýarsyňyz?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men muny donuny ýyrtyp, başyndan gum sowrup, özüňi ýere urup, ýüzüni ýyrtyp, perýat bilen aglaýan adama aýtdym. Biowaz, binagma aglamak bolar. Sebäbi, bagyr köýenden soň, göz ýaşyny togtadyp bolmaz – diýdi.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kim gaýgy-gamy dost tutsa, donuny ýyrtsa, ýa kükregine ursa, göýä ol kişi goluna naýza alyp Haktagala bilen uruş eden dek bolar.

Seýit Älem aýtdy:

— Her kim ýas üçin eşigini gara etse, ýa donuny gara geýse, ýa donuny ýyrtsa, ýa öýe ot berse ýa daragtlary ýyksa, ýa saç-sakgalyny ýolsa Haktagala ol bendäniň tenindäki tüýüniň sanyça dowzahda öý bina eder. Ýene ol bendä günäsiniň üstüne ýetmiş pygamberi öldüreniň günäsi ýüklener.

[1] Magaz bin Jebel - sahabalaryň biri.

Ýene ol bendäniň namaz-orazasyny, tagat ybadatyny tä ol eden garasy ýok bolýança kabul etmez. Ol gara isle işiginde bolsun, isle donunda – ol bende şol arada toba etse, kabul bolmaz. Ol bende şol arada ölse, görüni garaňky eder, azabyny zor eder, hasabyny gaty eder. Ol bendä asmanyň we ýeriň perişdeleri lagnat eder. ýene Allatagala kirama kätibeýna[1] ol bendä günäsiniň üstüne müň günä ýazmagy buýurar we ol bende kyýamat güni görden ýalaňaç direler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim ýas tutanda ýakasyny ýyrtsa, ol bendäniň dini ýyrtylar.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kim ýas tutanda maňlaýyna ursa, ýa ýüzüni ýyrtsa, Allatagala oňa didaryny görmekligi haram eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim: «Eý, perzentlerim, eý, dogan-garyndaşlarym men ölemde aglaň» diýip wesýet etse we ol bende ölse, mirasdüşerleri hem aglasa, ol aýdana we aglana nälet ederler. Olaryň hemmesi azaba sezewar bolarlar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim nala etse, ol nala edeniň ýanynda oturanlary, ol nalany eşidenleri, ol nala edene ýardam berijileriň hemmesine Allatagala hem, perişdeler hem, Hezreti Adam atadan bäri öten adamlar hem toplanyp nälet ederler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim ýashana tagam alyp barsa, sogap tapar. Eger ol ýashana ýerde nala bolsa, ol tagamy alyp barana hem Allatagala nälet eder

Resul alaýhyssalam aýtdy:

---

[1] Kirama kätibeýn – iki keramatly perişde. Ol ikisiniň biri adamyň sag egninde, beýlekisi bolsa onuň çep egninde bolýar.

— Her kim ýasda bolsa, ol bende perýat edip aglasa, Allatagala ol bendä rehmet nazaryny etmez we gazap eder. Kyýamat güni ol bende it suratynda bolup durar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her mömin bende ýas ýetse, ol bende ol işe sabyr etse, perýat edip aglamasa, Allatagala ol bendä uçmahda dokuz mülk berer. Her mülküň giňligi ýedi gat asmandan we ýedi gat ýerden giň bolar. Sabyr edeniň manysy şunuň ýaly bolar.

Ýas ýerinde hergiz perýat edip aglamaň. Ýas ýeten wagtynda bir salym perýat edip aglasa, soň goýsa, ondan soň toba etse, uly mülke eýe bolmaz. Emma tobasy yhlas bilen bolsa ýagşydyr. Emma kişi perýat etmän, bagry köýüp gözünden ýaş akdyrsa, ol ýas kişini azaba goýmaz.

Hezreti Osman aýtdy:

— Eger Hudaýtagala maňa bir perzent berse, üç günden soň ol perzendi goluma alyp ol perzendiň synasyny öz synama goýsam, ýüzünden öpsem – diýdi.

Ýaranlary aýtdylar:

— Näme üçin beýle eder sen?

Osman aýtdy:

— Oňa meniň mährim geçsin diýýärin. Eger ölse, bagrym köýse, gözümden ýaş çyksa, sogap köp bolar – diýdi.

Möminleriň emiri Omar (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Bir adam bardy. Onuň bir ogly bardy. Hemişe göterip, Hezreti Alynyň ýanyna getirerdi. Birnäçe wagt boldy, ol gelmedi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Pylan adam nirededir?

Sahabalar aýtdylar:

— Ýa Resulalla, bir ogly bardy. Ol ogly öldi – diýdiler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, ýaranlar, ýörüň ýas ýerine baralyň – diýdi. Ol wagty ýas ýerine bardylar. Resul alaýhyssalam ol adamy zyýada gamgyn gördi. Aýtdy:

— Eý, adam, näme üçin şat bolmaz sen? Ýaşlykda ölen ogluň üçin behişde girersiň. Sebäbi, kyýamat güni bolanda ýaşlykda ölen perzende Haktagala aýdar:

— Eý, çagalar, behişde giriň – diýer.

Ol çagalar aýdarlar:

— Atasyz-enesiz behişde girmeris.

Ol wagta Allatagala aýdar:

— Eý, çagalar, ata-eneňiziň günäleri bar. Onuň üçin niçe ýyllar azap ederin. Ondan soň behişde bararlar.

Onda ol çagalar aýdarlar:

— Onuň ýaly bolsa, behişdiň bize hajaty ýok – diýerler.

Ondan soň Haktagaladan owaz geler:

— Eý çagalar, ata-eneňiz bilen behişde baryňlar – diýer.

Ol adam bu sözi eşitdi. Eýse hesret eden adam şat boldy.

Resul alaýhyssalam aýtdy. Hiç tagat-ybadat matama sabyr etmese, kabul bolmaz. Her kim matama sabyr etse, çenden köp sogap bergeý. Ahyrýetde ol bendäniň hasabyny hiç kim bilmez. Ýene ol bendeden Hudaýtagala razy bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim matamly kişiniň halyny sorasa ýasly kişä näme sogap berse ol bendä hem ol sogapdan berer.

Resul Huda aýtdy:

— Sabyr üç hilidir. Owwal, tagata sabyr etmek. ikinji, matam tutmaklyga sabyr etmek. Üçünji, gazaba sabyr etmek. Tagada sabyr edene iki ýüz dereje bergeý, matama sabyr edene üç ýüz dereje bergeý, gazaba sabyr edene bolsa günäsi köp bolsa hem, behiştden ýer berer. Ol bendäniň amalyna ýüz dereje ýazar.

Beni Ysraýylda bir hatyn bardy. Ol ajaýyp ahlaklydy we ak göwünlidi. Onuň adamsy kazydy. Iki sany ogly bardy. Olar saraýyň içinde oýnardylar. Saraýda bir guýy bardy. Iki dogan oýnap ýörkä, birdenkä, biri guýa ýykyldy. Beýleki biri ony guýydan çykaraýyn diýip, golundan ýapyşdy, şeýdip, ikisi hem

guýa gitdi we öldi. Kazynyň hatyny bu habary eşidip, guýynyň ýanyna geldi, iki ogluny-da guýudan çykaryp alyp, öýüne getirdi. Öýüniň bir tarapynda goýdy. Biri baryp kaza habar beräýmesin diýip,ýüzlerine perde ýapdy. Çünki kazy mejlisde otyrdy. Namaz wagty boldy. Kazy täret kylmak üçin öýüne geldi. Hatyny şol wagt kazynyň öňüne tagam äberdi. Kazynyň, her wagt tagam iýer bolsa, ýaňky iki ogluny çagyryp, olar bilen bile iýmek edähedi bardy.

Kazy:

— Oglanlar nirede, çagyr! Gelip, biz bile nahar iýsinler – diýdi.

Onda hatyny:

— Eý kazy! Olar uklap ýatyr. Ukudan oýanyp, çagalaryň tagam iýesleri gelmez – diýdi. Kazy, çäresiz, tagamy ýeke özi iýmeli boldy, we ondan soň turup, ýaňadan täret kyldy. Ol hergiz täretsiz ýörmezdi. Kazy täzeden iki rekagat namaz okady. Ondan soň:

«Bir salym garaşaýyn» – diýdi.

Hatyny:

— Eý kazy, parz namazy okagyl, namazy wagtynda okamak hemme ybadatlaryň ýagşysydyr – diýdi.

Kazy namaza durdy, okap boldy. Namazdan soň kazy ogullaryny oýarmak üçin olaryň ýanyna bardy. Görse, oglanlaryň ikisi hem oýa. Ikisem kazynyň ýanyna geldi. Bu haly enesi görüp nagra çekdi. Bihuş bolup ýykyldy. Birnäçe wagtdan soň huşuna geldi. Hatyn başyny sejdä goýdy. Hudaýtagala şükür etdi, Taňra hetsiz şükranalar aýtdy.

Onda kazy:

— Eý, hatyn, men seni geň ýagdaýda gördüm! – diýdi.

Hatyny aýtdy:

— Eý, kazy, mundan ajaýyp zat bolarmy?! Iki ogluň guýa gaçyp ölüpdi. Siz parahat tagam iýsin we parahat namaz okasyn, ondan soň jynaza çykyp jaýladaryn diýip, muny

ýaşyryp goýupdym. Haktagalanyň permany bilen olar turupdyrlar.

Kazy bu sözi eşidip:

— Eý hatyn, Hudaýtagala saňa rehmet edipdir. Günäleriňi ýalkapdyr. Seniň sabyr edeniň we äriňe hormat goýanyň bereketinden bu oglanlar direlipdir – diýdi.

Her kim ýasa sabyr etse, Hudaýagalanyň ol bendä beren sogabanyň hasabynyň mukdaryny Taňrynyň özünden özge bilmez.

Ibn Mesgut (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Bir kişi azap çekip sabyr etse, Hudaýtagala ol bendäniň günäsini hazanyň we ýeliň daragtyň ýapraklaryny ýok edişi dek ýok eder.

Selman Parsy (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Resul Hudadan eşitdim. Ol jenap aýtdy: –Wagty ýetip, tene jan ajygy gelse jan aýdar: «Eý, ten, sen bu ejiz jandan näme isleýärsiň?». Onda jan ajygy aýdar: «Eý, ten we eý, jan, günä bilen başagaý bolup ýörsüň. Men seni günäden arassa etmek isleýärin».

Ondan soň jan: «Rugsat berdim. Näme etseň etgil» diýer.

Magaz ibn Jebel (Alla ondan razy bolsun!) Resul Hudadan rowaýat etdi:

Resul Huda aýtdy:

— Haktagala bendäni biçärelige duçar etse, sol golundaky perişde galamyny goýar.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Bende biçäre belent owaz bilen nala etse oňa «Lä-ilähä illalahy, Muhammet Resulalla» diýip aýdanyň sogabyny bergeý. Onuň alan demi sadakadyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy: «Üç zat behişdiň genjidir».

Owwal, syrkawlygy ýaşyrmak, ikinji, sadakany ýaşyryn bermek, üçünji, ýasy ýaşyrmakdyr.

## *OTUZ BIRINJI BAP*

## TÄRETIŇ BEÝANY

Osman (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan şeýle hadys aýtdy:

Her kim täret etse, ondan soň iki rekagat şükür namazyny we zikr okasa Haktagala ol bendäniň günälerini geçer.

Her kim täretde agzyna suw alsa, dili bilen eden günäsinden päk bolar.

Her kim ýüzüni ýuwsa, ol bende bir günä ýüz guraldan ybarat bolsa hem Haktagala ol günäni geçer.

Her kim aýagyny ýuwsa, Hudaýtagala aýak günäsini geçer. Kyýamat güni ol bendäniň ýüzi on dördi gijäniň aýy dek bolar.

Her kim täretden soň: «Subhaneke allahumme, bihamdike, eşhedu ellä ilähe illä ente wahduke lä şerike leke westagfiruke we etubu ileýke we eşhedu enne Muhammeden abyduke we resuluk» ýagny «Allatagala, saňa öwgüler ýar bolsun! Senden başga Hudaý we şärik ýokdur. Seniň günälerimizi geçirmegiňi senden soraýaryn we saňa toba edýärin. Muhammediň hem seniň Resulyňdygyna we bendäňdigine şaýatlyk edýärin» diýse, ol bendäniň amallaryny bir perişdä: «Arşa alyp bar» diýip emr eder. Ol perişde ony arşa alyp barar we oňa tä kyýamat gününe çenli möhür bolsun diýer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her bende täret alar bolsa Haktagala oňa bir perişde goýar. Ol perişde ol bendäniň ýanynda durar. Ol täreti tamam etse, ol perişde aýdar:

— Eý, bar Hudaýa, bu bende işini tamam etdi. Sen hem bu bendäniň dünýäde we ahyrýetde işini tamam et!?

Şol wagt Haktagala:

— Tamam etdim – diýer.

Eger ol bende täreti tamam etmese, ol bendä nälet eder. Her agzany üç gezek ýuwmaklyk täretiň tamam bolandygy bolar.

Pygamber alaýhyssalam aýtdy:

— Mömin bende täreti tamam etse, iki rekagat namaz okasa we hajatlaryny soramasa, onda onuň özüne zulum etdigidir. Eger ol täreti tamam edip, iki rekagat namaz okasa we hajatyny sorasa, Allatagala aýdar:

— Men onuň hajatyny gaýtarsam, oňa zulum etdigim bolar we meniň zalym adam boldugym bolar.

Ýagşyzadalar aýdýarlar:

— Bir waka boldy. Şonda Allatagala täretde dört agzany ýuwmagy parz etdi.

Ol waka şeýle boldy: Allatagala Adam atany ýaratdy. Hezreti Adam ata ýüzi bilen bugdaýa garady, goly bilen bugdaýy tutdy, aýagy bilen bugdaýa tarap ýöräp bardy. Ol bugdaýy iýdi we ondan soň toba etdi.

Ol wagt Adam alaýhyssalama Allatagala aýtdy:

— Ýüzüňi ýuwgul, ýüzüň günäsi ýok bolsun, goluňy ýuwgyl, goluň günäsi ýok bolsun. Aýagyňy ýuwgyl, aýagyň günäsi ýok bolsun. Başyňy ýuwgul, başyň günäsi ýok bolsun.

Allatagala ýene aýtdy:

— Günä dört dürlüdir: Gündiz günäsi, gije günäsi, aýan günä, ýaşyryn günä. Her kim şol dört agzasyny ýuwsa, gündiz

eden günäsini gije eden günäsini, ýaşyryn eden günäsini we aýan eden günäsini ýok eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Täret günäleri misli oduň oduny ýok edişi dek ýok eder.

Täretiň üç peýdasy bar. Owwal, günäleri ýok eder. Ikinji, Hudaýtagala razy bolar. Üçünji, täret bu bendä dowzahda perde bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, Bilal, seniň ne tagatyň bar bolsa, maňa habar bergil! Çünki men behiştde seniň köwşüň owazyny eşitdim.

Bilal aýtdy:

— Eý Resulalla, her wagt täret kylsam, iki rekagat şükür we zikr namazyny okardym.

Seýit Älem aýtdy:

— Her kim şükür we zikr namazyny okasa, ol bendäniň tagaty kabul, makamy belent bolar.

Rowaýat etdiler:

Hezreti Isa alaýhyssalam zamanynda bir hatyn bardy. Onuň hemişe täret bilen bolmak adaty bardy. Bir gün ol hatyn tamdyra nan ýapmak üçin bardy. Tamdyry gyzdyrdy. Nanyny ýapar wagtynda azan eşitdi.

Ol hatyn aýtdy:

— Nany ýapsam, namazym gijä galar. Tamdyr sowuk bolsa, ýene biraz odun bilen gyzdyraryn. Namazym gijä galmasyn – diýip namaza meşgul boldy. Ol wagt öýden ogly çykyp:

— Nan bişdimi? – diýip tamdyra garady. Eýse şeýtan ol ýerde häzir boldy. Ol çaganyň aýagyndan göterip, tamdyra taşlady. Ondan soň hatyny waswas etdi:

— Eý, hatyn, şu wagt namazyň wagtymydyr? Tamdyryň haýryndan aýryldyň – diýip her wagt ses etdi.

Hatyn köňlüni bermedi. Ahyr şeýtan öz hakyky görnüşinde boldy. Ol wagt şeýtan ol çaganyň gulagyndan tutup burdy. Ol çaga çyrlap aglady.

Şeýtan şol wagt:

— Eý, hatyn, namazyňy bozman, näme iş edip otyrsyň? Çagaň tamdyrda köýüp ýatyr. Namaz her wagtda-da tapylar, çaga tapylmaz – diýdi.

Emma ol hatyn üns bermedi.

Şeýtan ýene:

— Tamdyrdan çagaňy algyn – diýen sesi aýtdy.

Hatyn:

— Meniň çagam Hudaýtagala üçin pida bolsun. Haktagalanyň zikri-senasy bir çaga barabar bolmaz – diýip, namazyny bozmady. Şol wagt ol hatynyň äri nan üçin tamdyra geldi. Tamdyryň içine garady, görse, tamdyryň içinde balasy otlary kakyşdyryp oýnap otyr. Ol wagt haýran boldy. Ol Hezreti Isa alaýhyssalamyň ýanyna bardy.

Hezreti Isa alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Hudaýyň bendesi, nähili geň iş gördüň?

Ol äriniň gören wakasyny äşgär etdi. Onda Hezreti Isa alaýhyssalam ol wakany görmek üçin tamdyryň ýanyna bardy. Görse, çaga tamdyryň içinde ot oýnap otyr. Şol wagt Isa alaýhyssalam ol hatynyň ýanyna geldi.

Oňa aýtdy:

— Eý, hatyn, syryňy aýtgyn?! Näme tagat etdiň? Sende bu keramatlar nähili peýda boldy?

Ol wagt hatyn aýtdy:

— Ýa Resulalla, üç işim bardyr. Hergiz ol işlerimi terk eden wagtym ýokdur. Hemişe täretli ýöreýärin. Ikinji, dünýä işi bilen ahyrýet işi bir gelse, dünýä işini goýup, ahyrýet işini edýärin. Üçünji – Allatagalanyň beren nygmatyna razy bolýaryn we bela sabyr edýärin.

Hezreti Isa alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, hatyn, eger är bolsaňdyň onda pygamber bolardyň! Her kim bu üç işi etse, dünýäde we ahyrýetde azapdan aman bolar – diýdi.

Hudaýtagala hemmäni amanda etgeý. Ämin. Ýa repbil älemin!

## *OTUZ IKINJI BAP*

## MISWAKY ULANMAGYŇ SOGAPLARYNYŇ (DIŞ ARASSALANÝAN ÇÖP) BEÝANY

Abu Bekr Syddyk (Alla ondan razy bolsun!), Resul alaýhyssalam bilen gürrüň etdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Täret imanyň ýarysydyr. Namaz hem imanyň beýleki ýarymydyr. Her wagt iman olarsyz zyýada bolmaz. Bu söz oňa mysaldyr. Namaz täretsiz dürs bolmaz, täret namazsyz dürs bolmaz. Ýagny bende namaz okamasa, imany bozular. Eger bende binamaz ýörse, imany öz-özünden bozular Emma täretiň kämilligi miswak bilendir.

Seýit Älem aýtdy:

— Miswakly okalan iki rekagat namaz, miswaksyz okalan ýetmiş müň rekagat namazdan ýagşyrakdyr. Namazy selleli okamak hem şonuň ýaly bolar.

Seýit Älem ýene aýtdy:

— Miswakyň ýigrimi bäş häsiýeti bardyr: Owwal, agzyňy arassa eder. Ikinji, Hudaýtagala razy bolar. Üçünji, perişdeler şat bolar. Dördünji, gözi röwşen bolar. Bäşinji, dişi arassa bolar. Altynjy, miswakly iki rekagat okan namazyň, miswaksyz ýetmiş müň rekagat namaz okandan sogaplydyr. Ýedinji, dişi mäkäm bolar. Sekizinji, ryzkyň giňligi girer we darlygy çykar. Dokuzynjy, agzyň ýaman ysyny ýok eder. Onunjy, dişiň etini

mäkäm eder. On birinji, diş agyryny ýok eder. On ikinji, metjide barýançaň we gelýänçän perişdeler goragçy bolar. On dördünji, bu bende üçin arşy göteren perişdeler günäsini geçmegini Taňrydan sorar. On bäşinji, hemme pygamberlere we erenlere beren sogabyny berer. On altynjy, ol bendäniň agzyna behişt ysyndan bir ys berer. On ýedinji, ol bendäniň namaz amalyna şol zamandan tä kyýamata çenli ötjek adamlaryň sanyça köp sogaplar ýazylar. On sekizinji, ol bende üçin ýedi dowzahyň işigini baglar. On dokuzynjy, jemi pygamberler onuň üçin günäsini sorarlar. Ýigriminji, ölüm perişdesi onuň janyny ýeňillik we päklik bilen alar. Ýigrimi birinji, ölüm perişdesi janyny alar bolsa öz suraty bilen bolup almaz, pygamberler suratynda bolup alar. Ýigrimi ikinji, bu dünýäden jany çykmazdan öň jamdan jennetiň päk şerabyny içer. Ýigrimi üçünji, ol bende her zady öwrense hergiz unutmaz. Ýigrimi dördünji, ol bende ölse göri giň bolar we bu dünýäniň giňliginden zyýada bolar. Ýigrimi bäşinji, ol bendä ýeriň zatlary azar bermez. Ýene ol bendä pygambere beren sogaplaryndan berer. Ol bende hasapsyz behişde girer.

Muhammet bin Yshak rowaýat etdi:

— Bir gün Resul alaýhyssalam ýaranlary bilen otyrdy. Bir kapyr hatyn ötüp barýardy. Elinde süýt emdirýän çagasy bardy. Hatyn: «Resul Hudany görmäýin» diýip ýüzüni öwürdi. Şol wagtda Haktagala ol oglana dil berdi. Ol çaga şol wagt Resul alaýhyssalama salam berdi.

Resul alaýhyssalam hem:

— Waleýkum essalam! – diýip jogap berdi. Ol wagt Resul Huda aýtdy:

— Eý, oglan, meniň Resulalla ekenligimi kim bildirdi?

Onda oglan aýtdy:

— Haktagala bildirdi.

Şol wagt hatyn oglandaky bu wakany gördi we geň galdy.

Resul alaýhyssalam:

— Eý oglan, seniň adyň Abdylla bolsun – diýdi.

Onda ol oglan:

— Ýagşy bolar – diýip tagzym etdi.

Ondan soň oglan ýene:

— Ýa Resulalla, siz maňa at goýduňyz, indi maňa dileg hem ediň. Men behiştde siziň hyzmatkäriňiz bolaýyn – diýdi.

Resul Huda oňa dileg etdi.

Oglan ýene:

— Ýa Resulalla! Her kim saňa ynansa, seniň sünnetiňe gol ursa, ol bende bagtly bolar. Dünýäde we ahyrýetde her kim seniň sünnetiňi terk etse, betbagt bolar diýdi.

Ol bir ah urdy we jan berdi.

Ol wagt hatyn aýtdy:

— Eý, ten, gördüňmi? Süýt emip duran çaga hakykat keramaty görkezip Haktagala jan tabşyrdy.

— Muhammediň pygamberligine şek-şübhe ýok. Janyň teniňde duran wagtynda musulman bolawer – diýdi.

Ol hatyn:

— Ýa Resulalla! Meni hem imana sal! – diýdi.

Ol wagt Resulalla keleme şahadaty aýtdy. Hatyn hem ony gaýtalap: «Lä-illahä illallahu, Muhammet Resulalla, eşhedu enlä ilähe illallahu we eşhedu enne Muhammeden abduhu we Resuluh» diýip musulman boldy.

Hatyn ýene:

— Haýp, men gapyl bolup, niçe ýyllar ömrümi zaýa edip, duşmançylyk bilen ötüripdirin. Haktagala, indi maňa rehmet edewer! – diýdi.

Ol wagt Haktagala aýtdy:

— Eý, hatyn, Hudaýtagalanyň rehmeti saňa boldy. Behiştden saňa hem ýer boldy. Hüýrler saňa tomaşa gelipdirler – diýdi.

Ol hatyn bu sözi eşidip iki-üç sapar ah etdi we Haktagalanyň takdyry bilen şol wagt jan berdi.

Resul alaýhyssalam ol hatyny ol oglan bilen bile ýuwdurdy. Jynaza namazyny okadylar. Ikisini birlikde bir ýerde goýdular.

Her kim amal etse, ol hatyn dek bagtly bolup dünýäden öter – diýdiler.

## *OUTZ ÜÇÜNJI BAP*

## AZANYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Bir kişi Resul alaýhyssalam ýanyna geldi we aýtdy:

— Ýa Resulalla, maňa bir iş buýursaň. Ol iş sebäpli men behişde barsam – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kowmuňa azançy bol.

Ol kişi aýtdy:

— Gudratym ýetmez.

Resul Huda aýtdy:

— Kowmuňa ymam bol.

Ol kişi ýene aýtdy:

— Gudratym ýetmez.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Onda owwalky hatarda ymamyň yzynda durgyn.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Azança onuň aýdan azanynyň owazynyň ýeten ýerindäki janly we jansyz her ne mahlukat bar bolsa, hemmesi istygpar aýdarlar.

Her wagty kyýamat güni bolsa, azançylaryň gadyry hemmeden belent bolar.

Her kim Hudaý üçin azan aýtsa, oňa dowzah haram bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamat güni azançylar Byraga münerler. Arasat halky onuň üstünde hoşwagt we şady-horram bolarlar. Ol wagt her kim biri-birinden:

— Bu haýsy pygamber, ýa haýsy şehit? – diýip sorarlar.

Haktagala aýdar:

— Bu kişi pygamberem, şehidem däldir. Ýöne ol dünýäde meniň üçin azan aýdan adamdyr – diýer.

Kyýamat güni ilki pygamberlere, ondan soň ulamalara, ondan soň bolsa azançylara hülle geýdirerler. Her kişi azan aýtsa, ol jaýdan şeýtan gaçar.

Resul alaýhyssalam hezreti Bilal Hebeşä (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Men Seýit Älemden-azançyda on häsiýet bolmasa ol azanyň sogabyny tapmaz diýip eşidipdim. Owwal, wagtyny bilmek gerek. Ikinji, ol azanda ýaltalyk etmesin. Üçünji, azanyň sogabyny Alatagaladan talap etmesin. Dördünji, halka emr märuf etsin. Bäşinji, azançynyň özi bolmasa wagtynda başga biri azan aýtsa, ýaman görmesin. Altynjy, azançy metjide habardar bolsun. Metjidi päkize saklasyn. Ýedinji, azany dürs okasyn. Sekizinji, azandan soň wagty bolýança tiz namaz okamasyn, jemagat taýýar bolýança garaşsyn. Dokuzynjy, metjide myhman gelse, ýagşy garasyn. Onunjy, azany çekip aýtsyn, gysga edip aýtmasyn.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Ymama on häsiýet gerek. Owwal kyragaty dürs okamaly. Eger bir mömin galat aýtsa, oňa «ýok" diýip böwet bolmaly. Ikinji, tekbirleri yhlasly, ýürek bilen aýtgaý. Üçünji, rukug sejdäni jaýba-jaý getirgeý. Dördünji, teniňi we donuňy hapadan ýagşy saklagaý. Bäşinji, Ymam kyraty kowum gynalmaz dek etgeý. Altynjy, mylaýym bolsun we her bir kowum bilen urşup ýörmegeý. Ýedinji, namaz wagty ýakyn bolýança jemagata garagaý. Sekizinji, dilegi hemme halka

etgeý. Dokuzynjy, metjide bir garyp gelse, onuň halyndan habardar bolgaý. Her näme hajaty bolsa, goluňdan gelse, ýerine ýetirgeý.

Onunjy, takwa bolgaý.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Täleý açýan adam ymamyň yzynda durup namaz okasa, onuň namazy halanylmaz we dürs bolmaz.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Bäş dürli halk behişde girer. Owwal, hatyn ärini razy etse, ikinji, perzentleri ata-enäniň emrinde bolsa, üçünji, ol kişi öýünde ençe zeruryýet mesele bilip, ondan soň Käbäni ygtyýar edip, Käbe ýolunda ölse. Dördünji, kişilere sahy bolsa. Bäşinji, ol kişi Hudaýtagalanyň razylygy üçin azançy bolup dursa.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Haçan-da azançylar azan aýtsa ýuwaş-ýuwaş[1] aýtgaý. Azançy: «Haýýa alassalat – (Namaza howlugyň) diýen wagtynda eşiden bendeler: «lä howle wela kuwwete ilä billähil alyýýyl azym (Ähli güýç kuwwat Beýik Allanyň elindedir)» diýgeý. Haçan-da azançy: «Haýýa alel felah» (Halas bolmaklyga howlugyň)» diýende eşidiji bendeler: «Mä şä Allahu känä mä lem ýeşä lem ýekun – (Allanyň isläni bolar, islemedigi bolmaz)» diýgeý. Ondan soň Haktagala azança näçe mukdar sogap berse, ol eşidijä azançynyň edenini gaýtalany üçin hem şol mukdar sogap bergeý.

Bir gün Harun Reşit[2] patyşa Zübeýda hatyn bilen oýunçylaryň owazyna maýyl bolup otyrdy. Azançy azan aýtdy. Zübeýda oýunçylaryň owazyny goýdurdy. Birnäçe wagtdan soň Zübeýda hatyn dünýäden ötdi.

Bir gün ol bir eziziň düýşüne girdi. Ol eziz:

---

[1] Ýagny, sozup-sozup.

[2] Harun Reşit - apbaslylar neberesinden bolan meşhur halypa (808-nji ýylda ölen).

— Eý, Zübeýda, Hudaýtagala saňa näme iş etdi? – diýip sorady.

Ol wagt Zübeýda hatyn:

— Eý, eziz, men Mekgäniň ýolunda köp guýylary gazdyrdym we köp haýyrly işleri etdim. Emma maňa hiç birinden peýda bolmady. Onuň hemmesi kişiniň haky eken.

Bir wagt oýunçylarym bilen otyrdym. Azançy azan aýtdy. Men oýunçylaryň owazyny goýdurdym. Azandan soň eşitdim. Şol işimiň sogabyny Haktagala saklan ekeni. Azançynyň mertebesinden azan eşideniň mertebesi belent ekeni – diýdi.

Bir gün Äşe (ondan Taňry razy bolsun!) aýtdy:

— Men bir gün kyýamat gününi düýşümde gördüm. Bir hatyny getirip, ol hatynyň amalyny ölçediler. Ol hatynyň amaly Uhut dagyndan agyr boldy.

Men ol hatyndan:

— Adyň nämedir? – diýip soradym. Ol hatyn:

— Meniň adym Zöhredir – diýdi.

Ol halda men ukydan oýandym. Ondan soň adamlar haja ýörediler. Men hem ýöredim. Käbä bardym. Görsem, halaýyklar jem bolupdyr.

Ol wagt men:

— Eý, jemagatlar! Bu halaýyklaryň arasynda Zöhre atly hatyn barmy? – diýip jar çekdirip soradym.

Ol hajylar:

— Zöhre atly hatyn barmy? – diýip owaz etdiler. Ol halda bir hatyn geldi we:

— Meniň adym Zöhredir – diýdi.

Şol wagt ol jarçy aýtdy:

— Seni bibi Äşe (Alla ondan razy bolsun!) soraýar.

Ol halda ol hatyn bibi Äşäniň ýanyna geldi we oňa salam berdi.

Äşä aýtdy:

— Eý, Zöhre, sen näme amal etdiň? Men seni düýşümde gördüm. Seniň amalyňy terezä saldylar weli, ol Uhut dagyndan agyr geldi.

Şol wagt Zöhre:

— Eý, Äşe, men hergiz saçymy nämähreme görkezmedim, ärimden birugsat hiç iş etmedim – diýdi.

Ol ýene: Azan wagtynda hiç iş etmedim we söz sözlemedim. Men azançy azany aýdyp bolandan soň namaza meşgul bolýardym. Ýene golumda her näme bolsa, biri sorasa, ol zat az hem bolsa berýärdim. Ýagny bir lukmadan zyýada bolsa. Eý, Äşe, meniň işim şunuň ýalydyr – diýdi.

Ol wagtda bibi Äşe aýtdy:

— Bargyl, Huda ýaryň bolsun! Şol işden aýrylma! Behişt saňa ýaran bolsun! – diýdi.

Seýit Älem aýtdy:

— Her kim Hudaýtagalanyň emrini şunuň ýaly tutsa, onda oňa Behişt wajyp bolar we dowzahyň ody oňa haram bolar.

## *OTUZ DÖRDÜNJI BAP*

## JUMA NAMAZYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Günleriň ýagşysy anna günüdir. Allatagala Hezreti Adamy anna güni ýaratdy we ýene Adamy behiştden anna güni çykardy. Ysrafyl alaýhyssalam suryna juma güni dem berer.

Her kim anna güni Resul alaýhyssalama salawat iberse, kyýamat güni ol bendäniň ýüzi on dördünji gije dogan Aý dek bolar.

Her kim anna gijesi salawat aýtsa, Resul alaýhyssalam mübärek gollary bilen onuň salawatyny kabul edip alar.

Salyh Merwi diýen bir kişi anna gijesi görüstana zyýarata barypdyr. Ondan soň iki rekagat namaz okapdyr. Ondan soň bolsa metjitde bolupdyr. Ol ýerde birnäçe wagt oturypdyr. Eýse ukysy tutupdyr. Görse, şol ähli görüstanyň adamlary halka gurap şady-horramçylyk bilen otyrlar. Ol halda men bir ýigidi gördüm. Adamlardan daşgary gamgynlyk bilen oturypdyr. Egninde köne eşigi bar. Şol wagt ol halka gurap oturan adamlara tabak-tabak tagamlar we päkize donlar geldi. Emma ol ýigide hiç zat gelmedi. Ol jemagatlar tagamlaryndan oňa bermediler. Men ol kişiniň gaşyna bardym. Ol ýigitden soradym:

— Bu tagamlardan size näme üçin bermediler?

Ol ýigit aýtdy:

— Men bu görüstanyň adamlaryndan däldirin. Bularyň garyndaşlary her hepdede dileg edýärler we Gurhan okap, bular üçin sadaka berýärler. Onuň sogaby bulara lybas bolýar. Men garyp bu şäherden däldirin. Arada haç kylyp ýördüm. Şu şähere gelenimden soň öldüm. Meni adamlar şu görüstanda goýdular. Meniň atam ölüpdi. Enem meni unutdy. Her anna gijeleri bu jemagatlara tagam gelip dur. Maňa hiç zat gelmeýär – diýip aglaý-aglaý görüne girip ýatdy.

Ondan soň men ol ýigidiň enesiniň jaýyny we adyny soradym. Ol maňa aýtdy. Men ony yzlap tapdym. Görsem, bir garry hatyn ekeni.

Men oňa aýtdym:

— Eý, mama, ogluň barmy?

Ol aýtdy:

— Oglum bar. Käbä gidipdi. Käbe ýolunda ölüpdir. Men ol hatyna oglunyň wakasyny beýan etdim. Ol wagt ol hatyn bir ah urdy we aglap aýtdy:

— Haýp, oglumy unudan ekenim – diýdi.

Ondan soň ol sorady:

— Eý, adam, seniň adyň nämedir? – diýdi.

Men aýtdym:

— Meniň adym Salyh Merwidir.

Ol hatyn aýtdy:

— Men seni namazhon diýip eşidipdim.

Ol maňa on müň tylla berdi we aýtdy:

— Eý, Salyh, sen öz goluň bilen oglum üçin sadaka etgin – diýdi.

Men on müň tyllany onuň üçin ýagşy jemagatlara sarp etdim. Ondan soň ýene bir gün anna gijesi görüstana bardym. Ol görüstana zyýarat etdim. Ondan soň ukladym. Düýşümde ýene ol ýigidi gördüm. Ol hoşwagt, ýüzleri päkize, merdana oturypdyr. Ol meni görip, ýöräp ýanyma geldi we aýtdy:

— Eý, Salyh, Hudaýtagala saňa rehmet etsin! Ol wagt biziň ahwalymyzy hossarlarymyza habardar etdiň. Seniň delalatyň bilen görüň muşakgatyndan halas boldum we Hudaýtagalanyň rehmetine dahyl boldum – diýdi.

Men aýtdym:

— Eý, ýigit, siz anna gijesini nireden bilýärsiňiz?

Ol aýtdy:

— Ölüleriň barysy bilýärler. Ony howadaky guşlar hem bilýärler – diýdi.

Mütran Şejerden rowaýat etdiler.

Ol aýtdy:

— Men bir gün anna gijesi bir görüstandan ötüp barýardym. Bir bölek jemagatlar aglaşyp durdylar. Men olara salam berdim. Olar salamymy almadylar. Olar:

— Sen Mütran Şejeriň oglusyň – diýdiler.

Men olara ýene salam berdim. Olar ýene salamymy almadylar.

Men olara aýtdym:

— Eý, jemagatlar, meniň atamyň adyny nireden bildiňiz? Näme üçin siz meniň salamymy almadyňyz?

Olar aýtdylar:

— Biz ölüleriň sahypalary kesilipdir. Bizden salama jogap ýokdur.

Men ýene olara aýtdym:

— Siz näme üçin ýalaňaç ýörsiňiz?

Olar aýtdylar:

— Kepenlerimiz köne boldy. Garyndaşlarymyzdan hiç zat gelmedi.

Mütran Şejer olara aýtdy:

— Siz näme üçin jem bolup dursuňyz?

Olar aýtdylar:

— Biz bir taýpanyň adamlarydyrys. Biziň hemmämiz bir barýarys we hemmämiz hem bir gaýdýarys.

Ýene men olara aýtdym:

— Siz näme üçin är-aýal ýaly biri-biriňizden uýalmaýarsyňyz? Siziň bedenleriňiz ýalaňaç.

Olar aýtdylar:

— Ölüm ajygyndan akylymyz gidipdir. Haýsymyz är, haýsymyz hatyn, bilmeýäris.

Olar aýtdylar:

— Haktagala juma gijesi bize rugsat beripdir. Biz bir taýpa bolup garyndaşlarymyzyň işigine barýarys. Işikde bir sagat garaşyp durýarys. Biz: «Eý, garyndaşlar, bize dileg ediň, Gurhan okaň we sadaka beriň» diýip zarlaşyp durýarys. Olar bize dileg etmeseler biziň kepenlerimiz köne bolupdyr we bedenlerimiz çorlapdyr. Özleri günde nahar iýerler. Donlar geýerler. Bizden habardar bolmaýarlar. Eý Mütran! Biziň saňa bir hajatymyz bar ony etgil.

Men aýtdym:

— Eý, jemagatlar, näme hajatyňyz bar?

Olar aýtdylar:

— Sen biziň jemagatlarymyzyň tarapyndan garyndaşlarymyza emr magruf etseňiz.

Olar emr magruf diňläp, biziň ruhymyza dileg etseler – diýdi. Ol wagt men ol jemagatlaryň garyndaşlaryna emr magruf etdim. Ol emr magrufy diňläp, indi olar dileg edip durlar, sadaka berip durlar. Ondan soň olardan habar alsam, olar hem şadyman bolupdyrlar we päkize donlar geýip hoşwagt bolupdyrlar.

## *OTUZ BÄŞINJI BAP*

## JEMAGAT BILEN OKALÝAN NAMAZYNYŇ ARTYKMAÇLYGYNYŇ BEÝANY

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalam bilen gürrüň etdi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eger namaz okar bolsalar her bende metjide garny bilen süýşip baryp, jemagat bilen namaz okasa, kyýamat güni Syratdan misli ýyldyrym dek öter. Ol bendäniň ýüzi on dördi gijede dogan aý dek bolar.

Abdylla atly bir kör sahaba bardy. Ol Resul alaýhyssalamdan sowal sorady:

— Ýa Resulalla, gözüm ýok, namazy tenha öýde okasam bolarmy?

Seýit Älem aýtdy:

— Azany eşidýärmiň?

Ol sahaba:

— Hawa, azany eşidýärin – diýdi.

Onda Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Saňa metjide barmak zerur eken. Eger gelseň, birinji tekbiriň sogabyny taparsyň.

Ol aýtdy:

— Birinji tekbiriň sogaby nähili mukdarda bolar?

Seýit Älem aýtdy:

— Birinji tekbiriň sogabynyň hiç hasaby ýokdur. Emma men saňa bir zat aýdaýyn. Kyýamat güni ähli amalyňy terezä salanda ähli eden tagatlaryňy bir ýerde goýup, jemagat bilen okan namazyň sogabyny tereziniň bir tarapyna salsa we beýleki bir tarapyna ýedi gat Asmany, ýedi gat Ýeri, uçmahy, dowzahy, Arşy, Kürsi, Lowhy, Galamy, jemi perişdeleri, jemi daglary, jemi daragtlary jemi adamlary, jynlary, jemi derýa-deňizleri we jemi asmandaky we ýerdäki mahluklary salsalar, tagatyňdan ol jemagat bilen okan namazyň sogaby agyr geler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamat güni dört dürli adamlara hiç hili rugsat ýokdur. Olary göni dowzaha ibererler:

Owwal ol kişä haj parz bolup, oňa barmasa. Ikinji, ol kişi taýýar tagamy myhmandan alyp galsa, ol mömine tagam bermän ugratsa. Üçünji, ol kişi kim – emr magruf bilip, ony adamlara aýtmasa. Dördünji, azan eşidip, ony jemagata mälim etmese. Ýene biri namazyny okasa we şol wagt çyksa.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim namaz okasa metjitden tiz çyksa, bilgil, ol kişi ikiýüzlüdir. Eger ikiýüzli bolmasa hem ikiýüzli hatarynda bolar. Onuň üçin ikiýüzli metjide girse, guşy kapasa salan dek bolar. Guş kapasda nähili bitakat bolsa, ikiýüzli hem metjide girse, şonuň ýaly bitakat bolar. Mömin metjide girse, balyk suwa giren dek bolar.

Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir kişi geldi we aýtdy:

— Ýa Resulalla, dünýäde ýagşy jaý haýsydyr?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men Jebraýyldan sowal soraýyn.

Ol wagtda Jebraýyl geldi. Seýit Älem Jebraýyldan:

— Eý, gardaşym Jebraýyl, dünýäde ýagşy jaý haýsydyr, ýaman jaý haýsydyr? – diýdi.

Ol wagt Jebraýyl aýtdy:

— Men Haktagaladan sowal edeýin – diýdi.

Jebraýyl Haktagaladan sowal sorady:

— Ýa Rebbil älemin dünýäde ýagşy jaý haýsydyr, ýaman jaý haýsydyr?

Haktagala aýtdy:

— Dünýäde ýagşy jaý metjitdir, ýaman jaý bolsa bazardyr. Bendelerimiň ýagşysy metjide adamlardan öň barar we olardan soň gaýdar. Bendelerimiň ýamany metjide barar bolsa adamlardan soň bararlar we olardan öň çykarlar. Ol bendäm meniň duşmanym bolar, şeýtanyň bolsa dosty bolar. Her kim maňa duşman bolsa, şeýtana dost bolar. Ol bendäme behişdiň didary haram bolar.

Hezreti Aly (beýik Taňry onuň ýüzüni nurana etsin!) aýtdy:

— Eger adamlar ertir namazyny okandan soň gün çykýança metjitde oturanyň sogabyny bilsediler, onda olar metjidiň üçegi üstüne ýykylsa hem ondan çykmazdylar. Ýene Resul alaýhyssalamdan eşitdim. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her mömin bende erte namazyny okasa, ondan soň Gün çykýança metjitde otursa, Käbäni togap edeniň sogabyny berer. Ýene ýüz guly azat edeniň sogabyny Hudaýyň razylygy üçin berer. Ýene ol bendäniň günäleri derýalaryň köpüginden köp bolsa-da, çölleriň çägesinden köp bolsa-da, asmanyň ýyldyzlarynyň sanyndan köp bolsa-da, ýagan ýagmyryň damjasynyň sanyndan köp bolsa-da onuň günäsini geçer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Sogap ol kişä bolar:

Ol bende gün çykýança metjitde otursa, dünýä sözüni sözlemese, tä gün naýza boýy bolýança Hudaýtagalanyň ýady bilen bolsa. Haktagala bendelerine şunuň ýaly mähribanlyk edipdir. Ol mähribanlykdan bendäniň habary ýokdur.

Emma onuň ömri zaýa bolup barýandyr. Şonda hem ol Hudaýtagalanyň bendeçiligine meşgul bolanok. Onuň bendeçilik bilen perwaýy ýok. Ýaş bolsa: «Uly bolaýyn» diýer. Uly bolsa: «Sakgalym agarsyn» diýer. Eger sakgaly agaran bolsa: «Bilim bükülsin» diýer. Bili bükülse hem Haktagala bendeçilik etmez. Olar dünýäde renç-muşakgatlar çekdik, malsyz bolduk, perzentsiz bolduk we hassa bolduk. Biz bu dünýäde näme gördük, hiç zat görmedik. Sakgalymyz şol işler sebäpli agardy – diýerler. Ömürleri ötenden habarlary bolmaz.

Emma bu sakgalyň agarmagy ölümiň ilçisidir. Ondan habarlary bolmaz. Hudaýtagala birine ilçini ir iberer, birine giç iberer, ýöne olaryň ondan habarlary bolmaz.

Rowaýat etdiler:

Dawut alaýhyssalama Ezraýyl alaýhyssalam ýolukdy. Dawut alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, Ezraýyl, sen meniň janymy almazdan öň maňa: «Dawudyň janyny almaga barýaryn» diýip habar iber.

Ezraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Ýagşy bolar.

Dawut alaýhyssalamyň 99 sany hatyny bardy. Ol günüň bir bölek wagtyny öý işine, bir bölek wagtyny adamlaryň maslahatyna we ýene bir bölek wagtyny bolsa ybadata goýýardy. Jaýyň üstünde onuň ybadathanasy bardy. Ol ybadathana baryp, işigi mäkäm etdi. Şol mertebe bilen birnäçe ýyllar ybadat etdi. Bir gün ol işden boşap, ybadathana barmak üçin merduwana çykyp barýardy. Şol wagt Ezraýyl merduwanyň ýokarsyndan düşüp gelýärdi. Ikisi ýüzbe-ýüz boldular. Dawut alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, Ezraýyl, näme işe geldiň?

Ezraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Janyňy almak üçin geldim.

Dawut alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, Ezraýyl, ikimiziň eden wadamyz hany? Men size meniň janymy almazdan öň ilçi iber – diýip aýdypdym.

Onda Ezraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Men köp gezek ilçi iberdim.

Dawut alaýhyssalam aýtdy:

— Maňa hiç hili ilçi gelmedi.

Ezraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Sakgalyňa ak düşdi, ol ölümiň ilçisidir. Gözüň görmekden galdy, ol hem ölümiň ilçisidir. Dogry biliň egri boldy, ol hem ölümiň ilçisidir. Dişleriň kuwwaty gitdi, ol hem ölümiň ilçisidir. Ýöremekden galdyň, ol hem ölümiň ilçisidir. Bulardan başga hem ýagşy ilçi bolarmy? – diýdi.

Dawut alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, Ezraýyl, maňa möhlet bergil, iki rekagat namaz okaýyn.

Ezraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Ybadatdan galdyň, namaz okamaga pursat ýokdur.

Dawut alaýhyssalam aýtdy:

— Namaz okatmasaň öýüme ibergil, ähli aýalym bilen razylaşyp öleýin.

Ezraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Eý, Dawut, kitapda: «Ajalyň wagty gelse, ol seni gijä goýmaz» diýip okamadyňmy?

Dawut aýtdy:

— Eý, Ezraýyl, hiç bolmasa, golumdaky küýzeden bir suw içeýin.

Ezraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Indi saňa ryzk ýokdur. Seniň bilen munça sözleşmek – hemmesi Hudaýtagalanyň takdyrydyr. Eger ol «ýok» diýse, göz açyp-ýumýançaň pursat bermezdim. Janyňy alardym.

Ezraýyl alaýhyssalam Dawudyň janyny merduwanyň üstüne aldy.

Resul Huda aýtdy:

Bir gün maňa Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy: «Eý Muhammet, Hudaýtagala saňa salam iberdi. Salamdan soň hiç bir pygambere ibermedik iki sany sowgadyny iberdi» diýdi. Men aýtdym:

— Ol iki sowgat nämedir?

Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Ol sowgadyň biri jemagat bilen okalýan namaz, ikinjisi wajyp namazy.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men Jebraýyldan sowal soradym: «Namazy jemagat bilen bile okanyň sogaby nämedir?».

Ol aýtdy:

— Kowum iki kişi bolsa, her rekagata ýüz ýylyň namaz rekagatyny okanyň sogabyny berer. Kowum üç kişi bolsa iki ýüz rekagat namazyň sogabyny berer. Eger ýedi kişi bolsa, her rekagata iki müň sekiz ýüz rekagat namazyň sogabyny berer. Eger kowum on kişi bolsa, her rekagata otuz alty müň rekagat namazyň sogabyny berer. Ýene otuz alty müň şäheristan berer we otuz alty müň hüýr aýyn, Gün we Aý berer. Eger onuň mukdary ondan hem zyýada bolsa, eger hemme derýalar syýa bolsa, hemme daragtlar galam bolsa, hemme adamlar we periler ýazyjy bolsalar, bir rekagat namazyň sogabyny ýazyp eda edip bilmezler.

Sagyt bin Museýýep (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy. Ol kyrk ýyl arakesmesiz Medinede Resul ekrem metjidinde boldy. Namazy jemagat bilen okady. Bir namaz geçdi. Ýagny bir gün metjide geldi. Täreti bozuldy. Täret almaga gitdi. Täret alyp geldi. Tamam halk namaz okap bolupdyr. Jemagat bilen namaz okamaga bir kişi tapmady. Bir ah urdy. Bihuş bolup ýykyldy. Birnäçe wagt ötenden soň, özüne geldi. Eýse gulagyna bir owaz geldi:

— Eý, Sagyt, turgyl, namazyňy tenha okagyl, sen jemagatdan galanyň üçin munça gam iýdiň. Şonuň üçin jemagat bilen okan namazyň sogabyny tapdyň.

Ondan soň ol ýerinden turup, namazyny okady.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim namazy jemagat bilen okasa Haktagala ol bendäni dost tutar. Giç ýatsa, Haktagala ol bendäniň günäsini ýalkar. Ertir turup namazyny jemagat bilen okasa, Haktagala ol bendäniň gije eden günäsini ýalkar. Her wagt ol ölse şehit öleniň sogabyny berer. Haktagala ol bendäniň görüni giň eder, behişdiň baglaryndan berer. Ýene ol bende öler wagtynda behişdiň jaýyny görmän, jany çykmaz. Kyýamat güni ol bende garyndaşlaryndan müň kişiniň günäsine şepagat eder. Ol Gün naýza boýy galanda, ol bende Arşyň saýasynda bir bölek jemagat bilen oturar. Ol hakyna keramatly aýat gelip duran adamlardyr. La howfe aleýhum we lä hum ýahzenun. (Olara hiç bir gorky ýokdur we olar hiç haçan gaýgylanmazlar).

Abdylla ibn Apbasdan (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat edip aýtdylar:

— Men bir gün Resul alaýhyssalam bilen otyrdym. Abu Umama Resul alaýhyssalamyň ýanyna aglap geldi.

Şol wagt Resul alaýhyssalam:

— Eý, Abu Umama, näme üçin aglaýarsyň? – diýip sorady.

Abu Umama aýtdy:

— Ýa Resulalla, näme üçin aglamaýyn?! Müň düýe malymy Magryba[1] iberipdim. Söwdasyny ýerleşdirip gelýärkä Mekgäniň araplary çykyp, gullarymy, düýelerimi, harytlarym bilen alyp gidipdirler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

---

[1] Magryp - Gündogar ýurtlarynyň umumy ady.

— Eý, Abu Umama, ýok bolsa malyň ýok bolsun! Men jemagat bilen okan namazyň ýok boldumyka diýip gorkdum.

Onda Abu Umama aýtdy:

— Eý, Resulalla, men bu maly haýyr sahawat etmek üçin getiripdim. Bu maly haýyr edeniň sogaby köpmi ýa jemagat bilen namaz okanyň sogaby köpmi?

Onda Resul alaýhyssalam:

— Eý, Abu Umama, Haktagala saňa bu dünýäniň içini dolduryp düýe berse, ol düýeleriň hemmesiniň ýüki tylla bolsa, ol düýeleri ýüki bilen Hudaýtagalanyň razylygy üçin haýyr etseň, heniz onuň sogabyna barabar bolmaz – diýdi.

Bir gün Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir adam geldi we aýtdy:

— Ýa Resulalla, men ölümden zyýada gorkýaryn, näme edeýin? – diýdi.

Resul alaýhyssalam:

— Namazy jemagat bilen okagyl – diýdi.

Ol adam:

— Jemagat bilen okaýaryn – diýdi.

Resul alaýhyssalam:

— Jemagatdan galsaň gamgyn bolgun – diýdi.

Ol aýtdy:

— Men şonuň ýaly ederin – diýdi.

Onda Resul alaýhyssalam:

— Onuň ýaly bolsa, bargyl, hiç gamyň ýok. Her ýerde Huda ýaryň bolsun! – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eger ymmatymdan bir bende tamam ymmatynyň namazyny okasa, tamam orazasyny tutsa we tamam hajatyny berjaý etse we tamam ymmatynyň tagatyny etse, emma jemagat bilen okalýan namaza barmasa, kyýamat güni ol bendäni Hudaýtagala dowzaha iberer. Haktagala ol bendä

garamaz. Dünýäde we ahyrýetde bar eden amalyny kabul etmez.

Şyh Hasan Basry (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamyň şu hadysyny beýan etdi:

Eger mömim bende namazy jemagat bilen okamasa, dowzahda müň ýyl galar. Ondan soň Resul alaýhyssalam şepagat eder. Olary dowzah ataşyndan halas eder. Eger binamaz ýörese hem haly şunuň ýalydyr. Eger bende hemişe namazy okamasa, imany ilki gider. Ondan Hudaý saklasyn!

Hezreti Omardan (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdiler:

Abu Luwluw bin Hudeýla Omaryň sekiz ýerinden pyçak urdy. Pyçak onuň böwründen ötüp, garnyny ýardy. Oňa jerrah (hirurg) getirdiler. Jerrah onuň garnyny tikdi. Biraz wagtdan soň namaz wagty boldy. Ol:

— Meni turzuň, namazymy okaýyn – diýdi.

Onuň ýaralaryndan gan akyp durdy.

Jerrah aýtdy:

— Eý, Omar, namaz okasaň tikinleriň ýyrtylar, para-para bolar. Ýene tikmäge gelmez.

Hezreti Omar aýtdy:

— Bu uzr namazy goýar ýaly uzr däldir.

Ol wagt Kagp el Ahbar geldi.

Hezreti Omar aýtdy:

— Eý Kagp el Ahbar, biziň halymyz niçik boldy?

Ol aýtdy:

— Eý, Omar, siziň halyňyz iki-üç günden aňry geçmez. Özüňizi ölüme taýýar ediň.

Hezreti Omar aýtdy:

— Taýýarlaryn.

Ondan soň Hezreti Omar aglamaga meşgul boldy. Onda bar ýaranlary aýtdy:

— Siz näme üçin aglaýarsyňyz?

Onda Omar: «Hudaýtagala hasap sorasa men näme jogap bererin? – diýip aglaýaryn» diýdi.

Abdylla ibn Apbas aýtdy:

— Eý, Omar, ol wagtlar siz iman getirdiňiz. Kapyrlary gyrdyňyz, dine ýardam berdiňiz. Resul Huda sizden hoşwagtdyr. Ýene-de siz bu nobat halyfatda adalatda bolduňyz. Mazlumlara dogry din ýollaryny öwretdiňiz. Hiç kime kyýamata çenli munuň ýaly rastlyk berilmegeý we jemi perişdeler sizden hoşwagtdyr – diýdi.

Ol wagt hezreti Aly (Beýik Taňry onuň ýüzüni nurana etsin!) geldi. Abdylla ibn Apbas Hezreti Omaryň sözlerini hezreti Ala aýtdy. Onda Aly aýtdy:

— Abdylla rast aýdypdyr.

Onda Hezreti Omar aýtdy:

— Eý, Aly, sen Muhammet alaýhyssalamyň doganoglanysyň, diňläň. Siz şunuň ýaly güwälik berermisiňiz.

Hezreti Aly aýtdy:

— Hawa, bereris.

Ol wagt hezreti Omar aýtdy:

— Eý, Abdylla, galam we kagyz getiriň.

Abdylla galam we kagyz getirdi. Hezreti Omar aýtdy:

— Eý Aly, güwäligiňi hata ýazyň!

Hezreti Aly we Hezreti ibn Apbas: «Kim Omar adyllyk etdi» diýip, hata güwäligi ýazdylar.

Hezreti Omar kagyzy aldy we ony ogly Abdyllanyň eline berdi:

— Eý, Abdylla, bu haty meniň bilen görde goýuň – diýdi. Ondan soň hezreti Omar dünýäden ötdi. Niçe wagtdan soň Abdylla atasyny düýşünde gördi we aýtdy:

— Eý, ata, Hudaýtagala size näme iş etdi?

Omar:

— Eý, Abdylla! Eger Aly maňa bu haty ýazmadyk bolsa maňa azap boljak eken – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Namazyň kabullygynyň şerti köňlüňi häzir etmekdir. Bende köňlüni namazda häzir etse, namazy kabul bolar we onuň sogaby hasyl bolar.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Eger ol bendäniň teni namazda bolup, köňli gapyl bolsa Hudaýtagala ol bendä nazar salmaz. Şonuň ýaly namaz okasa, ýagny, ol namazyň üçüniň birinde, ýa dördüniň birinde, ýa onunyň birinde köňli gapyl bolsa, şol gapyl bolan wagty namazy kabul bolmaz.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Iki kişi namaz okasa kyýam, kyragat we rukug sujutdan ikisini birden etse we birisiniň köňli häzir bolsa, sogabynda hem onuň tapawuty ýerden tä asmana çenli bolar.

Rowaýat aýtdylar:

Bir adamyň birinde bir çuwal bugdaý algysy bar eken. Ol adam ony unudypdyr. Bir gün ol adam namaza bardy. Namazda durdy. Pikir etdi we bugdaýy tapdy. Ondan soň öýüne geldi. Ol hatynyna aýtdy:

— Eý hatyn, men ol çuwal bugdaýymy tapdym.

Ol ýeriň bir gyzy bardy. Alty ýaşyndady.

Ol gyz aýtdy:

— Eý, ata, siz namaza barmansyňyz. Bugdaý isläp barypsyňyz. Ol namazy gaýta, başdan okaň. Eger okamasaňyz, kyýamat güni Haktagala şol namaz üçin size azap eder – diýdi.

## *OTUZ ALTYNJY BAP*

## METJIDE YZZAT WE HORMAT ETMEGIŇ BEÝANY

Her kimiň agzyna balgam (gakylyk) gelse, ony ýuwutsa, ýa ol balgamy metjitden çykaryp taşlasa, Hudaýtagala hemişe ol bendäni öýünde aman saklagaý. Ol bendä sogap bergeý we günälerini ýok etgeý.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim metjitde çyra ýaksa şol bendä ýedi dowzahyň öýi haram bolar. Ol bendäniň her gijesine on müň sogap amal depderine ýazar. On müň günäsini bolsa ýok eder.

— Her kim metjitde çyra ýaksa, ol bendä behiştde bir jaý berer we bir daragt berer. Ol daragtyň astyndan bu dünýäniň ýüwrük aty ýüz ýyl ýüwürip ol tarapyna çykyp bilmez.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kim metjide düşek düşese Haktagala ol bendä ýetmiş müň perişde bergeý. Ol perişdeler tä ol düşek topraga goşulýança, ol bendäniň günäsini geçilmegini dilär,

Resul alaýhyssalam aýtdy:

—Namaz okaýanda metjidiň on bäş sany haky bardyr.

Birinji, her bir kişi metjide girse hala içinde kişi bolsun, hala bolmasyn, salam bilen girgeý. Ikinji, metjide giren kişä iki rekagat namaz okamak gerek. Üçünji, metjitde söwda-satyk etmezlik gerek. Dördünji, iki kişiniň dawasy bolsa metjitde dawa etmezlik gerek. Bäşinji, bir kişi bir zadyny ýogatsa metjitde talap etmezlik gerek. Altynjy, metjitde dünýä sözüni

sözlemezlik gerek. Ýedinji, metjide giren kişi ýokaryny talap etmezlik gerek. Sekizinji, metjitde orun üçin uruşmazlyk gerek. Dokuzynjy, her jaýda bolsa oturmak gerek. Onunjy, bir kişi namaz okasa öňünden ötmezlik gerek. On birinji, metjitde oýnamazlyk gerek. On ikinji, ýaş oglany metjide getirmezlik gerek. On üçünji, Hudaýtagalanyň zikrinden (ýadyndan) özge işi etmezlik gerek. On dördünji, agzyň we burnuň suwuny daşary taşlamazlyk gerek. On bäşinji metjide girensoň Haktagalanyň ýady bilen bolmak gerek.

Selman Parsy (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

Bir gün Resul bir daragtyň şahasyny tutdy we aýtdy:

— Eý Selman Parsy, gördüňmi bu daragtyň ýapragy niçik döküldi?! Her wagt ymmatym täreti dürs etse, namaz üçin metjide ýörese, ol ymmatymyň günäleri şol daragtyň ýapragy dek döküler.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

Her mömin metjide barsa her gadamyna on sogap ýazar we on günäni ýok eder. Ýene-de jennetde on öý – barýança we gelýänçä öten ýollary üçin bina eder.

Resul alaýhyssalam zamanynda bir kişi şeýtana ýolugypdyr. Ol kişi şeýtana aýtdy:

— Eý şeýtan, men saňa meňzesem diýip arzuw edip ýördüm. Niçik saňa meňzärin?

Şeýtan aýtdy:

— Namaz okama we ýalan sözle. Şonda maňa meňzärsiň – diýdi.

Ol kişi aýtdy:

— Onuň ýaly bolsa men ant içdim namazy galdyrmaryn. Ýalan hem sözlemerin – diýdi.

Onda şeýtan aýtdy:

— Men-de saňa indi nesihat etmerin – diýip, ant içdim.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Namazda on iki müň sogap bardyr. Bu on iki müň sogaby kim on iki parzy berjaý etse şonda tapar.

## *OTUZ ÝEDINJI BAP*

## NEPIL NAMAZYNYŇ[1] SOGABYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim agşam namazyndan soň alty rekagat namaz, ýa dört rekagat namaz okasa Allatagala ol bende üçin behiştde iki köşk bina eder. Olaryň biri gyzyldan, beýlekisi ýakutdan bolar. Ol köşgüň arasynda baglar bolar. Ony Hudaýtagaladan özge hiç kim bilmez.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

—Her kim ertir namazyny wagtynda okasa, ondan soň tä gün çykýança otursa, ondan soň iki rekagat namaz okasa Haktagala oňa bir perişde iberer. Ol perişdäniň goluna behiştden bir tabak berer. Ol kişiniň namazyny tabaga salar. Tabagyň üstüni ýapar. Ol perişde ony alyp bir jaýa barar. Ol jaýy Haktagalanyň özi biler. Aňyrda topar-topar perişdeler ony görip, ol namazyň eýesine istygpar aýdar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim gün bir naýza boýy bolansoň iki rekagat namaz okasa Hudaýtagala oňa segsen ýyllyk tagatyň sogabyny ýazar. Segsen ýyllyk günäsini bolsa ýok eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

---

[1] Nepil namazy – parz bolmadyk, emma meýletin sogap üçin okalýan namaz.

Her kim tejehhud namazyny[1] okasa, behişt oňa wajyp bolar. Tejehhud namazyndan soň namazlaryň ýagşysy nepil namazdyr. Her kim tejehhud namazyny okasa, dowzah oňa haram bolar. Tejehhud namazy on iki rekagat namazdan ybaratdyr. Owwal her rekagatyna bir ýola «Fatyha», bir mertebe «Aýatul kürsini» okamak gerek. Ondan soň galan sekizinde «Ýasyn» süresini okamak gerek. Gudraty ýetse ony dört mertebe okamak gerek. Ondan soň «Ýassy namazyny» okamak gerek. Oňa gudraty ýetmese, «Ýasyny» sekize bölmek gerek. Her bölegini bir rekagatda okamak gerek. «Ýasyny» bilmese, onda her rekagatyna üç mertebe «Kulhuwallahu ahady» okamak gerek. Eger wagt giç bolsa dört rekagat okamaly.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her kim agşam namazyny okasa ondan soň iki rekagat namaz sünneti okasa, ondan soň kişi bilen sözleşmän turup, dört rekagat namazyny okasa, owwabin[2] okasa, her rekagata bir ýola «Fatyha», üç ýola «Yhlas» süresini okasa, Allatagala ol bendäni günäden boşanlaryň hatarynda ýazdyrar. Ol bendäniň günäsi gumlardan, ýyldyzlardan, deryýanyň içindäki janawerlerden köp bolsa-da Haktagala ol bendäniň hemme günälerini geçer we ony ýalkar. Ol bendäniň imany öz ornunda berk bolar we ony nebsine tabyn etmez.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ol meniň bilen behiştde maňa iki barmagyň ýakynlygy ýaly ýakyn bolar.

Möwlana Nejmeddin Omar Nesefi[3] aýtdy:

---

[1] Tejehhud namazy - parz namazlar tamam bolandan soň gije uklaman okalýan namaz.

[2] Owwabin – toba edýänleriň namazy.

[3] Nejmeddin Abu Hafs Omar bin Muhammet Nesefi meşhur fakyh alymlaryň biri (1142-nji ýylda ölen).

— Her kim iki rekagat namazy juma gijesi okasa sogaplydyr. Owwalky rekagatyna bir ýola «Fatyha» okasa, «Kul eýýuhany» on ýola okasa soňky rekagata bir ýola «Fatyha» we «Yhlas» süresini on ýola okasa, ondan soň başyny sejdä goýsa, on ýola salawat okasa, on ýola «Rebbena ätinäni» okasa, on ýola «Subhanalla welhemdilullahy» tä ahyryna çenli okasa, on ýola – «Ýa Gaýýas al-mustagysynyg-syny[1]» diýip dileg aýtsa, ondan soň hajatlaryny birme-bir dilese Allatagala ol bendäniň dünýä hajatlarynyň hemmesini rowa eder.

Eger bendäniň Allatagala bir hajaty düşse iki rekagat namaz okagaý. Ondan soň ýüzüni kybla garadyp kyrk ýola «Fatyha» okagaý. Her birinde bismillany okagaý. Ondan soň başyny sejdä goýgaý we hajatlaryny dilegeý. Jemi hajatlary rowa bolar.

[1] Ýa Gaýýas al-mustagysynyg-syny – Eý ýardam beriji Taňry maňa ýardam ber!

## *OTUZ SEKIZINJI BAP*

## BÄŞ WAGT NAMAZYŇ SOGABYNYŇ BEÝANY

Enes ben Mälik (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bir wagty mömim bende namaz üçin ýerinden tursa, namaza girişip tekbir tahryma etse, Haktagala ol bendäniň günäsini aýyryp, ony eneden ýaňy dogan çaga dek päk eder. Ol bende «Subhaneke allahumme» okasa Allatagala onuň sag tarapyndaky perişdä perman eder:

— Bu bendäniň tenindäki tüýüniň her birisi üçin altmyş ýyllyk ybadatyň sogabyny ber – diýer.

Ol tagaty gündüz oraza bilen, gije namaz bilen öten bolgaý. Ol bende «Aguzu billäni we «Bismillani» okasa ol bendä dört müň sogap ýazar. Dört müň günäni ýok eder.

Her wagty ol bende «Fatyha» süresini okasa göýä ol bende haj eden dek bolar. Ondan soň rukug etse bir gapjyk tyllany Hudaýtagalanyň razylygy üçin sadaka edeniň sogabyny berer. Ol bende «Subhani rebbi elazym» diýse, oňa jemi pygamberlere gelen kitaplaryň sogabyny berer.

Ol bende «Semiallahu limen hamideh» diýse, Allatagala oňa rehmet nazary bilen garap «Lepbeý bendäm» diýgeý. Ondan soň Allatagala Kirama Kätibeýni[1] iberer. Bu bendäniň

[1] Kirama kätibeýn - her bir adamyň iki egninde bolan iki perişde.

nama amalyna adamlaryň sanyça sogap ýazar we her wagty ol bende sejde etse, Allatagala ol bendä ýedi ýüz dereje we mertebe berer, Resul Hudanyň öwladyna beren mertebeden berer.

Her wagty mömim bende «Et-tahyýýaty» okasa Allatagala sabyrlylara beren sogabyny bergeý. Ol bende namazdan boşandan soň, iki tarapyna salam berende, Allatagala sekiz behişdiň işigini açar we:

— Eý bendäm, haýsyndan isleseň, şondan gir – diýip rehmet eder.

Hezreti Osmandan (Alla ondan razy bolsun!) we Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdiler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim täret alsa we öýle namazyny jemagat bilen okasa, Haktagala onuň günäsinden ýalkar.

— Her kim ikindi namazyny jemagat bilen okasa öýle namazy bilen ikindi namazyň arasynda eden günäsini ýalkar.

— Her kim agşam namazyny jemagat bilen okasa, öýle namazy bilen agşam namazynyň arasynda eden günäsini ýalkar.

— Her kim ýassy namazy jemagat bilen okasa, agşam namazy bilen ýassy namazynyň arasyndaky eden günälerinden ýalkar.

— Her kim erte namazy jemagat bilen okasa, ýassy namazy bilen erte namazynyň arasynda eden günäsiniden ýalkar. Şeýle hem Gurhan okanyň sogabyny berer. Ýagşy amaldan myrat, bäş wagt namazy jemagat bilen okamakdyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim bäş wagt namazy jemagat bilen okasa, kyýamat güni ol bendä Haktagaladan:

— Bende hasapsyz jennete girsin – diýip, perman bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý meniň ymmatym, namaz okaň. Jemagat bilen okaň, namazyňyz kyýamat güni goluňyzdan tutujydyr. Eger namazy jemagat bilen okamasaňyz, kyýamat güni ol namaz siziň goluňyzdan tutujy bolmaz.

Abdylla bin Mesgut (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Eý Resulalla, men bir tekbir tehrimäni geçirdim. Onuň üçin bir guly azat etsem bolarmy? – diýip soradym.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ýer ýüzüniň mülki seniňki bolsa, ony Hudaýtagalanyň razylygy üçin sarp etseň, onuň sogaby tekbir tehrimäniň sogabyna ýeter.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ahyrzaman ýakyn bolsa meniň ymmatym namaz wagtyny kaza etmese hiç gamy bolmaz.

Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir kişi geldi. Ol namaz okady we namazyň rukug sejdesini berjaý getirmedi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Gaýta başdan okagyl.

Ol kişi gaýta başdan okady.

Resul alaýhyssalam ýene kabul etmedi. Ol üç mertebe okady. Ahyrynda Resulalla ýerinden turdy. Iki rekagat namazy okady. Ondan soň aýtdy:

— Eý bende, şunuň ýaly okagyl – diýdi. Ol bende şol tertip bilen okady. Ondan soň Resul alaýhyssalama «salam» berdi. Resul Huda jogap berdi we:

— Namaz okap başlanyňa näçe ýyl boldy? – diýip sorady.

Ol aýtdy:

— Sekiz ýyl boldy.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Şol sekiz ýylky namazyňy gaýtadan okagyl. Eger şol namaz okaýşyň bilen okan bolsaň Muhammediň dininde bolmarsyň – diýdi.

Huzaýfa (Alla ondan razy bolsun!) namaz okap duran bir kişini gördi. Namazdan soň Huzaýfa sowal berdi:

— Seniň namaz okalyň bäri näçe ýyl boldy.

Ol kişi aýtdy:

— Kyrk ýyldyr. Huzaýfa aýtdy:

— Kyrk ýyldan bäri okan namazyňy gaýta başdan okagyl. Şol okan namazyň üçin Hudaýtagala saňa nazar salmaz. Namazyň rukug bilen sejdesini berjaý etmeli – diýdi.

## *OTUZ DOKUZYNJY BAP*

## GÜNÄ GEÇMEKLIGI TAŇRYDAN SORAMAKLYGYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Zikr etmekligiň mahsus wagty säher wagtydyr. Istygpar hemme wagt halanýandyr. Hassa säher wagtynda istygpar aýtsa onuň üçin nygmaty zyýada bolar. Bendäniň günäsi az bolar. Ýene toba sebäpli asmandan ýagmyr ýagar, ýerden ösümlikler gögerer we mallar köp bolar. Perzentleri zyýada bolar. Bilgil, kim toba etse dünýäde we ahyrýetde haýry köp bolar. Emma ol tobany göz ýaş bilen etse, ol tobanyň belli bir bahasy ýokdur.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý ýaranlar, iki ýere gadam urany Haktagala dost tutar. Haktagalanyň ýanynda iki nemersäni ýuwdandan dostrak zat bolmaz. Iki katradan dost zat Haktagalanyň ýanynda bolmaz – diýdi.

Sahabalar aýtdylar:

— Ýa Resulalla, olar haýsylardyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Owwalkysy, kim ylmyň zyýaratyna we merhum garyndaşlarynyň zyýaratyna gadam ursa. Ikinji, metjide barmak üçin gadam ursa we namazy jemagat bilen okasa.

Adamlar iki zady ýuwtsa Haktagala ony dost tutar.

Birinji, adamlar her näçe ejir berse hem oňa sabyr etse, ikinji, ýas başyna dýşse oňa sabyr etse.

Iki dürli katranyň sogaby Hudaýtagala üçin jan beren şehitleriň haky ýalydyr. Olaryň biri eden günälerini garaňky gijede ýadyna getirip aglanyň, ýene-de bire Haktagallanyň makamyndan we gaharyndan gorkup toba edip aglanyň, göz ýaşydyr. Ol bendeden günäleri bihasap köp bolsa-da ýok bolar. Bu zamanda adamlar gündiz bolsa dünýä maslahaty bilen, gije bolsa uky mestligi bilen geçirerler. Hiç biri säher turup toba aýdyp ukusyny bozmazlar, «Kyýamat güni behiştden jaý bergeý sen!» diýmezler. Bu iş tersdir.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men gije-gündizde ýüz ýola toba ederin. Siz hem gije-gündiz istikpar bilen boluň. Namaz okamak bilen günäleriňiz ýok bolar.

Istikpar aýdylanda ýedi zat şertdir. Ol biri – istykpar aýdanda puşmanda bolgaý. Ikinji, Allatagalanyň emrini ýadyna getirgeý. Üçünji, Hudaýtagalanyň gadagan eden zatlaryndan özüni gaýtargaý. Dördünji, namazyň kazasyny okagaý we orazasynyň kazasyny tutgaý. Bäşinji, boýnunda halklaryň haky bolsa ony berjaý etgeý. Kyýamata goýmagaý. Altynjy, özüni tagata öwretgeý. Ýedinji, her agzasyny günäniň hylwatyna nähili gönderýän bolsa tagat hylawatyna hem şonuň ýaly göndergeý. Günälerden soň istikparyň owazy saňa misli bal arysynyň owazy dek bolar. Ol owaz Arşa barar. Haktagaladan owaz geler:

— Eý owaz saklan.

Ol owaz aýdar:

— Tä meni – aýdyjyny ýalkamaýançaň saklanman. Haktagaladan:«Ýalkadym» diýen owaz bolar.

Ondan soň istygpar, eger bendäniň günäsi bolsa günälerini ýok eder. Eger güňäsi bolmasa, derejesi belent bolar. Her kim ýatar wagtynda üç ýola istygpar aýtsa ol bendäniň günäsi bolsa günäsini ýok eder.

## *KYRKYNJY BAP*

## «LÄ-ILÄHÄ ILLALLA» DIÝIP AÝTMAKLYGYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim «Keleme taýýybany» yhlas bilen aýtsa gümansyz behişde girer.

— Her kim «Keleme şahadaty» okasa dowzah ody oňa haram bolar.

— Her kim gije-gündiz «Keleme towhyt» okasa hemme belalardan aman bolar.

— Her kim «Keleme temjidi» (Hudaýy öwme) okasa Haktagala ol bendä bäş keramat berer: Owwal, ol bendäniň adyny Hudaýtagalany ýat edijileriň hatarynda ýazar. Ikinji, gije-güňdiz tagat edijiniň hataryndaky bende bolar. Üçünji, ol kelemäniň bereketinden behişdiň daragtlarynyň miweleri onuň üçin hasyl bolar. Dördünji, Haktagala ol bendä behişdi nazar saldyrar. Haktagalanyň nazar salmadyk bendesine behişdiň didary haram bolar. Haktagala nazar salan bendä tamug (jähennem) ýokdyr. Bäşinji, ol keleme bu bende bilen dowzahyň arasynda galkan bolar.

Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir arap geldi we aýtdy:

— Eý Resulalla, maňa bir ýeňil ybadaty öwrediň. Ol ybadatyň bereketinden kynçylyk görmän behişde baraýyn.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— «Subhan alla welhemdilulla» atly şol kelemäni aýtgyn – diýdi. Ol arap ýylgyrdy .

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý arap, näme üçin ýylgyrdyň?

Arap aýtdy:

— Bu keleme hemişe menim wirdimdir.[1]

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Onda saňa munuň sogaplaryny habar bereli.

Arap aýtdy:

— Şeýdiň! Men munuň sogabyny eşitsem, oňa bolan yşkym zyýada bolgaý – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Mömim bende kyýamatda görden tursa alnynda «Subhanalla», öň ýanynda «Elhemdilulla», arkasynda «Allahy ekber», «Lä ilähä illalla» sol ýanynda durar. Şol tarykat (ýol) bilen ol kişini behişde girizip kyýamat gorkunçlyklaryndan alyp galarlar.

Ol arap aýtdy:

— Hiç keleme «Lä-ilähä illalladan» uly bolmaz. Näme üçin ol keleme sol ýanynda durar? Onuň ýaly sogabyň bendäniň öňünde durmagy lazymdyr.

Resul alaýhyssalam ýylgyrdy.

Aýtdy:

— Eý arap, her wagt ýagy bilen uruş eder bolsalar batyrlary we pälwanlary sapyň sol ýanynda goýýarlar. Çünki duşman topulsa sapyň solundan hüjüm edýär. Kyýamat güni hem hemme howp soldan turar. Onuň üçin «Lä-ilähä illallany» sol ýanynda goýar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim bu kelemäni okasa «Subhanalla» üçin Töwratyň sogabyny bergeý we «Alhemdulillä» üçin «Injiliň»

[1] Wirdimdir - gaýtalaýan sözümdir.

sogabyny bergeý. «Allahu ekber we la howla we la kuwwata» üçin Furkanyň[1] sogabyny bergeý.

Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdiler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Mömim bende namaz huptandan (ýassy namazyndan) soň ýatar wagtynda düşegine geçse ondan soň ol istygpary üç ýola okasa, ol bendäniň günäleri derýanyň köpüginden, asmanyň ýyldyzlaryndan, ýerleriň kowumlaryndan hem köp bolsa, Allatagala ol bendäniň günäsini geçer. Ol bende bir ýola «Ettahyýýaty», bir ýola «Aýatul kürsini» okasa, üç ýola «Kulhuwallahu ahady» okasa, bir ýola «Keleme şahadeti», bir ýola «Keleme temjidi» okasa, on ýola «Salawat» okasa ol bendä Allatagala bir guly azat ediniň sogabyny berer we haç edeniň sogabyny berer.

Ýene ol bendäni Allatagala dowzah odundan azat eder.

Ýene ol bendä bir ýola Gurhany hatym edeniň okanyň sogabyny we bäş ýüz teňňe sadaka bereniň sogabyny berer.

Ýene Allatagala ol bendäni ol gije döw-periden we şeýtanyň waswasyndan gorar.

Her mömin bende säherde we agşamda küpürligi ret ediş kelemesini okasa, belki ony üç ýola okamagy adat etse ol bendeden küpürligi ýok bolar.

Ýene bir häsiýeti oldur:

Eger ol bende küpür sözleri aýdyp kapyr bolsa, ol kelemäni okanlygy sebäpli yslam dinine girer.

Ýene bir häsiýeti küpür sözler aýdyp kapyr bolsa tamam salyh amallary ýok bolar. Ol kelemäni okanlygy sebäpli ol amal salyhlary ýene özüne gaýdyp geler.

Ýene bir häsiýeti bende kapyr bolany sebäpli asy bolar. Ol kelemäni okanlygy sebäpli bolsa, Allatagala ol azapdan we jezadan halas eder.

[1] Furkanyň - ýagny Gurhanyň.

Eger mömin bende «Kelemeýi taýýybany» yhlas bilen okasa ol bende bilen behişdiň arasynda meger ölüm perdesinden başga hiç perde galmaz. Her kim «Kelemeýi taýýybany» ýaş çagasyna öwretse ol bendä kyýamat güni hasap bolmagaý.

Ibn Apbas Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi:

Onuň bir gün köňli perişan bolup otyrdy. Jebraýyl alaýhyssalam geldi we aýtdy:

— Ey Muhammet! Hudaýyň saňa salam iberdi. Salamdan soň: «Habybym näme üçin gamgyndyr?» – diýdi. Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Meniň gamgynlygym ymmatym üçindir. Men ymmatymyň kyýamat güni haly niçik bolar? Görden niçik turar? – diýip, gamgyn bolýaryn – diýdi.

Ol wagtda Jebraýyl alaýhyssalam ýerinden turdy. Resul alaýhyssalamyň mübärek gollaryndan tutdy we ony görüstana alyp bardy.

Jebraýyl alaýhyssalam ol wagtda peri bilen bir göri sypady. Görden bir kişi çykdy «Lä-ilähä illalla, Muhammet Resulalla» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Owwalky dek bol – diýdi. Ol görüne girdi. Owwalky ýaly boldy. Ýene bir göri sypady. Bir kişi çykdy.

Ol aýtdy:

— Wah hesret-a wah nedamet-a.[1]

Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Owwalky dek bol – diýdi. Ol hem görüne girdi. Owwalky dek boldy.

Jebraýyl alaýhyssalam ýene aýtdy. Ymmatyň haly şunuň ýalydyr. Eger ymmatyň «Lä-ilähä illalla Muhammet Resulalla»

[1] Nedamat – ökünç.

– diýse oňa her zamanda we her mekanda dowzah ody haramdyr.

Diniň ulamalary şeýle aýdypdyrlar:

— Her mömim bende ýedi kelemäni okasa Haktagala ol bendäni dünýä we ahyrýet belasyndan halas eder. Ol kişi bir işi başlasa «Bismillahy-r- rahmany rahym» – diýse ikinji her işi edenden soň «Alhamdulillähi rebbil älemin» diýse, we ýene bir bende hata iş etse «Estag firulla» diýse, ýene bir işi eder bolsa «Enşalla» diýse ýene bir wagt bende gorksa, «lä howla we lä kuwwata illä billahil alyýýyl azym (ol beýik Allatagalanyň eradasy bolmasa şonsuz güýç we kuwwat bolmaz) diýse we ýene bir bendä betbagtçylyk ýetse, ýa-da başga bir zat ýetse «Kalu innä lillähi innä we ileýhi rajiun» (Biz Allanyň mülküne degişlidiris we ölenimizden soň diňe Allanyň dergähine döneris) diýse,ene biri päkizelik bilen «Lä-ilähä illalla, Muhammet Resulalla» diýse, eger ol gybatçy, töhmetçi we binamaz bolmasa peýda berer. Eger ol binamazlyk bilen aýtsa peýdasy ýokdur.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her mömin bendede dört jöwher bardyr. Ol dört jöwheri dört zat ýok eder. Ol jöwherler budur.

Akyl, din, haýa we ýagşy amal. Gahar akyly, göripçilik dini, tama haýany we gybat ýagşy amaly ýok eder. Her mömin bende Hudaýtagalanyň zikrine umyt etse «Lä-ilähä illalla» aýdar bolsa, edep bilen aýtmak gerek. Eger edepsizlik bilen aýtsa kabul bolmaz. Edepleriň biri täret almakdyr, gusul almak bolsa has ýagşydyr.

Bir edebi - geýen donunyň päkligidir, ýagny ol don nejasatdan we haramdan we mekruhdan päk bolgaý. Ýene bir edebi kybla garagaý. Ýene bir edebi - «Ettahyýýatda» niçik oturar bolsa şonuň ýaly oturgaý. Şol edep bilen mömin «Lä-ilähä illalla» diýse sogaby bihasap bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy: «Lä-ilähä illalla» misli suwyň ekini gögerdişi dek imanyňy gögerder.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy: «Lä-ilähä illallany» kişi bir mertebe köňli bilen aýtsa Hudaýtagala hormat bilen dört ýüz günäni ýok eder. On mertebe aýdanyň bolsa, dört müň uly günäsi ýok eder. Ol bendäniň özünde günä bolmasa ata-enesiniň günäsini ýok eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Bir mömim bende gije ukudan oýanyp, täret alyp, bir mertebe «Lä-ilähä illalla, Muhammet Resulalla» diýse, Allatagala onuň üçin on müň daragt ýaradar. Her daragtda on müň şaha bardyr. Her şahada on müň ýaprak bardyr. Her ýaprakda on müň perişde bardyr, her perişdäniň on müň başy bardyr. Her başynda on müň agyz bardyr. Her agzynda on müň lugat (söz) ýaradar. Ol perişdeler «istygpar» aýdarlar. Tä kyýamat bolýança bu sogaplar ol bendä nesip bolar.

«La-ilähä illalla» aýdanda, özge zikrleri we ýatlary aýdandan dört zada ygtyýar berilýär. Owwal-yhlas, ikinji-tagzym, üçünji-halawat[1], dördünji-hormat. Çünki yhlassyz zikr aýtmak - mynapyklaryň sözüdir. Tagzymsyz zikr aýtmak - mübtedigleriň[2] sözüdir. Halawatsyz zikr aýtmak bolsa bozuklaryň sözüdir. Hormatsyz zikr aýtmak bolsa ähli ryýanyň[3] zikridir. Yhlas bilen, tagzym bilen zikr aýtmak muhibbleriň[4] zikridir.

---

[1] Halap – çolalykda oturmak.

[2] Mubtedigler - bidgatçylar.

[3] Ähli ryýa-ile görünmek maksady bilen ybadata meşgul bolýan adam.

[4] Muhibbler - Taňrynyň söýjüler.

## *KYRK BIRINJI BAP*

## SALAWATYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Ibn Mesgut (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat edipdir:

Pygamber alaýhyssalam aýty:

— Behiştde bir daragt bardyr. Ol daragtyň ady Et-tahyýýatdyr. Ol daragtyň ýetmiş müň şahasy bardyr. Her şahasy bu dünýä ýedi esse bolar. Ol daragtyň sütüninde bir guş bardyr. Onuň tumşugy ak, aýagy bolsa garadyr. Ol guşyň ady As-salawatdyr. Onuň dört müň ganaty bolup, ol bu dünýä ýedi essedir. Ol daragtyň düýbünde bir howuz bar bolup, ady Et-taýýybatdyr. Ol howzuň ululygy bu dünýä ýedi essedir. Her wagty mömin bende salawat iberse Muhammet Mustapa alaýhyssalam ol daragtdan ol guşy tutup alyp, ol howzyň suwuna çümdirer. Ondan soň ol guş howuzdan çykar. Ol daragtyň üstünde oturup ganatlaryny silker. Her ganatyndan ýetmiş katra suw damar. Onuň her bir katrasyndan Allatagala perişde ýaradar. Her perişdäniň ýetmiş müň başy bolar. Her bir başynda ýetmiş müň agzy bolar. Her agzynda ýetmiş müň diller bilen ol bende üçin kyýamata çenli tesbih we istygpar aýdar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her mömin bende yhlas bilen maňa ýüz mertebe salawat aýtsa, Men oňa ýetmiş hajaty ol dünýäde, otuz hajaty

bu dünýäde bererin. Ol dünýäde beren hajatynyň iň bärkisi ýalkanmakdyr.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kim salawat okasa ol bendäniň ahyrýetde iki işini bitirerin. Owwal, ony Hudaýtagaladan diläp alaryn. Ikinji, ol bendäni «imanly» diýip güwälik bererin. Her kime men güwälik bersem, ol bende dowzah görmän behişde barar.

Rowaýat etdiler:

Bir gün Sufýan Söwri[1] aýtdy.

Men Käbä zyýarat etmäge barýardym. Bir kişini gördüm. Ol salawatdan özge zat okamaýardy.

Men aýtdym:

— Eý Hoja, bu jaýa hajat dilenýän jaý diýerler. Sen salawatdan özge zat okamaýarsyň. Näme salawatdan bir häsiýet tapdyňmy?

Ol bende aýtdy:

— Men atam bile Käbä barýardym. Bir menzile ýeten wagtymyzda atam dünýäden ötdi. Atam janyndan jyda bolandan soň onuň ýüzi gara boldy. Özge teni ak boldy. Men aglaý-aglaý biçäre boldum we:

— Eger atamy gusul alyp ýuwar bolsalar bu ryswalykdan nädip çykaryn diýip pikir etdim. Ölini ýuwmaga gelenler «Onuň ýüzi gara» diýip dargaşarlar. Men onda näme ederin – diýdim. Atamyň üstüne çadyr ýapdym. Aglaý-aglaý ukladym. Ukuda bir päkize donly we päkize ýüzli kişi geldi. Onyň ýüzi ýagşyzada meňzeýär. Şeýle kişini bu dünýäde görmändim. Ol kişi gelip atamyň düşeginiň üstüne oturdy, atamyň üstündäki çadyrany galdyrdy, bir zat okady we atamyň ýüzüni sypady. Ol wagt atamyň ýüzi dirilikdäki ýaly bolup, belki ondan hem zyýada nurana boldy. Ondan soň ol kişi atamyň ýüzüne

[1] Sufýan Söwri (715-778) meşhur muhaddis we sopy alym.

çadyrany ýapdy we turdy-da ýoluna rowana boldy. Ol wagt men gorkymdan ýaňa turup, ol kişä gygardym:

— Eý Hudaýyň bendesi, siz kimsiňiz? Dilegiňiziň bereketinden atamyň gara ýüzi ak bolupdyr. Men bu beladan we adamlaryň arasynda şermende bolmakdan halas boldum.

Ol kişi maňa garap aýtdy:

— Eý Hudaýyň bendesi, men kyýamat güni jemi asy we jepaly dowzaha laýyk bolan ymmatlarymyň penakäri bolup, şepagat edip, Haktagaladan günälerini ötmegini soran, dowzah odundan ymmatlarymy halas eden Muhammet Resulalladyryn – diýdi. Men ol wagt agladym, bihuş bolup ýykyldym we bir zamandan soň huşuma geldim. Eýse heniz ol dur eken.

Men aýtdym:

— Eý Muhammet! Atamyň ýüzi näme üçin gara boldy. Ol nähili häsiýet bilen beýle boldy.

Ol aýtdy:

— Ataň halk içinde ýamandy. Ol ýamanlykdan ýüzi gara boldy. Emma maňa salawat ibermegi adat edipdi. Ataňyň ýüzi gara bolandan ol salawat maňa aýtdy. Ondan soň men geldim. Ataňy bu beladan halas etdim – diýdi. Ol ýene aýtdy:

— Her kim maňa yhlas bilen salawat iberse, ol bendä dünýäde we ahyrýetde penakär bolaryn – diýdi. Şonuň üçin men dilimden salawaty goýmaýaryn – diýip, sözüni soňlady.

Abdylla Turaby aýtdy:

Men bir gardaşymyň öler halyna duçar boldum. Görsem jan berer halynda dur. Ol wagt men ol gardaşyma aýtdym:

— Eý gardaşym, maňa jan bermekligiň ajygyndan habar bergil.

Ol aýtdy:

— Eý gardaşym, alymlardan eşidipdim. Her kim salawaty yhlas bilen köp okasa jan ajygyny görmez – diýdi. Ondan soň men her gije-gündizde ýüz mertebe salawat okardym. Belki

ondan hem zyýada okamaklygy adat edendirin. Şonuň üçin elhal jan ajygyny görmedim – diýdi. Ol şondan soň keleme şahadaty okady we jan berdi.

Ibn Apbas aýtdy:

— Men hezreti Resuldan eşitdim. Dilegiň owwalynda we ahyrynda salawat okan kişiniň dilegi kabul bolman galmaz.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Mömim bende her bir mertebe salawat iberse oňa Allatagala on mertebe salawat iberer.

Mömin bende namazdan boşandan soň Muhammet Mustapa salawat iberse perişdeler on mertebe salawat aýdanyň sogabynyň hasabyny biler. Ondan zyýada bolsa onuň üçin beren sogabynyň hasabyny bilip bilmez. Ol wagt perişdeler aýdar:

— Eý bar Hudaýa, biz bu bendä beren sogabyň hasabyny edip bilmedik – diýerler. Ol wagt Hudaýtagala aýdar:

— Eý perişdelerim, sizl on mertebe aýdan salawatyň sogabyny hasap edersiňiz, on mertebeden zyýada eden salawatyny sogabynyň hasabatyny Özüm bilerin. Özümden özge hiç kimse bilmez – diýdi.

Emma bu sogaplar ol bendelere bolar:

— Her kim salawat eden wagtynda Haktagaladan gapyl bolmasyn. Hormat bilen aýtsynlar.

Her kim namazy adat üçin okasa Hudaýtagalany gaflat bilen ýat etse we salawaty hormatsyz etse ol namazy we ol ýady kyýamat güni Haktagalanyň huzuryna alyp bararlar. Emma ol sary çybynyň ganatyça bolup barabilmez.

Namaz okap onuň sogabyny umyt edýän bende ol namazy Haktagaladan gorkup okagaý. Haktagaladan gorkanyň nyşany ol bolar:

— Namaz wagty bolsa ol bende tä ol namazy wagtynda jemagat bilen okamaýança dünýä işine maýyl bolmaz. Ol

bende Haktagalany ýat eder bolsa, «Men Haktagalany görmesem hem ol meni görip durandyr» diýip, köňlüni hiç ýere ibermez. Eger şeýtan köňlüni alyp gitse, ol bende her zaman köňlüni yzyna gaýtarar diýip garap durar. Eger kişi salawat aýtsa hormat bilen etgeý. Hormat bilen edeni budur:

— Salawat aýdan wagtynda köňli gapyl bolgaý we «Bu aýdan salawatym kabul boldumy ýa bolmadymy?» diýip, köňli kelamda bolgaý. Eger bende şol mertebe bilen okasa ol namazyň, ol kelamyň ýadynyň we ol eden salawatynyň belli bahasy ýokdur. Her wagty ýedi gat asmandan we ýedi gat ýeriň halky bilen bahalasalar bahasy bolmaz.

Eý Taňrymyz, ähli bendäni gaflat bilen ýat etmekden özüň saklagaýsyň. Ämin.Ýa repbil älemin.



**Toý güni.**

*H.Nobatowyň çeken suraty.*

## *KYRK IKINJI BAP*

## DILEG ETMEKLIGIŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Möminler dileg etse kabul bolman galmaz. Meger kişi süýthor bolsa, ýa gybat ediji ýa töhmet edižі bolsa, ol kişiniň dilegi kabul bolmaz.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bendäniň dili dileg bilen, köňli dünýä bilen meşgul bolsa, onuň dilegi kabul bolmaz. Şeýle hem bendäniň tagamy ýa lybasy haram bolsa dilegi kabul bolmaz.

Bir gün Musa alaýhyssalam Tur dagyna bardy. Ýolda bir kişi dileg edip, zar-zar aglap ýatyr eken. Musa alaýhyssalamyň oňa rehimi gelip aýtdy:

— Eý bar Hudaýa, bu bendäniň hajaty menden bitýän bolsa men hajatyny rowa ederdim.

Ol wagtda Haktagaladan perman boldy:

— Eý Musa, men senden rehimlidirin. Emma ol bendäniň dili dileg bilen bolsa-da, köňli goýunlary bilen. Men onuň ýaly kişiniň dilegini kabul etmerin.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Eger kişi dünýäde dileg etse, ol eden dilegi kabul bolmasa, kyýamat güni Haktagaladan perman bolar:

— Eý bendelerim! Dünýäde dilän hajatlary bitmedik bendelerim bar bolsa, bu gün olar gelsinler, ol dünýäde

bitmedik hajatlaryňyz üçin men bu dünýäde on esse hajat bererin – diýer.

Bendeler aýdarlar:

— Ol dünýäde hiç hajatymyz bitmändi – diýerler.

Haktagala olaryň bitmedik hajatlaryny bitirer.

Musa alaýhyssalam aýtdy:

Eý bar Hudaýa gijäniň haýsy sagady seniň ýanyňda dileg kabul bolmaklyga ýakyndyr.

Hudaýtagala aýtdy:

— Eý Musa, menden bendeler hajat dilär bolsalar ýarym gije ötenden soň tursunlar we hajatyny dilesinler. Men olaryň dileglerini kabul ederin – diýdi. Emma dilegiň kabul bolmaklygynyň şertleri bar: «Ýagny halal iýmek, halal geýmek we dileg eden wagtyňda köňlüňi dünýäniň meşgullygyndan saklamak gerek» diýdi.

Habarda şeýle getiripdirler.

Bir gün Nyşapur patyşasy raýatlaryna pul salgyt saldy we aýtdy:

— Eý halk şol puly berseňiz gutuldyňyz, eger bermeseňiz şu naýza tutuldyňyz – diýip, ant içdi. Ýene men şäheriňizi oda ýakaryn diýip, gazap etdi. Nyşapur halky aljyrady. Her wagt ötünç dilediler weli, peýda etmedi. Bir hepde möhlet dilediler, ol berdi. Ahyr Abu Makama Hindi atly ýolbaşçy ähli nyşapurlylara aýtdy:

— Dileg ediň, ýöne ol dilegiňiz asmana çykmaz. Siz maňa bir zat beriň. Men ony bir ýere sarp edeýin. Ondan soň dileg edeýin – diýdi. Ol jemagatlar bir-birinden soraşdylar. Kyrk tylla enjam boldy. Alyp ony ol eziziň öňünde goýdular. Ol jemagatlar ondan soň iki gollaryny göterip dileg etdiler.

Ol wagt şyhlary aýtdy:

— Baryň, diwaryň üstüne çykyp patyşa tarapa gulak salyň – diýdi. Ol wagt bir adam tamyň üstüne çykdy. Şol wagt patyşa

tarapa seretdi. Görse patyşa tarapdan bir sopy gelýär. Ol sopy gelip, ol ezize habar berdi. Ol wagt ol eziz işini goýup takyk kyldy. Eýse ol patyşanyň garny ýarylyp ölüpdir. Şeýdip halklar beladan halas boldular.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamat güni bir topar adamlaryň namalary sag goluna geler. Namasyny okasa hemme tagat we ybadat ýazylandyr. Ol bende aýdar:

— Eý Hudaýa, men bu tagatlary dünýäde etmändim – diýer. Haktagaladan perman geler:

— Eý bendelerim, dünýäde menden hajatlaryňyzy diläpdiňiz. Ol hajatlaryňyzyň sogabydyr – diýer.

## *KYRK ÜÇÜNJI BAP*

## GURHAN OKAMAGYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim namazda Gurhan okasa bir harpy üçin ýüz sogap berer we bir ýüz günäni ondan ýok eder. Kyýamat güni halklar başagaý bolup ýören wagtynda Gurhan geler we ol bendä aýdar:

— Sen meni tanamaýarsyňmy?

Ol kişi aýdar:

— Sen kimsiň?

Ol aýdar:

— Men ol dünýäde okan Gurhanyňdyryn. Sen indi gorkma! Men seni goluňdan tutup, behişde alyp bararyn – diýer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Haktagala dowzahda bir jaý ýaradypdyr. Ol jaýda bir guýy ýaradyp goýupdyr. Ol guýynyň ady Weýildir. Ol ýer Gurhany okap unudan we galat okan kişileriň jaýydyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Adamlaryň seýidi Hezreti Adam pygamberdir, çarwa araplaryň seýidi mendirin. Parsyň seýidi Selmandyr, Rum halkynyň seýidi Suheýbdir. Hebeşi halkynyň seýidi Bilaldyr. Günleriň seýidi anna günüdir. Aýlaryň seýidi remezan aýydyr.

Gijeleriň seýidi gadyr gijesidir. Gurhanyň seýidi Bakara süresidir. Bakara süresiniň seýidi «Aýatul kürsidir».

Aýatul kürsiniň alty kelemesi bardyr. Her kelemesinde alty bereket bardyr. Her bende namazdan soň «Aýatul kürsini» okasa, ol namaz:

— Eý bar Hudaýa, men ol bendäniň namazydyryn. Ol Dünýäde namazdan soň «Aýatul kürsini okandygy sebäpli ony behişde iberiň – diýer

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim parz namazyndan soň «Aýatul kürsini» okasa Haktagala ol bendä alty keramat bergeý. Ikisi-dünýäde, ikisi-görde, ikisi ahyrýetde. Ol dünýädäki ikisi budyr:

Owwal, ol bendäniň ryzky giň bolar. Ikinji, jemi belalardan aman bolar.

Ikisi gördedir:

Owwal, göri giň bolar. Ikinji, Müňkir, Nekir sowaly ýeňil bolar.

Emma ol ikisi ahyrýetdedir:

Owwal, ol bende Syratdan ýyldyrym dek öter. Ikinji, Haktagala kyýamatdan aman eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim «Gurhan okasam» diýip arzuw etse, «Kulhuwallahu ahady» üç ýola okasa, Gurhany bir ýola okanyň sogabyny berer.

Şyh Magruf Kerhiniň[1] ýanyna bir kişi geldi.

Aýtdy:

— Eý şyh, zyýada garyp boldum. Maldan hiç zadym ýok. Maňa dileg etgil, baý bolaýyn – diýdi.

Şyh aýtdy:

[1] Şyh Magruf Kerhi (874-952) - hanapy mezhebiniň meşhur alymlarynyň biri we bu mezhebiň meselelerine degişli ençeme kitaplaryň ýazary.

— «Kulhuwallahu ahady» köp okagyn, baý bolarsyň – diýdi. Ol bende şonuň ýaly etdi we baý boldy.

Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir kişi geldi. Aýtdy:

— Eý Resulalla, pezendiň Gurhanhon bolmaklygyndan ne mukdar sogap bar?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kim perzendini Gurhanhon etse, oňa şeýle sogap hasyl bolar: Müň sapar haç edeniň, müň musulmana tagam bereniň, müň guly azat edeniň we müň ýola kapyr gyranyň sogabyny berer. Ol perzent Gurhandan näçe harp okasa her harpyna on sogap nama amalyna ýazylar. On günäni ýok eder. Ol perzent Gurhanhon bolsa ol bendäniň amalyny terezä salanda sogap tarapy agyr geler. Ol bende syratdan ýyldyrym dek öter.

Bir gün Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Muhammet Haktagala aýtdy: «Her kim perzendini Gurhanhon etse Men ol perzendiň ata-enesini dowzaha salmagy rowa görmerin. Her wagt ata-enesi kapyrlaryň eden günäsine barabar günä etse hem, olara gör azabyny bermerin. Eger olaryň günäsi çölleriň ot-çöpleriniň sanyndan hem köp bolsa ýalkaryn».

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Tälim beriji mugallym çaga «Bismillahy-r- rahmany-rahymy» öwretse we ol bir mertebe aýtsa Haktagala: «Bu mugallymyň amal depderine on sogap ýaz!» diýip, perman berer. Onuň on günäsini ýok eder we behiştde on öý bina eder. Haýsy mugallym «Bismillahy-r-rahmany-rahymy» çagalara bildirse Haktagaladan: «Bu mugallymyň we ol perzendiň ata-enesini dowzah odundan halas etdim» diýen perman bolar.

Hezreti Ymam Hüseýin Aly Esger diýen ogluny mekdebe iberdi. Aly Esger «Fatyha» süresini öwrenip geldi. Ony atasynyň öňünde dürs okady. Hezreti Hüseýin Aly Esgeriň

ussadyna müň tylla pul we müň teňňe hem kümüş pul berdi. Şeýle hem gowy serpaý iberdi. Ussady Abdyrahman aýtdy:

— Men ne mukdar zat öwretdim? Maňa munça zat iberipdir.

Möminleriň emiri Hüseýin aýtdy:

— Babam Muhammet Mustapa alaýhyssalam:

— Kim «Fatyha» süresinden bir aýat bilse, ýer ýüzüniň hazynasyny berseler hem barabar bolmaz – diýip aýdypdy.

— Men ne mukdar sowgat berdim, «Fatyha» süresini tamam öwrenipdir – diýdi.

Bir gün Ymam Agzam ogly Hammady ussada beripdir. Ussady «Fatyha» süresini öwredipdir. Ymam Agzam bäş ýüz tylla oglunyň goluna berdi. Ogly ol tyllany ussadyna alyp bardy we oňa berdi.

Ussady aýtdy:

— Onuň ýaly hyzmata munça tylla haýp dälmi?

Ymam Agzam bu sözi eşitdi. Eýse ogullaryny ol ussatdan çykardy we aýtdy:

— Haktagalanyň keremini horlan kişiden hiç kim peýda almaz.

*KYRK DÖRDÜNJI BAP*

## ÖÝLE NAMAZYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Ymamlar aýtdylar:

Her kim dört rekagat öýle namazyny okasa, onuň adyny tesbih aýdyjylaryň hatarynda ýazarlar. Her kim alty rekagat öýle namazyny okasa, oňa behiştde köşk bina ederler.

Onuň sogabyny Hudaýtagala berer.

## *KYRK BÄŞINJI BAP*

## SADAKANYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Her kim bir mömine don berse, ony geýen musulman bolsa, namaz-orazanyň haýryndan ol bendä Haktagala näçe mukdar sogap berse, bu don berene hem tä ol tozup ýok bolýança şol mukdar sogap berer.

Her kim mömine tagam berse, ol bende ol tagamyň kuwwaty gidýänçä tagat etse, Haktagala ol bendä näçe sogap berse, tagam berene hem şol sogaby berer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Sadaka iki hilidir:

Parz sadaka we nepl sadaka.

Parz sadaka zekat, hüşür, pitre, nezr (hudaý ýoluna aýtmak) we kefarat (günä işi ýuwmak üçin berilýän) sadakadyr.

Her kim bu sadakalary berse Hudaýtagala ol bendä şeýle köp ýagşylyk berer welin, hiç hasaby bolmaz. Eger bermese ol bendelere azap eder. Hiç bende şonuň ýaly azaby görmegeý.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Adam dört dürlüdir. Kerim, sahy, bahyl we leýim. Kerim oldur – özi iýmez, diňe özge kişä berer. Sahy oldur - özi hem iýer, başga kişä hem berer. Bahyl oldur - özi iýer emma , kişä hiç zat bermez. Leýim oldur – özi hem iýmez, kişä hem

zat bermez. Kerim bilen sahy jennete barar. Bahyl bilen Leýim dowzahda bolar.

Haktagala aýtdy:

— Eý Bendelerim! Iman getiriň we sadakany köp beriň. Men beren sadakalaryňyzy size artykmajy bilen yzyna gaýtararyn.

Ibn Apbas (Alla ondan razy bolsun!) Pygamber alaýhyssalamdan rowaýat etdi:

— Iki zat Hudaýtagaladandyr, iki zat bolsa şeýtandandyr. Hudaýtagaladan bolan ol iki zat:

Owwal-kerim we sahy bolmak, ikinji tagat etmek.

Şeýtandan bolan iki zat.

Owwal – bahyl bolmak, ikinji – günä etmek.

Fakyh Abulleýs aýtdy:

— Sadaka bermekde on sogap bardyr. Onuň bäşi bu dünýäde, bäşi bolsa ahyrýetde berler.

Ol dünýäde beriljek bäşisi owwal, ol maly haramdan päk eder. Ikinji, tenini günäden päk eder. Üçünji, belalalary gaýtarar. Dördünji, sadaka alanda bendäniň göwni hoşwagt bolar. Bir bendäniň köňlüni hoşwagt etmeklik haç edenden ýagşyrakdyr. Bäşinji, malyňy zyýada eder we ryzkyňy giň eder.

Ahyrýetde beriljek bäşisi owwal, ol sadaka saýa bolar. Ikinji, kyýamatda hasaby ýeňil bolar. Üçünji, terezide amalyny ölçände sogaby agyr geler. Dördünji, syratdan aňsat öter. Bäşinji, behiştde derejesi belent bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Sadaka sogabyna görä dürli bolar: Birine bir berer, birine on berer, birine ýetmiş berer, birine ýüz berer, birine ýetmiş müň berer, birine beriljek sogabyň hasabyny Allatagaladan özge kişi bilmez. Emma birine bir sogap berýän sadaka, ony zalymlara we bozuklara bermekdir. Emma birine

on sogap berýän sadaka, ony sag-salamat pakyrlara bermekdir. Emma birine ýetmiş sogap berýän sadaka, ony derwüşlere bermekdir. Emma birine yýz sogap beryän sadaka ony maýyp-müjriplere bermekdir. Emma birine ýetmiş müň sogap berýän sadaka ony talyplara bermekdir. Emma birine hasaby ýok sogap, asmana we ýere sygmaz – ol alymlara hem ölenleriň ruhy üçin berilen sadakadyr. Her kim ölenlere sadaka berse, ol sadaka sebäpli ölenlere Haktagala rehmet eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Üç zat üç zada ýakyndyr. Üç zat üç zatsyz kabul bolmaz. Namaz zekata ýakyndyr. Namaz zekatsyz we hüşürsiz kabul bolmaz.

Ýene parz sünnete ýakyndyr. Parz sünnetsiz kabul bolmaz.

Taňry dilegi sadaka ýakyn edipdir. Dileg sadakasyz kabul bolmaz.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim malyndan sadaka bermese, ol mal tiz ýok bolar. Dünýäde sadakasy berilmedik maly ot edip ol bendä ýapyşdyrarlar. Ol bendä şonuň ýaly azap berler.

Seýit Älemden rowaýat edipdirler:

Seýit Älemiň ýaşan döwründe Saglaba atly bir kişi bardy. Ol kişi metjide hemmeden öň gelip oturardy. Bir gün ol Resul alaýhyssalama arz edip:

— Eý Resulalla, maňa dileg ediň, men zyýada garyp boldum. Haktagala maňa mal bersin. Ol maly perzentlerime sarp edeýin we Hudaýtagalanyň ýoluna sadaka bereýin – diýdi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Saglaba, köp mal kişileri azaşdyrýandyr – diýdi. Saglabynyň köňli köp maly arzuw etdi. Onda Resul alaýhyssalam dileg etdi. Hudaýtagala Saglaba çenden köp mal berdi.

Bir gün Resul alaýhyssalam Saglaba «Zekat bersin» diýip kişi iberdi. Ol kişi gelip muny oňa habar berdi. Saglaba mallarynyň hasabyny çykaryp gördi. Zyýada köp mal boldy. Zekat bermäge gözi gyýmady.

Ol aýtdy:

— Men munça maly kişä bermerin.

Resul alaýhyssalam oňa ýene bir kişi iberdi. Ol Resul alaýhyssalamyň hyzmatyna zekatyny alyp geldi.

Resul alaýhyssalam:

— Maňa seniň zekatyňy almaga perman ýok – diýdi. Ol aýtdy:

— Eý Resulalla, siz näme aýtsaňyz men ol işi edeýin – diýdi. Emma Resul alaýhyssalam ol zekaty almady. Maly köp bolup, zekat bermänligi sebäpli Saglaba mynapyk (ikiýüzli) bolup galdy. Mynapyklyk bilen Saglabanyň imany gitdi. Ol mynapyklyk (ikiýüzli) bilen hem öldi.

Bir kişiniň haja sapar edişi barada şeýle rowaýat etdiler:

Ol kişiniň müň tyllasy bardy. Ol onyň zekatyny berdi. Ondan soň ol ýene ençe tyllany alyp gapjyga saldy. Ony biline baglady. Käbä ýöredi. Ol kişi Nyşapura baryp ýetdi. Täret almak üçin bir kärize girdi. Gapjygyny bilinden aýryp ýere goýdy. Täret aldy we turdy. Soňra gapjygyny şol ýerde unudyp ýola rowana boldy. Bir menzil ýol ýöredi. Eýse tyllasy ýadyna düşüp: «Ol kärizden ençe kişiler täret alandyr. Ol jaýda gapjyk galarmy?» diýip, ol yzyna gaýtmady. Hemrasyndan (ýoldaşyndan) tylla karz aldy. Käbä bardy. Haj etdi. Ýene-de yzyna gaýtdy we ýene ol kärize täret almak üçin girdi. Eýse bir kişi aýtdy:

— Eý hajy, şol wagt bu jaýda täret alaňda seniň biliňden bir ýylan düşüp galypdy. Ol ýylan şol jaýda watan tutupdy.

Hajy täret aldy. Ondan soň ýylana garady. Eýse onyň ýylan diýeni munuň tyllaly gapžygydy. Ol ony alyp biline baglady.

Ol kişi aýtdy:

— Eý hajy, bu ýylany biliňe baglap näme etjeksiň?

Hajy:

— Eý bende, bu ýylan däl. Bu bilimdäki tyllaly gapjyk. Şol jaýda täret üçin gelemde unudyp galdyrypdyryn – diýdi. Ol bende haýran boldy. Şol wagt bir alym geldi.

Ol alymdan soradylar:

— Eý alym, bu hajy bir wagt şu jaýda täret aldy. Bilinden bir ýylan gaçdy. Halklar anyk gördüler. Şol wagtdan bäri ol ýylan ýatyrdy. Bu gün bu hajy geldi. Ol ýylany biline baglady.

Biz ondan:

— Ony biliňe baglap näme iş edersiň – diýip soradyk.

Ol:

— Bu ýylan däldir. Ol bir wagt täret alanymda unudyp giden tyllaly gapjygymdyr – diýýär. Bu nähili sözdür – diýdi?

Ol wagt ol alym aýtdy:

— Her kim malynyň zekatyny çykarsa, ol maly Hudaýtagala belalardan aman saklar. Bu gapjyk size tä eýesi gelýänçä ýylan suratynda görnüpdir.

Nyşapur halky ondan soň zekat bermeklige ýykgyn etdi.

Rowaýat etdiler:

Emir Hirri hassa boldy. Köp tebipler oňa bejergi geçdiler. Hiç birinden şypa tapmady. Ony bejererden olaryň hemmesi ejiz boldular. Ondan soň Emir Hirriniň özüne aýtdylar. Munça wagt berhiz tutup geldiň. Hiç peýda bolmady. Indi her näme hörek bolsa ölýänçäň iý diýdiler. Ondan soň patyşa janyndan umyt üzdi. Hemmeler aglaşdylar. Ol zamanda bir abyt bardy. Ol abyda adamlar aýtdylar:

— Eý abyt, häzir biziň patyşamyza ölüm ýakyn bolupdyr. Oňa näme bolýarka? Baryp halyny sorasaňyz! Ol abyt Emir Hirriniň ýanyna geldi. Patyşanyň halyny sorady. Patyşa aýtdy:

— Janymdan el üzdüm. Indi şunuň ýaly bolup ýaşanymdan ölenim ýagşydyr.

Abyt aýtdy:

— Bir işiň galypdyr. Kabul etseň aýdaýyn.

Patyşa aýtdy:

— Eý abyt, goldan gelýän iş bolsa ederin.

Abyt aýtdy:

— Ol işi etmek her kişiniň elinden gelmez.

Patyşa aýtdy:

— Eý abyt, meniň golumdan geler. Eger şäherimde, hazynamda bar zat bolsa.

Abyt aýtdy:

— Eý patyşa, mallaryň barmy?

Patyşa aýtdy:

— Ýigrimi müň tyllam bardyr. Ol tyllany hiç hazynama salmandym.

Onda abyt aýtdy:

— Onuň ýaly bolsa şol malyňy Hudaýtagalanyň razylygy üçin bergil.

Patyşa aýtdy:

— Ýagşy gören malyňy Hudaýtagalanyň razylgy üçin berende bu gaty beladan halas bolýarsyň? – diýip nirede habar berilýär – diýdi.

Abyt aýtdy:

— Haktagala habar berdi. Ýagny:

— Eý bendelerim, tä janyň köýýän zadyňy sadaka berýänçäň gaty beladan halas bolmarsyň – diýdi. Ol halda ýigrimi müň tyllany alyp geldiler. Ony abyda berdiler. Ol abyt tyllany ýagşy adamlara sadaka paýlady. Patyşa ondan soň ol dertden halas boldy.

Bir gün bir kişi haja ýöredi. Bir näçe menzil ýöräp, bir wagt täret kylyp namaz okady. Şeýdip ol kerwenden daş düşdi.

Ol öz ugruna ýöräberdi. Öňünden bir kişi çykdy. Ol kişi: «Eý hajy, tiz ýöregil, kerwene ýetişeli» – diýdi. Ol ikisi gyssagly ýol ýörediler. Görse iki ýol peýda boldy. Ol kişi: «Bu ýoldan ýöräli, Käbä tiz ýetişeris» diýdi. Ol kişiniň aýdan ýolundan ýörediler. Birnäçe ýol ýöräp, bir çukura bardylar. Ol çukurda adamlaryň jesetleri toprak bolup ýatyrdy. Ol garakçy betbagt aýtdy:

— Men adamlary aldap, ol ýoldan azdyryp, bu ýere alyp gelýärin. Soňra olary öldürip malyny talap alýaryn. Men garakçydyryn.

Ol kapyr ony öldürmek üçin gylyjyny gynyndan çykardy. Bu kişi aýtdy:

— Eý kapyr, meni bir zaman goýgul, iki rekagat namaz okaýyn.

Ol kapyr aýtdy:

— Okagyl. Ol kişi iki rekagat namaz okady. Başyny sejdä goýdy we aýtdy:

— Eý bar Hudaýa, meni bu beladan halas etseň, otuz müň tyllalyk göwherim bar. Ol saňa menden sowgat bolsun – diýdi. Ol wagt bir gara atly kişi geldi. Naýza bilen ol kapyryň kükreginden urdy we ony dowzaha iberdi. Ol bendäniň başy kerwene goşuldy.

Ol bende aýtdy:

— Eý gara atly, sen nähili adam sen, maňa munuň ýaly ýagşylyk etdiň?

Ol aýtdy:

— Men bir perişdedirin. Sen özüňi Haktagala tabşyrdyň. Eýse Taňry meni: «Ol bendämi beladan halas et» diýip, saňa iberdi. Men seni beladan halas etdim – diýip onuň gözünden gaýyp boldy.

Fakyh Abu Leýs aýtdy:

— Sadaka bermekden köp peýda bardyr. Owwal, sadaka maldan şübhäni päk eder. Ýene biri, bendeden günäni ýok eder. Ýene biri, gelen belany gaýtarar. Aýdylypdyr:

— Sadaka dünýäniň peýdasydyr. Onuň ahyrýetde alty peýdasy bolar. Owwal – arşyň saýasynda oturar. Ikinji – kyýamat güni hasaby aňsat bolar. Üçünji – amal hasabyny terezä salanda onuň sogap tarapy agyr geler. Dördünji – Syratdan misli ýyldyrym dek öter. Bäşinji – derejesi behiştde belent bolar. Altynjy – bu dünýäden barsa iman bilen barar.

Resul alaýhyssalamyň bir hatyn goňşusy bardy. Ol hatyn bir gün gyzyny Hudaýyň Resulynyň ýanyna iberdi. Gyz Hudaýyň Resulynyň garşysyna geldi we aýtdy:

— Eý Resulalla! Biz siziň garyndaşlaryňyzdan bolarys. Atam ýok. Enem bardyr. Enem meni siziň ýanyňyza iberdi. Namaz okamaga eşik tapmadyk. Maňa bir eşik berseň – diýdi.

Resul alaýhyssalam köýnegini çykaryp berdi. Özi bir şala çolanyp galdy. Don tapmady. Şonuň üçin jemagata barman galdy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam geldi we aýtdy:

— Eý Muhammet, Hudaýtagala salam iberdi. Salamdan soň şuny aýt diýip iberdi.

Aýtmaly zadyň manysy budur:

— Eý Muhammet, özüňe zerur bolsa goluňdaky zady kişä berme. Ondan soň bir zady enjam edip berseň, güwäligiňi berdigiňdir. Özüň jemagatdan galarsyň. Ol wagt Resulalla bu wakany Ala aýtdy. Hezreti Aly (Taňry onuň ýüzüni nurana etsin!):

— Eý Resulalla, meniň on alty teňňäm bar. Sekizini size bereýin. Sekizi özüme bolsun. Ol sekiz teňňäni Resul Huda alyp berdi. Resul Huda dört teňňesine köýnek aldy. Galan dört teňňäni bolsa sadaka edeýin diýdi. Şol wagt ol bir köre uçrady. Görse üstünde don ýok. Kör Pygamber alaýhyssalamyň mübärek aýaklarynyň owazyny eşitdi.

Eýse ol aýtdy:

— Her kim maňa bir köýnek berse, Haktagala ol bendä behiştde hülle geýdirer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bu dünýä köýnegini ahyrýet hüllesine satan ýagşyrakdyr – diýip, ol köýnegi köre berdi. Galan dört teňňäni köýnek üçin goýarys diýdi. Ol halda ol körüň Resul Hudanyň geýen köýnegini geýeni sebäpli gözi açyldy.

Indi Resul alaýhyssalam köýnek alaýyn diýip maksat edindi. Şol wagt bir kenizegiň aglap duranyny gördi. Resul Huda ol kenizekden sorady:

— Eý kenizek, sen näme üçin aglaýarysyň?

Kenizek aýtdy:

— Eý Resulalla! Bir teňňä çüýşe al, bir teňňä hem ýag al – diýip, hojam iki teňňe beripdi.Ýag alyp gelýärdim. Çüýşäm golumdan gaçyp döwüldi, ýagym hem döküldi. Ol wagt Resul Huda bir teňňä çüýşe alyp berdi. Bir teňňä hem ýag alyp kenizegiň goluna berdi. Kenizek heniz hem aglap dur.

Resul alaýhyssalam:

— Eý kenizek, indi näme üçin aglaýarsyň? – diýdi. Ol kenizek:

— Eý Resulalla, men musulmandyryn. Hojam jöhitdir. Men gijä galdym. Ol meni urar öýdüp aglaýaryn – diýdi.

Ol halda Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý kenizek, eger hoja urar bolsa, sen oňa: «Işikde Abulkasym Kuraýşy[1] dur» diýgil – diýdi.

Kenizek öýe girdi. Hoja ony urmak isledi.

Ol kenizek aýtdy:

— Eý hoja, işikde Abulkasym dur.

Jöhit aýtdy:

[1] Abulkasym Kuraýşy – Pygamber alaýhyssalamyň bir ady. Abulkasym (Kasymyň kakasy) onuň künýesidir, Kuraýşy – bolsa onuň tiresine görä nisbesidir.

— Eý Resul, näme iş üçin gelipdirsiň?

Resul alaýhyssalam ol wakany jöhide aýtdy.

Jöhit aýtdy:

— Eý Resulalla, sen uly atly-abraýly kişi bolsaň hem bir kenizek üçin meniň işigime gelmekligi özüňe ar görmediň.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Maňa älemdäkilere rehmet ediji – diýerler. Meniň ululygym mähribanlygymdandyr.

Resul alaýhyssalamyň bu sözi jöhide täsir etdi. Jöhit musulman boldy. Ol jöhit dört düýe ýüklenen ýüki bilen düýäniň başyny tutup Resul Huda berdi. Ýene imanyň şükranasy üçin ol kenizegi azat etdi. Resul alaýhyssalam öýlerine geldi we aýtdy:

— Eý ýaranlar, meniň dört teňňäni sadaka etmegim bilen kör gözli boldy, kapyr musulman boldy, bende azat boldy, dört düýe hem mal geldi. Ençe ýakyn ýerdäki aç sahabalar doýdy. Gör bu nähili bagtlylykdyr! – diýdi.

Enes bin Mälikden (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdiler.

Ol aýtdy:

— Eý Resulalla, bir lukma tagam beren ýagşymy ýa ýüz rekagat nepil namazyny okan ýagşy?

Resul Huda aýtdy:

— Iki ýüz rekagat namazdan, bir lukma tagam beren ýagşydyr – diýdi.

Men ýene Resula sowal berdim:

— Iki ýüz rekagat namaz okan ýagşymy ýa musulmanlaryň hajatyny bitirmek ýagşymy?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Enes bin Mälik, müň rekagat namazdan musulmanlaryň hajatyny rowa etmek ýagşyrakdyr

Ýene sowal soradym:

Müň rekagat namaz okamak ýagşymy ýa bir lukma haram tagamdan gaçmak ýagşymy?

Ol aýtdy:

— Iki müň rekagat nepil namazyny okanyňdan haramdan gaçmak ýagşyrakdyr. Men ýene sowal soradym:

— Eý Resulalla, gybatdan saklanmak ýagşymy ýa müň rekagat namaz okan ýagşymy.

Pygamber alaýhyssalam:

— Gybatdan saklanmak on müň rekagat nepil namazyny okandan ýagşydyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy: Sadaka dört harpdyr, «Sad» harpy oňa dünýä belasyndan we ahyrýet belasyndan penakär bolar. «Dal» harpy kyýamat güni ol sadakanyň eýesini jennete çeker. «Kaf» harpy sadaka eýesini jennete ýakyn eder. «Ha» harpy eýesini ýagşy amallara başladar. Ol ýagşy amallary edenligi sebäpli uly mülke eýe bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bir bendä herne azap ýetişse ol bende tä sadaka berýänçä halas bolmaz. Her bende bir wagt hassa bolsa, sadaka berse ol hassalykdan gutular. Eger hassalyk sadaka bilen gitmese, Allatagala ol bendä ol hassalygyny ajy (ölüm) üçin iberendir. Şonuň üçin ol hassalyk ol bendeden sadaka bilen gitmez. Ol bendäniň imany bilen barmaga sebäp bolar.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Sadaka Haktagalanyň azabyny ýok eder we bendäni belalardan aman saklar.

Hezreti Süleýman alaýhyssalamyň wagtynda bir ýabany kepderi bardy. Ol Süleýman alaýhyssalama aýtdy:

— Üç balam bardy. Onuň birini bir kişi alyp, hatynyna berdi. Ol kişiniň hatyny ärine aýtdy:

— Galanyny hem alyp bergin.

Şeýdip, indi men çagasyz galar boldum. Siz patyşamyz bolsaňyz, biziň alajymyzy görseňiz bolmazmy? – diýdi.

Ol wagt Süleýman alaýhyssalam iki döwe emr edip iberdi:

— Baryň, ol kişi kepderiniň balasyny almaga gelse, siz ony demiňiz bilen ýok ediň.

Ol iki döw ol wagt onda häzir boldular. Muny görip, ol kişi hatynyna aýtdy:

— Men indi barmaga gorkýaryn.

Onda ol hatyn:

— Gorksaň bu iki nany algyl, ýolda pakyrlara bergil. Hiç waka bolmaz – diýdi.

Onda ol kişi bu iki nany alyp ýöredi. Ony ýolda bir pakyra berdi. Ol pakyr:

— Saňa hiç bela gelmesin – diýip dileg etdi.

Ondan soň ol kişi kepderiniň balasyny almak üçin daragta çykdy. Eýse iki döw ol kişini heläk etmek üçin taýýar bolup durdy. Ol wagt bir jaýdan iki aždarha peýda boldy. Ol iki döwi demi bilen uçuryp goýberdi. Eýse ol iki döw aždarhalaryň demi bilen çykan ýerine baryp düşdi. Ol kişi kepderiniň balasyny aldy. Öe geldi. Kepderi ýene Hezreti Süleýmanyň ýanyna geldi we aýtdy:

— Ol kişi balalarymy alyp gitdi.

Süleýman sorady:

— Döwler hany?

Kepderi aýtdy:

— Döwler ol kişini ýok edeýin diýip ýerinden ýaňy turupdylar. Iki aždarha peýda boldy. Iki döwi demi bilen howa uçuryp iberdi. Hezreti Süleýman alaýhyssalam:

— Onuň ýaly bolsa ol kişi sadaka beripdir. Döwüň sadaka ne alajy bolar? – diýdi.

Kepderi gamgyn bolup gaýdyberdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Bir gün Bibi Äşe (Alla ondan razy bolsun!) otyrdy. Bir gyz geldi. Äşe oňa sadaka uzatdy. Ol gyz sol goly berdi.

Äşe aýtdy:

— Eý gyz, näme üçin sol goluňy berdiň?

Ol gyz aýtdy:

— Atam-enem ölüpdi. Men bu gije düýş gördüm. Kyýamat gaýym bolup dur. Halklary hasap jaýyna jem edipdirler. Ol Arasat halkynyň arasyna girdim. Eýse ol jaýda bir öý gördüm. Onda doly ot ýanyp dur. Ol wagt oduň içinde bir hatyn köýüp dur. Ol hatynyň sag golunda bir gawun bar. Sol golunda bir köýnegiň bölegi bar. Sagdan gelen oda gawuny tutýar. Soldan gelen oda şol köýnegiň bölegini tutýar. Öňünden we arkasyndan gelen oda we üstünden gelen oda hiç alajy ýokdur. Men ol halda ileri bardym we enemi gördüm we:

— Eý ene, bu ne haldyr? – diýip soradym.

Enem maňa jogap berebilmedi. Oduň azabyndan perýat etdi. Birnäçe wagtdan soň enem maňa garady we aýtdy:

— Eý gyzym, bu jaý bahyllaryň jaýydyr. Men dünýäde bahyldym we dünýäde bar eden sadakam bir gawun bilen köýnek boldy. Meniň halym şonuň ýalydyr. Suwsamakdan ýaňa seniň bilen sözleşere halym ýokdur. Men ol wagtda aýtdym:

— Eý ene! Atam nirededir?

Enem aýtdy:

— Atań dünýäde sahydy. Ýagşy işi köp edipdi. Her wagt men saňa sadaka etdirmerin – diýip goh ederdim. Emma onyň sadaka bermeýän güni ýokdy. Atań Köwser howzundan jennetiň päk şerabyny adamlara berip durandyr. Ol halda men atamy gördüm. Ol Köwser howzundan suw alyp adamlara berip dur.

Men aýtdym:

— Eý ata! Başgalara beren suwyňdan eneme hem berseň näme bolar? – diýdim.

Onda atam elime bir owurt suw guýdy. Ony men alyp enemiň ýanyna geldim. Ol wagtda:

— Behişt nygmatyny dowzaha ibereniň goluny guratsyn – diýen owaz eşitdim. Ol owazyň haýbatyndan ýaňa ukudan oýandym. Öň golumyň guranyny gördüm. Indi ýa Resulalla! Golum gutulsyn – diýip bir dileg etseň.

Resul alaýhyssalam aýtdy.

— Eý bar Hudaýa, bu gyzyň düýşi rast bolsa, onuň goluny sagat et – diýip, dileg etdi. Şol wagt goly sagat boldy.

Eý Taňrymyz, barçany bahyllykdan saklagaý Sen! Ämin. Ýa repbil älemin!

## *KYRK ALTYNJY BAP*

## GYSGANÇLARYŇ AZAPLARYNYŇ WE SAHYLARYŇ SOGAPLIARYNYŇ BEÝANY

Ibn Apbas aýtdy:

Bir gün men Resul alaýhyssalamyň ýanyna bardym. Bir kişi gelip aýtdy:

— Günäni köp etdim.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Näme günä etdiň?

Ol aýtdy:

— Malym köpdi, derwüşler zat dilese bermedim, ýüz dönderdim.

Resul alaýhyssalam bu sözi eşitdi. Eýse gahary geldi, aýtdy:

— Eý bozuk, bu gün menden daş bolgul. Nägäh Haktagala saňa ot iberip, meni hem köýdürmesin.

Ol ýene aýtdy:

— Eger sen müň ýyl ömrüňi namaz oraza bilen ötürseň, sahylyk etmeseň, jaýyň dowzah bolar. Çünki bahyllar bilen kapyrlar bir taýpadandyr. Kapyrlyk dowzahdandyr, sahylyk imandandyr. Imanly behişde barar.

Ýene Resul Huda aýtdy:

— Bahyllar Haktagaladan daşdyr. Haktagala hem bu hili adamlardan daşdyr. Olar ýaly adamlar dowzaha ýakyndyr.

Sahylar Hudaýtagala hem, behişde hem, adamlara hem ýakyndyr. Olar dowzahdan daşdyr. Kyýamat güni sahy bozuklaryň orny Taňrynyň ýanynda bahyl ybadathonlardan ýokarydyr.

Bir gün bir sahaba öldi. Onuň jynazasyna Pygamber alaýhyssalam geldi. Mirasdüşeri ýüz tylla alyp gelip, Pygamber alaýhyssalamyň öňünde goýdy we aýtdy:

— Eý Resulalla, bu ýüz tylla atamyň sadakasy – diýdi. Seýit Älem mübärek gollary bilen ony görkezip aýtdy:

— Eý ýaranlar, mirasdüşeri ýüz tylla berenden özi dirilikde bir tylla bereni ýagşyrakdyr.

Rowaýat etdiler:

Ezraýyl Dawut alaýhyssalamyň gaşynda oturypdyr. Bir ýigit gelipdir we Dawut alaýhyssalamyň öýüne düşlemekçi bolupdyr. Ezraýyl aýdypdyr:

— Eý Dawut, Haktagala maňa:

— Bu ýigidiň janyny ýedi gün tamam bolandan soň almagy buýurdy – diýipdir. Ýedi gün tamam bolandan soň, ol ýigit Dawut alaýhyssalamyň ýanyna gelipdir. Dawut alaýhyssalam aýdypdyr:

— Ýa men galat eşidipdirin, ýa-da Ezraýylyň «edi gün» diýeni «edi aý» diýeni bolar – diýip pikir edip otyrypdyryn.

Ölüm perişdesi ýene gelipdir.

Dawut alaýhyssalam aýdypdyr:

— Eý ölüm perişdesi! Sen:

— Ol ýigidi ýedi güňde gabyz ederin – diýmediňmi? Ölüm perişdesi aýtdy:

— Eý Dawut, ol ýigit seniň ýanyňdan gideninden soň bir derwüşe sadaka berdi. Ol derwüş ol ýigide: «Ömrüň uzak bolsun» diýip, dileg etdi. Ýedi günlük ömrüni Haktagala ýetmiş ýyla ýetirdi.

Rowaýat etdiler:

Arapda bir Abdylmälik atly adam bardy. Atasy dünýäden ötdi. Ondan elli müň tylla miras galdy. Ol elli müň tyllany Huda üçin sadaka etdi. Adamlar aýtdy:

— Eý Abdylmälik, näme üçin munuň ýaly etdiň?

Ol är:

— Dünýäni ahyrýete satdym – diýdi. Onuň özi örän orazadardy. Eger agzaçar wagty tagam tapsa iýerdi. Eger tagam tapmasa, oraza tutardy. Bir wagt üç günden birini aç oturanmyş. Bir gün bir adam Abdylmäligiň öýüne habar almak üçin geldi. Abdylmälik hatynyna aýtdy:

— Eý hatyn, hiç zadyň ýokmy, öýe myhman geldi? – diýdi. Hatyny aýtdy:

— Bir kişä ýeterlik tagamym bar.

Abdylmälik aýtdy:

— Oglanlary alyp geliň we ýatyryň, ondan soň myhmana tagam beriň. Oglanlaryň gözi tagama düşse aglaşarlar. Ol myhman bihözir bolar.

Ondan soň olar oglanlaryny ýatyrdylar we myhmana tagam goýdular.

Myhman aýtdy:

— Eý gardaş, bizi tagam iýsin diýseň, biziň bilen tagam iýgil.

Abdylmälik aýtdy:

— Ýagşy bolar.

Myhman tagama meşgul bolup gol uzatdy. Eýse, Abdylmälik çyranyň peltesini aljak bolup çyrany öçürdi.

Abdylmälik aýtdy:

— Eý myhman, indi çyrasyz tagama meşgul boluň. Myhman razy boldy. Abdylmälik «myhman bilsin» diýip goluny tagama uzatdy. Emma elini gury aldy. Ikilenji sapar hem tä myhman tagamy iýip bolýança şeýle etdi. Eýse daň atdy. Olar Resul alaýhyssalamyň metjitlerine bardylar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ýa Abdylmälik, bu gije seniň işiňe perişdeler geň galypdyrlar. Haktagalanyň enaýaty saňa boldy. Perzentleriňe hem Haktagala kän nygmat berdi – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bendeçilik derejesine sadakadan ýetişersiňiz.

Söwban (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy.

Sadakanyň ýagşyragy maşgalaňa mähribanlyk etmekdir.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kimiň gyzy üç bolsa, olara terbiýe berse behişt ol bendädir. Haktagala oňa rehmet eder.

Enes bin Mälik aýtdy. Resul alaýhyssalam aýdypdyr:

— Men bendäniň bagtly boljakdygyna iki zat üçin karz etse kepildirin. Owwal, maşgalasy üçin karz etse. Ikinji, sadaka bermek üçin karz etse. Eger ol karzyny dünýäde berip bilmese ahyrýetde hasabyny özüm bererin.



**Türkmen hazynasy.**
*Ş. Akmuhammedowyň çeken suraty.*

## *KYRK ÝEDINJI BAP*

## HALYFLARA ÝAGŞYLYK ETMEKLIGIŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Hemişe pespälligi ýagşy görüň. Özüňiziň tagamyňyzy iýiň. Özüňiziň donuňyzy kişä beriň.

Ibn Mesgut (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

— Men bu gün bir kişini gördüm. Ol guluny urýar. Ol gul owaz edýär: «Eý adam, maňa ýardam ber» diýýär. Ol wagt Resul Hudany gördüm. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý hoja, guluňy näme üçin urýarsyň? Huda güýji ýetijidir. Ol senden sowal eder.

Ol kişi aýtdy:

— Eý Resulalla, men toba etdim. Indi hergiz gulumy urmaryn – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her hatyn äriniň emrinde bolmasy we her gul hojasynyň emrinde bolmasa ol hatyn we ol gul meniň ymmatymdan bolmaz.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

Her kim ýetimiň başyny sypasa, Haktagala ol bendä bir ýyl ybadat edeniň sogabyny berer we bir ýyllyk günäsini ýok eder.

Ebu Zer Gifary[1] aýtdy:

---

[1] Ebu Zer Gifary - sahabalaryň biri (653-nji ýylda ölýär).

Bir gün Seýit älemiň ýanyna bir kişi gelip aýtdy:
— Eý Resulalla, köňlüm gara bolupdyr.
Resul alaýhyssalam aýtdy:
— Köňlüň gara bolsa sadaka bergil. Ýetimleriň başyny sypagyl – diýdi.
Ibn Apbas Resul Hudadan sowal sorady:
— Uly günä haýsydyr?
Ol aýtdy:
— Hudaýa şirk getirmek, musulmany öldürmek we şerigat düzgünlerine laýyk gelmeýän ýagdaýlarda onuň malyny almak, ýetimiň malyny almak, olara yza bermek we ata-enäni agyrtmak.
Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:
— Her kim ýetimleriň aladasyny etse, ol bendäni Hudaýtagala behişde bihasap iberer.
Her kim kazaga razy bolsa Hudaýtagala ol bendeden razy bolar.
Her bendeden Hudaýtagala hem razy bolsa ol bendede dünýäde we ahyrýetde gam bolmaz.
Resul alaýhyssalamyň gaşyna bir kişi gelip aýtdy:
— Ey Resulalla, bir ýetim bar, nähili terbiýe bersem azaba galmaryn?
Resul alaýhyssalam aýtdy:
— Öz perzendiň dek görseňiz azaba galmarsyňyz. Eger her kişi ýetime azar berse Arş titrär.
Resul alaýhyssalam aýtdy:
— Ýetimleriň aladasyny etseňiz iki jahanyň belasyndan aman bolarsyňyz.

## *KYRK SEKIZINJI BAP*

# PARZ WE NEPIL ORAZALARYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Bilgil! Oraza iki dürlüdir. Olaryň biri parz, biri nepil orazadyr.

Ibn Mesgutdan (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdiler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bir mömin remezan aýynda oraza tutsa, Haktagala ol bendä behiştde hüýr bergeý. Her hüýri ýetmiş hülle geýgeý. Bu hülleden ol hülle görüngeý. Her biri bir reňkde bolgaý. Ýene ol hüýrlerden ýetmiş dürli ýagşy işler peýda bolar. Her hüýr bir tagtyň üstünde oturar. Ol tagt bir däne ýakutdan bolar. Her tagtda ýetmiş dürli düşek bolar. Ol düşekleriň daşyndan içi bilner. Bahasyny Haktagalanyň özi biler.

Her mömin orazany iman bilen, yhsan bilen tutsa, ol bendeleriň günäsini geçer. Ýene indiki oraza gelýänçä ol bendede günä bar bolsa, ony hem ol bendeden öter. Ol wagt ýaranlary soradylar:

— Eý Resulalla, iman bilen, yhsan bilen diýeniň manysy näme?

Resul Huda aýtdy:

— Iman bilen diýmekligiň manysy orazanyň parzlygyna ynanmakdyr.

— Yhsan bilen diýmekligiň manysy bolsa, oraza gelende guwanmak, gidende bolsa gamgyn bolmakdyr, biz oňa «ýene

oraza ýeterismi, ýa-da ýetmerismi?» diýip, orazanyň muşakgatlaryna razy bolmakdyr. Haktagala orazadarlara:

— Orazadarlar, geliň arşyň saýasynda oturyň, siz dünýäde meniň emrim üçin özleriňizi iýmekden, içmekden we şöhbetden saklap gitdiňiz – diýer. Onda orazadarlar arşyň saýasynda arassa bolup oturarlar. Arasat halky aýdyşarlar:

— Käşki, dünýäde tamam ömrümizi nepil orazasy bilen ötüren bolsadyk, onda biz bu sagadata ýetişerdik – diýerler.

Rowaýat etdiler:

Abu Japar Hudary aýtdy:

Men gije düýş gördüm. Düýşümde behişde giripdirin. Behişdi seýran edip ýördüm. Bir kişi bir tagtyň üstünde oturypdyr. Töwereginde hyzmatkärler iki gollaryny kükregine tutup durlar. Ol kişiniň agzyna bir nygmat göni giripdir. Olar:

— Eý, bende, meni iýgil, dünýäde Hudaýyň razylygy üçin sen meni iýmändiň – diýer. Sol ýanynda bir şerbet agzyna göni gelip durar. Ol aýdar:

— Eý, bende, meni içgil. Dünýäde Hudaýyň razylygy üçin meni içmändiň – diýer. Men ol hakda:

— Ol kimdir? – diýip soradym. Onda ol maňa aýtdy:

— Bu Bişr Hafydyr. Dünýäde ömrüni oraza bilen ötüripdir. Ýene bir kişini gördüm, iki gözüni Arşa tutupdyr. Ol Behişdiň nygmatlaryna we hüýrlerine tä Haktagalanyň didaryny görmeýänçä tabyn bolman dur. Nygmatlar we hüýrler aýdarlar:

— Bizden iýgil we guçgul. Hudaýtagala saňa didaryny şeksiz görkezer.

Ol:

— Men ol bendäni kabul ederin – diýer. Men ýene:

— Bu kimdir? – diýip soradym. Onda olar aýtdylar:

— Bu Magruf Kerhidir.

Ol wagt men ukudan oýandym. Ondan soň galan ömrümi oraza sarp etdim – diýdi.

## *KYRK DOKUZYNJY BAP*

## HAJ ETMEKLIGIŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her mömin haj niýeti bilen öýden çyksa, bir ädim ýol ýörese, Haktagala ol bendäniň günälerini geçer.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kimiň haj etmäge ýagdaýy ýetse, haj etmän ölse, ölýänçä ol bende tersa[1] hatarynda bolar.

[1] Tersa - hristian

## *ELLINJI BAP*

## MÜBÄREK WAGTLARYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Hudaýtagala Resul Hudanyň ymmatyna sogaply wagtlary keramat etdi. Her bendäniň bu ýylda tagat-ybadatdaky etmiş günäsi bu wagtlarda Taňrynyň dergähinde kabul bolgaý. Sogaply wagtlaryň biri Aşyr aýydyr.

Äşe Syddyka aýtdy:

— Bir gije Resul alaýhyssalam meniň hüjrämde boldy. Ol gije uklady. Soň turdy we täret aldy. Metjidiň işigine baryp, şahadat barmaklaryny asmana garatdy we: «Subhan el melik el kuddus» diýip üç mertebe gaýtalady. Ondan soň iki rekagat namaz okady. Her rekagatda bir ýola «Fatyha», üç ýola «Kulhuwallahu ahady» okady. Ondan soň dileg etdi. Ummatynyň günäsini Haktagaladan diledi. Iki gije şunuň ýaly etdi. Üçünji gije hem şunuň ýaly etdi. Ondan soň Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Meniň ymmatymdan bir mömin muharrem gijesi namaz okady we dileg etdi.

— Eý, Äşe, sen gördüňmi, muharrem aýy şunuň ýaly namaz okasaň, ondan soň dileg etseň Haktagala ol möminiň bereketinden bir topar adamlaryň uly günälerini geçer. Özüniň harajatyny bolsa oňa rowa eder we ahyrýet azabyndan halas eder – diýdi.

## *ELLI BIRINJI BAP*

## ÝYLYŇ BAŞYNDA WE SOŇUNDA NAMAZ OKAMAGYŇ WE ORAZA TUTMAGYŇ ARTYKMAÇLYGYNYŇ BEÝANY

Pygamber alaýhyssalam aýtdy:

Kim gurban aýynyň ahyrynda we aşyr aýynyň birinji gününde agyz beklese, onuň geçen ýyly tutuş agyz bekläp geçirdigi we geljek ýyly bolsa oraza bilen başladygy hasaplanar, Allatagala ondan elli ýylyň günäsini öter. (Gurban aýy hijri senesiniň iň soňky aýy bolýan bolsa, aşyr aýy täze ýylyň birinji aýydyr). Kim ýylyň ahyrky gününi we ýylyň birinji gününi oraza tutsa, onda alty ýyl oraza tutdugy bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her mömin iliň öňünden we soňundan oraza tutsa, Haktagala ol bendäniň il arasyndaky günäsini geçer.

Rowaýat etdiler:

Abdyrahman ibn Ahmet aýtdy. Men Käbäniň gyrasynda durdum. Men bir kişini gördüm. Ol Käbäniň ortasynda oturyp ýalbarýar:

— Eý bar Hudaýa, işimi ýagşylyga döndergil – diýip, müň mertebe aýtdy.

Ondan men sowal soradym:

— Eý adam, ol sözüň manysy nämedir?

Ol adam aýtdy:

— Biz üç dogandyk. Bir gün bir doganymyz öler halyndady. Men onuň ýanyna bardym. Ol doganym gözüni açdy we maňa aýtdy:

— Eý doganym, maňa Gurhan alyp gel – diýdi. Men Gurhan alyp geldim. Doganym Gurhany goluna alyp aýtdy:

— Eý, doganym, her kim bu Gurhana ynanmasa, men ol bendeden bizardyryn. Ol bende ölse jöhit bolar – diýdi we jan berdi.

Ýene bir doganym şonuň ýaly öler haldady. Men onuň ýanyna bardym. Ol:

— Eý doganym, her kim bu milletden bolmasa ol bende hem tersa (hristiýan) bolar – diýip aýtdy we ol hem jan berdi. Men hem şonuň ýaly bolup ölsem diýip mynajat edýärin diýdi.

## *ELLI IKINJI BAP*

## AŞYR AÝYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Ulamalaryň arasynda (bu mesele barada) yhtylap[1] bardyr. Emma sahabalaryň köpüsi aýdypdyr:

Bu sogaply gün Muharramyň onunjy günüdir. Amal hem şol sözedir.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her kim Aşyr aýynda oraza tutsa, Haktagala ol bendä on müň sapar oraza tutanyň we on şäheri bina edeniň sogabyny berer. Her kim Aşyr güni bir oraza tutan kişiniň agzyny açdyrsa, jemi Muhammet ymmatynyň orazadarlarynyň agzyny açdyranynyň sogabyny berer.

Ýene Allatagala asmany, ýeri, dagy we derýany[2] Aşyra güni[3] ýaratdy. Olaryň hersini uly etdi.

Hezreti Adam ata behiştden Aşyr güni çykdy we toba etdi. Tobasy kabul boldy. Şol güni hem Aşyr günüdi.

Nuh pygamber Aşyr güni halaslyk tapdy.

Ybraýym alaýhyssalam Nemrudyň odundan Aşyr güni halas boldy.

Musa alaýhyssalam Aşyr güni derýa düşdi.

---

[1] Yhtylap - gapma-garşy pikirler.

[2] Derýa – bu ýerde Nil derýasy göz öňünde tutulýar.

[3] Aşyr güni – muharrem aýynyň ony.

Pyrgun Aşyr güni gark boldy.

Aşyra güni Eýýup alaýhyssalam gurt belasyndan halas boldy.

Hezreti Gün Aşyr güni dogdy.

Muhammet Mustapa alaýhyssalam Aşyr güni jahana geldi.

Kyýamat hem Aşyr güni gaýym bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her kime hajat düşse, ol hajatyň alajyny tapyp bilmese Aşyr güni iki rekagat namaz okasa, her rekagatda bir ýola «Fatyha» we bir ýola «Ýasyn» okagaý.

Eger «Ýasyny» bilmese her rekagatda ýigrimi bäş ýola «Kulhuwallahu ahady» okasa Allatagala aýdar:

— Eý perişdelerim, bu namazy okan bendäme men sogap bererin. Ol perişdeler aýdarlar:

— Eý bar Hudaýa! Elbetde Seniň özüň ýagşy bilijisiň!

Ol wagt Allatagala aýdar:

— Onuň ýanyndaky ybadatlar üçin perişdeler ýazgysyna müň sogaby ol bendä ýazarlar. Uçmahda müň dereje bina ederler. Ol bendä sekiz behişdiň işigini açarlar. Müň günäsini ol bendeden ýok ederler.

Rowaýat etdiler: Bir musulman bir kapyra ýesir bolupdyr. Ol musulman bir gün ondan gaçdy. Ony dört müň kapyr kowdy. Ol musulman yzyndan uly bir leşger gelýändigini gördi. Gizlenmäge hiç ýer tapmady. Şol wagt Aşyr güni ekenligi ýadyna düşdi. Elhal ýerinden turdy. Elini göterip dileg etdi: «Eý, bar Hudaýa, Aşyr gününiň hormaty üçin meni bu kapyrlardan halas et!» diýdi. Ol wagt kapyrlaryň leşgeri ýetip geldi. Onuň iki ýanyndan ötüberdiler. Hiç biri muny görmedi. Şeýdip ol kapyrlardan gutuldy we olardan halas tapanlygynyň şükranasy üçin ol musulman oraza tutdy. Emma iýmäge hiç zat tapmady. Aç ýatdy. Eýse ukuda bir kişi bir desterhan tagam we bir käse suw alyp geldi we aýtdy:

— Eý bende, ajap jaýdan ýardam diilediň. Bu gün Aşyr günüdir. Hemme hajatlaryň kabul we rowa boldy. Bu tagamy iý – diýdi. Ol tagamy iýdim we ol suwy içdim. Hergiz onuň ýaly tagam iýmändim. Ukudan oýandym, garnym doýup dur. Agzymdan tagamyň lezzeti gelip dur. Bularyň hemmesi Aşyr gününiň hormatyndandyr.

Rowaýat etdiler:

Bir baý kazy bardy. Aşyr güni ol kazynyň öýüne bir derwüş geldi we aýtdy:

— Eý kazy, men kişiden hiç zat soramandym. Bu gün maňa bir zeruryýet boldy. Meniň hajatymy rowa etgil.

Kazy aýtdy:

— Eý derwüş, ne hajatyň bar?

Derwüş aýtdy:

— On batman nan, iki batman et, iki ýüz teňňe ber.

Kazy aýtdy:

— Ikindi namazyndan soň gel. Hemmesini taýýar edip bereýin – diýdi. Ol kişi gitdi. Ikindi namazynyň wagty geldi.

Derwüş aýtdy:

— Eý kazy, hany taýýar bolsa dilän zatlarymy bergil – diýdi.

Kazy gaharlanyp jogap berdi we oňa hiç zat bermedi. Ol derwüş ýüregi agyrly bolup, aglaý-aglaý gaýdyberdi. Derwüş gelýärdi. Bir jöhit işikde durdy. Ol derwüş aglap gelýärdi. Jöhit onuň ýanyna geldi we:

— Sen näme üçin aglaýarsyň? – diýip sorady.

Derwüş wakany jöhide aýtdy. Ondan soň derwüş ol jöhitden:

—Özüňiziň diniňiziň hormatyny tutmaýarsyňyzmy? – diýip sorady.

Jöhit aýtdy:

— Hawa, tutýarys.

Derwüş aýtdy:

— Onuň ýaly bolsa meniň hajatymy rowa etgil.

Jöhit aýtdy:

— Eý derwüş, sen maňa uly ant berdiň. Indi hajatyňy aýtgyl.

Derwüş aýtdy:

— On batman nan, iki batman et, iki ýüz tenňe pul bergil. Ol jöhit ol halda on batman nan, iki batman bişen eti we iki ýüz teňňäni düýä ýükledi.

Kazy öýüne bardy. Ol gije düýş gördi. Düýşünde tylladan bolan bir köşk gördi. Ol halda kazy sorady:

— Bu kimiň köşgidir?

Behişdiň halaýyklary aýtdylar:

— Bu köşgi seniň üçin bina edipdik. Emma sen derwüşe rehimiň inmändir we hiç zat bermän iberdiň. Indi ol köşki jöhide berdik.

Şol wagt men ukudan oýandym. Daň atdy. Ol jöhidüň öýüne gelip aýtdym:

— Eý jöhit, bu Aşyr güni näme haýyr etdiň? Jöhit derwüşiň wakasynyny kaza beýan etdi.

Onda kazy aýtdy:

— Ol eden ýagşylygyňy on müň tylla satarmysyň?

Jöhit aýtdy:

— Ýüz müň tylla hem bermerin.

Jöhit aýtdy:

— Eý kazy, näme üçin ol ýagşylygy menden satyn aljak bolýarsyň? Wakasyny maňa aýtgyl.

Kazy düýşüniň wakasyny aýtdy. Eýse jöhit aglaberdi. Şol zaman pikir etdi. Bigäne bolup bigänä munça ýagşylyk etdim. Emma bu Hudaýdan özge Hudaý bar diýenimiň hemmesi batyl eken – diýdi.

Ol ýene:

— Eý kazy, men dinimden gaýtdym. Hemme Hudany batyl bildim. Bir Hudaýdan özge Hudaý ýokdur: «Lä-ilähä illallahu, Muhammet Resulalla, eşhedu en lä ilähä illallahu we eşhede enne Muhammeden abdyhu we resuluh» diýip, musulman boldy.

## *ELLI ÜÇÜNJI BAP*

## REJEP AÝÝNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Bilgil, bu aý hemme aýyň ulusydyr. Bu aýyň üç ady bardyr. Owwal, ady rejep, ikinji, ady şehralla[1], üçünji ady mahker[2]. Rejebiň manysy «uly» diýmekdir.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Rejep aýynyň özge aýlardan sogaplylygy Gurhanyň özge kitaplardan artykmaç görünişi ýalydyr (misli Töwrat, Injil, Zebur). Bu aý zyýada, bereketli aýdyr. Başagaý bolanlar we gamgyn bolanlar bu aýda oraza tutsa ýa bir dirhem sadaka berse, özge aýlarda berenden iki esse sogap bolar. Bu aýda istygpar aýtmak gerek. Bu aý remezandan soň, iň uly aýlaryň biridir. Bu aýda Hudaýtagala möminlere rehmet eder. Emma kapyrlara we birek-birekden içi kitüwli adamlara rehim etmez. Eger iki mömin şeýtan waswasyna gidip uruşsalar we üç günden artyk kine saklap ýörseler, olara hem rehim etmez. Ýene Hudaýtagala daryndaşlaryndan mähribanlygyny üzenlere we ata-enesini agyrdanlara hem rehim etmez. Emma rast bilen toba etseler, onda olara rehmet eder.

Söwban (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdi.

---

[1] Şehralla – Allanyň ady

[2] Mahker – Ker aý

Bir gün Resul alaýhyssalamyň ýoly görüstanyň üstünden düşdi. Ol görüstanda bir salym saklandy. Ondan soň ýörediler. Şol wagt Resul alaýhyssalam aglady. Sahabalar hem agladylar.

Men soradym:

— Eý Resulalla, size näme boldy?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Şu görüstanyň tamam ähline azap berýärler. Olaryň nalasy meniň gulagyma geldi. Muňa meniň takatym bolmady. Ol sebäpden agladym we ol jemagatyň günälerini Haktagaladan diledim. Taňry olaryň günälerini ötdi. Ol ýene aýtdy:

— Eý Söwban, eger şol görüstandan bir kişi rejep aýynda bir gün oraza tutan bolsady, Haktagala hemmesiniň günäsini ýalkardym – diýdi.

Söwban aýtdy:

— Eý Resulalla, rejep aýynda her kim oraza tutsa, namaz okasa, gör azabyny görermi?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

—Ýok, görmez. Oňa Müňkir, Nekiriň sowalyny ýeňil eder. Ol kyýamatyň gyzgynyndan aman bolar. Ol bendä kabul bolan müň hajyň we müň gazatyň sogabyny ýazar. Ýene ol bendäniň amal depderine mün guly azat edeniň we müň ýalaňaja don bereniň sogabyny ýazar. Ýene müň ýerde köpri salanyň we müň tylla sadaka bereniň sogabyny berer.

Söwban ýene aýtdy:

— Bir gün oraza tutana, bir mertebe namaz okana munça sogaplar berjek bolsa, bendäniň ol günde eden ybadaty mundan zyýada gelse ýene berermi?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Söwban! Bu mukdar sogap kim Hudaýtagalanyň gudratyna müňkir bolmasa, wadalaryna kaýyl bolup, tagat we

ybadat etse we ymmatynyň aýdan sözüne kaýyl bolup inkär etmese ol kişä bolar.

Söwban aýtdy:

— Men Resul Hudadan ol sözi eşidipdim. Ondan soň hergiz rejep orazasyny terk etmedim. Bu aýyň bir ady şehralladyr, onuň üçin Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Rejep aýy Allatagalanyň aýydyr, şagban meniň aýymdyr. Remezan ymmatlarymyň aýydyr. Her kim rejepde oraza tutsa, şol aýyň sogaplaryna ynanyp we azaplaryna guwanyp, sabyr edip razy bolsa, Allatagala ol bendä Behiştden uly jaý berer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ol kişi rejep aýynda iki rekagat namaz okasa, ol gijesi ýa ol gündüzi her rekagatda bir «Fatyha» bilen bäş ýola «Kulhuwallahu ahady» okasa ol bendäniň behişde girmegine men kepildirin.

Sahabalar aýtdylar:

— Eý Resulalla, haýz (aýbaşy) gelen, ýa nefas (çaga dogandan soň gelýän gan) gelen aýal biçäreler ol namazy okap bilmeseler, olar onuň sogabyndan mahrum bolarlarmy? Ýa näme ederler?

Resul Huda aýtdy:

— Namazy okamaga güýji ýetmese, ol gije-gündiz ýüz ýola keleme töwhidi okagaý. Ýene ol gije ýa gündiz ýüz ýola «Yhlas» süresini okasa ol bendäniň behişde girmegine men ýardam bererin. Bularyň hiç haýsysyny edip bilmese, günäden özüni saklagaý.

Halypanyň bir kenizegi bardy. Zyýada sahypjemaldy. Ol kenizegiň ady Şems el Zahydy. Ol kenizek ýaly hoşroý maşgala ýokdy. Halypa hemişe ol kenizek bilen bolardy. Halypa bir gije hadymlara:

Şems el Zahyny getiriň – diýip buýurdy. Hadymlar Şems el Zahynyň ýanyna bardylar we:

— Eý Şems el Zahy, seni halypa çagyrýar – diýdiler. Kenizek aýtdy:

— Eý hadymlar, men Hudaýtagalanyň bendeçiliginde oturandyryn. Halypanyň ýanyna barsam bendeçilikden galyp günä düşerin. Men halypa bilen bolup bilmerin. Maňa bu gije dahyl etmesin. Eý, hadym, bu sözi saňa aýtdym, sen bolsa ony halypa aýtgyl – diýdi. Hadym halypanyň ýanyna bardy we aýtdy:

— Eý halypa, men oňa ençe sapar aýtdym, emma ol jogap bermedi. Ol halda halypa özünden gitdi. Birnäçe wagtdan soň özüne geldi. Hadymlary çagyrdy. Hadymlar geldiler.

Halypa:

— Şems el Zahyny şirlere taşlaň! Goý, ol para-para bolsun – diýdi.

Olar şirbana:

— Kenizegi şirlere taşla! – diýip aýtdylar.

Şirban Şems el Zahynyň ýanyna bardy we aýtdy:

— Eý aý ýüzli gyz, sen näme günä etdiň? Halypa seni şirlere taşla – diýip emr etdi.

Şems el Zahy aýtdy:

— Eý şirban, bu sözler bilen seniň näme işiň bar? Patyşa näme emr etse, ol emr bilen bolgul. Bu söze şirbanyň gazaby artdy. Şirban şir ýatan ýeriniň işigini açdy. Ol kenizegi şirleriň öňüne taşlady. Şirleriň öýüniň işigini baglady we gitdi. Ol halda Şems el Zahy iki goluny göterip mynajata meşgul boldy we aglap aýtdy:

— Eý bar Hudaýa! Sen ýagşy biliji sen! Bu bela maňa geldi. Seniň permanyň bilen bu şirlerden maňa aman bergil.

Ol halda şirler gazaplanyp iýmäge geldiler. Şems el Zahyny ysgadylar. Eýse birden tagzym bilen durdular. Erte boldy. Halypa ukudan oýandy. Meslikden halas boldy. Ol:

— Şems el Zahyny barlaň – diýdi. Şems el Zahynyň wakasyny halypa aýtdylar. Halypa bir ah urdy. Üstündäki dony ýyrtylyp para-para boldy. Şol wagt turdy-da şirhana geldi. Işigi açdy. Görse Şems el Zahy sag-salamat otyr. Şirler iki goluny gowşuryp daşrakda durlar. Halypa şat bolup öýüne geldi. Pukaralara köp mal paýlady. Ondan soň halypa şäheriň ýagşyzadalaryndan:

— Şems el Zahy şirlerden näme üçin salamat galypdyr? - diýip sorady. Bir kişi aýtdy:

— Başdan aýagy tamam ýüpek don bolsa, onuň ysyndan şirler gaçar – diýdiler. Bir bölek kişiler bolsa:

— Başdan aýagy yslydyr. Şonuň üçin ondan gaçandyr – diýdiler. Her kim bir söz aýtdy. Ahyr bolmady. Kenizegiň özünden soradylar. Kenizek aýtdy:

— Men hadym gelmeýänçä bu wakany aýtmaryn. Halypa hadymy getirdi. Kenizek hadyma öz aýdan sözüni aýtdy.

Hadym aýtdy:

— Eý halypa, kenizek galat söz sözleýär.

Halypa şirbany getirdi. Kenizegiň şirban bilen sözleşen sözüni sorady.

Şirban aýtdy:

— Kenizek rast aýdýar. Ol halda ol hadymy şirlere taşladylar. Şirler ony para-para etdi. Halypa şirbana:

— Sen näme üçin meniň sözüme ynam etmediň? – diýip ony şäherden kowdurdy. Kenizege bir uly şäheri berdi.

Eý musulmanlar, her kim Haktagala hyzmat etse, ol dünýä we ahyrýet belasyndan aman bolar. Eger oňa dünýäniň belasyndan aman etmese, ahyrýet belasyndan aman eder.

Rejep aýynyň bir ady kerdir. Näme üçin «ker» diýipdirler? Çünki, ol diňe rejep aýy Haktagalanyň eden ýagşylygyny eşider we Haktagala bu aýda eden günäňe kyýamat gün güwälik bermez.

Bende başga bir aýda günä etse ol aý güwälik berer. Emma rejep aýy güwälik bermez.

Aýdar:

— Men hiç zat eşidemok. Bu bendäniň günä edenini hem bilemok – diýer. Onuň üçin bu aýyň bir ady «ker» diýlip goýlupdyr.

Rejep aýynda beden bilen ybadat etmek, on kysym durar. Owwal, on günüň orazasyny tutmakdyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Rejep aýynyň owwalynda üç gün oraza tutsa, ol bende tä jennetde jaýyny görmeýänçä dünýäden gitmez. Allatagala ol bendäniň elli sany uly günäsini ýok eder. Ol bendäniň elli hajatyny şu dünýäde, ýetmiş hajatyny terezä salan wagtynda we ýetmiş hajatyny Syratyň üstünde wagty rowa eder.

Ýene ol bende üç seýit bendäni azat eden dek bolar.

Ýene ol bende göýä ýetmiş mertebe Gurhan okan dek, Hudaýtagala üçin ýetmiş gala bina eden dek, ýetmiş mertebe gazata baryp, kapyry gyran dek, ýetmiş metjit bina eden dek we ýetmiş köpri bina eden dek bolar.

Ol bende kyýamat güni ýetmiş kişini dowzahdan diläp alar.

Ol bendä ýetmiş jaý, her jaýda bir howly bolar. Her howluda bir öý bolar. Her öýde bir tagt bolar. Her bir tagtda hüýrler oturyp, ol hüýrler ony togap etmäge gelerler. Bu aýyň ýene bir häsiýeti her gün ybadat we tagat edip namaz okamakdyr.

Rowaýat etdiler:

Bir hatyn bardy. Ol hemişe rejep aýynda ybadat ederdi. Bu hatyn hassa boldy. Bir ogly bardy. Ol ogluna aýtdy:

— Eý oglum, men ölsem bu şal köýnegime dolap goýgul. Ol hatyn öldi. Ogly gymmat zatlardan kepen etdi. Onuň enesini jaýladylar. Gije ogly ýatypka enesi onuň düýşüne girdi we:

— Eý oglum, men şal köýnagime dolap jaýlaýançaň senden razy däldirin – diýipdim. Ogly oýandy. Ertir namazyndan boşandan soň, eline bir pil aldy we mazarystanlyga tarap ýöredi. Enesiniň görüni açdy. Eýse enesini görden tapmady. Ogly melul boldy we aglady.

Ol aýtdy:

— Eý bar Hudaýa, enemi haýsy dowzaha iberdiň. Ol wagt şeýle ses geldi:

— Rejep aýynda üç gün oraza tutan bendäni Haktagala görde ýalňyz goýmaz – diýip dünýäde eşitmediňmi? Eneň behişt içindedir.

Ýene bir ybadat sadaka bermekdir. Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her kim rejep aýynda sadaka berse, ol bendäniň amallaryny terezä salanda ýagşylyklary Uhud dagyndan agyr geler.

Rejep aýynda bir teňňe sadaka berseň, müň teňňe bereniň sogabyndan hem artyk bolar.

Ýene bir ybadat syrkawy baryp görmekdir we halyny soramakdyr. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim rejep aýynda syrkawyň halyny sorasa, Allatagala jennetde bir jaý berer. Ol jaýy özi biler. Özge bilmez.

Her kim rejep aýynda jynaza namazyny okasa, ol bendäniň jynazasyny perişdeler okagaý.

Ýene bir ybadat alymlar mejlisinde oturmakdyr. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim rejep aýynda alymlaryň mejlisinde bir ýola otursa, özge aýlarda müň ýola oturan dek bolar.

Ýene bir ybadat alymlary zyýarat etmekdir. Her kim rejep aýynda alymlar bilen görüşse, kyýamat güni ol bende ruhanyýun we mukarrap perişdeleriň[1] topary bilen görüşen dek bolar, we Syratdan öter wagtynda ol perişdeler oňa köňül berip durarlar.

Ýene bir ybadat metjitde çyra ýakmakdyr. Her kim metjitde çyra ýaksa, ol bendä beren sogabynyň hasabyny Allatagala biler. Özge bilmez.

Ýene bir ybadat Gurhan okamakdyr. Her kim rejepde Gurhan okasa onuň sogabyny Allatagala biler, özge bilmez. Allatagala oňa ýagşylyk eder we ähli işini ýeňil eder. Ol ýeňilligiň hiç soňy-ahyry bolmaz.

Ýene bir ybadat istygpardyr (günäni soramak) zikr we salawat okamakdyr. Her kim bu aýda istygpar okasa Allatagala onuň günälerini ýok eder. Ol bendäniň günäsi topragyň sanyndan köp bolsa-da ony iki dünýäniň eýesi eder.

---

[1] Mukarrap perişdeler – Taňrynyň ýakyn perişdeleri.

## *ELLI DÖRDÜNJI BAP*

## MERET AÝYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Haktagala bu aýy hemme aýdan artykmaç göripdir. Hezreti bibi Äşe (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy:

Resul Huda hiç aýda şagban aýynda tutuşy ýaly oraza tutmazdy. Men soradym:

— Eý Resulalla, näme üçin bu aýy tamam oraza tutar siz. Ol aýtdy:

— Bu aý rejep bilen remezanyň arasynda bir aýdyr. Halklar mundan gapyldyrlar. Bu aýda bendäniň amalyny gadyr-gymmat eýesi bolan Taňra arz eder. Eger bende bu aýda ybadat we tagat etse Haktagala ol bendäni ýalkar.

Rowaýat etdiler. Abdylla ibn Mübärek (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy. Men Resul alaýhyssalamy düýşümde gördüm. Resul alaýhyssalam maňa aýtdy:

— Eý Abdylla, bu ýerden Bagdat şäherine bargyl, pylan mähellede Bährem atly jöhit bardyr. Meniň salamymy oňa ýetir we sen:

— Hudaýtagala saňa rehmet etdi we senden razy boldy we seni behişdiň didaryna duçar etdi – diýip oňa aýtgyl. Men ukudan oýandym we aýtdym:

— Bu düýşüm şeýtanydyr. Niçik jöhit Hudaýtagalanyň didaryny görer? Ondan soň bu wakany üç ýola gördüm. Indi bildim, bu düýşüm hakykatdyr. Ondan soň Bagdada bardym.

«Bährem atly jöhit barmy ?» diýip soradym. Bähremiň özi çykdy. Men Bähreme gören düýşümi beýan etdim we ýene soradym:

— Eý, Bährem, hiý bir wagt Hudaýtagala ybadat edipmidiň?

Jöhit aýtdy:

— Men malymy we gallamy kişi sadaka istäp gelse oňa hiç zat bermeýärdim – diýdi.

Onda Abdylla aýtdy:

— Bu haramdyr. Ýene jöhit aýtdy:

— Bir gyzym bardy. Oňa şagban aýynda toý etdim. Müň kişiden köp adama tagam berdim. Belki müň doňuz soýup berendirin. Ýene toý güni gijesi bir hatyn üç mertebe öýüme geldi we gitdi. Men:

— Bu hatyn ogrudyr – diýip pikir etdim. Ol hatynyň yzyndan ýöräp öýüne bardym. Öýüniň tüýnüginden garadym. Görsem ol hatynyň üç gyzy bar eken. Olar aç we ýalaňaç. Ol gyzlar ýerinden turdular we aýtdylar:

— Eý ene, bize hiç zat alyp gelmediňmi? Bizler açlykdan tagat edip bilemzok.

Ol hatyn aglady we:

— Eý balalarym, men alada baryny etdim. Näme edeýin, sizler üçin üç ýola çyra ýakyp bardym.Ol jöhit hiç zat bermedi. Men toý eden kişiden: «Gyzlarym aç» diýip dilemäge Hudaýtagaladan çekindim – diýdi. Ondan soň: «Bu jöhit elbetde Hudaýtagalanyň duşmanydyr» – diýip gyzlar we enesi hemmeleri aglaşdylar. Ol hatyn Haktagala «huruş» diýip şikaýat etmän aglady. Ol wagt meniň janyma bir ot düşdi. Şol wagt öýe bardym. Bir uly sebedi et, nan, halwa bilen dolduryp, göterip ol hatynyň öýüne alyp bardym we onuň çagalaryň öňünde goýdum. Ol çagalar hoşwagt boldular.

Abdylla ibn Mübärek aýtdy:

— Bu eden haýr-yhsanlaryňy Hudaýtagala kabul edipdir. Bährem bu sözi eşidip aýtdy:

— Ol Hudaý bu bigänäni özüne çekse, indi ol bigänä nähili durmuş bolar. Şol wagt ol jöhit Hudaýtagalanyň emrine keleme şahadat aýtdy: «Lä-ilähä illallahy Muhammet Resulalla eşhedu enlä ilähe illalla we eşhedu enne Muhammeden abdyhu Resuluh» diýip musulman boldy. Ol üç mertebe bu kelemäni gaýtalady we jan berdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bu aýda bir gijäni tagat bilen ötürseň kyýamat güni halaýygyň köňli öli bolsa direler. Ol gijäniň bir ady «Berat[1]» gijesidir (berat gijesi-meret aýynyň on bäşi gijesi)

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim berat gijesi iki rekagat namaz okasa, ol bende tä ýüz perişde gelmeýänçä bu dünýäden çykmaz. Ol ýüz perişde geler. Ol bendäni şeýtan azabyndan saklar. Ol ýüz perişdäniň otuzy aýdar:

— Eý bende, gaýgy etme! Ölmeklik hakdyr. Ölenden soň seni göre goýarlar. Behiştden saňa bir işik açarlar. Mydama rehmetde bolarsyň – diýip köňül bererler. Ýene bir otuzy aýdar:

— Eý bende, jan bermekligiň ajygyndan, görüň azabyndan, kyýamatyň hasabyndan we azabyndan gaýgy etse, saňa bulardan zelel ýokdur – diýip köňül berip durarlar.

Ýene bir otuzy geler şeýtanlary kowarlar. Bu bendäniň jany çykýança şeýtanlaryň belasyndan Haktagalanyň emri bilen saklap durarlar. Emma ol jaýda şeýtanlar her tarapdan gol urarlar. Ol bendäni otuz perişde haýbat bilen saklap şeýtanlary kowarlar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

---

[1] Berat gijesi-şaban 15-i gijesi.

Mömim bendeler öler wagtynda ýetmiş müň döw geler. Her biri imany almak üçin dürli hile ederler. Emma ol perişdeler «şeýtanlar bu bendä gol urmasynlar» diýip, ol bendäniň ýatan düşeginiň üstünden gozganmazlar. Ol halda şeýtan hiç alaç etmez. Ol bendäniň imanyny bu dünýäden salamat alyp barar. Bu namazdan bendeler gapyldyrlar.

Muhammet bin Abdylla aýdypdyr:

Her kim meret aýynyň on bäşinji gijesi bu namazy okasa, ol bende üçin ol dünýäde dürli köşkler bina ederler. Birnäçe köşkler hünjüden, birnäçesi bolsa ýakutdan. Ýene ol köşkleriň göwherden gyzyldan we ýakutdan küňresi bardyr. Her bir köşkde eşitmedik we görmedik nagyşlary bardyr. Bu namazy okan bendä Haktagala beýle zatlary nesip eder. Ol iki rekagat namazdyr. Bir rekagatda bir, «Fatyha», ýüz ýola ýa elli ýola «Kulhuwallahu ahady» okagaý.

Enes bin Mälik resul Hudadan rowaýat etdiler. Resul Huda aýtdy:

— Her kim aşyr güni ýa-da terwiýe güni[1] ýa Arafa orazasynda ýa-da aýdy gurban güni, ýa, berat gijesi, ýa şaban aýynyň on bäşinji gijesi, ýa anna gijesi, dört rekagat namaz okasa we owwalky rekagatynda bir ýola «Aýatyl kürsini», üç ýola «Kulhuwallahu ahady», ikinji rekagatda-da şunuň ýaly, üçünji rekagatda bir ýola «Fatyha», bir ýola «Aýatul kürsi», üç ýola «Alhamy», on ýola «Kulhuwallahu ahady», dördünji rekagatda bir ýola «Fatyha», üç ýola «Aýatul kürsini» ýigrimi bäş ýola «Kulhuwallahu ahady» okasa, eger tamam halk we möminler kapyrlardan halas bolar. Haktagala olary hoşwagt eder. Ol bende kyýamat azabyndan aman bolar we oňa köp sogaplar nesip eder. Bu namazlaryň başga-da sogaplary köpdür.

[1] Terwiýe güni – Gurban aýynyň sekizi.

## *ELLI BÄŞINJI BAP*

## ORAZ AÝYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Kagbal Ahbar (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi:

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý ýaranlar, Haktagala sizleri uluglap remezan aýyny iberdi. Taňry ony başga hiç pygamberiň ymmatyna ibermedi. Ol remezan aýynyň orazasyny meniň ymmatym üçin sylaglady. Siz hem ony uluglaň we eziz tutuň. Çünki siz özge ymmatlaryň arasynda kyýamat güni bu sebäpden eziz bolarsyňyz. Her kim remezan aýynda bir gije ybadat etse, gündiz ýalançylykdan, gybatdan, töhmetden we şugulçylykdan özüni saklasa, Haktagala ol bendä müň aý ybadat edeniň sogabyndan hem köp sogap berer.

Enes bin Mälik (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan şeýle rowaýat etdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Kyýamat güni bolsa Haktagala üç dürli halklara rehmet berer. Owwal, şagban aýynda remezan aýynyň orazasyna ulaşdyryp, oraza tutsa. Ikinji, Gurhanhonlara. Üçünji, remezan aýynda tarawadan soň namaz okanlara.

Hezreti Aly (Allatagala onuň ýüzüni nurana etsin) aýtdy:

— Men Seýit Älemden eşitdim. Seýit Älem aýtdy:

Haktagala üç dürli halklara näçe mukdar sogap berse, bir ýalňyz kişä hem bu mukdar sogaby bergeý.

Sahabalar aýtdylar:

— Ýa Aly, ol bir kişi diýýäniň kimdir?

Hezreti Aly aýtdy:

— Ol şeýle bendedir, ýagny orazadarlaryň agzyny açdyran bendedir.

Seýit Älem aýtdy:

— Remezan aýynda Haktagala her günde ýetmiş müň asylary azat eder. Juma gijesi hem ýetmiş mün asylary azat eder. Remezan aýynyň içinde näçe müň asylary azat etse, aýt baýram gijesi hem şonça mukdar asylary azat eder.

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdi. Remezan aýy gelse, Haktagala Jebraýyl alaýhyssalama perman eder:

— Eý Jebraýyl, behişde bargyl. Ondan bir käse jennetiň päk şerabyny alyp, Muhammet Mustapanyň gabryna bargyl we aýtgyl:

— Eý Resulalla, remezan aýy gelipdir. Ymmatyňa laýykçylyk edip jennetiň päk şerabyndan içgil. Ol wagt Jebraýyl alaýhyssalam Haktagalanyň permanyny tutup, behiştden bir käse jennetiň päk şerabyny alyp geler we:

— Eý Resulalla, Haktagala saňa perman etdi, bu päk şeraby içsin – diýip aýdar.

Resul alaýhyssalam aýdar:

— Ymmatsyz niçik päk şeraby içerin?

Ol wagt Haktagaladan perman bolar: «Eý Habybym! Owwal sen içgil! Sagadatly sarkydyňdan ymmatyňa hem nesip edeýin».

Resul alaýhyssalam ol wagt päk şeraby içer. Ondan soň käsäni Jebraýyl alaýhyssalama berer. Ol halda Jebraýyl alaýhyssalama:

— Käseden galan sarkyty ol habybyň orazadar ymmatlarynyň gözlerine salgyl – diýen perman bolar. Sebäbi olar hem päk şeraby içsinler we şeraban tehuran[1] içenleriň sogabyny tapsynlar – diýer. Her kim dünýäde päk şeraby içse, ahyrýetde dowzah oňa haram bolar. Şeýle hem remezan aýy gelse, mälik dowzahdan perman berer:

— Tä remezan aýy tamam bolýança ýedi dowzahy baglagyl – diýer. Dowzahdan müň asy we jepaly bendeleri çykararlar. Her günde Jebraýyl alaýhyssalam owaz eder:

— Eý ähli görüstan, hoş boluňlar, remezan aýy geldi. Şol aý Haktagala gördäki hiç bir kişä azap etmez we jemi görleri nur bilen ýagty eder. Her wagty kyýamat peýda bolsa remezan aýy ýagşy surnaýly kişi bolup, Arşyň üstünde häzir bolar. Haktagala metjide geler. Ol wagt Haktagaladan perman bolar:

— Eý remezan aýy, bu gün sejde güni däldir. Bu gün sahylyk günüdir. Näme dileseň dilegil. Bu gün meniň hezzetimden näçe isleseňiz bererin.

Ol wagt remezan aýy aýdar:

— Muhammet ymmatynyň tenleri ýalaňaç görden turupdyr. Olara don bergil.

Ol wagt perman bolar. Ondan soň perişdeler behiştden hülleler getirerler. Şol wagt remezan aýy ýene aýdar:

— Eý bar Hudaýa, bu orazadarlaryň başy ýalaňaçdir.

Ol wagt perman bolar:

— Behiştden bu orazadarlar üçin täç getiriň. Perişdeler baryp täç alyp getirip geýdirerler.

Ondan soň ýene remezan aýy aýdar:

— Eý bar Hudaýa, bu orazadarlaryň aýaklary ýalaňaçdyr.

Ol wagt ýene perman bolar:

---

[1] Şeraban tehuran – Jennetiň päk şeraby.

— Eý perişdeler, bu orazadarlaryň her birine ýetmiş müň jübüt köwüş geýdiriň. Ol perişdeler Haktagalanyň permanyny tutup, köwüş geýdirerler. Ondan soň remezan aýy aýdar:

Eý bar Hudaýa, orazadarlar göründe aç durarlar. Bu orazadarlaryňy öz keremiň bilen doýurgyl.

Ol wagt perişdelere perman bolar:

— Eý perişdeler, ol ýedi gat ýeri göterip duran öküzi öz gudratym bilen olara bagyş kyldym. Onuň göşüni (etini) olara beriň! Ol wagt perişdeler permany ýerine ýetirip jemi orazadarlara ol göşi berer. Hemme orazadarlar iýerler. Ondan soň remezan aýy aýdar:

— Eý bar Hudaýa, senden bir umydym bar.

Haktagala aýdar:

— Eý remezan aýy, näme islegiň bolsa dilegil! Men kabul ederin. Ol wagt remezan aýy aýdar:

— Eý bar Hudaýa, men jemi orazadarlary behişde alyp bararyn! Ol wagt perman bolar:

— Eý remezan aýy, jemi orazadarlaryňy behişde alyp bargyl. Ol wagt Haktagaladan behişde perman bolar: «Eý perişdeler, bu orazadarlaryň soňundan ýöräp, nagma kylyp, behişde alyp baryň».

Perişdeler hoşwagtlyk bilen olary behişde alyp bararlar. Ol wagt Arasat halky «bu jemagat haýsy amaly eden ekeni?» – diýip, haýran bolarlar. Onda ol perişdeler aýdarlar:

— Bular orazadarlardyr. Olara bu gün Haktagaladan lutfy kerem bar – diýip durarlar.

Ol jemagat behişdiň işigine bararlar. Eýse remezan aýy aýdar:

— Eý Muhammet ymmatynyň orazadarlary, hoş galyň, ähli maksadyňyza ýetdiňiz – diýer.

Şeýlelik bilen, remezan aýy hemme orazadarlary maksadyna ýetirer.

— Eý möminler, Haktagalanyň emrini remezan aýynda ýagşy berjaý ediň we yhlas bilen ýagşy ötüriň. Dilleriňizi gybatdan we göriplikden, ýalan sözden we töhmetden saklaň. Gözleriňizi şerigata laýyk däl işlere seretmeklikden saklaň. Binika işi we şerigata laýyk bolmadyk iş peýda bolsa, şol zaman tiz toba ediň we puşmanda boluň. Eger bu aýdanym dek etmeseňiz size aç bolmakdan we suwsamakdan özge zat ýok.

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi.

Ol aýtdy:

— Remezan aýynyň owwaly rehmetdir, ortasy magryfetdir, (ylym, bilim) ahyry dowzah odundan azatlykdyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy.

— Her zadyň köňli bardyr. Iliň köňli remezan aýyndadyr. Her kim remezan aýynda salamat bolsa, günäden salamat bolar. Tamam iller beladan we günäden salamat bolar. Her kim bir köňli şat etse ol bendeden jemi perişdeler şat bolar. Her kim remezan aýyny şat etse, ol bendeden Haktagala şat bolar. Ol bendäniň günälerini geçer. Her kimden Allatagala şat bolsa, ol bendä dowzah haram bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Iki aýyň arasyndaky nika ýagşy däldir. Çünki onuň üçin Adam alaýhyssalam agzaçar baýramynda wepat boldy. How ene gurban baýramynda wepat boldy. Bu iki baýramyň arasynda nika etmek gowy däl.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Remezan aýy gelende dowzahyň işigini baglarlar, behişdiň işigini açarlar we şeýtany bent ederler. Her kim oraza tutsa, ýalan sözlemese, göriplikden we töhmetden daş dursa we gybat etmese, bäş wagt namazyny jemagat bilen okasa, şol mertebe bilen remezany ötürse, Haktagala ol bendäniň şol ýyl eden günäsini geçer. Ol bende remezan aýyny şol mertebe

bilen ötürse günäden päk bolar we eneden ýaňy dogan çaga dek bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim Tarawa namazyny okasa, Taňry oňa Arşyň töwereginde perişdeleriň sanyça sogap berer. Olaryň sanyny Allatagaladan özge bilmez.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Kyýamat güni bolanda bendeler hasap üçin jem bolarlar. Ol wagtda orazadarlar görden başyny götererler. Ondan soň Arasada bararlar. Agyzlaryndan behişt yslary geler. Ol hemme Arasadyň halklaryna täsir eder. Ähli Arasat halky ol ysyň ýakymlylygy üçin kyýamat güni «ne tagatyň bar, ýa ne günäň bar?» diýip, kişi-kişiden soramaz. Emma günäli adamlar bar bolsa olar günüň haýbatyndan eden günäleri aýan bolarlar. Eger hamr içen bolsa agzyndan hamr (arak) ysy geler. Eger zyna eden bolsa, äriň ferjlerinden akar. Süýthor bolsa, garny misli uly gümbez dek bolar.

Abu Juheýza Hurryýýadan rowaýat etdiler:

Ol Basrada bir dagyň üstünde bir jaý bina etdi. Adamlardan özüni jyda etdi. Ol jaýda gije-gündiz ybadatdan gapyl bolmady.

Salyh Merwi aýtdy:

— Men bir gün Abu Juheýza Hurryýýanyň ýanyna zyýarat etmek üçin öýden çykyp gelýärdim. Ýolda Muhammet ibn Wasyg, Mälik Dinar, Sabyt Bennany we Habyp Ajamy ýolukdy. Ol jemagatlar aýtdylar:

— Eý Salyh Merwi, sen nirä barýarsyň? – diýdiler. Men aýtdym:

— Abu Juheýza Hurryýýanyň ýanyna zyýarata barýaryn. Onuň ýaly bolsa biz hem baraly – diýip, biz bäş Allanyň welisi bolup ýöredik. Ol wagt ol jemagat onuň işigine gelip ýetdiler. Abu Juheýza azan aýtdy. Bu gelen bäş Allanyň welisi bilen

namaz okadylar. Namaz wagty gutardy. Eýse Muhammet ibn Wasyg turup baryp Abu Juheýza bilen elleşdi.

Abu Juheýza aýtdy:

— Siz kim?

Ol aýtdy:

— Men Muhammet bin Wasygdyryn.

Ol aýtdy:

— Basra şäheriniň ýagşy mertebeli adamsy sizmi? – diýdi. Muhammet ben Wasyg jogap bermedi. Ondan soň Habyp elleşdi. Oňa hem aýtdy:

— Siz kim?

Ol aýtdy:

— Men Habyp Ajamydyryn.

Ol aýtdy:

— Basra şäheriniň dilegi kabul bolýan adamsy sizmi? Ondan soň Sabyt Bennany bilen elleşdi. Ondan soň Mälik Dinar bilen gürrüňdeş boldy. Salyh Merwi bilen hemmeden soň gürrüňdeş boldy. Soň maňa aýtdy:

— Sen kim?

Men aýtdym:

— Salyh Merwi.

Ol aýtdy:

— Men siz ýagşy Gurhan okaýarsyňyz diýip eşidipdim, hany bir Gurhan okaň – diýdi. Ol wagtda men bu keramatly aýaty okadym. (Ýewme ýerawnel-meläikete lä buşra ýewme-izin bilmujrimine we ýakuluna hijranan mahjura).[1] Kim kyýamat güni halaýyklar arasynda häzir bolarlar. Perişdeleri görerler. Perişdeler owaz ederler. Bu gün şatlyk ýok, günäkärler Hudaýtagaladan daş durar. Ýene Hudaýtagalanyň tarapyndan:

---

[1] Olaryň perişdeleri görjek günlerini ýatlaň! Ol günde günäkär kimseler üçin birem hoşhabar bolmaz we perişdeler olara diýerler: «Her hili hoşhabar siz üçin bütinleý haramdyr». (Furkan süresi, 22-nji aýat).

— Günäkärler dergähimden daş duryň – diýen owaz geler.

Salyh Merwi aýtdy:

— Men şol jaýa ýetişipdim. Abu Juheýza Hurryýýa bir nagra urdy we ýykyldy. Men ol wagt onuň başyny dyzyma söýedim. Görsem ol eýýäm jan beripdir. Abu Juheýzanyň bir hyzmatkäri bardy. Ol menden sorady:

— Siz kim?

Men:

— Men Salyh Merwi bolaryn we Allanyň dört welisiniň biridirin – diýdim.

Ol:

— Meniň pirim öldi – diýip aglaberdi. Men aýtdym:

— Niçik bildiň.

Ol aýtdy:

— Meniň pirim hemişe mynajat ederdi: «Eý, bar Hudaýa, her wagt maňa ajal ýetse bir bölek welini getirgil, goy olar meniň bilen namaz okasyn. Namazdan soň meniň jynazamy okasyn. Ondan soň ol jemagatlar meni gömsünler» diýerdi. Olaryň hergiz dilegi kabul bolman galan wagty ýokdur. Men sizliň adyňyzy eşitdim. Eýse pirimiň ölenini bildim. Ondan soň olar ony ýuwdular, jynazasyny okadylar we göre goýdular. Ondan soň ol jemagatlar Abu Juheýza Hurryýýanyň hyzmatkärinden soradylar:

— Eý gardaş, piriň bu makama (orun dereje) haýsy tagatdan ýetişdi?

Ol hyzmatkär aýtdy:

— Pirimiň tagaty mydama oraza tutmak bolardy. Ol jemagatlar aýtdy:

— Hyzmatkär dogry aýdýar. Biz indi kimiň tagatynyň köpüsi oraza bolsa, onda onuň bu derejä eýe boljakdygyny bildik.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ol günde bendeleri behişde ibermäge perman bererler. Bir perişde, ol bendäniň ýanyna geler. Onuň golunda käsesi bolup, ol käse müşkden mähirli jennetiň päk şerabyndan doly bolar. Ol perişde käsäni onuň goluna berer we bendä Haktagalanyň salamyny ýetirer. Ol käsä şeýle diýip ýazylypdyr:

— Bu perişde hergiz sizden daş bolmaz we hergiz siz ölmersiňiz.

Rowaýat etdiler:

Syrry Sakaty mydama oraza tutardy. Onuň bir küýzesi bardy. Gije ol küýzä suw guýup daşarda goýardy. Ol küýzäniň suwy sowuk bolardy. Ol sowuk suw bilen agzyny açardy.

Şyh Jüneýt Bagdady aýtdy:

— Men bir gün onuň öýüne zyýarata bardym. Onuň öňünde bir döwük küýze ýatyr. Ol wagt men oňa aýtdym:

— Bu nähili küýzedir? Ol aýtdy:

— Men bu küýzä suw salyp goýýardym. Ol suw bilen orazamy açardym. Men siziň öňüňizde uklapdyryn. Meniň ýanyma bir näzenin zenan geldi we aýtdy:

— Eý Syrry Sakaty, orazaňyzy sowuk suw bilen açyarsyňyz. Eger-de jennetiň päk şeraby bilen açmaklyga we biziň ýaly hüýrleri guçmaklyga arzuwyň bar bolsa mundan el çek. Men Hüýr al-aýndyryn.[1] Haktagala bizi siziň üçin ýaradypdyr. Biz size taýýar bolup durarys. Bu sowuk suw bilen özüne zynat, rahat bereniň bize hoş gelmeýär – diýdi. Ondan soň men bu küýzäni döwdüm. Eý Jüneýt Bagdady, indi hergiz sowuk suw bilen agzymy açmayaryn. Oňa siz güwä bolduňyz – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men mynajat etdim.

---

[1] Hüýr al-aýn - Taňrynyň has yhlasly bendelere hyzmat etmek üçin niýetlän jennetiň hüýr gyzy.

— Eý bar Hudaýa, Sen meniň ymmatyma näme iş edersiň? Ol wagtda Haktagalladan perman geldi:

— Eý Muhammet, seniň ymmatyňa ýedi zat şert etdim. Owwal seniň ymmatyňdan kim maňa tagat etse, ol tagaty men kabul ederin, yzyna gaýtarmaryn. Sahylyk bilen onuň muzdyny we sogabany bererin. Ikinji, her kim günäden toba etse, men ol tobany kabul ederin we günäden päk ederin. Üçünji, endamynynyň edi agzasyna gararyn. Ol bendäniň alty agzasy günäde bolsa, bir agzasy tagatda bolsa, men ol alty agzasyny bir agzasyna bagş ederin, dowzaha ibermerin. Dördünji, men ol bendäniň köňlüne gararyn. Eger eden günäsini ýadyna getirip, puşman edip gamgyn bolsa, onda ol eden günälerini geçerin. Bäşinji, ol bendäni dertdir-azap, ýas bermek bilen günäsini ýok ederin. Altynjy, bir ýylda dowzahy iki ýola açaryn. Onuň bir tarapy tomusdyr, bir tarapy bolsa gyşdyr. Ol bende bu iki wagtda özüni yssy we sowga tutup, maňa tagat etse, ol bendeleri kyýamat güni dowzahda köýdürmerin. Ýedinji, eý, Muhammet, seniň ymmatyňdan hasaby hormat bilen tutaryn, adalatsyzlyk bilen tutmaryn. Eger bendäniň günäsi tagatyndan köp bolsa, ol günäni şeýle kişileriň boýnuna salaryn. Ol kişiler dünýäde musulmanlara zulum edenler we musulmanlaryň malyny alanlardyr. Şonuň ýaly-da zalymlardyr. Ol zalymlary dowzaha ibererin. Mazlumlary behişde ibererin.

— Eý Muhammet, seniň ymmatyň hakynda munça ýagşylyklar etdim. Seniň ymmatyň Maňa tagat eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim otuz gijäni tarawa bilen ötürse, Haktagala kyýamat güni aýdar:

— Eý oraza tutup, tarawa okan bendeler, sizi ärlerden, hatynlardan, bendelerden geljek we beyleki azaplardan azat etdim hem dowzahyň odundan halas etdim – diýer.

Hezreti Aly (Alla onuň ýüzüni nurly etsin!) aýtdy:

— Eger Haktagala ymmata azap salar bolsa-dy, onda remezan aýyny bu bendelere bermezdi. Bu sedäpden, eger ol kişiler Muhammediň ymmaty bolsalar, olara dowzah odynyň haramlygy mälim boldy. Olar:

— Hakdan her zat Muhammet alaýhyssalama gelip dursa, hemmesini ykrar etseler, oňa ynansalar we hak bilseler, hem gadyr bilen amal etseler we şeýtandan bolan hemme işleri terk etseler, ol terk bolan işleri nähak bilip şeýtana duşman bolsalar, hakyky ymmat bolarlar.

Ymam Abu Hanypa (Alla ondan razy bolsun!) ençeme mesele ýat edipdir. Ol meseläni bu mezhebiň ulamalary bu halklara beýan edipdirler. Ol mesele isle aňsat bolsun, isle kyn bolsun, hemmesini hak bilsin. Emma ylmy gaýyp bilen amal etmesin. Uçmahy we dowzahy, rahaty we azaby hak bilse, dini ylymlary duşman tutmasyn. Eger kişi bu sözleriň birden birine ýüregi bilen ynanmasa, emma diňe dili bilen ykrar etse, ol ymmat bolmaz we mynapyk (iki ýüzli bolar). Mynapyklary kyýamat güni bolanda dowzaha salarlar.

Eý Taňrymyz, hemmäni haklykdan çykarmagyl. Ämin!

Resul alaýhyssalam aýtdy. Gijeleriň serweri Gadyr gijesidir. Gadyr gijesi remezan aýynyň ýigrimi ýedinji gijesidir.

Aly (Taňry onuň ýüzüni nurly etsin!) Resul alaýhyssalamyň şu sözýni aýtdy:

Ol şeýle sogaply gijedir, ýagny ol gijede yhsan we keramat köpdür. Ol gijä «Gadyr gijesi» diýerler. Haktagala gadyr gijesinde birinjiden, Muhammet ymmatynyň günäsini bagyş eder. Ikinjiden, ol gije Magraç gijesi bolup, Haktagala wada edip:

— Eý Muhammet! Men seniň ymmatyňyň günälerini geçdim – diýer. Üçünjiden, ol gije bolanda kapyrlar Seýit Älemden «aýy iki bölek et» diýerler. Resul Huda mübärek barmaklary bilen aýa yşarat eder. Aý iki bölek bolar. Ol gije

Allatagala hem Muhammet ymmatynyň günäsini geçer. Her wagty gadyr gijesi bolsa Jebraýyl alaýhyssalam perişdeler bilen geler. Sidretilmüntehadan[1] gelen ol perişdeleriň hasabyny diňe Allatagala biler. Özge kimse bilmez. Ol gelen perişdelerde dört müň baýdak bolup, onda arap elipbisinde «Lä ilahä illallahy, Muhammet Resulalla» diýen ýazgy bardyr. Ol wagt Jebraýyl alaýhyssalam olara:

— Baryň, jahany seýran ediň – diýip aýdar. Ol perişdeler jahany seýran ederler we gündogardan günbatara çenli aýlanarlar. Her jaýda ärden we aýaldan mömin bar bolsa, olar Haktagalanyň ýady bilen oturan bolsalar, olara Haktagalanyň rehmetini dökerler. Emma olar käbir kişilere rehmetden dökmezler. Ýagny bir kişiniň başga kişide haky bolsa, ol haky zorluk bilen bermeýän bolsa, ýa-da bir kişä jennet ýar bolsa, emma ol kişi ýatyp uklasa, ýa-da ol öýde haram mal bolsa, heniz toba etmedik bolsa, ol jemagatlar beýle rehmetden binesip bolarlar.

Gadyr gijesinden soň daň atandan ol perişdeler asmana çykarlar. Ol perişdelerden Haktagala sowal eder:

— Eý perişdeler, siz nireden gelýärsiňiz? Hoş geldiňiz! Ol perişdeler aýdarlar:

— Muhammet ymmatyna seniň rehmetiňi ýetirip gelýäris. Onda Haktagala aýdar:

— Eý perişdelerim, siz näme iş etdiňiz? Perişdeler aýdarlar:

— Sen danasyň: Sen aýan bilijisiň! Bendeleriň Seniň ýadyň bilen boldular.

Haktagala aýdar:

— Onuň ýaly bolsa siz güwä boluň. Men ol bendelerimiň günäsini geçdim. Olary didaryma duçar ederin we behişdi bagyş ederin – diýdi.

[1] Sidret ilmunteha - Asmanyň iň aňyr çägi.

Gadyr gijesi edilen tagatyň sogaby müň aýyň gijesinde edilen tagatyň sogabyndan ýagşyrakdyr.

Imam Japar (Alla ondan razy bolsun!) Resul Hudadan rowaýat etdi. Resul Huda aýtdy:

— Her mömim bende dört rekagat namaz okasa gadyr gijesinde her rekagata bir ýola «Fatyha», ýigrimi bäş ýola «Kulhuwallahu ahady» okasa, namazdan boşandan soň ýüz ýola «istygpar» okasa, ol bende gadyr gijesiniň sogabyny tapgaý. Ýene onuň orazasyny we namazyny kabul eder. Ýene ol bende üçin behiştde bir şäher bina eder. Ol bende okan her aýaty we eden her sejdesi üçin bir şehidiň sogabyny tapar. Ol bende şol gadyr gijesi bilen geljekki gadyr gijesiniň arasynda ölse şehit bolar.

Enes bin Mälik (Alla ondan razy bolsun!) Resul Hudadan rowaýat etdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her mömin gadyr gijesi dört rekagat namaz okasa, her rekagatda bir ýola «Fatyha», bäş ýola «Innä enzelnahu», bäş ýola hem «Kulhuwalla», bäş ýola hem «Kul ýa eýýuhel-käfiruny» okasa, sogaby şunuň ýaly bolar:

Müň haj edeniň, müň guly azat edeniň sogabyny we müň ýalaňajy geýdireniň sogabyny berer. Wagtynda ol bende namazyny okasa Haktagaladan asmandaky perişdelere:

— Eý, perişdelerim, güwä boluň, men ol namaz okan bendäni ýalkadym. Ol bendeden razy boldum– diýip wada eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Aýt (baýram) gijesinde her mömin dört rekagat namaz okasa, her rekagatda bir ýola «Fatyha», üç ýola «Aýatul kürsini» okasa, Haktagala ýer ýüzündäki musulmanlaryň, tamam oraza tutanlaryň we namaz okanlaryň nähili mukdarda sogaby bar bolsa, bu namaz okanlara hem şol mukdar sogap berer.

## *ELLI ALTYNJY BAP*

## BAÝRAM AÝYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Bu aýtda aýt namazyny ötürmän okamaklyga janypkeşlik ediň! Sebäbi onda sogap köpdir. Aýtdan öň eden ybadatlaryňyz aýt namazyny okanlygyňyz sebäpli kabul bolar. Aýt güni ötenden soň, alty gün oraza tutulsa, sogaby soňsuzdyr.

Abu Sagt Hudarydan (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etdiler

Resul Huda aýtdy:

— Her kim baýram aýynyň başynda oraza tutsa, Haktagala ol bendäniň tenini dowzahyň ataşyndan halas eder. Ol bendä ömrüňiň ahyryna çenli oraza bilen ötüreniň sogabyny berer. Haktagala ol bendäniň bir gün oraza tutany üçin kyrk ýylky tagatynyň sogabyny berer. Haktagala ol bendeden gör we kyýamatyň azabyny aýrar.

Her mömin baýram aýynyň başynda oraza tutsa, Allatagala ol bendä ähli Muhammet ymmatynyň ybadatynyň sogabyny berer. Behiştde ol bendäniň bir gün oraza tutanyna bir şäher bina eder. Ol şäheriň ululygy bu dünýä barabar bolar. Ol bende kyýamat gününde aç bolmagaý we suwsamagaý. Her kimiň bu aýda alty gün oraza tutmaga kuwwaty ýetgeý.

Rowaýat etdiler:

— Beni Ysraýylda bir derwüş bardy. Ol sebet dokap satardy. Ähli puluny maşgalasyna harç ederdi. Bir gün ol abyt[1] sebedini alyp bazara çykdy. Ol zamanda bir baý aýalyň kenizegi bardy. Ol kenizek bazara geldi. Abydy gördi we öýe gelip hanyma ol abydyň hoşroýlugyndan habar berdi. Eýse hanym aýtdy:

— Eý kenizek, bargyl ol sebetçini alyp gelgil. Men sebet aljak – diýdi. Kenizek abydy alyp geldi. Ony içeri girizdi. Hanym Taňrynyň bu bendesini gördi we oňa jan dil bilen aşyk boldy. Hatyn aýtdy:

— Eý sebetçi, men seni sebet dokamakdan dyndaryp, baý edeýin. Ýöne meniň bilen söhbet et! – diýdi.

Abyt aýtdy:

— Eý hatyn, men hiç wagt munuň ýaly işi etmändim, indi hem etmerin – diýdi. Ol wagt hatyn aýtdy:

— Işikleri mäkäm etgil. Kenizek işikleri mäkäm etdi.

Abyt aýtdy:

— Eý hatyn, meniň tenim palçyk bolupdyr. Maňa täret almaga suw bergil. Ol palçygy gidereýin. Ondan soň seniň bilen söhbet edeýin – diýdi.

Hatyn aýtdy:

— Eý kenizek, bar suw alyp gel. Kenizek aýdylan zatlary alyp geldi.

Hatyn aýtdy:

— Eý sebetçi, teniňi nirede ýuwarsyň?

Abyt:

— Öýden daşaryda ýuwaryn – diýdi.

Hatyn aýtdy:

— Eý sebetçi, bu sözi kime aýdar sen. Tam üstüne çykgyl. Onda ýuwungyl. Abyt naçar bolup, tamyň üstüne çykdy, gördi

---

[1] Abyt – ybadathon.

kim tamdan düşüp gidere hiç ýeri ýok. Tam zyýada belent ekeni.

Ol abyt aýtdy:

— Eý ten, munça ýaşy ýaşadyň? Indi zyna edip dowzaha baranymdan bu tamdan özümi taşlap ölenim ýagşyrakdyr – diýip, ol tamdan özüni taşlady. Haktagala perişdelere buýurdy:

«Ol bendäni zaýa etmän, ýere düşürmän tutuň» diýdi.

Ol wagt Jebraýyl alaýhyssalam ol abydy ýere salamat goýdy. Ol öýüne bardy. Satylmaly sebetler ol jaýda galdy. Abydyň hatyny aýtdy:

— Eý abyt, sebediň puly hany?

Abyt atdy:

— Ýok boldy.

Ol wagt hatyny aýtdy:

— Men goňşynyň öýüne baraýyn. Ol tamdyra ot ýakyp durandyr. Men onuň oduny ýakaýyn. Tamdyr gyzansoň, ol tamdyryň eýesine habar bereýin – diýip, öýe bardy.

Ol öýüň hatynyna aýtdy:

— Tamdyryňy gyzdyrdym, nanyňy ýapawergin – diýdi-de gaýdyberdi.

Özi tamdyryň ýanyna geldi. Eýse nan bişip dur. Ol wagt hatyn nany aldy we öýüne geldi. Oglanlaryna nan berdi. Bu işleriň hemmesi abydyň Allatagalanyň buýurmadyk işlerinden gaçanlygy sebäpli boldy.

Her kim Haktagalanyň buýurmadyk işlerinden gaçyp, ybadata boýun bolsa, Haktagala ol bendäni dünýäniň we ahyrýetiň nygmatyna eýe eder we dünýä hem ahyrýet belasyndan aman eder!

## *ELLI ÝEDINJI BAP*

## GURBAN AÝYNYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Bilgil kim, sogaply günleriň biri zülhiçje günüdir.

Habarda munuň ýaly gelipdir:

— Kim bu on güni oraza bilen ötürse Haktagala ol bendä on zat berer. Owwal, ömri uzyn bolar. Ikinji, ähli maşgalany indiki ýyl gelýänçä dürli belalardan aman saklar. Üçünji, ol bendäniň günälerini geçer. Dördünji, ol bendäniň ybadatlaryny iki hasap eder. Bäşinji, oňa jan bermegi aňsat eder. Altynjy, ol bendäniň görüni giň we röwşen eder. Ýedinji, terezä amalyny salanda ýagşylyk tarapy agyr geler. Sekizinji, kyýamatyň uly horlugyndan we gorkunçlygyndan aman bolar. Dokuzynjy, behişdiň eda bolman duran nygmatyna ýetirer. Onunjy, Syratdan aňsat öter.

Her kim zülhiçje güni bir teňňe sadaka berse pygamberleriň sogabyny tapar.

Her kim ol on günde hassanyň halyny sorasa jemi öwlüýäleriň halyny soran dek sogap tapar. Her kim bu on güňde jynaza namazyny okasa, ol bendä jemi şehidiň jynazasyny okanyň sogabyny berer.

Kim bir myhmanyň orazasyny açdyrsa, ýa-da ol bendä bir mömin myhman bolsa jemi pygamberleri myhman alanyň sogabyny tapar. Her kim bu on günüň içinde ýetimleriň başyny

sypasa, olary hoşwagt etse, Haktagala ol bendä Arşyň saýasyndan jaý berer.

Her kim zülhiçjäniň on güni alymlara zyýarat etse Resul hudany zyýarat edeniň sogabyny berer. Ýene-de hemme pygamberler bilen oturanyň sogabyny tapar.

Rowaýat etdiler:

Bibi Äşe Syddykdan (Alla ondan razy bolsun):

Medine şäherinde bir ýigit bardy. Özi şeraphordy. Ol şeraby köp dost tutardy we alymlardan emr magruf diňlemezdi.

Aýdardy:

— Hemme halklary bozuk we pasyk işlerden jyda ediň. Ondan soň maňa aýdyň – diýerdi. Emma ol zülhiçjede namaz okardy, oraza tutardy.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý ýigit, hemme günler bozuklykda bolýarsyň. Bu zülhiçjede namaz okar sen we oraza tutar sen. Bu günleriň manysyndan habar aldyňmy? – diýdi.

Ol ýigit aýtdy:

— Eý Resulalla! Bu zülhiçjäniň namazyny okap, oraza tutanlaryň hataryndan edermikäň? – diýip umyt edýärin. Ol wagt Resul Huda aýtdy:

— Bu gün oraza tutanlaryň sogaby bihasapdyr – diýdi.

Bir gün Sufýan Söwri (Alla ondan razy bolsun!) zülhiçjäniň bir güni görüstana bardy. Bir görden nur çykyp dur. Jemi bendelere şatlyk düşüp dur. Sufýan Söwri bu ýagdaý barada pikir etdi. Şol wagtda bir owaz geldi:

— Eý Sufýan Söwri! Bu gör bir bendäniň görüdir. Ol bende zülhiçjede oraza tutmagy adat edipdi. Her kim zülhiçjede oraza tutsa, göri şonuň ýaly bolar – diýdi.Ondan soň Sufýan Söwri hergiz zülhiçjede oraza tutmagy terk etmedi.

Ol on günüň sekizinji gününe «terwiýe» diýerler. Terwiýäniň manysy alada etmekdir.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kim terwiýe güni oraza tutsa, Allatagala ol bendä müň guly azat edeniň we müň düýe gurban edeniň sogabyny berer. Ýene müň aty Hudaýtagala üçin gazata ibereniň we on iki müň ýyl tagat edeniň sogabyny berer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim terwiýe güni iki rekagat namaz okasa, her rekagatda bir ýola «Fatyha» we on bäş ýola «Kulhuwallahu ahady» okasa Allatagala onuň günälerini geçer. Allatagala onuň günäsi derýanyň köpüginden hem köp bolsa, ony geçer. Her rekagat üçin jennetde ýaşyl züberjetden müň köşk bina eder. Ýene ol bendä ýüz müň hüýrelaýn we ýüz müň hassanyň halyny soranyň sogabyny berer. Ýene Allatagala ol bendä ýüz müň düýäni gurban edeniň sogabyny berer. Şeýle hem hezreti Ysmaýyl alaýhyssalamyň perzentlerinden müň seýidi kapyrlar golundan satyn alyp, azat edeniň sogabyny berer. Ýene müň tyllany Huadýtagalanyň razylygy üçin sadaka bereniň sogabyny berer. Ýene müň aja tagam bereniň sogabyny berer. Ýene ol bendä Allatagala Töwrat, Injil, Zebur we Gurhany okanyň sogabyny berer.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her kim terwiýe güni alty rekagat namaz okasa, owwalky rekagatda bir ýola «Fatyha», bir ýola «Welasr», ikinji rekagatda bir ýola «Fatyha» we bir ýola «Li-ilafi kuraýyş», üçünji bir rekagatda bir ýola «Fatyha», bir ýola «Kulýa», dördünji rekagatda bir ýola «Fatyha» we bir ýola «Iza jäýä», ondan soň salam berse galan iki rekagatynyň her birine bir ýola «Fatyha», üç ýola «Kulhuwallahy ahady» okasa, jemi adamlar, periler, jynlar, döwler we jümle halaýyklar jem bolup ýazsalar, hergiz sogabynyň sanyny ýazyp bilmezler.

Her kim arafa güni oraza tutsa, Allatagala ol bendä ýigrimi bäş müň ýyl tagat edeniň sogabyny berer.

— Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim gurban aýt gijesi on iki rekagat namaz okasa, her rekagatda bir ýola «Fatyha», bir ýola «Aýatul kürsi», bäş ýola «Kulhuwallahu ahady» okasa, ol bende misli ýylan possundan jyda bolan dek günäden jyda bolar. Ol bendäniň amal depderine segsen ýyllyk tagatyň sogaby ýazylar. Ol bendä jennetde on müň hüýrler berer. Ýene ol bendä on müň hülle berer. Ýene ol bendeden gör azabyny göterer. Ýene ol bendäniň tarapyna jennetden iki işik açar. Onuň biri sag ýanyndan, beýlekisi, sol ýanyndan bolar. Kyýamat güni jennete bihasap girer.

Artyk sogaply günleriň biri gurban günidir. Resul alaýhyssalam:

— Günleriň iň oňady gurban günidir – diýdi.

Äşe Syddyk (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bilgil, kim gurbanlyk etse, Allatagala Syrata ol gurbanlygynyň ganyny, ýüňüni, şahyny, siýdigini we gulagyny nur eder. Allatagala ol bendä gurbanlygyň ýüňüniň sanyça hüýr-gulman (hyzmatkär oglan) berer. Ol gurbanlygyň başy ol bendä kyýamat güni saýa bolar. Gurbanlygyň süňkleri ol bendäniň iki aýagyny mäkäm eder. Syratda guýrugy dereje bolar. Jennetde gurbanlygyň derisi ol bendäniň mizanyna agyr bolar. Gurbanlygyň ýüňi hülle bolar. Her wagty mömim bende gurbanlygy söýdi, eyse gurbanlygyň gany döküldi, ol bendäniň günäsi hem misli sowuk uran daragtyň ýapragy dek döküler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Gurbanlygy ulu we semiz maldan ediň. Ol size Syratyň üstüne münen günüňiz ulagyňyz bolar. Şahyndan tutar ýaly, şahly haýwandan ediň.

Ahmet ibn Yshakdan rowaýat edip aýtdy:

— Bir garyndaşym bardy. Özi berhizkärdi, emma maldan hiç zady ýokdy. Orazany golundan goýmazdy. Her ýylda gurbanlyk ederdi. Ol bir gün hassa boldy we ýogaldy. Günlerde bir gün men ony düýşümde gördüm. Ol garyndaşym bir halkyň içinde hemmeden öňde şatlyk bilen ýöräp barýardy. Ol wagt men aýtdym:

— Eý, garyndaşym, bu derejä nädip ýetdiň?

Ol:

— Men ony üç zatdan tapdym. Owwal, her wagt malym hem bolmasa, gurbanlygy terk etmedim. Ikinji, hassa bolsam-da ybadatymy terk etmedim. Üçünji, Haktagala maňa nygmat berse, ol isle az bolsun, isle hem köp bolsun, ondan sadaka bermegi terk etmedim. Ol sebäpden maňa beýle dereje miýesser boldy – diýdi.

Aly (Taňry onuň ýüzüni nurly etsin!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi:

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Hezreti Ybraýym gurban aýynyň birinji gijesi jahana geldi. Her kim ol günde oraza tutsa, bir ýyl eden günäsini ýuwar.

Ýunus pygamber alaýhyssalam gurban aýynyň ikinji güni balygyň garnyndan çykdy. Her kim ol güni oraza tutsa bir guly azat edeniň sogabyny berer.

Zekeriýa pygamber alaýhyssalamyň dilegi gurban aýynyň üçünji güni kabul boldy. Her kim ol güni oraza tutsa we her name dileg etse kabul bolar.

Isa alaýhyssalam gurban aýynyň dördünji güni eneden dogdy. Her kim ol güni oraza tutsa, ol bendäni Allatagala pakyrlykdan çykarar.

Gurban aýynyň bäşinji güni musulmanlar Haýbary eýelediler. Ol gün bende oraza tutsa, oňa Taňry rehmet nazaryny salar.

Gurban aýynyň altynjy güni tä gurban aýy ötýänçä dowzahyň işigini baglarlar. Her kim ol gün oraza tutsa, kyýamat güni ol bende üçin ýedi dowzah bagly bolar.

Gurban aýynyň ýedinji güni Zülpikary behişde getirdiler we Allatagala berdiler. Her kim ol güni oraza tutsa, kyýamat güni jennetiň işigini ol bendä açarlar.

Gurban aýynyň sekizinji güni Nuh alaýhyssalama wahy (Hudaýtagala tarapynadan iberilen habar) geldi. Her kim ol güni oraza tutsa, ýigrimi bäş müň ýyllyk tagatyň sogabyny tapar.

Gurban aýynyň dokuzynjy güni Ysmaýyl alaýhyssalama goçgar geldi. Ysmaýyl alaýhyssalam nejat tapdy. Her kim ol güni oraza tutsa ýagny özüni tagamdan saklasa, aýdy gurban namazyny okança oňa Ysmaýyl alaýhyssalamyň mertebesini berer. Ol bende kyýamat güni dowzahyň odundan aman bolar.

## *ELLI SEKIZINJI BAP*

## SÜÝTHORLARYŇ AZABYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy: Men Magraç gijesi asmana çykdym. Asmanda misli gögüň owazy dek bir owaz eşitdim. Men ol ýere garadym. Bir topar adamlaryň garynlaryny misli gümmez dek gördüm. Men soradym:

— Eý gardaşym, Jebraýyl bular kimlerdir?

Ol aýtdy:

— Bular süýthorlardyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim süýthor bolsa ahyrýetde ol bendäniň garnyny otdan doldurarlar. Her kim süýthorlukdan mal gazansa, ol bende malyndan sadaka etse kabul bolmaz we onuň sogaby bendä nesip bolmaz.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Süýthorlukdan ýetmiş dürli günä hasyl bolar. Ol günäleriň pesi enesi bilen zyna edeniň günäsiçe bolar. Her şäherde, her kentde, ýa her ilde süýthor bolsa, Allatagala ol şäheri bela-beterlerden aman etmez. Ýagy köp bolar, ýa agramçylyk bolar. Zalym patyşalara musallat eder. Her niçik belalara mübtela (duçar) eder.

Bir gün Mälik ibn Dinar[1] bir syrkawyň halyny soramaga bardy. Ol bimar hem bitakat bolup ýatyrdy.

[1] Mälik ibn Dinar - basraly alym we derwüş (748-nji ýylda ölen).

Mälik Dinar aýtdy:

— Eý bende, niçik bitagatlyk eder sen!

Ol aýtdy:

— Eý Mälik Dinar, aldymda iki dagdan ot bar. Gije-gündüz ýanyp durar. Men ol oduň hesretinden bitakat bolýaryn.

Mälik ibn Dinar aýtdy:

— Sen süýthorluk edip iki daş saklapsyň.

Ol aýtdy:

— Eý Mälik, hawa men süýthordym. Iki daşym bardy. Biri ýeňil, biri agyr.

Mälik ibn Dinar aýtdy:

— Eý bende, ölmezden öň toba etgil. Ol syrkaw Mälik ibn Dinaryň ýanynda toba etdi. Bir zamandan soň Mälik ibn Dinar sorady:

— Halyň niçik boldy?

Ol bende aýtdy:

— Alhamdulillahy repbil älemin. Ol ýanyp duran iki ot ýok boldy.

Mälik ibn Dinar aýtdy:

— Onuň ýaly bolsa, tobaň kabul bolupdyr.

Ýene Mälik ibn Dinar aýtdy:

— Eý bende, mundan öň hiç bir alyma barmanmydyň?

Ol syrkaw aýtdy:

— Şäher alymsyz bolarmy? Alymlara ýolukmaýan adam bolarmy? Men alyma ýolukdym. Alymlar bilen oturdym. Aş iýdim. Ýoldaş boldum. Her sapar ýolugandan aýrylyşýança, ol gözüme zalymdan ýaman göründi. Indi ýaňy musulman boldum. Mundan öň kapyr ekenim. Men her wagt namaz okap, oraza tutup ýöresem hem musulman däl ekenim – diýip keleme şahadaty aýtdy we jan berdi.

Eý Taňrymyz! Hemmäniň tobasyny kabul et! Ämin!

## *ELLI DOKUZYNJY BAP*

## ZALYMLARYŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan şeýle söz aýtdy.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim zalymlara ýardam berse ýa-da zalym bir iş eden wagtynda musulmanlar şol zalyma kömek berse, Haktagala oňa sütem eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kim zalymlara «Ömrüň uzak bolsun» diýse onuň oňa, ýardam berenligidir.

Abu Bekr aýtdy:

— Günälere garadym. Hiç günä zulumdan ulurak bolmaz eken.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Bir kişini görde goýdum. Ondan soň ol göri diňledim. Müňkir-Nekir ol bendä aýtdy:

— Men saňa ýüz gürzi uraryn.

Ol bende:

— Men salyhdyryn. Maňa şepagat et – diýip dat etdi.

Müňkir-Nekir aýtdy:

— Ýadyňyzda barmy? Ol wagtda dünýäde bir biçärä biri zalymlyk etdi. Ol biçäre saňa geldi. Seniň ol zalymdan gutararlyk kuwwatyň bardy. Emma sen ony gutarmadyň. Ol

zalyma ýardam berdiň. Men zalyma ýardam berenligiň üçin seniň ýüz-gözleriňe uraryn – diýdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kyýamat güni perişdeler otdan bolan pyçak bilen bir topar adamlary soýarlar. Olar musulmanlary bigünä öldürenlerdir.

## *ALTMYŞYNJY BAP*

## BIREHIMLIK EDENLERIŇ JEZASYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim bir pakyra rehim etmese, ol bendä Hudaýtagala hem rehim etmez.

Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Her kim bir pakyra Hudaýtagalanyň razylygy üçin bir teňňe berse, kyýamat güni ol bendä ýetmiş şehidiň sogabyny berer. Her kim bir pahyryň karzyny eda etse, ol bendäni Haktagala iki dünýäde beýik mertebeli eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Bir kişi bir iş sebäpli behişde girdi. Sahabalar aýtdylar:

— Eý Resulalla, ol niçik iş sebäpli behişde girdi?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Bir gün howa yssydy. Ol bir itiň guýynyň başynda suwsap ýatanyny gördi. Ol sellesini guýa sallady. Sellesini guýydan çykaryp ondaky suwy sykyp ite berdi. Haktagala bu bendäni ol it sebäpli, ýalkady.

Her kim göre tarap kyrk ädim ýörese, Haktagala ol bendäniň kyrk günäsini ýok eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy.

— Musulmanyň bir-birine alty haky bardyr. Eger bende ol alty haky berjaý etmesi, onuň jaýy dowzah bolar.

Owwal – çagyrsa jogap bermek gerek. Ikinji – hassa bolsa, onuň halyny soramak gerek. Üçünji – iki musulman ýoluganda biri-birine salam bermek gerek. Dördünji – bir musulman asgyrsa «Alhamdulilla» diýse, eşidiji «ýarhamukalla» (Alla saňa rehim etsin) diýmek gerek. Bäşinji – bir mömin bir mömine myhman düşse, ol mömin myhmany golundan gelýänçä doýurmak gerek. Altynjy – bir musulman ölse jynazasyna barmak gerek.

Bir gün Omar ibn Hattap Medinäniň töwereginde ýördi. Abdyrahman onuň öýüne bardy.

Abdyrahman:

— Eý Omar, bu jaýda bir bölek garyplar, ogrudan, garakçydan gorkup oturypdyrlar. Ikimiz daň atýança sakçy bolaly – diýip aýtdy.

Bir gün hezreti Omar (Alla ondan razy bolsun!) bir düýä münüp barýardy. Aly (Alla onuň ýüzüni nurana etsin!) aýtdy:

— Eý Omar, düýä münüp nirä barýarsyň?

Hezreti Omar aýtdy:

— Beýtilmaldan[1] bir düýe ýok bolupdyr. Ony yzlap barýaryn.

Aly aýtdy:

— Eý Omar, bir düýe üçin munça azap çekmeseňiz näme bolar? Onda hezreti Omar aýtdy:

— Eý Aly, eger beýtilmaldan bir owlak ýok bolsa, kyýamat güni Omary ol owlak üçin tutarlar.

Habarda şeýle getirilipdir. Haktagala Musa alaýhyssalama aýtdy:

— Eý Musa, saňa pygamberlik näme sebäpden ýetişdi?

Musa alaýhyssalam aýtdy:

[1] Beýtilmal – hazuna, döwlet hazynasy.

— Eý bar Hudaýa, Seniň özüň muny ýagşyrak bilýändirsiň.

Haktagala aýtdy:

— Eý Musa, Şugaýbyň goýnuny bakaňda bir owlak çölüstanlyga gaçdy. Ol owlagy kowalap bardyň. Ol owlak saňa tiz tutdurmady. Sen ony köp azap bilen tutduň, ýöne, ony urmadyň, başyndan sypadyň. Ol owlagy enesiniň gaşyna alyp bardyň. Ol sebäpden saňa pygamberlik berdim – diýdi.

Sufýan Söwri bir gün Basrada gezip ýördi. Bir çaganyň golunda bilbil gördi. Ol onuň aýagyny baglapdyr. Sufýan Söwri aýtdy:

— Eý oglan, bu bilbili satarmysyň?

Oglan aýtdy:

— Men bäş teňňe berseň sataryň.

Sufýan Söwri bilbili bäş teňňä satyn aldy we ony azat etdi. Bilbil gündiz bolsa gitdi, gije bolsa, Sufýan Söwriniň öýüne geldi. Bir gün Sufýan Söwri dünýäden ötdi. Eýse ol bilbil üç güne çenli Sufýanyň göründe boldy. Üç günden soň, özüni göre urdy we öldi.

## *ALTMYŞ BIRINJI BAP*

## BEÝIK SAHABALARYŇ BEÝANY

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi:

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Men magraja bardym. Her gat asmandan ötdüm. Özümiň hem atamyň adynyň ýazgysyny gördüm. Ondan soň dört ýarym müň adyň ýazgysyny gördüm.

Abu Bekr Syddyk (Alla ondan razy bolsun!) tamam malyny Resul Hudaýa berdi. Haktagala parz edipdir. Ol aýtdy:

— Men hormat eýesi bolan Taňrydan meniň beren zatlarymy görer – diýip utanýaryn. Men şonuň üçin berýärin.

Ol wagt Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Abu Bekr Syddyk, maşgalaň üçin hiç zat alyp galmadyňmy?

Abu Bekr Syddyk aýtdy:

— Olary Hudaýtagala tabşyrdym. Bular bu sözdediler. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam geldi. Olar bolsa ýaňadandan don geýip durdular.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Jebraýyl, bu ne wakadyr?

Onda Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy.

— Ýedi gat asman we ýedi gat ýeriň perişdeleri Abu Bekr Syddyky oňlap, oňa ýüň don geýdirdiler – diýdi.

Haktagala aýdar:

— Abu Bekr Syddyk menden razy bolsa, men Abu Bekr Syddykdan razydyryn – diýdi. Onda Abu Bekr Syddyk aýtdy:

— Men Haktagaladan razydyryn – diýip üç mertebe aýtdy.

Ibn Apbas Resulalladan rowaýat etdi.

Ol: Daň namazyny okandan soň ýaranlardan: «Abu Bekr Syddyk nirede?» diýip sorady. Hiç kim jogap bermedi. Ol halda ýene sorady:

— Ol nirededir?

Abu Bekr ahyrky saparda:

— Lepbeý, men bärde – diýip, jogap berdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Munda geliň.

Ol şol wagt Resul Hudanyň ýanyna geldi. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Eý Abu Bekr Syddyk, owwalky rekagaty meniň bilen bitirdiňmi ýa bitirmediňmi?

Abu Bekr:

— Owwalky rekagatda siziň bilen bolupdym – diýdi.

Şol wagt şeýtan oňa:

— Seniň täretiň syndy – diýdi.

Ol halda men täret almak üçin metjitden çykdym.

Yzymdan:

— «Eý Abu Bekr Syddyk, bu kündügi algyn» diýip bir owaz eşidildi. Arkama garasam bir ak kündük dur. Men ol kündügi aldym. Täret kyldym we size geldim. Heniz siz owwalky rekagatda ekeniňiz.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ol kündügi alyp gelen Jebraýyl alaýhyssalamdy – diýdi.

Ýene-de Abu Bekr Syddykdan rowaýat etdiler. Ol gündiz maslahatda bolardy, gije bolsa Haktagalanyň tagatyna meşgul bolardy. Sahabalar oňa:

— Gündiz bir sagat hem dynç almaýarsyňyz. Siz haçan uklaýarsyňyz? – diýdiler.

Ol aýtdy:

— Eger gündiz dynç alsam, raýatym harap bolar. Eger gije dynç alsam, ömrüm zaýa bolar – diýdi.

Hezreti Omardan rowaýat etdiler. Onuň halypalyk eden wagtynda sahabalar aýtdylar:

— Eý Omar, bir çeşme bardy. Ol çeşme adamdan gan bermeseň akmazdy – diýdi.

Omar hat ýazdy we:

— Eý, çeşme eger suwuňy akdyrsaň ýagşy sen, eger akdyrmasaň men seni harap ederin – diýdi. Ol haty çeşmä görkezdiler. Ondan soň ol çeşmäniň hergiz suwy kem bolmady.

## *ALTMYŞ IKINJI BAP*

## NYGMATA ŞÜKÜR ETMEGIŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy. Her kimde dört zat bolsa dünýäniň we ahyrýetiň bar ýagşylygy ol bendededir. Owwal, dili zikrde bolsa. Ikinji, köňli nygmata ýalbaryjy we şükür ediji bolsa. Üçünji, teni sabyrly bolsa. Dördünji, ol kişiniň hatyny salyha (ýagşy aýal) bolsa.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Ol bende Allatagalanyň beren nygmatyna razy bolup, gaýgysy köp bolsa «istigpary» aýtsa Taňry ol bendeden razy bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her bende bar zadyna şükür etmek gerek.

Ol:

— Owwal, eý bar Hudaýa, meni adam edeniňe şükür. Adam perişdeden has artykdyr – diýmeli. Ikinjiden, äriniň edeniňe şükür etmeli. Çünki är hatyndan ýagşyrakdyr. Üçünjiden – meni Muhammediň ymmatyndan edeniňe şükür. Muhammet ymmaty özge ymmatlardan artykdyr. Dördünjiden – meni musulman edeniňe şükür.

Şükür – hemişe wajypdyr. Şol dört şüküri amal ediň – diýmeli.

## *ALTMYŞ ÜÇÜNJI BAP*

## HALYMLYGYŇ (MYLAÝYMLYGYŇ) BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy. Mylaýymlyk imanyň ýarydyr.

Rowaýat etdiler:

Kapyrlardan ýedi kişini Resul alaýhyssalamyň ýanyna getirdiler. Resul alaýhyssalam:

— Her haýsysy iman getirmese, boýnundan uruň – diýip buýurdy.

Ol halda Jeberaýyl alaýhyssalam geldi we:

— Hudaýtagala ol biriniň boýnuna urmasynlar – diýip aýdyp dur – diýdi.

Resul alaýhyssalam:

— Näme üçin? – diýip sorady.

Onda Jebraýyl alaýhyssalam:

— Ol kapyr sahylardandyr – diýdi.

Ondan son ol bendäni öldürmediler. Birnäçe sagatdan soň ol musulman boldy. Her kim mylaýym bolsa, Haktagala ol bendä iki dünýäňiň döwletini berer we iki dünýäniň azabyny ol bendeden alar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Mylaýymlyk imanyň ýarydyr. Allanyň welileri (dostlary) ol makama (mertebä) mylaýymlyk bilen ýetdiler. Allanyň welilerinde mylaýymlyk bolmasa, ol Allanyň söýen adamlary bolmaz. Mylaýymlyk diýeni budur:

— Saňa bir mömin gelse, ol mömin bilen habarlaşmakdyr. Habarlaşan wagtyňda ýüzüne gülüp bakmak we hormat etmek gerek. Ol ýolugşan bende isle garyndaş bolsun, isle aşna bolsun, isle bigäne bolsun, isle patyşa, isle gedaý bolsun, isle mysapyr bolsun, hemmesine mylaýym bolmak gerek. Eger kişi käbir bendä mylaýym we käbirine mylaýym bolmasa, ol bendäni «mylaýym» diýip bolmaz.

Resul alaýhyssalam aýtdy. Men jahana patyşa boldum. Bir gün Resul alaýhyssalamyň ýanyna bir kapyr patyşasy geldi. Ol wagt Seýit Älem metjitde oturardy. Kapyr patyşa metjide girdi.

Aýtdy:

— Eý Muhammet, din nämedir?

Resul alaýhyssalam:

— Din diýen zat mylaýymlykdyr – diýdi.

Kapyr patyşa ol wagt ýene-de Resul Hudanyň öň ýanyna geçdi we ýene aýtdy:

— Din nämedir?

Resul Huda aýtdy:

— Din mylaýymlykdyr.

Şol wagt sahabalar aýtdy:

— Eý Resulalla, bu ne hekaýatdyr. Resul Huda:

— Eý, ýaranlar, duruňlar – diýdi.

Ondan soň kapyr Resul Hudanyň bu işlere gaharlanmandygyny gördi. Ol oturan ýerinden turdy. Ol wagt sahabalar aýtdylar:

— Eý Resulalla, hemmämiz turaly.

Resul Huda:

— Eý sahabalar, bir az sabyr ediň, metjidi päk edeliň – diýdi.

Ondan soň ol kapyr Resul Huda garady. Görse ol owwalky dek otyr. Ol wagt kapyryň içine bir şowk düşdi. Özüni Resulallanyň aýagyna taşlady we aýtdy:

— Eý Resulalla, tiziräk aýtgyl, men näme söz bilen musulman bolaryn.

Ol wagt Resul Huda imana girmekligi öwretdi we keleme şahadaty ol kapyra aýtdy. Ol kapyr patyşa keleme şahadaty aýtdy we musulman boldy.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Mylaýymlyk edil günüň sansyz garaňkylygy ýok edişi dek, sansyz günäni ýok eder.

Resul Huda ýene aýtdy:

— Tagatyň ýagşysy mylaýymlykdyr. Hiç bende mylaýym bolmasa, kyýamatda şat bolup Allatagalanyň ýanyna baryp bilmez.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Halklara mylaýymlyk ediň. Her bir ýamanlykdan soň eden mylaýymlygyň ol eden ýamanlygyňy ýok eder.

Sahabalar aýtdylar:

— Eý Resulalla, pylan hatyn gündiz oraza bilen gije namaz bilen ýörer welin mylaýym däl. Goňşularyna azar berýär. Adamlaryň göwnüni agyrdýar. Ol hatynyň haly niçik bolar? Onda Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Onuň jaýy dowzahdyr.

Resul alaýhyssalam her wagty dileg eder bolsa, mynajat ederdi we aýdardy:

— Eý bar Hudaýa, ymmatyma mylaýymlyk döwletini arzan etgil. Bet gylykly häsiýet bermegil.

Resul alaýhyssalam aýtdy.

Mylaýymlyk möminligiň nyşanydyr. Ýaramaz gylyklylyk mynapyklygyň (erbet adamyň) nyşanydyr. Mylaýym möminleriň hemişe işleri namaz, orazadyr. Erbetleriň işleri iýmek-içmek, we hezzet islemekdir. Möminler mydama pikirde bolar, mynapyklar gysgançlyk bilen uzak umytda bolar. Möminler adamlardan umyt etmezler, mynapyklar halklardan

umytda bolarlar. Möminler malyny Hudaýtagalanyň razylygy üçin sarp ederler, mynapyklar dinlerini dünýä sarp ederler we hoşwagt bolarlar. Möminler mylaýymy dost tutarlar, mynapyklar zalymlar, bozuklar we baýlar bilen oturarlar. Ony dost tutarlar. Mylaýym kişiler tagat ederler hem «kabul bolan däldir» diýip gorkarlar. Mynapyklar tagat ederler, elbetde «kabul bolandyr» diýip semrärler.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Mylaýymlyk möminligiň nyşany bolar. Owwal özi haýaly bolar, sahy bolar. Ýagşylygyň talabynda bolar. Tagaty köp eder, rahaty az eder. Ýagşylygy isleýji bolar. Hemme halda şükür ediji bolar. Belaga sabyr edip, oňa razy bolar. Halklara sögünmez we adamlaryň gybatyny etmez, gahary geliji bolmaz we malyna gysganç bolmaz. Ol özüne köp azap beren bendä hem bet dileg etmez.

Resul alaýhyssalama köp azap berdiler, emma ol mylaýym boldy. Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her bende mylaýym bolmasa, ol hiç zat bilmez.

— Her bende mylaýym bolsa, uly derejä eýe bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her bende mylaýym bolsa, ol bende gorkuda bolar. Ol bende puşman, toba, istygpar we aglamak bilen bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Hudaýtagaladan gorkýan bendeden hemme zatlar gorkar. Hudaýtagaladan gorkmaýan bendeler hemme zatlary gorkuzar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Gözünden bir katra ýaş çykaran bendä her wagt Taňry dowzahy haram eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Çybynyň göwresiçe ýaş çykaran bende üçin dowzah ody haramdyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Mömin bende pikir edip, öten günälerini ýadyna getirip, bir ýola rastlyk bilen sowukdan demini alsa, Taňry onuň günälerini misli sowuk uran daragtyň ýapragy dek döker.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Mömim bende Hudaýtagaladan gorkup aglasa, ony dowzah ody köýdürmez.

Äşe (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy. Resul Hudadan sowal soradym:

Ymmatyňdan kimseler bihasap behişde barar? Olar kimdir?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kim öten günälerini ýadyna getirip aglasa, ah ursa, puşman etse, ol bende bihasap behişde barar. Resul alaýhyssalam ýene aýtdy:

— Hiç zat Hudaýtagalanyň ýanynda gözüň ýaşyndan ýagşyrak bolmaz.

Hezreti Omar aýtdy:

Mömin bende ömründe bir mertebe bolsa hem Haktagaladan gorkup bir katra ýaş gözünden çykarsa, özüniň malyny sadaka berenden, ol ýaşyny ýagşy görýärin. Aglamak Haktagalanyň gorkunjyndan özge zat üçin bolsa, ol aglamak bilen ömrüni ötürse hem hemmesi şeýtanydyr. Ol bendäniň ömri müň ýyl bolsa hem beýle aglamakdan hiç peýda ýokdur.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Mylaýymlyk imanyň ýarydyr. Mylaýymlygyň nyşany ol bolar. Ol bende meger mesele üçin söz sözlese we halklara nesihat üçin söz sözlese, dünýä maslahatyndan söz sözlese, sözüni «söz» diýmeris.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Tagatlaryň ýagşysy söz sözlemezlikdir. Her kim bu iki dünýäde söz sözlemese ol bende eziz bolar.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her kim bir ýere häzir bolsa, ýagşy söz sözlemek gerek. Eger ýagşy söz bilmese ündemezlik gerek. Ündemezlik emr magruf edeniň sogaby bilen barabardyr. Ündemezlik uly tagatdyr. Hiç kim bu tagadyň gadyryny bilip amal etmezler. Eger kişi bir tagata amal etse, iki dünýäniň patyşasy bolar. Adamlar bu tagatdan gapyldyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Bir kişi geldi we aýtdy:

— Eý Resulalla, behişde barar ýaly bir wesýet ediň. Men aýtdym:

— Eý kişi, bilseň, mesele aýtgyl, Gurhan okagyl, eger bilmeseň sözlemegil.

Hezreti Süleýman alaýhyssalamyň wagtynda bir kişi bir toty tutupdyr. Ol toty hemişe sözlärdi. Bir gün bir topar totular geldi we aýtdylar:

— Seniň bu adama duçar bolmagyň köp sözlemegiňdendir. Eger sen «bu beladan halas bolaýyn» diýseň sözlemegil. Ondan soň ol toty sözlemedi. Bir gün eýesi ol totyny Süleýman pygambere alyp geldi we aýtdy:

— Eý Süleýman alaýhyssalam, bu toty hemişe sözlärdi. Näçe wagtdan bäri söz sözlemedi.

Süleýman alaýhyssalam aýtdy:

— Eý toty, sen näme üçin sözlemeýärsiň? Ol totularyň nesihat edenini arz etdi. Ondan soň hezreti Süleýman ol ýigide aýtdy:

— Eý ýigit, bu toty sözden galypdyr. Ol wagtda totynyň eýesi ony azat etdi. Her kim söz sözlemese iki dünýäniň belasyndan aman bolar. Janyň asan çykmaklygy, görüň ýagtylygy, giňligi, sowalyň ýeňilligi we amal depderiniň öň ýanyndan gelmekligi sekiz uçmahyň işiginiň açyklygy sözlemezlikdir

Resul alaýhyssalam aýtdy:
Mylaýym kişiniň dini kämildir.
Resul alaýhyssalam aýtdy:
Kyýamat güni tereziniň sogap tarapyny daşdan agyr edip boljak zat mylaýymlykdyr.
Resul alaýhyssalam aýtdy:
Mylaýymlyk günäni ýok eder.
Soltan Weýsel-Karan[1] her ýere barar bolsa, oglanlar onuň aýaklaryna daş bilen urardylar.
Ol aýdardy:
— Eý oglanlar, kiçijik daş bilen uruň, uly daş bilen ursaňyz aýagym synar. Haktagalanyň tagatyndan galaryn – diýerdi.
Şyh Magruf Kerhi (Alla ondan razy bolsun!) bir suw boýunda täret alyp gitdi. Biraz ýöränden son. Ol ýerde Gurhan bilen dony galandygy ýadyna düşdi. Şyh gaýdyp geldi. Eýse bir hatyn Gurhan bilen dony alyp barýar. Ol hatyna aýtdy:
— Ogluň barmy?
Ol:
— Ýok – diýip jogap berdi.
Ýene Şyh aýtdy:
— Äriň barmy?
Ol ýene:
— Ýok – diýdi.
Onda ol:
— Äriň we ogluň bolmasa, Gurhan bilen dony beriň – diýdi. Ol hatyn Gurhan bilen dony Şyhyň mylaýymlygynyň gaýdyp berdi.
Soltan Ybraýym bir gün sährada ýörerdi. Bir kişä ýolukdy.
Ol aýtdy:
— Eý soltan, heý abadan ýer barmy?

---

[1] Weýsel-Karan. Onuň doly ady Uweýs ibn Amyr ibn Jeze ibn Mälim Karany. Bu meşhur arap sopusy 658-nji ýylda ölýär.

Soltan aýtdy:

— Görüstana bargyl.

Ol kişi aýtdy:

— Sen maňa görüstana bargyl diýip aýtdyň – diýip bir daş bilen urdy. Soltanyň başy ýaryldy. Ol daşy bir kişi görip aýtdy:

— Eý biedep, ol Soltan Ybraýymdyr. Onda ol kişi:

— Men bilmedim – diýip uzr etdi.

Soltan Ybraýym aýtdy:

— Men bagyşladym – diýdi we dagystana tarap gitdi.

## *ALTMYŞ DÖRDÜNJI BAP*

## ÄRINIŇ HAKYNYŇ HATYNYŇ BOÝNUNDA BOLAMAGYNYŇ BEÝANY

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamdan rowaýat etdi.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Hatyna «munda gel, meniň goýnumda ýatgyl» diýse, ol gelmese, äri gaharlansa, ol gaharlanany sebäpli, ýedi gat asman we ýedi gat ýeriň perişdeleri ol hatyna tä gelýänçä lagnat eder.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her hatyn ärini razy etse, ol hatynyň behiştde jaýy bolar. Resul alaýhyssalam aýtdy:

Her hatyn gije-gündiz tagat etse, äri ondan razy bolmasa, behişt oňa haramdyr. Men onuň ýaly hatyna şepagat etmerin.

Her hatyn Hudaýtagala asy bolsa we ybadaty bolmasa ärini razy etse, onda oňa dowzah ody haramdyr. Ol behiştde uly mülke eýe bolar.

Ibn Abbas Resul alaýhyssalamdan wesýet etdi.

Bir hatyn geldi we aýtdy:

— Eý Resulalla, äriň hatynynyň boýnunda näçe haky bardyr?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Her wagt äri söhbet eder bolsa, ol hatyn «nepil orazasynyň» wagty diýip hiç maýyl bolmasa näme etmeli?

Ibn Apbas aýtdy:

— Ärinden soraman hatyn nepil orazasyny tutsa, äriniň söhbetine maýyl bolmasa, hatyn men orazada diýse, şol sebäpli, äriniň köňli azar tapsa, Haktagala ol hatynyň nepil orazasyny kabul etmez.

Resul alaýhyssalamyň wagtlarynda bir hatyn dünýäden ötdi. Enesi we äri bar eken. Enesiniň düýşüne girdi. Enesi görse gyzy başdan-aýagyna köýüpdir. Agzyndan gan akyp dur. Iki goluny otdan ýüp bilen baglapdyrlar. Aýagyna otdan gandal salypdyrlar. Enesi aýtdy:

— Eý gyzym, bu ne haldyr?

Ol hatyn aýtdy:

— Eý ene, başymy köýdürmeginiň sebäbi, bu başymy nämähremden ýaşyrmadym. Ot golumy köýdüreniniň sebäbi ärimden rugsatsyz kişä zat berdim, iki aýagymy otdan bolan zynjyr bilen bende edileni ärimden soraman ol öýden çykdym. Eger hatyn ärinden emirsiz öýden çyksa, oňa äri razy bolmasa, bu hem ol duran hatyn dek bolar. Eý ene, bu iki ýylan göwsümden dişläp azap berýär. Ol ärimden rugsatsyz kişiniň perzendine süýt berenim üçin. Bu meniň agzymdan gan akmagy, men ärime köp ýaman sözler aýdardym. Maňa çäre tapmazdy we hemişe menden närazydy. Eý ene, indi ärimi razy etseň gowy bolar.

Resul Huda aýtdy:

— Haktagalanyň bir ady Rehimdir. Her kim rehim etmese, Allatagala ol bendä rehim etmez.

Olar aýtdy:

— Ýa Resulalla, onuň ýaly bolsa men razy boldum – diýdi.

Resul Huda ol äriň hatynyna köp dileg etdi. Ol gyzyň enesi öýüne geldi. Ol gije gyzyny düýşünde gördi, behiştde şat bolup ýör. Ol hatyn aýtdy:

— Eý ene, ärim razy bolandan soň Haktagala meni behişde girizdi. Özge günälerimi geçdi. Haktagala saňa we ärime rehmet etgeý.

— Ämin. Ýa repbil älemin!

## *ALTMYŞ BÄŞINJI BAP*

## HATYNYŇ HAKYNYŇ ÄRINIŇ BOÝNUNDA BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy. Her kim hatyn alsa, ol hatyna çykdajy bermese, ol äriň jaýyny dowzahda eder. Äriniň boýnunda hatynyň bäş haky bardyr.

Owwal, hatyna öý içinde iş buýurgaý. Ikinji, näme öwretse kadasy bilen öwretgeý. Üçünji, halal tagam bergeý. Dördünji, dünýä (mal) toplap ber diýmegeý. Bäşinji, dünýä üçin urmagaý. Emma şerigat bilen ursa günä etmez.

Rowaýat etdiler:

— Omaryň (Alla ondan razy bolsun!) işigine bir kişi geldi.Ol hatynyny ýamanlap söz aýtmak üçin gelipdi. Hezreti Omar belent owaz bilen hatynyny urardy. Ol är bu wakany gördi-de gaýdyberdi. Omaryň gözi ol kişä düşdi.

Omar aýtdy:

— Eý adam, näme üçin gelipdiň?

Ol adam aýtdy:

— Hatynymdan gören yzamy size aýdaýyn – diýip gelipdim. Sizler hem biziň dek ekeniňiz – diýdi.

Hezreti Omar:

— Çagalaryň barmy? – diýip sorady.

Ol aýtdy:

— Bar – diýdi. Onuň ýaly bolsa talak etme. Ol hatyny kowanyňdan soň çagalaryňy agladyp perwaý edip bilmersiň.

Biz hem naçar sözüni bilýäris. Ol çagalary biz ýatdan çykaryp bilmeris. Olara don alyp geýdirmäge dünýämiz ýok, öý saklap oturara kişimiz ýok . Eger sen baý bolsaň, bazardan zat alyp bilersiň. Öý saklamaga çory alyp bilersiň. Emma biz saňa «hatynyňy saklama» diýip aýdyp bilmeris. Her niçik hem bolsa aýalyňy saklagyl. Emma, ýaman häsiýetli hatyna behişt haramdyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy.

— Bir bölek hatyny almaň. Owwal, ärden galan. Ikinji, çagaly hatyny. Üçünji, eden işini minnet edýän hatyny. Dördünji, halklar halamaýan hatyny almaň. Bäşinji, zyýada hoşroý bolsa, ony hem almaň. Onuň üçin kim halklaryň agzyna düşenden soň, ol hatynyň özi bozuk bolar. Altynjy, dili ýalan hatyny almaň. Ýedinji, ýaman hüýli (häsiýeti) hatyny almaň. Sekizinji, ýamanlyk bilen ärine garaýjy hatyny almaň. Dokuzynjy, ärine wagtynda tagam bermeýän hatyny almaň.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Hatyn almak üç zat bilen dürsdir. Owwal, är-hatyna syýasatly bolgaý. Är hatyna syýasatly bolsa, ol hatyn Hudaýtagalanyň buýran işlerini ýerbe-ýer getirer we buýurmadyk işlerinden gaçar. Eger är syýasatly bolmasa hatyn äriniň syýasatyndan gorkmasa, kyýamat güni ol hatyndan Hudaýtagala, perişdeler, pygamberler bizar bolar. Behişdiň duşmany bolar. Dowzahyň dosty bolar. Ikinji, är hatyna öý içindäki işleri eline bergeý. Tagam bişirer bolsa öz ygtyýaryna görä bişirgeý. Gelen kişä niçik tagam berse gadagan etme. «Tagamy köp, ýa az bişirdiň» diýmegeý. Meger, ol hatyn özüniň ýagşy gören kişisine ýagşy tagam berse, ol kişi binamaz bolsa, ýaman gören kişisine ýaman tagam berse, ol kişi alym ulamalardan bolsa şol iki wagt äri «Binamaza ýagşy tagam bermegil, ýagşylara bergil» diýip gadagan etse dürstdür. Ol hatyn Hudaýtagalanyň emrinden çykmasa, namaz okasa we oraza tutsa, biminnet ogry bolmasa, özüniň owazyny kişä

eşitdirmese, kişiniň owazyny eşitmese, nämähremi görmese, äriniň barynda hem, ýogunda hem razy bolsa, ärinden gybat etmese, äriniň sözüni adama ýetirmese, ärine töhmet etmese, onda är onuň ýaly hatyn bilen mähribanlyk edip bir ýerde ýatsyn, bir çanakda tagam iýsin. Her iş eder bolsa ol hatyna maslahat bersin. Onuň ýaly hatynyň üstüne hatyn almasyn. Çünki ol hatyndan dünýä we ahyrýetde Hudaýtagala razydyr.

Resul Huda hem razy bolar we perişdeler hem razy bolar. Uçmah içindäki halklar hem razy bolar. Eger hatyn bir mömin äre hyzmat etse, ol är ol hatyndan razy bolsa, ol hatynyň hyzmaty ýagşydyr. Uly welilere hyzmat edenden, şunuň ýaly hatyna är pul, harç enjam berse, ol enjam diýip beren harjyň her dänesi üçin Haktagalanyň sogaplarynyň hiç hasaby bolmaz. Onuň ýaly hatyna dürli zatlar sarp etse, Haktagala ol güni hasaba tutmaz.

Resul alaýhyssalam aýtdy: Üç zada pul ýardam bereni hasaba almaz. Birinji, gaza (urşa) baran kişä töläp mal bereni, ikinji, remezan aýynda mal harç edeni, üçünji, maşgalasyna harç edeni hasaba alynmaz.

Ymam Hüseýinden rowaýat etdiler. (Alla ondan razy bolsun!). Aýtdylar: Eger är hatyny bilen jem bolsa Haktagala ol är-hatyna iki müň ýagşylyk ýazar, iki müň günäsini ýok eder. Hatyn özüni ärine söhbet kyldyrmaga barsa on müň günäni ýok eder we on müň sogap ýazar. Är-aýal gusul alsa, Haktagala Kirama Kätibeýne «ol är-hatynyň endamynyň tüýüniň sanyça sogap ýazyň, şonça mukdar günälerini ýok ediň, uçmahdan müň dereje ýazyň» diýip buýrar.

Bu aýdylan dereje-makamlar, sogaplar bäş wagt namazyny okaýan, otuz gün orazasyny tutýan, är-hatyna degişlidir. Eger är-hatyn namazyny okamasa, orazasyny tutmasa, olara bu sogaplar ýokdur. Olar belki, biri-birine jemlenen doňuz ýaly bolar.

## *ALTMYŞ ALTYNJY BAP*

## IKI ÝAGYNY ÝARAŞDYRMAGYŇ SOGAPLARYNYŇ BEÝANY

Abu Hüreýra (Alla ondan razy bolsun!) Resul ekrem Muhammet Mustapadan rowaýat etdi.

Allatagala baş güni, (sogap güni) behişdiň işigini açarlar. Resul Alla aýtdy:

— Meret aýynyň ortasynda Haktagala jümle halaýyklaryň günäsine geçer, emma kapyrlaryň günälerini geçmez.

— Resul alaýhyssalam aýtdy: Bäş kişiniň namazyny kabul etmez. Owwal, är hatynyndan razy bolmasa. Ikinji , bende hojasyndan geçse. Üçünji, ol iki är-aýal bir-birinden kine saklasa. Dördünji, ata-ene hemişe perzendinden razy bolmasa. Bäşinj , ol kişi eger aýbyny özi aýtsa, ýa alymlaryň eden sözüni inkär etse.

Resul alaýhyssalam aýtdy:

Nepil orazanyň sogabyny size aýdaýyn. Ol işleri siz ediň!

Sahabalar aýtdylar:

— Eý Resulalla näme ol?

Resul alaýhyssalam aýtdy:

— Kim iki ýagyny ýaraşdyrmak üçin sözler etse, her keleme sözi üçin bir gul azat edeniň sogabyny berer.

## *ALTMYŞ ÝEDINJI BAP*

## HUDAÝA BIL BAGLAMAKLYGYŇ BEÝANY

Hezerti Omar (Alla ondan razy bolsun!) aýtdy. Bendäniň Taňra bil baglamagy misli guşuň «balamy hiç zada bermerin» diýip durşy ýalydyr.

Resul alaýhyssalam aýtdy: Haktagala dört zady – meger ol kişä duçar etse, şol dört zady özge hiç kişä bermez. Owwal, sözlemezlik. Ikinji, kanagat etmek. Üçünji, takwalyk. Dördünji-dünýäde her dürli bela bolsada sabyr etmek.

Baýezit Bistamy:

— Taňra bil baglamaklyk Hudaýtagalanyň beren zadyna bendäniň razy bolmagydyr – diýdi.

Elbetde, sözüň dogrusyny beýik Taňry ýagşy bilýändir!

Bu kitap mülk eçiliji Taňrynyň beren ýardamy bilen tamam boldy.

## EDEP-PAÝHAS DÜRLERI

Geçmiş mirasymyza nazar aýlasaň, türkmen halkynyň baý ruhy we medeni mirasynyň bardygyna göz ýetirmek bolýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda ata-babalarymyzyň arzuw edip gelen Garaşsyzlygyny alanymyzdan soň, geçmiş mirasymyzy - dilimizi, medeniýetimizi, däp-dessurymyzy, ruhy gymmatlyklarymyzy altyna barabar baý edebi mirasymyzy täzeden dikeltmäge we olary halka ýetirmäge giňden ýol açyldy. Hut Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň özi sagdyn jemgyýetiň we ruhubelent adamlaryň kemala gelmeginiň asyl köküni ata-babalarymyzyň baý ruhy we medeni mirasyndan agtardy. Şonuň üçinem ol bu barada «Edebi mirasymyza ýygy-ýygydan ýüzleneliň! Olar size hakykata göz ýetirmegi, halaly haramdan saýgarmagy, ata Watany, ene topragy, halkyňy, ata-eneňi söýmegi öwreder»[1] diýýär. Bu hakykaty biz Beýik Serdarymyzyň ylahy ylhamyndan we ylahy zehininden dörän gudratly kelamy bolan Mukaddes Ruhnamasynda hem görüp bilýäris. Şonuň üçinem bu kitap biziň mundan beýläkki ylmy işlerimizde ýol-ýörelge bolup hyzmat eder. Sebäbi bu kitapda türkmeniň bäş müň ýyllyk eýýamynyň şöhratly ýollary, şöhratly şahsyýetleri,

[1] Saparmyrat Türkmenbaşynyň pähimleri we sargytlary, Aşgabat, «Ruh», 1994, 58 s.

danalary we akyldarlary hakynda gymmatly maglumatlar ýatyr. Muny bize Beýik Serdarymyzyň hut özi gaýtaryp berdi.

Ol türkmen milletiniň ýoluny gadymy ata-babalarymyzdan – Oguz han atamyzdan, Gorkut atadan, Görogludan, Magtymgulydan we beýleki şöhratly soltanlarymyzdan, akyldarlarymyzdan we danalarymyzdan gözledi. Şonuň üçinem bu kitabyň her gatyndaky sözler altyna barabardyr. Biz gudratly kelamy bolan Mukaddes Ruhnamanyň ýol-ýörelgelerinden ugur alyp, ata-babalarymyzyň miras goýan altyn sahypalaryny öwrenip, ony düşnükli dilde ýene-de halkyň özüne gaýtaryp bermeli. Diňe biz şeýle eden ýagdaýymyzda, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýaş nesli terbiýelemekdäki taglymatyna belli bir derejede ýardam berdigimiz bolar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasyna türkmeniň ýolunyň şamçyragydyr diýip ýöne ýere aýdylanok. Sebäbi munda türkmeniň bäş müň ýyllyk taryhy bolan geçmişdäki mirasymyz, däp-dessurlarymyz, ýol-ýörelgelerimiz ýatyr. Bize şol däp-dessurlarymyza, ýol-ýörelgelerimize dolanyp gelmäge diňe Garaşsyzlykdan soň giň ýol açyldy. Şonuň üçinem şu ýerde bir zady aýratyn nygtap geçmek gerek. Biziň halkymyz ençeme asyrlar garaşyp, diňe öz ogly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň başda durmagy netijesinde milli Garaşsyzlygyna ýetdi. Bu türkmeniň taryhynda iňňän özgerdiji pursatdyr. Sebäbi biz diňe Garaşsyzlykdan soň dilimizi, dinimizi, däbimizi, dessurymyzy gaýtaryp aldyk. Biz indi milli mirasymyza degişli ähli kitaplary öwrenip, halk köpçüligine ýetirmäge mümkinçilik tapdyk. Sebäbi ol kitaplaryň gatlarynda ata-babalarymyzdan miras galan halallyk, päklik, ynsanperwerlik, gaýduwsyzlyk ýaly ajaýyp däp-dessurlarymyz bar. Hut Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň özi hem ruhubelentlige, halallyga, päklige, dogruçyllyga we gaýduwsyzlyga belent sarpa goýýar. Ol

türkmene mahsus bolan şeýle ajaýyp häsiýetleriň bardygyny, onuň biziň aslymyz bolan Nuh pygamberden gaýdýandygyny beýan edip: «Nuh pygamber neberelerine–ýigitlere gaýratlylyk, ruhubelentlik, mertebelilik, birsözlülik, işewürlik öwretdi. Şolara çirk ýetirilmegini namys hasaplady»[1] diýýär. Diýmek, biziň halkymyz gadymy döwürlerden bäri halallyga, rehimdarlyga, gaýduwsyzlyga, sahylyga, jomartlyga we şunuň ýaly ynsanperwerligiň ajaýyp nusgalaryna ýokary baha berip gelipdir. Şonuň üçin hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy halallyk baradaky iňňän ajaýyp häsiýetleriň şu günler hem her bir türkmen üçin terbiýe mekdebi bolýandygyny aýratyn nygtaýar. Ol: «Arassa, halal adam öz-özüniň halallygyndan ruh hem gujur alýar. Onuň dogry hereketleri oňa öz-özi bilen sazlaşykly ýaşamaga mümkinçilik berýär. Näçe kynçylykly ýagdaýa düşse-de, öz öňündäki, Allanyň hem milletiň öňündäki päkligi, arassalygy oňa beýik güýç-kuwwat, gaýratlylyk berýär»[2] diýýär. Şonuň üçinem Beýik Serdarymyz halallyk barada «Halalyň hemaýatkäri içinde, haramynyň ýagysy ýanyndadyr»[3] diýen pähimi ýöne ýere aýdanok. Bu sözleriň aňyrsynda umman ýaly many-mazmun ýatyr. Beýik Serdarymyzyň bu sözleri onuň ýüreginiň jümmüşinden syzylyp çykan pähim-paýhas sözleridir. Geçmişde ýaşap geçen ylymly-bilimli, pähimli-paýhasly ata-babalarymyz hem durmuşyň kada-kanynlaryna we ahlak düzgünlerine berk üns beripdirler. Şonuň üçin hem bu ruhy baýlyklarymyz asyrlardan asyrlara geçip, biziň şu günki günlerimize gelip ýetipdir.

Ine, şeýle gymmatly ruhy baýlyklarymyzy, däp-dessurlarymyzy özünde jemleýän eserleriň biri hem «Ajaýyplyklaryň düri» («Dürr-ül ajaýyp») atly eserdir. Bu

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001, 10 s.
[2] Şol ýerde. 202 s.
[3] Şol ýerde. 202s.

eseriň onlarça nusgasy Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýar. Olardan 870, 1033, 1143, 2034, 3365, 5492, 6411, 6524, 7063, 7550-nji we beýleki birnäçe bukjalardaky nusgalary mysal getirmek bolar. Biz bu kitaby neşire taýýarlamak üçin 3365-nji hem-de 7063-nji bukjalardaky nusgalary esas edip aldyk.

«Ajaýyplaryklaryň düri» altmyş ýedi bapdan ybarat bolup, onda esasan durmuşyň dürli ugurlary boýunça edep kadalary, ýagşy öwüt-ündewler, wesýetler beýan edilipdir. Diýmek, bu kitap ähli döwürlerde hem durmuşyň düzgünlerini, edep kadalaryny öwredýän kitap bolupdyr. Dogry, durmuşyň kada-kanunlaryny öwredýän kitaplar başga-da köp. Olardan «Kowusnamany», Wepaýynyň «Rownakyl yslam» eserini, Sopy Allaýaryň «Sebatyl ajyzyn» eserini we ş. m. birnäçe eserleri mysal getirmek bolar. Ýöne bu kitapda duş gelýän maglumatlar olardan tapawutly bolup, onda diňe şerigatyň kada-kanunlary barada gürrüň edilmän, eýsem durmuşyň dürli ugurlary barada giňişleýin gürrüň edilýär.

Biziň halkymyzyň gadymy döwürlerden bäri halallyga belent sarpa goýup, haramlygy ýazgarandygy we oňa iňňän bir erbet zat hökmünde garandygy barada «Ajaýyplyklaryň düri» atly bu kitapda hem örän jaýdar bir rowaýat getirilipdir. Irki döwürlerde Hoja Termizi atly bir takwa adamyň ogly bozuk we azgyn bolup ýetişipdir. Bu barada müritleri ondan: «Eý, Hoja, biz perzendiň bozuk bolmagy ata-enäniň haram lukma iýmeginden diýip eşidipdik. Bu haldan şyhymyz örän arassadyr, hatyny hem şonuň ýalydyr. Bu oglan näme sebäpden beýle boldy?» diýip sorapdyrlar. Onda Hoja Termizi:

— Eý ýaranlar, bir wagtlar ýurduň häkimi raýatlaryna köp pul salgyt salardy. Olar meniň ýanyma gelip: «Eý, Hoja, bizi bu beladan halas et» diýdiler. Ol wagt men bialaç bolup, häkimiň ýanyna bardym. Oňa aýtdym: «Eý, häkim, bu işiňi

goýgul» diýdim. Onda ol: «Siz meniň tagamymy iýseňiz, men bu puly almaryn» diýdi. Men zerur bolup häkim bilen ylalaşdym. Olar maňa şol wagt desterhan getirip ýazdylar. Owwal men bir lukma tagamy agzyma saldym we ençeme wagtlap ony ýuwutman agzymda saklap oturdym. Emma häkim menden gözüni aýyrmady. Ahyrynda men ol çöregi ýuwutmaly boldum. Ine, şol bir lukma çöregiň kuwwatyndan hem şu oglan kemala geldi – diýýär.

Görşümiz ýaly, ynsap arassalygy, kalby päklik türkmeniň kalbyna gan bilen giripdir. Hakyky türkmen Nuh pygamberiň öýde öz gazanan, der saçan zadyny saklamak hakynda aýdan: «Kişi zadyny göterme hem öýüňe getirme, öz hasabyňa geçirme!»[1] diýen pähim- paýhasyndan ugur alypdyr.

Türkmen halky dürli taryhy döwürleri başdan geçirse-de, her döwürde hem öz ahlak gymmatlyklaryny ýitirmändir. Ony gözüniň göreji ýaly gorap, ezizäläp saklapdyr. Sebäbi onuň hiç bir halka meňzemeýän ýokary ahlakly edep düzgünleri bolupdyr. Şolaryň biri hem ene-atanyň perzendiň öňündäki, perzendiň ene-atanyň öňündäki borçlarydyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hem ata-babalarymyzyň şol ajaýyp ýol-ýörelgelerinden ugur alýar. Ol pähimli, paýhasly türkmen atasynyň öz çagalaryna terbiýe bermek üçin ilki bilen onuň özüniň şahsy görelde görkezmelidigini, çagalar bilen mähirli bolmalydygyny, sadalyk, pähimlilik, güler ýüzlülik, söýgi, üns-alada bilen çagalary gurşap almalydygyny elmydama nygtap gelýär. Şonuň üçinem ol: «Perzent edep görmese, edep görkezmez»[2] diýýär. Diýmek, perzendiň edepli bolmagy üçin ilki bilen ena-atanyň özi edep görkezmeli. Sebäbi seniň halallygyň, seniň ahlaklylygyň çaga üçin görüm-görelde bolup durýar.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001, 11s.

[2] Şol ýerde. 329 s.

Ine, «Ajaýyplyklaryň düri» atly bu kitapda hem ene-atanyň perzendiň öňündäki borçlary barada şeýle diýilýär: «Owwal ata ýagşy ýerden öýlenmeli. Eger ata ýaman ýerden öýlense, perzendiň ýüzi aşak bolar. Ikinjiden, perzende ýagşy at goýmak gerek, üçünjiden, perzendi okatmak gerek, dördünjiden, perzendi öýli-işikli etmek gerek». Şonuň ýaly-da perzendiň ene-atanyň öňündäki borçlary barada hem ajaýyp pikirler aýdylýar. Onda her bir perzendiň ene-atasyny sylamagy, hormat goýmagy hökmanydyr. Eger ene-ata perzendinden närazy bolsa, şol perzent Hak tarapyndanam, halk tarapyndanam ýazgarylypdyr. Şonuň üçünem ene-ata öz perzendinden razy bolmasa, şol perzent ene-atanyň öňündäki borçlaryny ödäp bilmändigidir. Perzent ene-atanyň özüni dünýä inderendigi üçin, ösdürip kemala getirendigi üçin, il hataryna goşandygy üçin elmydama olara borçly bolup durýandyr. Şonuň üçin hem perzent ene-atany razy etmelidir. Bu barada «Ajaýyplyklaryň düri» atly kitapda şeýle rowaýat getirilipdir.

Bir gün bir kişi Resul alaýhyssalamdan sorapdyr:

— Eý, Resulalla! Men atamy ýetmiş mertebe Käbä alyp bardym we getirdim. Ýene-de atamyň mende haky barmydyr? – diýýär. Onda Resulalla:

— Sen bir gije turup alada edeniniň hakyny ödäpsiň – diýýär.

Ýene-de bir mysal:

Bir gün bir kişi Resulalladan:

— Eý, Resulalla! Men nepil namazyny okap durkam atam-enem meni çagyrsa, men näme etmeli? – diýýär. Onda Resulalla:

— Ene çagyrsa nepil namazyny okaman bar, ata çagyrsa okap bar – diýipdir.

Ine, ata-babalarymyz ene-atany sylamak barada şeýle ajaýyp öwüt-nesihatlary bize miras goýupdyrlar.

Geçmişde ýaşap geçen ata-babalarymyz diňe bir şerigatyň kada-kanunlary, ahlak düzgünleri barada gürrüň etmän, eýsem gadymy döwürlerden bäri ylma-bilme hem ýokary baha beripdirler. Ylymly- bilimli adamlary bar zatdan ýokary hasaplapdyrlar. «Ajaýyplyklaryň düri» atly bu kitapda-da hut Haktagalanyň özüniň ylma sarpa goýuşy barada şeýle bir rowaýat bar.

Bir gün Dawut pygamber Haktagala mynajat edipdir:

— Eý, bar Hudaýa, ýer ýüzündäki ähli patyşalaryň hazynasy bar. Hany seniň hazynaň? – diýipdir.

Onda ýokardan Haktagaladan owaz gelipdir: «Eý, Dawut, meniň hazynamyň biri ylymdyr, biri bilimdir. Meniň ol hazynamyň dört işigi bar. Biri–pikirlenmek, biri–ýukaýüreklilik, biri–sabyr etmek, ýene biri kaýyl bolmakdyr. Men ol hazynama hemişe nazar salýaryn. Meniň bendämiň köňli şonuň ýaly uludyr. Eger ýedi gat asmany, ýedi gat ýeri, arşy-kürsi köňle salsalar, bir dänäni bir öýe salan dek bolarsyň» diýýär.

Diýmek, ylym-bilim pikirlenmegi, ýukaýürekligi ündeýän bolsa, ol adamzat jemgyýetine peýdaly ylymdyr. Şonuň üçinem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hem özüniň Mukaddes Ruhnamasynda: «Iň oňat ylym–jemgyýete peýda getirýän ylymdyr. Jemgyýete peýda bermeýän ylmyň hakyky ylymdygy şübhelidir. Adamzadyň islendik işiniň manysy haýyr görmekdir. Çünki nep, haýyr görmek jemgyýetçilik ýaşaýşyny üpjün etmegiň usulydyr»[1] diýýär. Diýmek, munuň aňyrsynda umman ýaly pikirler ýatyr. Dogrudan hem ylym jemgyýete peýda bermese, ony ösdürmese, kämilleşdirmese, halkyň aň-

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001, 343 s.

düşünjesine täsir etmese, ruhyny baýlaşdyrmasa, onuň nämä geregi bar?! Şonuň üçinem Beýik Serdarymyz öňdengörüjilik bilen «Jemagatsyz ylym gury owazdyr», «Alym–ylym eýesi, jemgyýet–alym eýesidir»[1] diýýär. Şonuň üçinem jemgyýeti ösdürmekde, kämilleşdirmekde alymlaryň orny uly bolupdyr. Olar Hak tarapyndan hem, halk tarapyndan hem sylanypdyr, hormatlanypdyr, olara uly sarpa goýlupdyr. Bu barada-da «Ajaýyplyklaryň düri» atly kitapda birnäçe rowaýatlar bar. Şol rowaýatlaryň birine görä, kyýamatda Haktagala adamlardan hasap soranmyşyn. Şonda bir bendäniň günäsi sogapdan agyr gelipdir. Haktagala şonda Jebraýyldan sorapdyr:

— Eý Jebraýyl, ol bende ýalançy dünýäde alym bilen oturmanmydyr? Eger ol alym bilen oturyp, hezzet-hormat eden bolsa, men ony ýalkardym – diýipdir.

Jebraýyl hem ol bendeden sorapdyr. Onda ol bende:

— Ýok, men alym bilen ýolda hem ýoldaş bolmadym – diýipdir. Jebraýyl ondan ýene sorapdyr:

— Sen alymyň oturan jaýynda hem oturup görmediňmi?

Onda ol mömin:

— Ýok – diýip, jogap beripdir.

Onda Jebraýyl ýene sorapdyr:

— Sen alymy dost tutan bilen hem ýoldaş bolup görmediňmi? – diýipdir.

Onda ol mömin:

— Hawa, bir sapar alymy dost tutan adam bilen ýoldaş bolupdym – diýipdir.

Şol wagt Haktagala ony eşidip:

— «Men onda ol bendäni ýalkadym. Sen ony golundan tutup behişde elt» diýipdir.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001, 343 s.

Şu rowaýat ýöne ýere getirilmedi. Sebäbi, şu rowaýat biziň nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleriniň eserlerine hem gönüden-göni täsir edipdir. Döwletmämmet Azady özüniň «Wagzy-azat» eseriniň üçünji babynda hem şu rowaýat barada durup geçmek bilen alymlara ulamylara hemişe belent sarpa goýulmalydygyny nygtamak isläpdir. Ol:

*Dünýäde alym bilen mejlis gurup,*
*Olturypdyr bular halka gurup.*

*Mejlis olduňyzmy alym birle,*
*Soragaý anlarny Jebraýyl gelip.*

Ýa-da:

*Sorasa diýgeý olar: «Olturmadyk,*
*Alym oturgan ýere biz barmadyk»* [1] –

diýip, ýokarky rowaýaty şygyr setirlerine salypdyr.

Diýmek, alymlaryň sarpasy halkyn ýanynda-da, Haktagalanyň dergähinde hem belent bolupdyr. Şonuň üçinem Resul Huda ýa-da Hudaýyň ýerdäki ilçileri alymlara we halymlara (mylaýym) uly sarpa goýupdyrlar. Bu barada «Ajaýyplyklaryň düri» atly kitapda Muhammet pygamber şeýle diýýär: «Alymlar meniň mirasdüşerlerimdir. Meniň ymmatymyň arasynda iň ynamdarlarydyr. Olar meniň ymmatymy dogry ýola salyjylardyr, howply ýoldan gaýtaryjylarydyr». Diýmek, alymlar irki döwürlerden bäri halkyň arasynda iň ynamdar adamlar bolupdyrlar. Şonuň üçinem Muhammet pygamber: «Alymy dost tutmak

[1] Döwletmämet Azady. Wagzy-azat. Aşgabat, 1962, 134-136 s.

yhlasdandyr, duşmany dost tutmak ikiýüzlülikdendir» diýýär. Diýmek, pygamberimiz alymy dost tutsaň, yhlas etmek gerek, oňa ýürek bilen hyzmat etmek gerek. Alymda her näme hajat bolsa, ony bitirmek gerek diýen pikiri öňe sürýär. Bu barada «Ajaýyplyklaryň düri» atly kitapda hem şeýle rowaýat getirlipdir:

Kyýamat güni bir bölek halklar Arşy azymyň üstünde oturupdyrlar. Olaryň ýüzi on dördi gijede dogan aý dek bolupdyr. Bu jemagatlar hiç bir azap görmändirler.

Şol wagt Jebraýyl sowal sorar:

— Eý bar Hudaýa, bu jemagatlar kimler?

Şonda Haktagaladan: «Eý Jebraýyl, bu jemagatlar dünýäde Haktagalanyň alym bendeleridir. Hudaýtagala olary dost tutandyr» diýen owaz geler.

Diýmek, Muhammet pygamber diňe bir şerigatyň kada-kanunlaryny ündemän, eýsem, alymlar we ylym adamlary babatda-da gymmatly maglumatlar aýdypdyr. Bu barada ol: «Jahyl (nadan) ymmatlarymyň namaz okanyndan, ylym ymmatlarymyň uklap ýatany ýagşydyr» diýýär. Ýa-da: «Müň sapar ybydat edeniňden, alymlaryň ýanynda bir gün oturanyň ýagşydyr» diýip, alymlara şeýle ýokary derejede sarpa goýýar.

Ol dünýäniň bozulman durmagynyň dört sebäbi bar diýip şu aşakdakylary görkezýär:

1. Alymlaryň ylmy sebäpli.
2. Adyl patyşalaryň adyllygy sebäpli.
3. Sahylaryň haýyr-sahawaty sebäpli.
4. Mömin bendeleriň dogalary sebäpli – diýýär.

Şonuň üçinem Resulalla: «Meniň ymmatlarymyň iň ýagşysy halymlar we ylym ymmatlarymdyr. Jahyl (nadan) ymmatlarym bir gezek ýalan sözlese, Haktagala günäsini geçmez, emma ylym we halym ymmatlarym kyrk sapar ýalan sözlese hem günäsini geçer» diýipdir. Halymlar hem

Hudaýtagala tarapyndan oňat görülýän adamlaryň biri bolupdyr. Sebäbi pygamberler hem pygamberlige halymlyk bilen ýetipdirler. Pygamberimiziň özi hem örän mylaýym, sada we ylymly adam bolupdyr. Diýmek, ýokarky mysallardan görnüşi ýaly, geçmiş mirasymyza näçe çuň aralaşdygyňça hem ylma, ylymly adamlara belent sarpa goýulýandygyna has-da anyk göz ýetirmek bolýar.

Şeýle hem bu kitapda adamlara ýagşylyk etmek, ýagşy zatlary ündemek, sahylyk etmek, sadaka bermek we ş. m. barada-da gymmatly maglumatlar bar.

Eserde halk döredijiliginiň çeperçilik serişdeleri hem ýerlikli ulanylypdyr. Onda uzak asyrlaryň dowamynda halk tarapyndan döredilen baý mirasyň uly toplumy bar. Eseriň dili babatda aýdylanda, onda diliň taryhyny, gadymy türkmen dilini öwrenmek üçin gymmatly maglumatlar bar. Şonuň üçinem bu eseri giň okyjylar köpçüligine ýetirmek diňe bir ata-babalarymyzyň edep-terbiýe mekdebini öwretmän, eýsem durmuşyň dürli ugurlary boýunça giňişleýin maglumatlary almaga belli derejede ýardam berer.

Kitap giň okyjylar köpçüligine ilkinji gezek hödürlenýär. Onda käbir ýetmezçilikleriň, säwlikleriň bolmagy tebigydyr. Şonuň üçinem kitaby çapa taýýarlaýjy hormatly okyjylardan bu babatda ötünç soraýar.

**Gurbangül GUZUÇYÝEWA,**
**Türkmenistanyň milli medeniýet**
**«Miras» merkezi.**

# MAZMUNY

*Birinji bap.* Dünýäni dost tutmaklygyň azabynyň beýany ..............11
*Ikinji bap.* Terkidünýäligiň we takwalygyň (dünýä höwes bildirmezligiň) beýany ..............21
*Üçünji bap.* Haktagalany ýatlamagyň beýany ..............32
*Dördünji bap.* Päk niýetiň beýany ..............40
*Bäşinji bap.* Ylym we ulamalaryň artykmaçlyklarynyň beýany ......55
*Altynjy bap.* Bismillahi-r-rahmany-rahymyň sogaplarynyň beýany ..............65
*Ýedinji bap.* Ölümiň öň ýanyndaky janhowlunyň beýany ..............67
*Sekizinji bap.* Azabyň we jezanyň beýany ..............71
*Dokuzynjy bap.* Dowzahyň azaplarynyň beýany ..............76
*Onunjy bap.* Behiştleriň sogaplarynyň beýany ..............88
*On birinji bap.* Toba etmekligiň sogaplarynyň beýany ..............97
*On ikinji bap.* Ýagşy işleri ündemekligiň we ýaman işlerden saklanmagyň beýany ..............113
*On üçünji bap.* Ata-ene we perzent haklarynyň beýany ..............120
*On dördünji bap.* Dogan garyndaş bilen gatnaşygyň beýany.........124
*On bäşinji bap.* Şeraphoryň azabynyň we jezasynyň beýany.........126
*On altynjy bap.* Gybat etmekligiň jezasynyň beýany ..............130
*On ýedinji bap.* Şugulçylyk etmegiň jezasynyň beýany ..............133
*On sekizinji bap.* Göz günäsiniň we gulak günäsiniň beýany ........136
*On dokuzynjy bap.* Ulumsylygyň azabynyň we jezasynyň beýany ..............141
*Ýigriminji bap.* Goňşy hakynyň beýany ..............146
*Ýigrimi birinji bap.* Jynaza namazynyň sogaplarynyň beýany .......148
*Ýigrimi ikinji bap.* Göripleriň jezasynyň beýany ..............150

*Ýigrimi üçünji bap.* Gahary ýuwutmagyň sogaplarynyň beýany ... 154
*Ýigrimi dördünji bap.* Hudaýtagalanyň rehmetinden umyt etmekligiň beýany ... 156
*Ýigrimi bäşinji bap.* Zyna etmekligiň jezasynyň beýany ... 159
*Ýigrimi altynjy bap.* Beçebazlygyň jezasynyň beýany ... 161
*Ýigrimi ýedinji bap.* Hatynlaryň teletinbazlyk etmeginiň jezasynyň beýany ... 164
*Ýigrimi sekizinji bap.* Pakyrlygyň (garyplygyň) beýany ... 168
*Ýigrimi dokuzynjy bap.* Şükür etmekligiň we sabyr etmekligiň beýany ... 170
*Otuzynjy bap.* Ýas tutmaklygyň beýany ... 171
*Otuz birinji bap.* Täretiň beýany ... 177
*Otuz ikinji bap.* Miswaky ulanmagyň sogaplarynyň beýany ... 182
*Otuz üçünji bap.* Azanyň sogaplarynyň beýany ... 186
*Otuz dördünji bap.* Juma namazynyň sogaplarynyň beýany ... 191
*Otuz bäşinji bap.* Jemagat bilen okalýan namazyň artykmaçlygynyň beýany ... 195
*Otuz altynjy bap.* Metjide yzzat we hormat etmekligiň beýany ... 206
*Otuz ýedinji bap.* Nepil namazynyň sogaplarynyň beýany ... 208
*Otuz sekizinji bap.* Bäş wagt namazyň sogaplarynyň beýany ... 211
*Otuz dokuzynjy bap.* Günä geçmekligi Taňrydan soramaklygyň sogaplarynyň beýany ... 215
*Kyrkynjy bap.* «Lä-ilähä illalla» diýip aýtmaklygyň sogaplarynyň beýany ... 217
*Kyrk birinji bap.* Salawatyň sogaplarynyň beýany ... 223
*Kyrk ikinji bap.* Dileg etmekligiň sogaplarynyň beýany ... 229
*Kyrk üçünji bap.* Gurhan okamagyň sogaplarynyň beýany ... 232
*Kyrk dördünji bap.* Öýle namazynyň sogaplarynyň beýany ... 236
*Kyrk bäşinji bap.* Sadakanyň sogaplarynyň beýany ... 237
*Kyrk altynjy bap.* Gysgançlaryň azaplarynyň we sahylaryň sogaplarynyň beýany ... 251
*Kyrk ýedinji bap.* Halyflara ýagşylyk etmekligiň sogaplarynyň beýany ... 256
*Kyrk sekizinji bap.* Parz we nepil orazalarynyň sogaplarynyň beýany ... 258

*Kyrk dokuzynjy bap.* Haç etmekligiň beýany .................................260
*Ellinji bap.* Mübärek wagtlaryň sogaplarynyň beýany...................261
*Elli birinji bap.* Ýylyň başynda we soňunda namaz okamagyň we oraza tutmagynyň artykmaçlygynyň beýany .................................262
*Elli ikinji bap.* Aşyr aýynyň sogaplarynyň beýany.........................264
*Elli üçünji bap.* Rejep aýynyň sogaplarynyň beýany .....................269
*Elli dördünji bap.* Meret aýynyň sogaplarynyň beýany .................277
*Elli bäşinji bap.* Oraza aýynyň sogaplarynyň beýany ....................281
*Elli altynjy bap.* Baýram aýynyň sogaplarynyň beýany .................294
*Elli ýedinji bap.* Gurban aýynyň sogaplarynyň beýany..................297
*Elli sekizinji bap.* Süýthorlaryň azabynyň beýany..........................303
*Elli dokuzynjy bap.* Zalymlaryň jezasynyň beýany ........................305
*Altmyşynjy bap.* Birehimlik edenleriň jezasynyň beýany ...............307
*Altmyş birinji bap.* Beýik sahabalaryň beýany ...............................310
*Altmyş ikinji bap.* Nygmata şükür etmegiň beýany ........................313
*Altmyş üçünji bap.* Halymlygyň (mylaýymlygyň) beýany .............314
*Altmyş dördünji bap.* Äriniň hakynyň hatynyň boýnunda bolmagynyň beýany...............................................................322
*Altmyş bäşinji bap.* Hatynyň hakynyň äriniň boýnunda bolmagynyň beýany.......................................................................................325
*Altmyş altynjy bap.* Iki ýagyny ýaraşdyrmagyň sogaplarynyň beýany.......................................................................................328
*Altmyş ýedinji bap.* Hudaýa bil baglamaklygyň beýany.................329

G. Guzuçyýewa. Edep-paýhas dürleri ...........................................330

# Ajaýyplyklaryň düri

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor M. Arazowa**

Çap etmäge rugsat edildi 30.03.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 21,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №1036.
A-14525

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýät gullugy.
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.